TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

REÝHAN HOREZMI

# MERTEBELER WE KEMLIKLER

ريحان الخوارزمي

# المناقب و المثالب

Arap dilinden terjime eden
we çapa taýýarlan
Rahmet Gylyjow

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK 820/89**
**R59**

**R59 Horezmi R.**
Mertebeler we kemlikler. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 — 416 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Bekiýew A.R., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**Geldiýewa Ş.,** *dil-edebiýat ylymlarynyň doktory*

*Orta asyrlarda meşhur şahyr we edebiýatçy hökmünde adygan Reýhan Horezminiň «Mertebeler we kemlikler» atly bu eseri ilkinji gezek arap dilinden terjime edilip, Türkmenistanyň Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda neşir edilýär. Kitap eseriň Damaskda saklanýan golýazma nusgasy esasynda türkmen diline terjime edildi.*

*Kitap adamzat nesliniň ruhy gymmatlyklary bolan pähim-paýhaslary, pendi-nesihatlary, öwüt-ündewleri özünde jemleýär. Eserde beýleki taryhy we edebi çeşmelerde gabat gelmeýän käbir edebi şahslar barada maglumat berilýär we olaryň eserleriniň birnäçesi mysal getirilýär.*

**TMMMM №004**

**TDKP №39** **2004** **KBK 84(5)**

© Horezmi R., 2004 ý.
© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
© Gylyjow R., Terjime, sözbaşy, 2004 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

***Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň kakasy Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazowyň röwşen ýadygärligine bagyşlanýar.***



## GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## MÄHRIBAN WE REHIMLI ALLANYŇ ADY BILEN!

*Şyh, kazy, alym, ymam, dini direldiji, Yslamyň kämilligi, akyldarlaryň täji, alymlaryň şerapatlysy Abulwepa Hibetulla Reýhan ibn Abdylwahyt ibn Muhammet Horezminiň eseri*

Ýaradylan barça zadyň keşplerini dürli hili, ýollaryny gapma-garşy ýaradan, munuň üçin ne meňzeşinden we deňinden, ne ýardamçydan we ýarandan kömek soran Hudaýa şükürler bolsun. Ýagşy dogalar älemleriň eýesi Alla üçindir. Pygamberimiz Muhammede we onuň päkize neberesine tükeniksiz alkyş bolgaý.

Köp ýagşy zatlary öz içine alýandygy üçin bu kitapda — akyldarlaryň bossanynda — nazarym eglendi, onuň maňzyňa batýan sözlerini we manylaryny gyzykly sandym, dür dänelerini we hünjülerini ajaýyp bildim. Munuň salgylanylýan kitaplaryň biridigine, edebi maksatlaryň aglabasynyň bolsa ahyrsoňunda şuňa dolanyp gelýändigine göz ýetirdim. Ýöne şu bölümdäki bir manyny isleýän talyp, öz arzyly matlabyna ýetmek üçin, köp kitabyň gatyny açmaly boljak, ähli ýazgylary okamaga bolsa wagt azlyk edýär. Şonuň üçin men bölümleriň içindäki mysallary-gunçalary hem sanlar bilen tertiplemegi, olaryň gizlin mazmunyny aýdyňlaşdyryp, ähli ugurlardan söz açmagy makul bildim. Maksadyma ýetmek üçin ony mümkin boldugyça doly we kämil görnüşinde ýeňilleşdirdim. Üstünlik we şowlulyk Allanyň elindedir.

**Kitabyň bölümleriniň sanawy:**

1-nji bölüm: Akylyň we akyllylaryň hormaty.
2-nji bölüm: Akylyň we akyllylaryň sypaty.
3-nji bölüm: Mylaýymlyk we çydamlylyk.
4-nji bölüm: Tanymal adamlaryň derejesi. Paýhasly adamlary sylamak üçin nämeler etmeli?
5-nji bölüm: Gahar-gazabyň ýaramazlygy.
6-njy bölüm: Iň gözel gylyklar.
7-nji bölüm: Ýagşylygyň derejesi we haýyr işe höwes.
8-nji bölüm: Ýagşy gylyk we mylaýym häsiýet.
9-njy bölüm: Gaýratlylyk we ony ulanmak.
10-njy bölüm: Ýaşlyk.
11-nji bölüm: Hökümdarlyk we jomartlyk.
12-nji bölüm: Duýgudaşlygyň täsiri.
13-nji bölüm: Pukaralary we dilegçileri äsgermezligiň ýaramazlygy.
14-nji bölüm: Dilegçilik peslikdir.
15-nji bölüm: Gadyrbilmezlere ýagşylyk etmek.
16-njy bölüm: Ähli işde ortatap bolmak. Okgunlylyk we perwaýsyzlyk.
17-nji bölüm: Myhman çagyrmagyň hormaty.
18-nji bölüm: Asylly adamlary we myhmanlary hezzetlemek.
19-njy bölüm: Itleriň üýrmegi we oduň ýalkymy myhmanlara ýolsalgydyr
20-nji bölüm: Ýasama hezzetiň gelşiksizligi.
21-nji bölüm: Myhman almakdan ýüz öwürmek we garasöýmezlik
22-nji bölüm: Goňşy hormaty we haky.
23-nji bölüm: Mätäçlige uçranyňda arkadaglar.
24-nji bölüm: Sowgat-serpaýlar bilen haýyşyňy bitirmek.

25-nji bölüm: Hoşamaýlyk we sypaýyçylyk bilen dileg etmek.
26-njy bölüm: Serişde we şepagat. Mätäç bendeleriň olara baglylygy.
27-nji bölüm: Sypaýyçylyk bilen dileg edeniňde hoşamaý sözlülik.
28-nji bölüm: Wadadan dänmek we ony yza çekmek.
29-njy bölüm: Wadany ýagşy söz bilen talap etmek.
30-njy bölüm: Haýyşy bitirýänleriň öwgüsi.
31-nji bölüm: Dileg edilen adamyň tersligi, bahana tapmagy we gyňyrlygy.
32-nji bölüm: Päk niýet we hoşamaý söz bilen ýüz öwürmek
33-nji bölüm: Sahylygyň we jomartlygyň öwgüsi.
34-nji bölüm: Sahylar we jomartlar.
35-nji bölüm: Jomartlaryň işleri.
36-njy bölüm: Jomartlaryň artykmaçlygy.
37-nji bölüm: Ýagşylyga we sowgada alkyş-şükür.
38-nji bölüm: Waspnamalar.
39-njy bölüm: Buýsanç.
40-njy bölüm: Bahyllyk we bahyllar.
41-nji bölüm: Haramzadalyk.
42-nji bölüm: Pisler.
43-nji bölüm: Kowumdaşlyga dil ýetirmezlik.
44-nji bölüm: Gödek degişme.
45-nji bölüm: Perwaýsyzlyk we ýaltalyk.
46-njy bölüm: Ýaşaýyş serişdeleri we ony gazanmaga höwes.
47-nji bölüm: Tygşytlylyk. Güzeranyňy ýagşy dolandyrmak.
48-nji bölüm: Baýlyk - belentlikdir, garyplyk - peslik.
49-njy bölüm: Hantama bolan kişiňden tama çykmazlygy.
50-nji bölüm: Şygrynda bergidarlykdan zeýrenip, garyplygynyň syryny açanlar.
51-nji bölüm: Ýoksullyk sebäpli ýagşy işleri edip bilmeýänler.
52-nji bölüm: Ýazgydyň öňünde ähli zat ejizdir.

53-nji bölüm: Ýagşylaryň azalyp, ýamanlaryň agdyk bolmagy.
54-nji bölüm: Dogruçyllyk we ýalançylyk.
55-nji bölüm: Ýalan kasam edýänler.
56-njy bölüm: Şöhratparazlyk.
57-nji bölüm: Perzentler we atalar.
58-nji bölüm: Hukuklary äsgermezlik we diýen etmezlik.
59-njy bölüm: Garyndaşlyk gatnaşygy we olaryň ezýetine çydamlylyk.
60-njy bölüm: Perzent terbiýesi we ene-atanyň derejesi.
61-nji bölüm: Hojaýynlaryň we garyndaşlaryň arasynda ýüze çykýan duşmançylyk.
62-nji bölüm: Durmuş çarkandaklarynda garyndaş peýdasy.
63-nji bölüm: Takwalyk we dindarlyk.
64-nji bölüm: Arassa ahlaklylyk we gözüňi saklamaklyk.
65-nji bölüm: Utanç-haýa we binamyslyk.
66-njy bölüm: Pespällik we gedemlik.
67-nji bölüm: Goh-galmagaldan gaýra durmak we asudalygy küýsemek.
68-nji bölüm: Göriplik.
69-njy bölüm: Gybat we içigaralyk.
70-nji bölüm: Ýaranjaňlyk we ikiýüzlilik.
71-nji bölüm: Arabozarlyk we gep gezdirmek.
72-nji bölüm: Degişmek we ýasamalykdan gaçmak.
73-nji bölüm: Ýerliksiz degişme.
74-nji bölüm: Iki ýüzli karylar.
75-nji bölüm: Şadyýanlyga umyt.
76-njy bölüm: Durmuş külpetlerine sabyrly bolmak.
77-nji bölüm: Haýynlyk we dönüklik.
78-nji bölüm: Nadanlyk we akmaklyk.
79-njy bölüm: Türkanalar we akmaklar.
80-nji bölüm: Ýeňilkelleler.



## BIRINJI BÖLÜM

## AKYLYŇ WE AKYLLYLARYŇ HORMATY

1. Pygamber alaýhyssalamdan rowaýat etmeklerine görä, ol: «Akyly kämil bolmadyk musulmanyň imany we kalby düzüw däldir. Alla akyldan haýyrly hiç bir zady ýaratmady. Ynsan balasy akylyna görä alýar we berýär, akylyna görä jeza çekýär we sylaglanýar. Adam ogullarynyň ählisi akyllaryna görä jogap berýändir» diýipdir.

2. Pygamber alaýhyssalam: «Akyly ejiz bolan Taňry bendesi, nadanlygy bilen iň ýaramaz işlere baş urar. Kyýamat güni Taňry bendeleri akyllaryna we abraý-mertebelerine görä ýokarda goýuljakdyr» diýdi.

3. Pygamber alaýhyssalam: «Ertirki gün jennet on müň bölege bölünjekdir. Şonuň 9999 bölegi Allanyň buýruklaryna akyl ýetirenlere bagyş ediler. Jennet derejeleri olara Allanyň bagyş eden akylyna görä paýlanylar. Jennetiň diňe birje bölegi bolsa, dünýä eşretinden gapyl galan musulmanlar üçindir» diýdi.

5. Salyh ibn Abdylkuddus öz şygrynda şeýle diýdi*:
«Dostly bolmak isleseň,
Her kişiniň dostdygyna ynanma.
Olaryň arasynda özüňi ýitirseň,
Akyly bar adamlardan üzülme.
Asmandan inen zerli ýagyş hem bolsa,

Nadanlaryň hiç zadyna ezilme.
Edepsiz bendäni öz ugruna goý
Olardan başyňa ýetmez ýaly gaý».

6. Rowaýatlara görä, Jebraýyl alaýhyssalam akyly, utanjy we dogruçyllygy alyp, Adam atanyň ýanyna gelipdir. Ol Adam ata ýüzlenip: «Haýsysyny halaýan bolsaň saýla!» diýipdir. Adam ata akyldan haýyrly zady görmänsoň, şony saýlap alypdyr. Jebraýyl perişde utanç bilen dogruçyllyga bakyp: «Siz yzyňyza dolanyberiň» diýende, olar: «Ýok. Bize, akyl nirede bolsa, şonuň ýanynda bolmaklyk buýruldy» diýipdirler.

7. Sagyt ibn Wehp şeýle diýdi*:

«Nadan dostuň söýgüsinden dana duşmanyň ýagylygy ýagşy. Nadanyň betbagtlygy özüne-de, ile-de ýeter, diňe danadan gorkman bilersiň».

8. Abu Hazym: «Akyly bolmadygyň özi ýadar, öýi ýadar, perzendi ýadar (bizar bolar)» diýdi.

9. Bişr ibn Ýahýa: «Dana duşman nadan dostdan ýagşydyr» diýdi.

10. «Taňry bendesine bagyş edilýän zatlaryň iň haýyrlysy näme?» diýip, Ahnafdan soralanda, ol: «Kämil akyl» diýip, jogap beripdir. Ondan «Eger akyl bolmasa näme?» diýip soranlarynda, ol: «Onda, ýagşy edep» diýip aýdypdyr.

11. Mütenepbi şeýle diýdi*:

«Akyl bolmadyk bolsa, adam mertebesinden pesde bolan ýarak itçe-de bolmazdyk. Akylly adamlary saýgaryp bilmezdik. Naýzalaryň işini bolsa ganygyzmalaryň elleri ýerine ýetirerdi».

12. Başga biri şeýle diýdi*:

«Eýsem, adamyň akyly kalbynyň gözi dälmi?
Eger akyl bolmasa, açylmaz köňül gözi.
Men ýamanlyk edene ýamanlyk etjek bolsam,
Günäler oňa däl-de, maňa dolanýar göni».

13. Başga biri şeýle diýdi*:

«Eýsem, adam akylynyň gyny dälmi,
Ýöne, tygsyz gynyň peýdasy barmy?».

14. Abdylla ibn Mübärek şeýle diýdi:

«Danalar bilen söhbetdeş bolmakdan başga ähli lezzetler irizýändir. Biz akylly adamlar azdyr öýdýärdik, emma olar ýöne bir az hem bolman, örän az eken».

15. Başga biri şeýle diýdi*:

«Eger biri baky galýan bolsa, onda ilki bilen danalar galardy».

16. Abu Bekr Arzamy şeýle diýdi*:

«Taňrynyň paýlan zadynyň iň oňady akyldyr,
Özge ýagşy zatlardan haýsysy golaý geler?
Eger Rahman ynsanyň kämil etse aklyny,
Onuň ahlagy bilen pikiri kämil bolar.
Eger güzeran görmek ýigide düşse çetin,
Il içinde akly bilen bezener ol görnetin.
Eger ýedi arkasy bolsa-da şan-şöhratly,
Akyly az il içinde gezer köp ýaman atly.
Hergiz gapyl bolmagyn, döwrüňdäki nadandan,
Bitirseňem haýyşyn, ýazgarar ol çar ýandan.
Daşlaşdygyň saýy ondan, daş bolarsyň derdinden,
Ýakyn gelseň, ebşitlär ýakaňdan hem gerdenden.
Gorkman baryp bilersiň, bir takwa duşmanyňa,
Hat-da içýan dek bolup, al salsa-da şanyňa».

17. Ýene biri şeýle diýdi*:

«Danalaryň bezeginiň akyldygyny görmeýärmiň, ýöne ynsanyň kämilligi diňe akylyna däl, tejribesiniň köplügine-de bagly».

18. Ýene biri şeýle diýdi*:

«Ömrüňden kasam bolsun, sen arzyly pursatlaryň birnäçesini gapyllyk zerarly elden giderýäň. Emma olary akyl bilen jylawlap bolýar».

19. Abdylla ibn Muhammet şeýle diýdi*:

«Eý, nadan, sen «akylyň öwezini tutýan birnäçe edep ylymlaryny bilýän» diýip pikir edýärsiň. Häzir bol-da, dogry sözle. Akyly bolmadyk alymyň hormaty ýokdur».

20. Ýahýa ibn Eksem şeýle diýdi:

«Akyly doly bolan adamyň güýç-kuwwaty, alkyş-abraýy kämil bolar. Ol gurply ýa-da sahydygyna garamazdan, kemakyl bolsa, nogsany aýan bolar. Ähli derdi-derman bilen bejerip bolýar, ýöne akmaklyk keseline şypa berjek derman ýokdur».

21. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp şeýle diýdi:

«Akylly adam elini açsa «sahy», elini ýumsa «tygşytly» diýerler. Agyz beklese «yhlasly dindar», agzyny açsa «ötünçli» diýerler. Akylly adam ýalňyşsa-da, dogry hereket etse-de, barybir ýagşylyga ýorarlar».

22. Anuşirwan patyşa Buzurgmehre garap:

«Adama berilýän iň ýagşy zat näme?» diýip soran. «Durmuşyna peýda berýän akyl» diýip, Buzurgmehr jogap beripdir. Anuşirwan: «Eger akyly bolmasa näme?» diýende, ol: «Onda aýbyny örtýän baýlyk ýagşy» diýipdir.

23. Pygamber alaýhyssalam: «Allatagala perişdelere şöhwet bermän akyl berdi. Adam ogullaryna akyl bilen şöhwet, haýwanlara bolsa akyl bermän, diňe şöhwet berdi. Adam oglunyň akyly öz şöhwetinden üstün gelse, ol perişdelerdenem ýagşy görüler. Eger akyly ejiz bolup, şöhweti üstün gelse, onda haýwanlar ondan ýagşyrak görüler» diýdi.

24. Enes ibn Mälik Pygamber alaýhyssalamdan eşidip, ondan Musa ibn Ubaýda, ondan hem Meýsere eşidip, Dawut ibn Muhapbara gürrüň berdi. Ol hem Harys ibn Usama, ol bolsa Ahmet ibn Ýusup ibn Hallada, ol hem şyh Abulhasan Muhammet ibn Ahmet Bagdady diýen adama, ol hem bize gürrüň berip, şeýle diýdi: «Bir adam Pygamberiň ýanyna gelip: «Eý, Resulalla, köp günäli, ýöne ýagşy gylykly adam bolup

bilermi?» diýende, ol: «Ýalňyşlygy we ýazygy bolmadyk adam ýok. Ýöne akylly adama onuň günäleri zyýan bermez» diýipdir. «Ol nädip beýle bolýar?» diýende, «Akylly adam öz ýalňyşlygyny toba we ökünç bilen ýuwar, ähli günäsi aýrylar we diňe päkligi galar. Ol şonuň bilenem jennete girer» diýipdir.

25. Pygamber alaýhyssalam: «Akyl adamyň daýanjydyr. Akyly bolmadygyň dini hem bolmaz» diýdi.

26. Günleriň birinde Jerir ibn Abdylla Bejeli Pygamberiň ýanyna baryp, «Eý, Resulalla, Alla seni näme bilen pygamber edip iberdi?» diýende, ol: «Akyl bilen» diýipdir. «Alla saňa näme buýurdy?» diýende, «Akylly bolmagy» diýip, jogap beripdir. Abdylla oňa garap: «Janym saňa gurban bolmuş, bizde akyl nireden bolsun?» diýende, Pygamber: «Eý, Jerir, akylyň çägi bolmaz. Ýöne, Allanyň ygtyýar eden zatlaryny halal, gadagan eden zatlaryny haram saýýan adam hem akyllydyr. Mundan soňra, yhlas bilen ybadat etse dindar diýiler. Eý, Jerir, meni hak pygamber edip iberen Hudaýyň adyndan sözleýärin, akylly adamyň namazda bir gezek eglip-galmasy, nadanyň müň gezek eglip-galmasyndan zyýadadyr» diýdi.

27. Pygamber alaýhyssalam: «Gowy ýaşaýan biri hakda bir habar gulagyňyza ilse, ilki bilen onuň akylynyň gowudygyna göz aýlaň» diýdi.

28. Muny bize Kazy Abulkasym Jerir ibn Ahmet gürrüň berdi. Oňa Kazy Abulkasymyň kakasy, oňa Abu Ýusup Ýakup ibn Nagym, oňa Ahmet ibn Ýahýa Susy, oňa Dawut ibn Muhapbar, oňa hem Meýsere ibn Abdy Rapbih Äşeden eşidip, şeýle gürrüň berdi: «Bir gezek Äşe Pygambere ýüzlenip: «Eý, Resulalla, bu dünýäde adamlar biri-birinden nädip tapawutlanýar?» diýende, ol: «Akyllary bilen» diýipdir. Äşe: «Ahyretde näme bilen parhlanýar?» diýende, Pygamber ýene-de: «Akyl bilen» diýip jogap beripdir. Bu jogaba geňirgenmek

bilen garan Äşe: «Eýsem olar eden işlerine görä sylanmaýarmy näme?» diýipdir. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Äşe, her kim akylyna görä iş edýär, akylyna görä hem sylanýar. Bu dünýäde we ahyretde akyldan zyýada näme bolup biler? Eýsem, adamlar Hudaýyň beren abraý-mertebesini öz akyllaryna görä gazanmadylarmy?» diýipdir.

29. Ýahýa ibn Abu Kesirden eşidişime görä, bir gezek Pygamber bir bölek goşuny ýola salyp, olara Huzaýl taýpasyndan bolan bir ýaş ýigidi ýolbaşçy saýlapdyr. Muňa nägile bolan käbir adamlar: «Eý, Resulalla, mundan ýaşulurak we akyllyrak birini belleseň bolmadymy?» diýenlerinde, ol: «Parasat[1] bilen synlanymda, bu ýigit akylly eken. Adamlaryň iň bilimlisi we hormatlysy olaryň iň akyllysydyr» diýdi.

30. Patyşa Anuşirwan bir gezek parslaryň danasy Buzurgmehre gaty gaharlanypdyr, ony öldürmek üçin ýanyna getirmeklerini buýrupdyr. Anuşirwan gaşyna getirilen Buzurgmehre garap: «Öleniňden soňra seni ýatlarymyz ýaly, bize öwüt ber» diýipdir. Buzurgmehr oňa bakyp: «Adam üçin iň haýyrly zat doga berlen akyldyr. Akyly ýok bolsa, durmuşyna peýda berýän edebi ýagşy. Eger edebi bolmasa, nadanlyk aýbyny örtýän baýlygy ýagşy. Eger baýlygy hem bolmasa, onda onuň üçin nadan nesil galdyrmaýan apat ýa-da heläkçilik ýagşy» diýipdir. Anuşirwan bu parasatly sözleri üçin onuň günäsini ötüpdir.

31. Kagbdan rowaýat etmeklerine görä: «Il arasynda abraýly, hormatly bolsa-da, görýän zadyna aň ýetirmeýän binamys adam, Melekut[2] asmanynda doňuz maslygyndan beter ýaramaz görüler. Il içinde gurpsyz we görmeksiz saýylýan, gabahat işler üçin Taňrynyň berjek azabyndan çekinýän, onuň

[1] Parasat ylmy – adamyň daşky keşbine seredip, onuň häsiýetini kesgitleýän ylym

[2] Melekut – perişdeleriň we mukaddes ruhlaryň gezýän älemi

buýruklaryny ýerine ýetirýän adama bu dünýäde «dana» diýiler, Melekut asmanynda bolsa iň hormatly we abraýly adam saýylar» diýdi.

32. Bera ibn Azypdan eşidişime görä, Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Jennetde perişdeleriň we pygamberleriň nazary düşmedik nurdan bolan şäher bar. Ondaky ähli zatlar: köşkler, otaglar, hüýr gyzlar, hyzmatkärler, dürli-dürli binalar — barça zatlar nurdan ýasalan. Beýik we gudratly Alla ony akylly adamlara niýetledi. Jennet ilini dowzahylardan tapawutlandyryşy ýaly, jennet iliniň danalaryny hem beýlekilerden artykmaç tutup, şol şäherde ýerleşdirer. Her bir kowum akylyna görä sylanar. Her derejäniň arasyndaky tapawut bolsa, gündogar bilen günbataryň aralygyndanam müň esse uzak bolar».

33. Wehp ibn Münepbih şeýle diýdi: «Meniň eşidişime görä, bir gezek jahan patyşasy Zülkarneýn öz terbiýeçisinden «Nadanlar bilen söhbetdeşlik» hakda sorapdyr. Terbiýeçisi oňa bakyp: «Akmak bilen söhbetdeş bolmak, merhumlara aýdym aýdyp beren kysmydyr, öwlüýäde ýatanlara zyýapat etmek, demiri gaýnadyp, ýagyny almak, gaýaň üstüne buşugyp, ony ezjek bolmak ýaly bir zatdyr. Dag başyndan daş daşamak nadanlar bilen söhbetdeş bolmakdan has ýeňildir» diýipdir.

34. Abu Ýezit şeýle diýdi: «Meniň eşidişime görä, Lukman Hekim «Edep-terbiýe akylly başyň dumanyny aýrar, akmagy bolsa dumana gaplar. Ol, edil gündiziň gözli adamlaryň görüşini artdyryp, ýarganatlaryň görejini peseldişi we garaňkylyk bilen örtüşi ýalydyr. Akylly adam her hili bela-beteriň öňünde sarsmaz gaýalar ýaly mäkäm durar, çekinmäni bilmez. Nadan adam bolsa, her öwsen şemalyň yrgyldadyp geçýän saman çöpünden gorkup, dowla düşer» diýdi.

35. Kagbdan eşitmeklerine görä, ol: «Allatagala pygamberleri[1] we mursallary[2] adam ogullarynyň öz Eýesini tanamaklary üçin iberdi. Dileg-dogasy çalt kabul bolýanlar, Taňry hakda ýagşy zatlary köp bilýän adamlardyr. Taňrynyň buýruklaryny gowy bitirýänler, olaryň iň danasy, sogaby kämili we iki dünýäde derejesi beýikleridir» diýdi.

---

[1]Pygamber - Hudaýyň buýrugyny adamlara ýetirýänler.
[2] Mursal - hat we kitap iberilen pygamberler.

## IKINJI BÖLÜM

## AKYLYŇ WE AKYLLYLARYŇ SYPATY

36. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Akyllyny on häsiýet bilen tanap bolýar. Gedemlik edene mylaýym bolar, ýamanlyk edene zyýan bermekden saklanar, özünden ejizlere pespäl bolar, beýikler bilen ýagşy iş etmäge bäsleşer, gürlemek islese oýlanar, ýagşy zady aýdar we baý bolar, ýamanyň bar ýerinde dymar we aman bolar. Jenjel peýda bolsa, Taňra bek uýar, dawagäre gatylmadan elini saklar. Abraýly ili görse goşular, utanç-haýaly bolar, harsydünýä bolmaz».

37. Lukman öz ogluna öwüt berende: «Dana bolmasaňam, danalar bilen dost bolmak seni şolaryň hataryna goşar» diýipdir.

38. Käbir danalardan: «Nähili adamlar edepli we akylly saýylýar?» diýip soranlarynda: «Bilýän, ýöne bilmediksirän bolýan adamlar» diýipdir.

39. Hasan ibn Sehlden: «Akyllylyk nähili zat?» diýip soranlarynda, ol: «Her bir sözde we işde öz çägiňi bilip saklanmak» diýipdir.

40. Hasan Basrydan: «Akyllylyk nähili zat?» diýip soralanda, ol: «Dogry ýola gönükmeklik bilen azaşmagyň arasyny ap-aýdyň edýän zat» diýipdir.

41. Abul Atahiýa şeýle diýdi*:

«Adamlaryň içinde her bir adamyň meňzeşi bar. Akylly adamlaryň köpüsi görmeksiz, görmegeýleriň köpüsi bolsa akylsyzdyr. Dana adamy ýitirseň, müňlerçe adamyň içinden ony gözläp, tapyp bolmaz. Nadany ýitirseň welin, her ädimde birine gabat gelersiň».

42. Mahmyt Warrak şeýle diýdi*:

«Niçe wagtlap nadanlara edep öwretmek islän, eý adam! Aslynda ýaradylmanlygy üçin, Hudaý olara akyl bermekden ýüz öwürdi. Olar ekine ýaramsyz dökün ýalydyrlar. Seniň ylhamyň düşbülere ýeterlik bolar, emma jahyllara kär etmez».

43. Kaýs ibn Asym şeýle diýdi: «Bu dünýäde dört zat başartmaz:

Birinji: Akyly öwredip bolmaz.

Ikinji: Tebigaty üýtgedip bolmaz.

Üçünji: Ýazgytdan çykyp bolmaz.

Dördünji: Ajala al salyp bolmaz.

44. Wehp ibn Münepbih şeýle diýdi: «Akylly adam döwründen habarly bolmaly, dilini saklamagy başarmaly, öz wajyp işlerini ýerine ýetirmeli».

45. Utby şeýle diýdi:

«Iň ýagşysy, owalyndan ahyryna çenli ýagşylygy we takwalygy salgy berýän akyldyr. Dogry ýoldan gyra sowup, ötegçi dünýäň lezzetine gümra edýän akylyň peýdasy bolmaz».

46. Akylly adamyň alamaty hakda aýdyp, şeýle diýdiler: «Onuň ähli haý-höwesine we nebsine akyly gözegçilik etmelidir».

47. Ahnaf ibn Kaýs şeýle diýdi: «Akylly adam söhbetdeşini sylamaly, ýüzüne garap oturmaly, sözüniň arasyny kesmeli däl, gürrüň berilýän zatdan habarly bolsa-da, nägileligini bildirmeli däl, gaýta, asla eşitmedik ýaly gulak asmaly. Aýdýan sözi edýän işine ters gelmeli däl. Dymmany başarmaly, çünki, köp gürläniň ýalňyşy köpeler. Gereginden

artyk degşip-gülüşmeli däl. Aşa degişgenlik we gülki ýüzüň nuruny öçürip, ýaman atly eder».

48. Meýmun şeýle diýdi: «Akylly adam halanylmaýan ýerine barmaz, gulak asmaýanlara gürrüň bermez, ynanmaýanlara söz aýtmaz. Halanylmaýan ýerine barsa, oňa peslik we äsgermezlik bilen bakarlar».

49. Buzurgmehr şeýle diýdi: «Akylly-başly adamlar patyşalaryň süteminden howatyr etmez, nadanlaryň ýakynlaşmasyndan gorkmaz. Çünki, kysmatyň howp-hatara görä paýlanylmaýandygyna olaryň akyly çatýar».

50. Ibn Apbas şeýle diýdi: «Akylly adam özüne zyýan etmeýänlerden özgesine dostdur. Akmak adam özüne peýda berýänlere-de duşmandyr».

51. Käbir danalar şeýle diýdi: «Kim döwrüne görä hereket edip, dostlary bilen salamatlykda ýaşaýan bolsa, ol akyly ýetik, edebi we hormaty kämil adamdyr».

52. Amr ibn Utba başyndan geçen bir waka hakda Ibn Abu Halydyň kakasyna, ol hem şol wakany Utba, ol Abu Hatym Sijistana, ol Ibn Düreýde, ol Ahmet ibn Hüseýin Temimä, ol Aly ibn Zekkar Faryga, ol hem bize gürrüň berdi:

«Amr ibn Utbanyň ýanynda oturan bir kişi başga bir adama sögünipdir. Mundan öňem, soňam hiç bir adam onuň huzurynda beýle hereket etmez eken. Amr ibn Utba oňa: «Heý, bagtygara, akylly adam seresap gürleýşi ýaly, paýyş sözi diňlemekden hem ätiýaç edýär. Çünki, diňleýji gürleýjiniň şärigidir. Şeýle ýaman sözleýän adam, ilki öz aýbyna göz gezdirip, seňkä soň seretmeli. Nadan öz sözüni yzyna alyp bilýän bolsa-dy, onda ýalan sözleýäniň bagtygara bolşy ýaly, ony yzyna gaýdyp alýan nadanam bagtly bolardy» diýipdir.

53. Ahnaf ibn Kaýs şeýle diýdi: «Öz işine gümra, döwürdeşlerinden habarly, çyn dostlaryny tanaýan, dil

belasyndan ätiýaç edýän we aýdyň-u gizlin işinde Alladan çekinýän adam akyllydyr».

54. Wuheýb ibn Werdil Abytdan eşidip, Halyt ibn Adawy diýen adam Aly ibn Harp Taýa, ol Ýakup ibn Nugaým ibn Karkara, ol hem kazy Abulkasym Jerir ibn Abdylla ibn Ahmet ibn Hamisiň kakasyna şeýle gürrüň beripdir. Kazy Abulkasym hem bize gürrüň berdi:

«Omar ibn Abdyleziz köp halatda şu sözleri mysal edip ulanýan eken*:

«Sen ony dymyp ýören ýaly görersiň. Ol oýun-güýmenjäni halamaz, iliň gepine gümra bolmaz, nadanlyk ylmy ony bizar eder. Ol alym bolmasa-da, nadan däldir. Samsyklara duşanda ýüzüni sowar, çünki, olaryň içinden degşip-gülüşer ýaly ýaran tapylmaz. Durmuşynyň şu güni hakda alada eder, geljek üçin gaýga batmaz, entek bolmadyk zat üçin gyýylmaz».

## ÜÇÜNJI BÖLÜM

## MYLAÝYMLYK WE ÇYDAMLYLYK

55. Pygamber alaýhyssalamdan rowaýat etmeklerine görä, ol: «Üç zady bolmadyk adam imanyň lezzetini duýmaz. Olar: akmagyň nadanlygyny gaýtarar ýaly mylaýymlyk, haram zatlardan saklanar ýaly dindarlyk, adamlar bilen gowy gatnaşykda bolar ýaly ýagşy gylyk» diýipdir.

56. Aly ibn Abu Talyp şeýle diýer eken: «Mylaýym adama meňzemek üçin oňa dost boluň!».

57. Bahr ibn Sälimiň rowaýatyna görä: «Injilde şeýle ýazylan: «Eý, Adam ogly, gaharlanan çagyň meni ýatlasaň, gazaba münemde seni ýatlaryn. Saňa berýän kömegime kaýyl bol. Meniň saňa berýän ýardamym, özüňe etjek bolýan kömegiňden haýyrlydyr» diýlipdir.

58. Omar ibn Abdyleziziň ýanyna gelen biri, bir zatlar hakda gürrüň berdirip, oňa serpaý ýapypdyr. Omar: «Eý, bagtygara, soltan sarpasyndan peýdalanyp, üstüme şeýtany küşgürjek bolma. Bu gün maňa serpaý ýapmak bilen, ertir näme almak isleýäň? Ýeriňden gal-da, ugra, seni Taňry ýalkasyn» diýipdir.

59. Ahnaf ibn Kaýs şeýle diýdi: «Şu üç zat hakda gürrüň beremde, hiç biri maňa dawa etmedi: Özümden ökdäniň gadyryny bildim, özümden pesi syladym, özüm ýalyny hormatladym».

60. Sapar üçin ýola düşen çagy Pygamberimiz: «Dili ýaman adam bize ýoldaş bolmasyn» diýer ekeni.

61. Pygamber alaýhyssalam: «Mömin-musulman adam özüniň mylaýymlygy bilen, namaz-orazaly adamyň derejesine ýetip bilýär» diýdi.

62. Mansur şeýle diýdi: «Mylaýym adam ýumşak söz bilen, nadan adam galmagal bilen jeza berer».

63. «Edep näme?» diýip, Hajjaj Ibn Kyrryýeden soranda, ol: «Başardygyňça gaharyňy basmak» diýipdir.

64. Kesradan tiz gaharlanýan we soňra tiz ylalaşýan adamlar hakda soralanda: «Olar edil odun ýalydyr. Tiz ýanar we tiz söner» diýipdir.

65. Attaby şeýle diýdi*: «Mylaýymlyk süpükleriň ezýetinden goranmak üçin galkandyr. Nadanlyk bolsa şer işlere itekleýän zatdyr. Akmagyň müň ökünji peýda bermez. Ol ökünç, bagtly pursady elden gideren gapylyň ökünjidir».

66. Başga biri şeýle diýdi: «Mylaýymlygyň nämediginden asla bihabar jenaýatkärler bar. Şolara geçirimlilik edýän adamyň özi hem jenaýatkärdir».

67. Mahmyt Warrak şeýle diýdi*: «Maňa edýän ýamanlygy her näçe artsa-da, her bir günälini bagyşlaryn. Şeýtmek bilen men üç adamyň: hormatly, göwni açyk we ýazyga ters adamlaryň biri bolaryn. Özümden beýigiň gadyryny bilip, onuň hak işine uýaryn, çünki, hakykat ýeňýändir. Özüm ýalynyň biri ýalňyşsa ýa-da nädürs bolsa, oňa hormat ederin, çünki, her bir adama hormat etmek wajypdyr. Özümden pesleriň biri sözlese, ondan namysymy goraryn. Bu zatlardan närazy biri bar bolsa, goý, ýazgarsa ýazgarybersin».

68. Salyh ibn Abdylkuddus şeýle diýdi*: «Her iliň tentegi öz nadanlygy bilen ýaşar. Mylaýym bende özüne edilýän ýamanlyga göz ýumar. Eger nadanlyk derdinden başda goranmasaň, ol soňra seni bendi eder. Tentek adam nadanlygy

bilen ýeňmek islär, ýöne oňa dymyp garaýan kişi ondan üstün çykar. Islendik ýagdaýda hem akmaklar utulýandyr. Ondan daşda durýan we dymýan adamlar bolsa üstün gelýändir».

69. Urwat ibn Zübeýr şeýle diýdi: «Hernäçe abraýy bolsa-da, özüni pes tutmaýan adamlar belent mertebelere ýetmez. Olara bakmak edil solup barýan güli ysgan ýalydyr, peslikdir. Abraý-mertebe mylaýymlyk bilen gazanylýar».

70. Ahnaf ibn Kaýs şeýle diýdi: «Her hili ýagdaýda hem özgelere mylaýym garamagy Kaýs ibn Asymdan öwrendim. Bir gezek agasynyň ogullary bir zat üstünde dawa edip, onuň ogluny öldüripdirler. Olar Kaýsyň ýanyna gelip: «Heý şu zat hakda nägileligiň barmy?» diýip soranlarynda, ol: «Näme hakynda?» diýip, sypaýylyk bilen ýüzlenipdir. «Biz seniň ogluňy öldürdik» diýip, olar jogap beripdirler. Kaýs olara: «Mende nädip nägilelik bolsun?! Özüňiz sanyňyzy azaltdyňyz, Taňra günäkär bolduňyz, onuň size edýän ýagşylygyny kesdiňiz. Taňry sizden başga kimden daşlaşar öýdýäňiz?» diýipdir. Olar bu sözi eşidensoňlar, eden işlerine ökünipdirler, galan ömrüne ony sylap gezipdirler.

Kaýs ibn Asym dünýäden ötende adamlar oňa bagyşlap, şeýle diýipdirler*:

«Kaýsyň ölümi ýekeje adamyň ölümi däldir.
Ol bütin bir kowumyň ýumrulmagydyr».

71. Bir gezek Mugawyýa Mugyra ibn Şugba hat ýazyp, münberiň üstüne çykanda Aly ibn Abu Talyba sögmegi buýrupdyr. Mugyra Mugawyýa hat ýazyp: «Her gezek käýäni üçin sögmek, her gezek gaharlananda urmak nämä gerek? Ol ýerde mylaýymlyk we geçirimlilik bolmazmy?!» diýipdir. Mundan utanan Mugawyýa bu pälinden el çekipdir.

72. Süleýman ibn Musa şeýle diýdi: «Üç adam üç kişiden ar aljak bolmaz: «Mylaýym adam akmakdan, ýagşy adam ýaramazdan, mertebeli adam binamysdan».

73. Sabyk Berberi şeýle diýdi: «Mylaýymlyk ýagşy adamlaryň bezegi, nadanlyk bolsa utanjydyr. Nadan öz dostuny amaty bolanda heläk eder».

74. Alawy Basry şeýle diýdi: «Adamlar maňa bakyp: «Pylany seniň üstüňden güldi, sen nä ondan kemmi, üstünden düşsene» – diýip giňželänlerinde, men: «Eger şeýtsem, meniňem pis boldugym bolar. Ynsabym meni olaryň sögünçdir ýaňsylamalaryna gaýtargy bermekden saklaýar» diýerdim.

75. Başga biri şeýle diýdi*: «Her bir üýrüp duran it meni öjükdirmeýär. Siňegiň her wyzzyldysy meni dowla salmaýar».

76. Hamyt ibn Safwan şeýle diýdi*: «Bir garyndaşym maňa ýamanlyk etse-de, men oňa beýtmedim. Oňa ýamanlyk etmekden ýüz öwürdim, gabat gelse-de, diňe öz ýanymdan «beýtmeli däl ekeniň» diýip oňdum. Ol maňa ýagşylyk etse, menem oňa şeýderin. Ýamanlyk etse welin, ters iş etmerin».

77. Bir adam Amr ibn Ubaýda garap: «Pylany seni kemsitdi» diýipdir. Bu söze darykmadyk Amr: «Ölüm hemmä bolar, gabyr özüne çeker, kyýamat bizi jemlär, Hudaý bolsa adalatly höküm eder» diýipdir.

78. Ar-Razy şeýle diýdi: «Gaharlanmaýan adamyň ähli zada jogaby taýyndyr».

79. Gelinleriň biri ýüp egrip otyrka, gyzjagazy ony bulaşdyryp, ýetmiş gezek dagy üzüpdir. Emma gelin gaharlanman, özüni asuda saklap, ýene ýüpüni düzedip oturan eken. Bu hakda oňa ýaňzydanlarynda, ol: «Bu häsiýetim üçin belki meni Alla sylar. Men ýagşyzadalaryň hataryna goşulmak üçin jan edýärin» diýipdir.

80. Abu Welit şeýle diýdi: «Sen hatda eşegiňe, pişigiňe we goýnuňa-da gaharlanyp ýörsüň. Saňa nädip mylaýym diýsinler?»

81. Bir adam Ahnafa: «Bir gezek gürleýäň-de, on gezek diňleýäň?» diýende, ol: «Sen bolsa on gezek gürläbem, bir gezek diňläňok» diýipdir.

82. Mesih şeýle diýdi: «Binamysyň bir sözüne çydam etseň, on esse bähbit taparsyň».

83. Muhammet ibn Zyýat Harysy şeýle diýdi*: «Ýaş ýigit geýim-gejimini tozdurmajak bolup, aýawly saklar. Beýdeniňden namysyňy gorap, mertebäňi saklanyň has oňatdyr».

84. Mamun şeýle diýdi*:

«Men köp halatda bilmediksirän bolup, sylaýan dostlarymyň säwligine gözümi ýumýan, ýamanyň şerine çydam edýän, müňkir bolsalaram, dilimi saklmany başarýaryn. Meniň şu häsiýetimi nadanlyk hasaplaýmasaň, mende başga akmaklyk ýok.

85. Ahmet ibn Abu Feneniň goşgusy*: «Özüňden pesler sebäpli ukudan goýýan aladalar az däl. Säher bilen bolsa, ot gysymlan ýaly bolup oýanýarsyň. Göriplerimi gynandyrmak üçin, bir gün oňa ýylgyryp bakdym. Güleňde gizlenmeýän alyn dişlerimi görkezdim, ýylgyrdym. Şol ýylgyryş bilen onuň göwnüni eredip, daş ýaly ýüreginden, çeşme ýaly begenç gözýaşyny akdyrdym».

86. Halyt ibn Safwandan: «Has mähirli adam kim?» diýip soranlarynda, ol: «Gahar-gazabyny sabyrlylyk bilen ýuwudýan, haý-höwesini erjellik bilen basyp ýatyrýan adam» diýipdir.

87. Aly ibn Abu Talyp şeýle diýdi: «Hetdenaşa kitüwli bolsaň zulum edersiň, çakdanaşa geçirimli bolsaň zulum ederler. Taňrydan öýkeli adam takwa bolup bilmez».

88. Mugawyýa şeýle diýdi: «Durmuş tejribesi bolmadyk adamda mylaýymlyk bolmaz».

89. Lukman öz ogluna öwüt berende: «Nadan kimsäni dälde, mylaýym birini ilçi belle. Mylaýym adam tapmasaň, ilçiligi özüň oňar» diýipdir.

90. Halyt ibn Safwan şeýle diýdi: «Men Amr ibn Ubaýda sögüp duran bir adamy gördüm. Amr oňa bakyp: «Dogry sözüň üçin Taňry sylasyn, ýalňyş sözüňi bagyşlasyn. Meniň-ä kimdir birine gözüm gidýän bolsa, diňe onuň mährine maýyl bolýandyryn» diýipdir.

91. Şagby şeýle diýdi: «Bir adam iliň içinde «Ahnaf ibn Kaýsyň gaharyny getirerin» diýip, äht edipdir. Ol Ahnafyň ýanyna gelip: «Meniň bir aladam bar, ýitigimi gözläp geldim» diýipdir. Ahnaf: «Kim üçin söz aýtmakçy?» diýende, ol: «Siziň mähriban käbäňize» diýipdir. Ahnaf bu söz üçin darykmandyr, asudalygyny saklapdyr. Ol: «Biz özümizdäki garryny, dünýä lezzetlerinden özüni saklaýan enäni saňa bermäge garşy däl. Ýöne özüňi söýýän, perzent dogrup berjek, sulhuň alýan, edebiňe laýyk gelýän birine öýlenseň gowy bolmazmy?» diýipdir. Ýaňky adam ýüzüni gyzardyp, yzyna dolanypdyr. Adamlaryň ýanyna gelip: «Asyl siz meni nadanlyk ýokundysy bolmadyk dananyň ýanyna iberen ekeniňiz» diýipdir.

92. Enes ibn Mugazyň kakasyndan Mugaz ibn Enes eşidip, Sehl ibn Mugaza, ol Sagyt ibn Abu Eýýuba, ol Abu Abdyrahmana, ol Abu Abdylla Ahmet ibn Ybraýyma, ol hem Abu Ýagla Ahmet ibn Aly Müsennä, ol bolsa Abul Kasym Nasr ibn Ahmet ibn Marjyýa gürrüň beripdir. Abulkasym Marjy hem bize şeýle gürrüň berdi: «Resulalla: «Gaharyna bäs edip bilýän adam, ony dolandyryp biler. Şeýle adamlary Allatagala kyýamat gününde halaýygyň başynda goýar, «Jennetiň islän gapysyndan giriň» diýip, jar eder, ahyret azabyndan gorap saklar» diýdi.

93. Ahnaf ibn Kaýsdan eşidip, El-Ala, ondan Abdylmälik ibn Kuraýp ibn Abdylmälik ibn Aly ibn Asmagy, ondan Abu Müslim Abdylla ibn Ybraýym Balhy, olardan atam, atamdan hem kakam Şyh Sagyt eşidip, şeýle diýdi: «Şu üç işi etsem, hiç kim meniň bilen dawa etmezdi. Menden üstün bolsa, sarpasyny

tutdum, özüm ýaly bolsa gadyryny bildim, özümden peslerden namysymy goradym» diýip, Ahnaf ibn Kaýs aýdar eken».

94. Käbir danalar öz dostuna hat ýazanda, şeýle diýer eken: «Mundan soňra men saňa şuny aýdýaryn. Özüňe ýamanlyk edene mylaýym bol, ýaraşara ýer goý. Şeýtseň, dostlaryň salamat gezer, duşmanlaryň utançdan ýaňa ýüzi gyzar. Bir şygyrda*:

«Ýamanyň günäsini ötmek gözeldir.

Mylaýymlyk şatlyk we söýgini yzyna tirkäp gelýär» diýilýär» diýipdir.

95. Özi hakda gybat eden birini eşidende, ol: «Biz Hudaýa günä iş edeniň jezasyny beremzok. Biz diňe Hudaýa tabyn bolýarys» diýipdir.

## DÖRDÜNJI BÖLÜM

## TANYMAL ADAMLARYŇ DEREJESI. PAÝHASLY ADAMLARY SYLAMAK ÜÇIN NÄMELER ETMELI?

96. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Adamlar göwher daşydyr. Oýlanyp görseler, «Jahylyýet» döwründe ýagşy gezen, «Yslamyýet» zamanasynyňam ýagşysydyr. Göwher nire-de bolsa-da, poslaýan däldir».

97. Pygamberimiz: «Kuraýşy öňe sürüň, ondan öňe geçmäň. Ondan öwreniň, oňa öwretmäň» diýdi.

98. Pygamberimiz: «Bir ýere gelseňiz, Allanyň kitabyny gowy okaýany ymam ediniň. Eger onuň bilen deň bolsaňyz, ýaşy ulyňyz ymamlyk etsin. Eger onuň hem deňi bolsa, asly abraýlysyny, onuňam deňi tapylsa ýüzi nurana, häsiýeti gözelini ymam ediň» diýdi.

99. Atamyz Jerir ibn Abdylla Bejeli bir gezek Pygamberiň söhbetine baranda, onuň ýany adamlardan dos-doly eken. Bu ýagdaýa biynjalyk bolan Pygamberimiz donuny ýere ýazyp, oňa şonuň üstünde oturmagy buýrupdyr. Soňra dost-ýarlaryna ýüzlenip: «Ýanyňyza hormatly adam gelse, ony mertebesine laýyk sylaň» diýipdir.

100. Erdeşir ibn Bäbek taýpa serdarlary bilen söweşip, olary ýeňeninden soňra, ilki bilen şol kowumyň abraýly we oturymly ilatyna hemaýat bermekden başlar eken. Eger abraýly

biri dünýäden ötüp, yzynda çil-çagadyr maşgalasy galsa, şolary eklemek, aladasyny etmek üçin, olary mähir bilen gurşar ýaly ýörite birini belläpdir. Perzentlerini sowatly etmek üçin, olary kätipleriň eline beripdir, ýagşy işe we sogaba gönükdiripdir. Ese-boýa galandan soňra, ony patyşanyň gaşyna getiripdirler. Patyşa hem olary özüniň ýakyn adamlary hökmünde ýanynda saklap, beýik wezipelere belläpdir. Şol ilden biri dünýäden ötse, onuň hem golunda patyşa tarapyndan berlen mülk ýer bar bolsa, ol mirasdüşerleriň ogul ýa gyzdygyna garamazdan, şoňa geçirilipdir.

101. Abdyrahmanyň gyzy Amra Äşeden eşidip, ondan Muhammet ibn Abu Bekr ibn Hazm, ondan Abdylmälik ibn Zeýt, ondan ibn Abu Hudeýk, ondan hem Ýunus ibn Abdylagla, ondan bolsa Abu Japar Tahawy, ondan hem Abu Ymran eşidip, bize gürrüň berdi: «Resulalla: «Allanyň bellän çäginden çykmazlygy üçin, köp ýalňyşýan adamlaryň nogsanyny düzeltmäge çalyşyň» diýipdir.

## BÄŞINJI BÖLÜM

# GAHAR-GAZABYŇ ÝARAMAZLYGY

102. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Gahar-gazap adam ogullarynyň ýüregindäki otly kesindidir. Eýsem-de, siz adam gaharlanan wagty gözüniň gyzarýandygyny, gabarylýandygyny göreňzokmy? Gaharly adam dik duran bolsa otursyn, oturan bolsa gyşarsyn (ýatsyn) ýa-da gahar-gazabyny köşeşdirmek üçin, «Daşlanan şeýtanyň şerinden goramagy üçin Taňra sygynýaryn» diýsin».

103. Bir adam Pygamberiň ýanyna gelip: «Meni jennete saljak bir ýagşy zady nesihat bersene, ýöne uzyn bolmasyn» diýende, ol: «Gaharlanma, gazaba münme» diýip, öwüt beripdir.

104. Lukman Hekim şeýle diýdi: «Gaharyny basyp bilmeýän adamyň akyly kämil däldir».

105. Abu Derda şeýle diýdi: «Adam gaharlanan wagty Hudaýyň gazabyna has golaý gelýändir».

106. Anuşirwan patyşa tiz gaharlanýan hyzmatkärine üç sany ýazgyny uzadyp, gazaba münen çagy şolaryň ýüzüne ýeke-ýekeden göz aýlamagy buýrupdyr. Birinji hatda: «Gaharyňa bäs gelmäni başar, çünki, sen Taňry dälsiň», ikinji hatda: «Taňry bendelerine rehim et, saňa Allanyň rehimi iner», üçünji hatda: «Taňry bendeleriniň hukugyny hormatla» diýlip ýazylan eken.

107. Käbir danalardan gaýgy we gazap hakda sorap: «Ol ikisiniň parhy nämede?» diýipdirler. Danalar: «Gaýgy bilen gazap ikisiniň asly birdir. Olar höwesiň tersine, göwnüň garşysyna ýüze çykýan ýagdaý bolup, eger ol özüňden pesler sebäpli ýüze çyksa, gaharlanarsyň, özüňden ökdeler zerarly ýüze çyksa, gynanarsyň» diýipdirler.

108. Ibn Mukaffag şeýle diýdi: «Gahar-gazabyň joşmagyndan howatyr et. Ol seni peslige salyp, ötünç soramaga mejbur eder».

109. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Söweşde garşydaşyndan üstün çykýan adam batyr däldir. Gaharlanan wagty, özüni saklap bilýän adam batyrdyr».

110. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Gahar-gazap şeýtan tarapyndandyr. Şeýtan bolsa otdan ýaradylan. Ody hem diňe suw bilen öçürip bolýar. Şonuň üçin biriňiz gaharlansaňyz, suwa ýuwynyň».

111. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Aňsat gaharlanmaýan, gaharlansa-da, tiz köşeşýän adam iň haýyrlyňyzdyr. Tiz joşup, tiz köşeşýän hem şoňa golaý. Emma tiz gaharlanyp, aňsat-aňsat köşeşmeýän adam, iň ýamanyňyzdyr».

112. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Sütem edilse, Taňrynyň adalatyny, güýç ulanylsa, Taňrynyň güýjüni ýatla. Gahar-gazabyň joşguny seni günä işe itermesin. Gahardan saplanjak bolup, diniňe zelel berme».

## ALTYNJY BÖLÜM

# IŇ GÖZEL GYLYKLAR

113. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Iň gözel gylyklar on sanydyr. Olar atasynda bolsa, oglunda, oglunda bolsa, atasynda bolman biler. Gulunda bolsa hojasynda, hojasynda bolsa gulunda bolman biler. Allatagala bu häsiýetleri öz halaýan adamsyna bagyş eder. Olar: «Dilegçini sylamak, ýagşy iş edene serpaý bermek, bela-betere sabyr etmek, goňşularyň we dostlaryň hakyny ödemek, dogry sözlülik, garyndaşlyk gatnaşygyny üzmezlik, amanat zady abat saklamak, myhmansöýer bolmak, ýagşy iş edeni sylaglamak, utanç-haýaly bolmak».

114. Mugawyýa Alynyň ogly Hasandan «Jomartlyk, hemaýat we ynsaplylyk» hakda sorapdyr. Hasan oňa: «Jomartlyk — höwes bilen ýagşylyk etmek, soralmanka bermek, açlyk döwri ajy doýurmakdyr. Hemaýat — jebri-jepadan goramak, ildeşiň ýamanlygyna çydam etmek, howp-hatara ilki okdurylmakdyr. Ynsaplylyk — her bir adamyň öz dinini we amanatyny gorap saklamagy, myhmanlaryny hezzetlemegidir» diýdi.

115. Halyt ibn Abdylla öz ogluna: «Eý, oglum, aslynda baýlygyň kem bolsa-da, ahwalyň teň bolmasyn. Mätäçlikde mertebesini, garyplykda ýoluny düz saklaýan adam şöhratlydyr» diýdi.

116. Amyr ibn Tufeýlden: «Iliňe nädip hökümiňi ýöretdiň?» diýip soranlarynda: «Mätäç adamlara kömek etdim, olary zyýan-zelelden goradym, ýagşylaryna ýardam etdim» diýipdir.

117. Medaýyny şeýle diýdi: «Halyt ibn Abdylla Kasrynyň hutbasynda:

— Eý adamlar, ýagşy gylykly bolmak üçin birek-birege bäs ediň, ahlak baýlygyny ele salmak üçin yhlas ediň. Jomartlyk et, öwgä mynasyp bol. Haýyr işi yza çekip, ýazykly bolma, etmedik ýagşylygyňy hasaba alma. Her bir nygmat üçin Taňra şükür ediň. Nygmaty har tutup, ony hasrata öwürmäň. Taňry bendesiniň Hudaýy ýatlap we şükür edip gazanan baýlygy iň halal nygmatdyr. Hormata mynasyp adamlaryň keşbi nurana görüner, ýüzüne bakan şatlanar, özgelerden beýik saýylar. Gysganç adamyň ýüzüne baksaň ýigrenç dörär. Gysgançlyk — dowzahda bitýän daragtyň adydyr.

— Eý, adamlar, sahylyk eden beg bolar. Iller tama etmeselerem, olara elini açyp, jomartlyk edýänler – adamlaryň iň ýagşysy, başardygyndan özgeleri bagyşlaýan adam – iň hormatlysydyr. Arasyny üzen garyndaşlaryna gatnaýan adam – iň mähribanydyr. Topragy düz bolmadygyň, nesli päk bolmaz. Çünki, daragtlar köküne görä bitýändir, topragyna görä miwe berýändir».

118. Muny bize Ybraýym ibn Sindiden eşidip Amr ibn Bahrul Jahyz gürrüň berdi; Muny maňa Abulapbas Ahmet ibn Hüseýinden eşidip, Aly ibn Zekkar hem gürrüň berdi: «Abu Bekir ibn Enbarynyň Abul Atahyýa ýazan hatynda ýagşy gylyk-häsiýetler şeýle beýan edilýär: «Ýagşy gylyklar köpgörnüşli bolup, ilkibaşda akyl durýar. Ondan soňra din, ylym, mylaýymlyk, jomartlyk, dogruçyllyk, sabyrlylyk, Hudaýa şükranalyk, ýagşylyk we ak göwünlilikdir. Haçan-da,

nebsiň tersine gitseň dogry ýola gönügersiň, ony pes tutsaň beýige galarsyň, harlasaň päkize bolarsyň.

Köňül gözleri bilen kimiň duşman ýa dostdugyny tanap bolýar. Olar saňa köp zady salgy berýär. Käteler duşmançylygyňy gizlejek bolsaň, gözüň ony aýan eder. Onuň gursagyndaky ýaşyryn göripligi kalby gizlese-de, gözi aýdyp durandyr. Nebis bu dünýäniň haý-höwesine bolan meýliňi oýarýar. Nebis belasyndan sypmak üçin ondan ýüz öwürmek gerek».

119. Abu Rawk Hazzany Abulfazl Ryýaşydan eşidip, Aly ibn Kasym Basry diýen adama, ol hem bize gürrüň berdi: «Bir gezek Asmagy hymsly Müslim ibn Meýseräň ýanyna baranynda, ogluna öwüt berip oturan eken. «Işiň rowaç bolsun, nämäni maslahat berýäň?» diýip, Asmagy sorapdyr. Ol: «Ogluma durmuşyň ähli ýodasynda - ýeňil-ýelpaý ýa-da agyr ýerinde mydama açyk ýüzli bolmagy, mätäje kömek bermegi, asylly adamyň bergisini üzlüşmegi ündeýän» diýipdir.

120. Käbir adamlar şeýle diýdi: «Üç sany ýagşy häsiýeti özünde jemlän ýigidiň akyly-ynsaby kämildir: Mätäje kömek edýän, arasyny üzen bilen gatnaşýan, ýamanlyk edeni bagyşlaýan».

## ÝEDINJI BÖLÜM

## ÝAGŞYLYGYŇ DEREJESI WE HAÝYR IŞE HÖWES

121. Pygamberimiz bir adama öwüt berip: «Hudaýdan gork, çemçeläp dolduran çelegiňi çanaklap boşatsa-da, her kişä güler ýüz we ýylgyryş bilen gara» diýdi.

122. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp: «Dostunyň gadyryny bilmeýän adama, ony ýitirmek kyn düşmez. Dostlarynyň keç ykbalyna göwünlik bermedik adam, bela-betere duşanda har-zelil bolar» – diýdi.

123. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Ýolbars her gezek arlanda: «Eý, Alla, meni ýagşy adamlaryň üstüne sürünmäge mejbur etmäweri» diýer eken».

124. Buzurgmehr şeýle diýdi: «Haýyr işi tiz etmeseň, kämil bolmaz».

125. Buzurgmehr şeýle diýdi: «Çalt ýerine ýetirmeseň we gadyryny bilmeseň, haýyr iş kämil bolmaz».

126. Anuşirwan patyşadan: «Iň abraýly adam kim?» diýip soralanda, ol: «Adamlara bähbitli bolan ýagşy zady oýlap tapan, şeýdibem ady asyrlara aşan, ýagşylyklary bilen durmuş ýollarynda meşhur bolan adam» diýipdir.

127. Ibn Apbas şeýle diýdi: «Gadyrbilmeziň häsiýeti seni ýagşy iş etmekden saklamasyn. Bir gün başga biri şol ýagşylyk üçin taňryýalkasyn aýdar».

128. Abdylla ibn Japar şu manyda bir söz diýdi: «Ýagşynyň goldawy nirede bolsa-da, — şükranaly kişä ýa-da gadyrbilmeze duşsa-da, ol uly baýlykdyr. Şükranaly adamlar oňa serpaý ýapar. Gadyrbilmeziň aýtmadyk alkyşy bolsa, Hudaýyň ýanynda sogaba öwrüler».

129. Ýene şeýle diýdi: «Haýyr işi tiz başlap, yhlas bilen bitirmeseň, onuň haýry-berekedi az bolar».

130. Başga biri şeýle diýdi: «Ýagşylyk edýän adamyň alkyşyny ýetir. Hatda oňa bir bölek daşy sowgat et welin, boş goýma, yhlasyny harlama».

131. Ýene biri şeýle diýdi*: «Üstünden döwür geçse-de, haýyr baky galar, ýamanlyk bolsa, aşgazanda galan iýmitdenem ýaramazdyr».

132. Abul Atahyýa şeýle diýdi*: «Ile ýagşylyk eden her bir güni ýaş ýigidiň iň ajaýyp günüdir. Eden işleriniň iň oňady bolsa, ýagşylykdyr. Ýamanlyk edip, ýagşylyga garaşma, adam diňe eken zadynyň hasylyny orar».

133. Ahtal şeýle diýdi: «Hazyna toplamaga mätäç bolsaň, bir zady bilip goý: Ýagşylykdan gowy hazyna bolmaz».

134. Attaby şeýle diýdi: «Gadyry bolmadyk we dostlaryny goldap bilmeýän adam hojaýyn bolup bilmez. Özi ýaly bedasyl we gurpsyz kişiler ondan üstünkä, ol nädip hökümini ýöretsin».

135. Amr ibn Zarp şeýle diýdi*: «Eý, adamlar, ýagşylygyň iň ýakyn dostdugyny biliň. Siz ýagşylykdan ýüz öwürýänçäňiz, ol sizden aýrylmaz. Mylaýymlar bilen tirkeşýänçäm, men şeýle ýagşy häsiýetiň barlygyndan bihabardym. Men baştutan bolmak üçin ilki siziň öňüňizde baş egipdim».

136. Käbirleri şeýle diýdi: «Sogapsyz ýagşylyk ýokdur. Hudaýyň ýanynda we adamlaryň arasynda haýyr iş edýäniň abraýy belent tutular».

137. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp şeýle diýdi: «Köp pul harç edip gul satyn alýan, soňra hem erkinlige

goýberýän baýlara geň galýaryn. Ýagşyzadalar haýyr iş etse-de, adamlary özüne borçly saýmaýarlar».

138. Seriý Sakaty şeýle diýdi: «Bizden öňküler birek-birege kömek ederdi, gatnaşardy, ýagşylyk edilse, serpaý ýapardy. Haýyr işi parz, ýagşylygy ödemegi borç bilerdi. Soňra zamana öwrüldi, täze nesiller geldi. Her eden işine hak aldylar, haýyr-sahawatdan bähbit aradylar, ýagşylygy karzyna etdiler. «Puluňy ber-de, satyn al» diýlişi ýaly, ýagşylygy edil bazaryň harydyna öwürdi oturyberdiler».

139. Humaýt ibn Sewr şeýle diýdi*: «Bu zamanaň öwrülip, adamlaryň başyna ykbal külpetiniň düşjekdigini bilýärin. Hemaýat isläp gelen mätäç adama goldaw bermekden ýüz öwürme. Çünki, senem haçan dilemeli boljakdygyňy bileňok ahyry».

140. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talypdan «Wyždan näme?» diýip soralanda, ol: «Adamlaryň boýnundaky ýagşylyk düşünjesi» diýipdir. «Onda jomartlyk näme?» diýlende, ol: «Ýagşy işe göwünjeň topulmak, soralmanka bermek» diýip, jogap beripdir.

141. Japar Sadyk şeýle diýdi: «Ýagşy işi doly ýerine ýetirmek üçin üç zat gerek: «Tiz başlamak, çalt bitirmek we ile ýaýyp ýörmezlik».

142. Mälik ibn Dinar şeýle diýdi: «Bu dünýäsini ahyretiniň gözel bolmagy üçin sarp eden ynsan iň sahy adamdyr».

143. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Bu dünýäniň ýagşylary, ahyretiňem ýagşy adamlarydyr. Sebäbi olar öz baýlygyny bu dünýäde ýagşy zada harç ederler. Allatagala kyýamat güni olara bakyp: «Dünýäde eden ýagşylygyňyz üçin, ähli günäňizi bagyşlaýaryn. Şonuň üçin hem başardygyňyzdan islän adamyňyza ýagşylyk ediň» diýdi. Şu sebäpden hem «Bu dünýäniň ýagşylary, ahyretiňem ýagşy adamlarydyr» diýildi.

144. Sagyt ibn Asyň goşgusy*: «Allatagala deregine zat hantama bolýan adama ýüz tutmagy gabahat saýdy»

145. Başga biriniň aýdany*:

«Her kimsäniň ykbaly çalşyp duran iki pursatdan ybarat: Olaryň biri ýaramazlyk, beýlekisi oňatlykdyr. Ol käte ýürege düşgünç zalymlaryň ýagşylygy, käte hem güň ýolbarslaryň arryldysy ýaly bir zatdyr».

146. Haryryda şeýle setirler bar*:

«Ýagşylyk etmek bilen gaýgylardan saplanýaryn.
Şadyýan, nurly ýüz bilen bezeýärin durmuşymy.
Ýagşylyk meniň ýakynym, baýlygym hem görejimdir,
Görmäýin, ýamanlyk edip, ynsabymyň urnuşyny.
Haýsy ýerde haýyr etsem, halk bilmese Halyk biler,
Meniň diriligim ýagşylyk diriligi bilen».

147. Ol ýene-de şeýle diýdi*:

«Men hem munda bir zamanlar,
Gözýaş dökdürýän ýamandym.
Ýamanlyk etmek bilen däl,
Ýagşylyk bilen sagaldym».

148. Erdeşir ibn Bäbek şeýle diýdi: «Ýagşylyk tohumyny ekjek bolsaň, sepýän topragyňa üns ber. Ýogsam, ähli yhlasyň zaýa bolar».

149. Selim ibn Kutaýba şeýle diýdi: «Haýsydyr bir işi etjek bolsaň ikirjiňlenmek, oýlanyp durmak gowy zat. Ýöne ýagşy iş üçin ýaýdanmaly däldir. Ýaýdanjaňlyk ýagşy işi bozup taşlar».

150. Abu Müslim Hawlany şeýle diýdi: «Ýagşylygyň sogabyndan haýyrly hiç zat ýokdur. Ýagşylyk etmek isleýän her bir adamda ol işe niýeti, niýeti bolaýanda hem gurbaty bolman biler. Eger başarnyk, niýet we mümkinçilik bir ýere jemlense, şol ýerde maksada ýetip bolýar».

151. Abul Atahyýa şeýle diýdi*: «Hudaýyň berýän nygmatynyň artmagyny isleseň, onuň bendelerine ýardam bermäge çalyş. Hudaýyň bagyş eden baýlygyny haram zada sarp edip, oňa ýazykly bolma. Beýtseň, Allanyň bereketli rysgaly senden çekiler».

152. Iliň aýbyny tapyp, üstünden gülmäni halaýan bir adamdan: «Pylanynyň ýanyna gezelenje gidipdiň. Ol saňa nämeler etdi?» diýip sorapdyrlar. «Ol meni gyjalatyň lezzetini duýmakdan mahrum etdi. Ýanyma gelip ýagşylyk etdi welin, onuň aýbyna gülmäge dilimde gurbat galmady» diýip, jogap beripdir.

153. Japar ibn Muhammet Sadyk şeýle diýdi: «Nämedir bir zat hakda menden haýyş etseler, oňa öň eden ýagşylygymdan has gowy hyzmat etmek isleýärin. Onuň hal-ýagdaýyny düzlemek we mätäçligini aýyrmak üçin dessine kömek edýärin. Sebäbi soňky haýyşlardan ýüz öwürmek, öňki ýagşylyklaryň sogabyny kesýär».

## SEKIZINJI BÖLÜM

# ÝAGŞY GYLYK WE MYLAÝYM HÄSIÝET

154. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Her adam özüniň ýagşy gylygy bilen namaz-orazaly adamyň derejesine ýetip biler».

155. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Kyýamat güni mizanda ýagşy gylykdan agyr geljek hiç bir zat ýokdur».

156. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp şeýle diýdi: «Aladasy artanyň derdi köpeler, gylygy ýaman özüni kösär, il bilen jetleşeniň abraýy gaçyp, hormaty bolmaz».

157. Halyt ibn Safwandan «Kimler bagtly ýaşaýar?» diýip soralanda, ol: «Öz durmuşy bilen özgeleriň durmuşynyň oňatlaşmagyna peýda berýänler» diýipdir. «Onda durmuşy ýaramaz adamlar kimler?» diýlende, «Özgeleriň durmuşynyň ýaramazlaşmagyna sebäp bolýan adamlar» diýipdir.

158. Fudaýl şeýle diýdi: «Pis gylykly takwadan ýagşy gylykly bozuk adamyň ýoldaşlygyny halaýaryn».

159. Pygamberimiz şeýle diýdi: «Adamkärçiligi we gylyk-häsiýeti gözel bolmadyk adamyny Hudaý dowzah ody bilen naharlar».

160. Sagyt ibn Ubaýdyň goşgusy*:

«Adamlara duşanyňda şadyýan ýüzli bol,
Hoş habar aýdyjy bol.
Ýaramaz söz, gyňyr ýüzi unutgyn.

Akmaklygyň başy ýüzüňi turşatmakdyr,
Akyllylyk gözbaşy süýji sözlülikdir».

161. «Rehimdar bolar ýaly ýagşy işleri salgy bersene» diýip, Ahnafa ýüz tutanlarynda, ol «Gözel gylykly boluň we ýaramaz işden saklanyň» diýipdir.

162. Abu Temmam Taýy Hasan ibn Wehbiň edebini öwüp, şeýle goşgy aýtdy*:

«Eger ol bir gylyga bürenip ýa-da başga keşbe girip bilýän bolsa, ol gaty toprakda biten bossan ýa-da miweli bag bolardy. Onuň elleri, ýagyşda äşgär bolýan müşk kimin, sahawatlylyk ýagdyryp, alkyş çöplärdi. Mylaýym ruh hem, edil müşk ýaly bolup, özünden hoşboý ys ýaýradýar».

163. Onuň Omar ibn Tawk hakda aýdan goşgusy*:

«Salyhatlylyk onuň bezegi bolup, sypaýy degişýär.
Özi bilen oýun etmeýänlere çynlakaý çemeleşýär.
Onuň häsiýetinde ýumşaklyk garylan hyýrsyzlygam bar,
Çünki gyzyl meýi garyp içmeseň haýyr bolmaýar.
Zamana bir ýaňa egrelse-de, ol mäkäm durandyr.
Abraýy açylan güldür, ýöne solmaz,
Başarmajak işine elini gatmaz,
Başaryp boljagy gaýra goýmaz».

Gürrüň bermeklerine görä, ol islendik zatda ýumşak bilen gatyny, muşakgat bilen ýeňilligi bölmän ulanar ekeni, hiç haçan olaryň birini goýup, beýlekisini ýerine ýetirmändir. Bu iň amatly we öwgä mynasyp işdir. Şonuň üçinem «Süýji bolma - ýuwdarlar, ajy bolma – tüýkürerler (süýji bolsaň iýerler, ajy bolsaň goýarlar)» diýlendir.

164. Hasan Basrydan ýagşy gylyk hakda soralanda ol «Sahylyk, geçirimlilik we sabyrlylyk» diýip, jogap beripdir.

165. Fudaýl şeýle diýdi: «Hiç bir ýaranjaňlyk etmezden, söhbete gelenleriň ýüregini awlamak, ýumşak gylygyň bilen

olara özüňi aldyrmaklyk - gije-gündiz ybadat edip, oraza tutanyňdan peýdalydyr».

166. Mälik ibn Dinar şeýle diýdi: «Dindardygyna garamazdan, gylygy ýaman adam jähennemiň ortasyna düşer. Ybadat etmeýänem bolsa, ahlagy gözel adam jennete girer».

167. Şugaýp şeýle diýdi: «Özüme durmuşa çykmagy üçin bir geline söz gatdym. Ol meniň sözümi kabul etdi. Men oňa özümiň ýaramaz gylyklydygymy aýdanymda, ol «Meniň gylygym seniňkidenem ýaramaz. Ýöne ýaramaz gylyga ýüz urmaga mejbur edýän üýtgeşik zat barmy?» diýdi».

168. Japar Sadyk şeýle diýdi: «Gözel häsiýetler on sanydyr: Dogruçyllyk, iliň baýlygyna göz gyzdyrmazlyk, amanaty gaýtarmak, garyndaşlaryň bilen gatnaşmak, ýagşylyk etmek, dostlaryňa we goňşularyňa ýardam bermek, myhmansöýer bolmak, utanç-haýaly gezmek».

169. «Il bilen garyşmaýan we dosty az adamlar kimler?» diýip Şagbydan soralanda, ol: «Adamlar bilen gatnaşanda ýüzüni kürşerdip, gaşyny çytýanlar» diýip, jogap beripdir.

170. Pygamberimiz şeýle diýdi: «Hudaýyň ýanynda ýaramaz gylykdan başga her bir günäniň tobasy bardyr. Çünki ýaramaz gylykly adam özünden betere duşýança toba etmez».

171. Abdylla ibn Mübärek şeýle diýdi: «Bu dünýäde ynsany onuň boýy we syraty däl-de, ýagşy gylygy bezeýär».

172. Abu Mushir şeýle diýdi: «Musulmanyň keşbini onuň ýagşy gylygy salgy berýär».

173. Zübeýr ibn Bekkar şeýle diýdi*: «Bizi howlukdyranyň üçin, saňa azajyk ýagşylyk etdik. Eger gyssaga salmadyk bolsaň, beýle ujypsyz hem bolmazdy. Gowusy, az bolsa-da, şuny kabul et. Ýöne, sen-ä soramadyk ýaly gez, biz hem hiç zat etmedik ýaly bolaly».

## DOKUZYNJY BÖLÜM

## GAÝRATLYLYK WE ONY ULANMAK

174. Pygamber alaýhyssalamdan rowaýat etmeklerine görä, ol ýiti zehinli birinden «Siz mürewwet diýilende nämä düşünýärsiňiz?» diýip sorapdyr. Ol: «Ynsaply we ylalaşykly gezmäge» diýipdir. «Biz hem şeýle kabul edýäris» diýip, Pygamber dillenipdir.

175. «Dogumlylyk näme?» diýip, Ahnafdan soralanda, ol: «Gaharyň gelende sypaýy, başardygyňça hem geçirimli bolmaklyk» diýipdir.

176. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp: «Nebsini basyp bilýän adam batyrdyr» diýipdir.

177. Hasan Basry şeýle diýdi: «Söwda edende dostundan peýda görjek bolýan adama gerçek diýilmeýär».

178. Sufýan Sewri şeýle diýdi: «Durmuşyňy we diniňi düzeldip, garyndaşlaryň bilen gatnaşmak, dostuňy sylamak we nebsiňi basyp bilmek — gaýratlylygyň kämil sypatydyr».

179. Eksem ibn Saýfydan gaýratlylyk hakda soralanda: «Iliňe ýagşylyk edip, adamlaryň ýaramaz gylygyna sabyrly bolmak» diýipdir. Adamkärçilik hakda soralanda: «Ile ezýet bermän, goldaw bermek» diýipdir. Ynsaplylyk hakdaky soraga «Hudaýy tanamak we rehim-şepagatly bolmak» diýip, jogap beripdir.

180. Ahmet ibn Abu Tahyryň goşgusy*: «Owadan geýinmek we garnyň doklugy adamkärçilik däl, adamkärçilik ile kömek berip, ýagşylyk etmekdir. Eýsem sen solgun eşikli ýigidi göreňokmy? Onuň bar maksady takwalykda we ýagşylykda jemlenýän belent ahlaga ýetmekdir».

181. Käbir araplaryň goşgusy*:

«Biziň batyrlygymyz jem boldy, olaryň bolsa sözi azaşdy,
Mertligimiziň ýalkymyna köpleriň gözi gamaşdy.
Agzybirligiň bir özi nygmatdyr, hergiz az görmeýäris.
Hem-de biz atalarynyň günäsi üçin
olaryň nesillerini ýazgarmaýarys».

182. Totynyň sözleri*: «Elinde baýlygy bolmasa-da, kalbynda adamkärçiligi bolanlar soramankaň berer we dilegçilik derdinden saklar. Eger söz beren bolsa, wadasyna görä iş eder. Gözel häsiýetleriň birnäçesini özünde jemleýän oglan, iň ýagşy ýigitdir».

183. Mugawyýa ibn Abu Sufýan şeýle diýdi: «Adamkärçilik dört zatdan: Ahlak päkliginden, baýlygyňy ýagşy işe sarp etmekden, dostlaryňy goramakdan we goňşyňa goltgy bermekden ybaratdyr».

184. Käbir danalar şeýle diýdi: «Gaýratlylyk - bu gizlemän edeniňde utanjak işiňi gizlinlikde hem etmezlikdir».

185. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Ynsaby bolmadygyň imany bolmaz».

186. Omar ibn Hattap şeýle diýdi: «Adamkärçilik — dinde päkize bolmak we durmuşyňy ýagşy dolamakdyr».

187. Hasan ibn Aly şeýle diýdi: «Gaýratlylyk — diniňi abat saklamak, baýlygyňy ýagşy zada sarp etmek, eli açyklyk we adamlara söýgi bilen garamaklykdyr».

188. Ubaýdulla ibn Zyýat: «Siz adamkärçilik diýlende nämä düşünýärsiňiz?» diýip, bir parsdan sorapdyr. Ol: «Adamkärçilik diýlende dört häsiýeti göz öňünde tutýarys:

Adamlara şübheli garamazlyk, çünki şübheli adam hor-homsy galar; Baýlygyňy ýagşy zada sarp etmek, çünki baýlygyny har tutýan adamyň akyly we dünýägaraýşy gowşak bolar; Öz maşgalasynyň mätäçligini aradan aýyrmak üçin alada etmek, çünki öýi özgä zar bolanyň gaýraty bolmaz; Adamlar bilen duşuşaňda süýji sözli bolmak».

189. Mugawyýa adamkärçilik hakda Zyýatdan soranda, ol: «Päklik we hünärlilik» diýip, jogap beripdir. «Ol nädip adamkärçilik bolýarmyşyn?» diýende, Zyýat: «Hudaýyň gadagan eden zatlaryndan özüni saklan adam päkize gezer, öz hünäri bilen Hudaýyň ygtyýar eden zatlaryndan gazanç eden adam il içinde eziz bolar» diýip, jogap beripdir.

190. Mamundan adamkärçilik hakda soralanda, ol: «Sabyrlylyk, takwalyk, batyrgaýlyk we sahylyk» diýipdir. «Asyllylyk näme?» diýlende bolsa: «Hemaýatçylara dogan bolup, duşmanlaryň göwnüni tapmak» diýipdir.

191. Adamkärçilik hakda Buzurgmehrden soralanda: «Adamlar bilen ýagşy gatnaşykda bolmak, birek-birege söýgi saklamak, zyýan ýetiribiljek zatdan daşda durmak» diýipdir.

192. Anuşirwan patyşa şeýle diýdi: «Hökümdarlaryň gaýratlylygy üç zada baglydyr: Ylymy we alymlary söýmek, ejiz adamlara goltgy bermek, abadanlyk üçin yhlas etmek».

## ONUNJY BÖLÜM

# ÝAŞLYK

193. Pygamber alaýhyssalamdan rowaýat etmeklerine görä, «Jebraýyl alaýhyssalam oňa zülpükary getirip berende, «Zülpükardan başga kesgir gylyç, Alydan başga juwan ýigit bolmaz» diýipdir.

194. Hasan ibn Sabytyň goşgusy*:

«Zülpükardan başga gylyç bolmaz, hak söze habardar boluň,
Düşbilikde Alydan ýagşy ýigidiň ýokdugyny hem biliň».

195. Ýaşlyk hakda Agrabydan soralanda, ol: «Ýaşlyk seniň öňüňe goýlan tagam, ile sarp edilen sowgat, mylaýymlyk we päklik, aň we ynsap, ýagşylyk we ýardam, ile ezýet bermezlik» diýipdir.

196. Juwanlygyň binasy özüňi goramak we erkinlikdir. Onuň seňňeri bolsa gabanjaňlyk we gopbamlykdyr.

197. Ahmet ibn Abu Tahyryň goşgusy*:

«Irden turup, iýip-içmek,
Agşam ýatanda, iýip-içmek ýagşy ýigide mahsus däldir.
Gidende - gaýdyp gelende duşmanyna zyýan berýän,
Dostuna hemaýat berýän ýigit ýagşy päldir».

198. Goşun serkerdesi Harp ibn Sagt şeýle diýdi: «Ýaşlygyň aslyýeti adamkärçilikdir. Adamkärçilik bolsa gözel ahlaklardan ybarat. Ýaşlygyň asly akyl bilendir, akylda bolsa Taňrydan we adamlardan utanç duýgusy bar. Ýaşlygyň başy

gabahat işlerden goranyp bilmek, bezegi edep, kämilligi takwalyk, garyndaşlaryňy goramak, ene-ataňa ýagşylyk, haýyr işe yhlas etmek, goňşularyň bilen hoşniýetli ýaşamak, dymmany başarmak, kişi zadyna göz gyzdyrmazlyk, süýji we dogry sözli gezmek, dostlaryňa wepaly bolmak, amanady gaýtarmak, söhbetdeşiňi sylamak, syr saklap bilmek, bela-betere çydamly bolmak, görip bolmazlyk, namysyňy goramak, ynsabyňa wepaly bolmak, Hudaýa şükür etmek, onuň bagyş eden nygmatlarynyň gadyryny bilmek, Hudaýa ýakyn adamlara ýürekdeş bolmakdyr. Şu häsiýetleri özünde jemlän ýigit kämil ýigitdir».

199. Süleýman ibn Tyraz şeýle diýdi: «Ýaş ýigitde şu häsiýetler bolmaly däldir:

Naddah — taňňyrda elini ýuwup bolanyndan soňra, şol suwa dostlaryny ýuwundyrýan adam.

Messah (süpüregen) — elindäki hapany aýyrmak üçin, öl esgi bilen sürtäp-sürtäp owkalaýan adam.

Muhaddyr — dişini ak un bilen gowy edip ýuwýança, agzyny asla süpürmeýän adam.

Mukassyr — elini ýaglyga galtaşdyryp oňýan we süpürinmeýän adam.

Multakyt (çöplegen) — saçak aýrylandan soňra, düşege gaçan çörek we beýleki zatlaryň owuntygyny çöpläp iýýän adam.

Dellek (owkalagan) — elini suw ýa sabyn bilen arassalaman, esgä süpürmek bilen oňýan, tä esgiň özi hapalanýança, eliniň kirini süpürip aýyrmak isleýän adam.

Lahhaz (seredegen) — «Nahar bişdimikä?» diýip, zol-zol gazana seredip duran hem-de ýoldaşlarynyň nahar iýişine tiňkesini dikýän adam.

Neşşal — çöregiň gyňagyny iýýän we ýagly-etli ýerine ýetende, ony taşlaýan adam.

Mükewkip — tüwiniň ýa-da çorbanyň uly lukmasyny öňüne süýşürip, agzyna atýan we ýene-de elini tabaga uzadýan adam.

Muhalkym — iýen lukmasy bogazyna baranda hem gürlejek bolýan adam. Gürlemäge maý bolýança sabyr edip oturmaýan adam.

Muhawwil (öwregen) — öz öňünde örän köp däne görse, ony bildirmän, dostlarynyňky bilen garyşdyrýan adam.

Massas (soragan) — gury süňki sorup oturan adam.

Mirsal (iberegen) — bogazyna yzly-yzyna lukma dykyp, hyrkyldap oturan, her gezek agzyna atanda, «Garnym, bu-da seniň üçin» diýýän adam.

Lekkam (ýumruklagan) — öňküsini çeýnäp bolmanka, agzyna ýene lukma dykyp oturan adam.

Kattag (kesegen, bölegen) — dişläp alan lukmasynyň galan bölegini naharyň içine atýan adam.

Lattag (ýalak) — Gazanyň ýa-da çanagyň düýbünde galan zatlary hem-de barmaklaryny ýalap oturan adam.

Bellag (ýuwdagan) — öňküsini gowy çeýnemänkä, ýene-de lukma çeýnemek isleýän adam.

Jerrar (çekegen) — ýoldaşynyň öňündäki tagamy öz öňüne çekýän adam.

Jerraf (penjeli) — barmaklaryny çarşak ýaly edip, penjeläp iýýän adam.

Naffah (üflegen) — gyzgyn tagamy üfläp sowatjak bolýan adam. Bu birnäçe tarapdan ýaramaz saýylýar. Diňe açgöz adamlar şeýle hereket edýär. Eger-de nahara üflese, onuň agzyndan porsy ys ýa-da tüýkülik çykyp, nahara gatylmagy mümkin. Ol bolsa beýlekileriň işdäsini kesjek. Bu diňe nadanlaryň edäýjek işidir.

Hasy (owurtlagan) — çorbaly tagamy sakgalynyň astynda goýup, owurtlap içýän adam.

Mubadyr (howlukmaç) — howlukmaçlyk bilen lukmalara ýapyşýan adam.

Mugarbyl (duzçyl) — duzly gaby alyp, naharyň üstünden eňterip duran adam.

Mutaffyl (süwümsiz)— çagyrylmasa-da, beýlekilere ilteşip nahara gelýän adam. Ol gelen wagty ili şatlandyryp, gürrüňi bilen ili özüne çekýänlerden hem däl.

Mirsal — birnäçe adam bolup, şahalary ýaýbaň ýa-da hurma agaçlarynyň arasyndan geçip barýan bolsalar, agaç şahasyny öz ýüzünden sowup, yzyndan gelýäniň ýüzüne şapyrdadyp goýberýän adam.

Miffan — tabakdaky eti saçagyň gyrasynda gizläp goýýan, soňra öňüne süýşurip, iýýän adam.

Raffaf — agzynda ýuwdulmadyk lukma barka, munuň üstesine suw içýän adam. Onuň agzyndan çörek owuntyklary çykyp, iliň suw içýän gabyna düşýär. Şeýdip ol nahardaşlarynyň ýüregini bulaýar.

Mükerrim — «Haý, Berekella», «Tüweleme», «Oňardyň-aý» ýaly sözler bilen ala-goh edip, iliň diňläsi gelen zadyny diňletmeýän adam.

Muwassyl — gürlän wagty sözüne söz, gepine gep goşýan, howlukman, süýkdürip, bizar edip gürleýän adam.

Mukary — saklar ýaly eýesi bolmadyk owadan ýüzli hyzmatkär. Ol erkin bolup, mydama ýaşlaryň töwereginde aýlanyp ýören, amatyny tapanda, olaryň öýüne zomap girýän adam.

Raffaş — sakgalynyň arasyny açyp, öňünden arkasy görüner ýaly seçelendirýän adam. Ol sakgalyny edil saçyň ikä bölünişi ýaly açyp goýýar.

Jibs — içi kitüwli, ahlagy ýaramaz pis adam.

Ryjs — ýakymsyz ysly, hapysa adam. Köplenç aşgarlamak, deri eýlemek bilen meşgullanýanlar, balykçylar we mal tebipleri ýakymsyz ysly bolýar.

Müjawlyk (çuwallyk) — näçe iýse-de doýmaýan, garny edil çuwal ýaly adam.

Mükerdiş — süňk gemrip oturan adam.

Maşşaş — bir zady sorsa, agzyndan onuň owuntyklaryny, bölejiklerini çykaryp, zyňyp goýberýän adam.

Nehhaş (gemregen) — süňkleri edil syrtlan ýaly bolup, gemrip oturan adam.

Mukaşşyr — tüwi, juzap[1] ýa-da şekerli süýt iýip oturan bolsa, ondaky şekeri öz öňüne sürüp alyp, ile ýetirmän iýýän adam.

Metdat — bişmedik ete ýa-da süňke agyz urýan, ony dişi bilen gysyp, eli bilen zarply çekýän hem-de töwerekdäki tabakdaşlarynyň üstüne syçradyp oturan adam.

Musewwig — bir lukmany dişlän we tä suw içýänçä agzyny ýalap oturan adam.

Deffag — «Naharyň içini deňleýän» maksady bilen, tabakdaky uly süňki öz tarapyna çekip, onuň ýerine bir bölejik eti süýşürip goýýan adam.

Musellis — Adamlara getirilen ýassygy üç epläp, ýassanyp ýatýan, käteler bolsa ony deşip, ýyrtyp goýýan adam.

Munaggyl — bir bölek çöregi çemçe ýaly togalap, üstüne süýt, ýag we şoňa meňzeş zatlary guýup iýýän adam.

Wagyl — çagyrylmasa-da, ile goşulyp içişlige gelýän adam.

Muhaddys — gepe güýmenip, ile suw bermelidigini unudýan saky adam.

[1] Juzap — şeker, tüwi we et garylyp, taýýarlanylýan nahar.

Mugalyt — biri suw äbermegi haýyş etse, ony başga birine berýän ýa-da bir özi içip goýberýän adam.

Mekkas — iýmek üçin bir zady alan bolsaň, olam şony aljak bolup elini uzadýan, yzysüre hem «Şuny iýesimem gelenok-la, doýamsoň ony näme edeýin» diýýän adam.

200. Ýusup ibn Zinji şeýle diýdi: «Süleýman ibn Tyraz ýaşlaryň kazysydy, il içinde abraýy-sylagy ýetik, ýagşy ahlakly adamdy. Bihuda gürleýänleri pälinden el çekmäge mejbur ederdi. Ol: «Özgelere artykmaç göz aýlamakdan saklanyň. Artykmaç nazar zerurlygy bolmadyk sözdür-galmagala sebäp bolýar» diýdi. Süleýman ibn Tyraz «Jynsy gatnaşygyň lezzetini duýanymdan soň, zyna işe baş uraýmaýyn» diýen gorky bilen, öýlenmekden ýüz öwren adamdyr.

Ýusup bu hakynda «Elbetde ol adamlaryň iň mäkämi we ýaşulusy däldi. Ýöne öňküleriň ýagşy ýoluna eýermekde şondan berk ýapyşýan hiç kim ýokdy» diýdi.

«Süleýman aradan çykaly bäri ýaşlar nogsanlyga ulaşan ýaly. Ol «Amanat zatlaryň içinde uýat ýeriň şerinden saklanmak ýaly, götermesi agyr we mähneti berk hiç zat ýok. Esasanam, owadan ýüzli, görmegeý birine çola ýerde sataşsaň, adam jynsyndan hiç kimsäň nazary düşmän, Hudaýdan başga kişi görmeýän bolsa, hasam agyrdyr. Şol ýerde özüňe erk edip, zyna işden saklanybilseň, ýigitlere ýolbaşçy bolmaga doly mynasypsyň» diýdi.

«Her bir oglanyň hormaty artyk we güýji köpem bolsa, onuň «Men pylanyň oglundan (gulundan) öwgä has laýykdyryn» diýmäge haky ýokdur. Hojaýynynyň diýenini edip, göwnüni göterýän bolsa, bir-birinden razy bolsalar, şol hem uly derejeleriň biridir. Adamlar dereje-dereje bolup, biri beýlekisinden beýikdir. Kim sylanýan bolsa, şol hem beýik saýylýar» diýdi.

201. Harp bilen Bilaly gören şyhlardan eşidip, Abdylmüslim ibn Reşit şeýle gürrüň berdi:

«Görk-görmegi zyýada, gözelligi göreni haýran edýän basraly bir ýaş ýigit, ýanyna on müň dirhem pul alyp, Bilalyň hyzmaty üçin ýola düşüpdir. Juwanlykda we mertebelikde uly derejelere ýetmek üçin, Bilalyň howlusynda hyzmatkär bolmaga, ähli dirhemini şol ýerde sarp etmäge taýyn eken.

Uzak ýol söküp, Bilalyň gaşyna baran ýigit oňa: «Mertebesi beýik we ýoldaşçylygy kämil ýigitlerden maslahat soranymda, seniň hyzmatyňda bolmagy salgy berdiler. Şonuň üçinem size bagly bolup, ýoluňyza mäkäm ýapyşmak üçin ýanyňyza geldim. Men hakda ýagşy pikirde bolmagyňyzy umyt edýärin» diýipdir.

Bilal oňa garap: «Eý oglum, kalbyňda arzuw-umydyň barlygy gowy zat. Ýöne arzuwlar, saňa bagly bolmanam üzülip bilýär. Ýalan söze bürenip bolmaz. Mertebe we häkimlik hakda söz açdyň. Şu ýerde başga biri bolmadyk bolsa-dy, onda bu mertebä elbetde mynasyp bolardym. Ine, goşun serkerdesi Harp ibn Sagdyň ýanyna bar, arzy-halyňy, haýyşyňy şoňa beýan et. Ýanyma geleňde häkimlik hakda söz açmadyk bolsaň, seni kabul ederdim. Ýöne häkimlikdir ýolbaşçylyga Harp mendenem has laýyk gelýär» diýipdir.

Ýaş ýigit Harbyň ýanyna gelip, özüni tanadypdyr. Bilally wakany bolşy ýaly gürrüň beripdir, onuň aýdan sözüni Harba ýetiripdir. Harp oňa: «Hökmürowanlygy özünden aýranlygyna garamazdan, onuň hormatdyr-häkimlige ukyby bar ahyry. Ony niýetläp geldiňmi, özüňi şonuň hyzmatyna bagyş etseň gowy bolardy» diýipdir.

Ýaş ýigit Bilalyň ýanyna nägile ýüz bilen dolanypdyr, Harbyň aýdan sözüni oňa ýetiripdir. Bilal oňa «Eý oglum, onuň sözüme garşy çykmasy, sypaýyçylyk üçindir. Bu zatlar onuň häkimlik we ýolbaşçylyk mertebesini kemeltmeýär. Onuň

ýanyna bar» diýipdir. Ýaş ýigit Harbyň ýanyna gaýdypdyr. Harp hem oňa: «Bu zatlar hakda ikirjiňlenýän bolsaň, saňa özüm hem-de Bilal hakda gürrüň bereýin. Görşüň ýaly men-ä bir pugta, tutanýerli adam. Her bir dogry ýerdäki pugtalykda bolsa bähbit bar. Men ýaş ýigit, ol köpi gören goja. Gojalaryň tejribesi saňa ýaşlaryň pugtalygyndan has köp haýyrly bolar. Men iki işiň arasynda haýsyna ýapyşjagymy bilmän ikirjiňlenip durun, ol bolsa öz maksadyna ýeten ýaly, gaýym ýapyşýar. Söweş tilsimlerini bilmekde hem ol menden ussat» -diýipdir.

Ýaş ýigit Bilalyň ýanyna dolanypdyr. Bilal oňa: «Bularyň ähli hormatyň, gursaklarynyň üstünde mäkäm kuwwatyň bardygyny we tutanýerli adamlary öz ornundan gozgap bolmajakdygyny subut edýär» diýipdir.

Şeýdip Bilal bilen Harp bu ýaş ýigidi tä iline dolanýança birek-biregiň ýanyna iberip durupdyrlar. Bu wakalardan aňly-başly netije çykaran ýaş ýigit köp zada akyl ýetirip, ene-atasyna gowşupdyr. Dogrusyny Alla bilýär».

## ON BIRINJI BÖLÜM

# HÖKÜMDARLYK WE JOMARTLYK

202. Hökümdarlyk hakda Ahnafa sorag berenlerinde, ol: «Haý-höwesiňe garşy gidip, ýakyn-u uzakdakylara sahylyk etmek, dostlaryň we ýoldaşlaryň bilen agzybir ýaşaşmak» diýipdir.

203. Abdylla ibn Mübärekden jomartlyk hakda soralanda: «Güler ýüzli bolup, ile azar bermezlik, kömegiňi gaýgyrmazlyk» diýipdir.

204. Enes ibn Mälik şeýle diýdi: «Çarwa araplardan pukara biri Pygamberiň ýanyna dilegçilige barypdyr. Pygamber oňa kyrk sany goýun bermegi buýrupdyr. Obasyna dolanan arap ildeşlerine ýüzlenip: «Eý, obadaşlar, Yslama giriň, Muhammet garyplykdan gorkmaýanlara sowgat berýär» diýipdir.

205. Üç zady şert edip goýmazdan, Ibn Omar hiç kim bilen syýahata (ýola) çykmaýan eken. Ol zerur bolan çykdajylaryň we hyzmatlaryň ählisini hem-de azan aýtmagy öz üstüne alýan eken.

206. Abdylla ibn Japar biriniň durmuş toý dabarasyna 500 gyzyl dinary sowgat hökmünde iberip: «Ujypsyz sowgat edýänligi üçin» ötünç sorapdyr.

207. Günleriň birinde Esma ibn Haryja öýüne dolanyp gelende, howlusynyň gapysyny ýassanyp oturan saýyl-

sergezdana gözi düşüpdir. «Bu ýerde ýassanyp oturmaga mejbur eden zat näme?» diýip, Esma ondan sorapdyr. «Ýok, oňatlyk-la» diýip saýyl jogap beripdir. Emma Esma oňa dogrusyny sözlemäge mejbur edipdir. Sergezdan oňa bakyp: «Mätäçlik zerarly gapy syryp ýörkäm, şu howlynyň derwezesini kakdym. Meniň habarymy almaga ýaş hyzmatkär gyz çykdy welin, onuň jemalyna gözüm kaklyşyp, aklym gitdi, ýüregime ot düşdi. Şondan bäri ýene birje gezek daş çyksa, didaryna gözüm düşse diýip otyryn» diýipdir. «Şol gyzy görseň tanarmyň?» diýip, Esma ondan sorapdyr. Sergezdanyň «Hawa» diýip baş atmasyndan soňra, Esma hyzmatkär gyzlaryň ählisiniň gelmegini we sergezdana görünmegini talap edipdir. Hälki gyza gözi düşen dessine «Ine, şu şol gyz» diýip, yşarat edipdir. Esma hyzmatkär gyza şol ýerde durmagy buýrup, özi öýe girip-çykypdyr. Ol sergezdana garap: «Bu hyzmatkär gyz meniň özüme degişli däl-de, käbir gyzlarymyň kenizidi, şonuň üçin üç müň dirhem töläp olardan satyn aldym. Elinden tutda, alyp git. Alla size döwlet bersin. Bagtly ýaşaň!» diýipdir.

208. Omar ibn Abu Rabyga haýsy guluna damaryndan gan aldyrsa, şony azat edipdir. Eger ol gul özüniňki bolmasa, eýesinden satyn alyp boşadypdyr. Erkin gezip ýören bolsa, köp mukdarda pul beripdir.

209. Habyp ibn Jerir şeýle diýdi: «Bir mejlisde otyrkam Talha ibn Ubaýdullanyň ýüz müň dirhem puly ile paýlandygyny gördüm. Geýim-gejiminiň ýeňini-zadyny hem Talhanyň özi tikýärdi».

210. Hammat ibn Abu Süleýman Remezan aýynyň her gijesinde elli sany garyp-pukarany öýüne çagyryp, hezzetlär ekeni. Agzaçar güni olara täze don-lybas geýdirip, her birine 100 dirhem pul berýän ekeni.

211. Hatam Taýynyň goşgusy*:

«Eliň ýuka bolsa hem çekinme,

Beýleki eller ýaly, ony tabaga uzat.
Ýakyn-u daşdan çöl söküp gelen,
Keseki, umytsyz bende bar bolsa,
Ilki iýdir, içir soňra işini düzelt.
Nahar gazanyňy oda atar, et gowur,
Ýagşy söhbet bilen oňa ber ömür.
Görüp, gelmegi üçin myhmany Hakyň,
Deräniň oduny uludan ýakyň».

212. Amyr ibn Tufeýl Kilaby şeýle diýdi*: «Eger malyň eti-süýdi bir bolsa-da, ony jöwher pyçak bilen soýup, söwüş edýäris. Özge adamlardan ýüz tapmadyk myhman gelende, ony hezzetleýäris. Bu biziň ata-baba däbimizdir. Olar myhman üçin örküçli düýeleriň damagyny çalardylar».

213. Abdylla ibn Apbas şeýle diýdi: «Tagam-duzuna sahylyk etmeýän adam bize ýolbaşçy bolmandy».

214. Ibn Äşe şeýle diýdi: «Abdylla ibn Amyr ibn Küreýziň myhmanlaryna her gije on gazan nahar gerek bolýardy. Etli naharlardan soňra bolsa, halwa-süýji ýaly zatlar çekilýärdi».

215. «Abdylla günortanlyk edinmek islese, saçagy giňden ýazmagy buýrup, «Alyň, iýiň» diýip, ýoldaşlaryny nahara çagyrýan eken. Ýoldaşlarynyň ählisi doly gelýänçä, Abdyllanyň özi nahar çekmän, oňa-muňa güýmenen bolup, wagt geçirýän eken. Ählisi saçak başyna jem bolanda, özi hem olaryň arasynda ornaşyp, «Iýip başlalyň» diýýän ekeni. Ol ýerden gerk-gäbe doýman gaýdýan hiç kim bolmandyr.

216. Günleriň birinde esgerleri bilen gezelenje çykan Mäti, bir sebäp bilen olardan yza galyp, azaşypdyr. Ekinzarlygyň içinde işläp ýören garra gözi düşüp, onuň ýanyna barypdyr. Saglyk-amanlyk soraşandan soňra, Mäti garra ýüzlenip: «Men bir geçip barýan taňry myhmany. Garnymy ýazar ýaly zadyň-a

ýokdur-da?» diýipdir. Garry oňa arpa çöreginiň we poreýiň[1] barlygyny aýdypdyr. «Şu wagt ýagjagaz tapdyraýsa, üstüne goşup, gowrup iýseň hasam gowy bolardy» diýip, Mäti dillenipdir. Garry: «Mende bir jam ýag hem bar» diýip, ony getirip beripdir. Mäti atdan inip, çök düşüpdir we garrynyň beren naharyndan iýipdir.

Nahar iýip bolan dessine, Mätiniň atly esgerleri gelip, bularyň daşyny gurşap alypdyr. Bu ahwalatdan gorka düşen garry dyza çöküp: «Eý, möminleriň emiri, başymy aman goýaweri» diýip, özür diläp, ýer öpüpdir. Mäti garra ýüzlenip: «Başyňy göter, özüňem hiç zatdan gorkma» diýipdir. Soňra wezirlerine bu öýe serpaý ýapmagy buýrupdyr. Şol wagt wezirleriň biri «Arpa çöregi, poreý we ýag bilen hezzetleýäne serpaý ýapmalymy?» diýse, başga biri «Ýaramaz zat bilen hezzetläniň dulugyna iki ýa-da üç gezek çalmak gerek» diýipdir. Mäti olara bakyp: «Sen beýle ýaramaz söz diýmän, «Ýagşy hezzetläni üçin, on müň dirhemlik puldan iki ýa-da üç sanysyny bermek gerek» diýseň gowy bolardy*» diýipdir.

Myhman kabul eden garra otuz müň dirhem bermeklerini buýrup, Mäti yzyna dolanypdyr.

217. Abu Zühl ibn Azragyň kakasyndan eşidip gürrüň bermegine görä, Eset taýpasyndan bolan bir ýaş ýigit, Leýs ibn Sagt Kelbiniň gapysyny kakypdyr. Leýs onuň ýanyna hyzmatkärini iberip: «Gezelenç üçin geldimi ýa-da haýyş üçin?» diýipdir. «Men şonuň ikisi üçinem geldim» diýip, ýigit jogap beripdir. Ony sylag-hormat bilen töre geçiripdirler, bir gulamy ýanyna iberip, iýesi gelýän zadyny sorapdyrlar. Ol: «Bugdaý çöregi» diýipdir. «Haýsy nahary has oňat görýäň?» diýenlerinde, ol: «Etli nahary» diýipdir. «Haýsy haýwanyň etini has gowy görýäň?» diýenlerinde, ol: «Düýäniň etini»

[1]Poreý - sarymsaga meňzeş ösümlik

diýip, jogap beripdir. «Onuň haýsy ýerini halaýaň?» diýenlerinde, «Gapyrga etini», «Haýsy gapyrganyň etini?» diýip soranlarynda, ol: «Sag gapyrgasynyň etini» diýip, jogap beripdir.

Şeýdip, esetli ýigit Leýs ibn Sagdyň öýünde ýüz günläp myhman bolupdyr, iň gowy tagamlar bilen hezzetlenipdir.

Ýüzülenji gün tamamlanyp barýarka, birdenkä alysdan atlary bilen hatar gurap duran Leýsiň duşmanlary görnüpdir. Leýs onuň bilen garşylaşmak üçin atyna münende, esetli ýigit hem üzeňňä galypdyr. Leýs oňa: «Beýtmek gelşikli däl. Sen biziň myhmanymyz. Myhmany ulanmak ynsaplylyk däldir» diýende, esetli ýigit oňa: «Sen bir ýagşy adam. Bu gün bolsa eden ýagşylygyň üçin haklaşylýan pursat geldi. Ýagşylygyň öwezini şu gün alarsyň» diýipdir. Soňra gapdalyndakylara ýüzlenip: «Yzym bilen, öňe!» diýip, duşman sary at goýupdyr.

Ol duşmanyň içine kürsäp urupdyr, serkerdeleriniň gaşyna baryp, onuň sowudyndan ýapyşypdyr, zarp bilen özüne çekip, eýerden agdarypdyr. Esetli ýigit ony Leýsiň ýanyna gelýänçä, atyň öňüne basyp gaýdypdyr. Ol Leýse ýüzlenip: «Seniň duşmanyň şumy?» diýipdir. Leýs: «Hawa» diýip, baş atypdyr. Esetli ýigit oňa: «Onda muny ýanyňa al. Eden hezzetleriň üçin taňryýalkasyn. Goý, Alla size salamatlyk bersin» diýip, olar bilen hoşlaşypdyr-da, yzyna dönüpdir.

218. Çarwa araplaryň käbiriniň goşgusy*:

«Gazanymda özüm üçin nahar bar bolsa,
Duşmanymyň nesibesini hem goýardym.
Men diňe öz garny doklugymy däl,
Özgeleriň hoşlugynam söýerdim.
Başarmasaň zadyň dostuňa bölüp,
Onuň abraýyna-da bolmagyn şärik».

219. Ibn Semmak şeýle diýdi: «Abraýly adamlar azalsa, ýagşy adamkärçiligem gaýyp bolar».

220. Halyt ibn Abdylla Kasry şeýle diýdi: «Iline ýolbaşçy bolan hoja bolar, taýpasyna serpaý ýapan beg bolar, köpüň tagzym edeni dana bolar».

221. Muhammet ibn Beşir Haryjynyň aýdany*: «Gapysyna barsaň, eli açyk we edepli biri garşy alýan öý, iň döwletli howludyr. Eger şol adamyň dosty bilen doganyna gözüň düşse, olaryň haýsysynyň süýtdeş doganydygyny tanap bilmersiň».

222. Ujaýr Selulynyň aýdany*: «Ýagşy adamlar şeýle bolar: Zerurlygyň bolsa, hajatyňy bitirip, seni hoş eder. Boş gürleseň, ol hem sypaýy degişer. Mazlum bolsaň şatlandyrar, zalym bolsaňam razy eder. Üstüne ýüklän zatlaryň ählisini ýerine ýetirer. Eger myhman gelse, tä gazany boşaýança hezzet eder».

223. Kindi şeýle diýdi: «Eger binamyslar özüni açlyk bilen bezäp bilseler, men hem özümi bol naharlardan saklamany başarardym».

224. Abu Temmam Habyp ibn Aws Taýynyň ýatlamagyna görä, bir gün Hujaýýa ibn Muzarrap öýüniň öňünde otyrka, onuň hyzmatkär gyzy bir bedre süýt alyp, geçip barýan eken. Hujaýýa oňa: «Nirä barýaň?» diýip ýüzlenende, hyzmatkär gyz: «Agaň ýetim çagalaryna» diýipdir. Hujaýýa sesini çykarman, doňup galypdyr. Haçanda onuň düýeleri örüden gelende, Hujaýýa çopana bakyp: «Olaryň ählisini agam ogullaryna eltip beriň» diýipdir. Hujaýýa özüniň bu eden işinden göwni hoş bolup, şatlyk bilen öýe giripdir. Emma Hujaýýanyň aýaly bu hereketleri üçin ony ýazgaryp, ýüzüni sowup, öýkeläpdir. Şonda Hujaýýa şeýle diýipdir*: «Sen öýkekine bilen kejirlik edýärsiň. Meni gaýgy-gamlardan halas eden baýlyk üçin igenýärsiň. Göwnüňe gelşine görä gazaba münýärsiň. Siz üçin entegem her çuwalda bol zat bar, ol ýetimlerde bolsa näçe sowgat edeniňde hem aýrylmajak mätäçlik bar. Şonuň üçin iki guluma ýüzlenip, düýeleri olaryň

öýüne sürmegi buýurdym. Öýümi owal başdaky ýaly boşadaryn, tä gazanç edip ekleýänçäm, läbik suwy içmäge we garyplyga ýüzbe-ýüz durmaga kaýyldyryn. Şeýtmek bilen men doganymyň gabryny dikeltdim. Eger onuň ýumrulan mazaryna barsam, bu edýän işlerim üçin maňa göwünlik bererdi. Hat-da oňa şumluk dogasyny etsemem, sözümi boş goýmazdy» diýipdir.

225. Ýezit Harysynyň aýdany*: «Ajala duçar bolan bu ýigidiň abraýy bolmadyk bolsa, ol dünýä inmedik ýaly bolardy. Çünki onuň yzynda başga zat galmady. Ine, ak reňkli, giň lybasly birine duşdum, munuň ýalyny görmeseňem, ýeterlik boljak ekeni».

226. Abul Ferej Abdulwahyt ibn Nasr Al-Bepbaganyň aýdany*: «Mundan öň kelläme gelmedik zady ilki bilen senden öwrendim: Göriplerime eden ýamanlygym üçin indi olardan ötünç soraýaryn. Olaryň ýüzünde täze hilelere gözüm düşmese, elbetde olary bagyşlaryn. Geçirimlilikden ýagşy sylag-serpaý, at-abraýdan uly bähbit ýokdur.

Hudaý gowusyny edende, özgeleriň bozuklygy saňa ýagşylyk bolup ýeter. Gadymdan bäri keseden synlap, gyýa göz bilen garaýan ykbaly senden sowar».

227. Mütenepbiniň sözleri*: «Ýagşy adam saňa sowgat berip başlar, howlukdyrsaň, özi günäli bende ýaly ötünç sorar. Şan-şöhraty pespällik, pespälligi bolsa abraý biler.

«Haram gazanç bolaýmasyn» diýip ikirjiňlenýän adamy, berk pikirli adam ýeňýändir. Elindäki baýlygyny gysganmaýan adam! Zadyň barka eçil, ýamanlyk etme. Hat-da ýaramazlyklar hem ýetimlere nygmat bolup dolanýandyr. Goý adamlar saňa akylly diýsin, beýtulmal[1] seni musulman saýsyn.

---

[1] Beýtulmal — döwlet hazynasy.

Bu sözlere dilmaçsyz düşünýän bolsaň, meni unudyp, bulary ýadyňa sal».

228. Zuhri şeýle diýdi: «Abdylla ibn Mutygyň gyzy Talha ibn Abdylla ibn Awf Zührä garap: «Beýle haramzadalyk edip, senden sowaşmaga dostlaryňy näme mejbur etdi-kä?» diýipdir. Talha oňa «Diýýäniň näme, neçün beýle diýýärsiň?» diýipdir. Ol: «Baýan wagtyň ýanyňdan gidenoklar, eliň ýukalsa, taşlamany hiç zatça görenoklar» diýipdir. Talha oňa: «Walla, bu-da bir jomartlyk ahyry. Doýurmaga gurbatymyz barka gelýärler. Oňa ýagdaýymyz ýok-ka, taşlap gidýärler» diýipdir.

Talha ibn Abdylla adamlaryň iň sahysy we hormatlysydy.

229. Abu Akyldan «Osman ibn Hekemi niçik gördüň?» diýip soralanda: «Onuň maňa bolan minnetdarlygy bagyş eden haýyr-yhsanyndan, meniň haýyşymy bitirjek bolşy, öz yhlasymdan has ýokarda durýar» diýipdir.

230. Hişam ibn Abdylmälik Halyt ibn Safwana örän köp mukdarda baýlyk bagyş edipdir. Şonda Halyt Hişama garap: «Eý, möminleriň emiri munça baýlyk berdiň, sen adam däl ýaly-la»[1]-diýipdir.

231. Hatam Taýynyň goşgusy*:

«Goňşumyz bilen odumyz-ojagymyz birdir,
Goňşy keramatdyr,öwülýä.
Oduň üstüne goňşy däl,
Diňe gazan goýulýar».

232. Amr ibn Bahrul Jahyz şeýle diýdi: «Ybraýym ibn Sindi Kufäniň abraýly adamlarynyň birine sowal bilen ýüzlenipdir. Bu adam şol ulusyň sylaglysy, adamlaryň haýyşyny bitirip, ejiz adamlara goldaw bermekde säginmäni bilmeýän, hat-ýazuwyny togtatmaýan, erjel, şirin sözlülikde bäsleşmäge taý tapylmaýan, perişde pisint adam eken.

[1] Munça baýlyk berip, beýleki adamlardan däl ýaly bolduň

Ybraýym oňa: «Adamlaryň haýyşyny bitirmekde ýadawlygyňy duýdurmaýan, bitmesi agyr işleri ýeňil görkezýän zat näme?» - diýipdir. Ol: «Ýagşylyk eden adamymyň alkyşy, meniň üçin, säher çagy baglaryň şahasynda saýraýan guşlaryň sesinden, bag şahalarynyň saz guralynyň kirşi kimin zarňyldysyndan, mylaýym sesli aýdymçy gyzlaryň hiňlenmesinden lezzetlidir. Bahar gülleriniň ählisini synlap çykdym, ýöne olaryň hiç biri ýagşylyk edene aýdylýan alkyş ýaly süýji we owadan däl ekeni» diýipdir.

Ybraýym oňa: «Nähili ajap ýigit ekeniň. Saňa sahylygyň demi siňipdir, Alla seniň jomartlygyňy artdyrsyn. Ýöne, bu işleri süýrenjeňlige salman, tiz bitirmäge nädip endik etdiň?» diýipdir. Ol: «Men hiç haçan zorluk etmeýärin, gerekmejek zatlary soramaýaryn. Haýyşyny bitirip bilmesem, ony başarmaýandygym üçin ötünç soramak, edil berlen wadany bitirmek bilen des-deňdir. Mätäje gargamak – saýyl-sergezdana zat bermän, ony kemsiden ýalydyr» diýipdir.

«Öz ornunda şundan jaýdar aýdylan söze ömrümde duşmandym» diýip, Ybraýym dillenipdir.

## ON IKINJI BÖLÜM

# DUÝGUDAŞLYGYŇ TÄSIRI

233. Abu Ymran Musa ibn Ymran Temimi bize şeýle gürrüň berdi. Oňa hem Abu Taýýyp Aly ibn Muhammet ibn Abu Hanajyr, oňa hem Muemmil ibn Ysmaýyl, oňa Sufýan Sewri, oňa bolsa Abdylla ibn Musawyr gürrüň beripdir. Onuň aýtmagyna görä, ol bir gezek Ibn Apbasyň Abdylla ibn Zübeýriň gysgançlygyny ýazgaryp durandygyny görüpdir. Ibn Apbas oňa: «Eýsem sen Pygamber alaýhyssalamyň «Özi dok, goňşusy aç ýatyp turýan adam musulman däldir» diýenini eşitmediňmi?» diýipdir.

234. Hasan şeýle diýdi: «Zadyňy gysganmak - Hudaýa betgüman bolmakdyr. Gylygy gözel adam, musulman doganlaryna göwünlik berýändir».

235. Etmesi sogaply işleriň iň oňady hakda Muhammet ibn Munkedire sorag berenlerinde: «Musulmanyň kalbyna şatlyk salmak» diýipdir. «Ondan soňra lezzetli näme bar?» diýenlerinde: «Dost-doganyňa ýagşylyk etmek» -diýip, jogap beripdir.

236. Hasanyň goşgusy*:

«Olaryň biri öz dogany üçin ýorganyny
ikä bölüp, kesip beripdi.
Bolmasa, özünde hem şondan başga
ýapynja ýokdy».

237. Möminleriň emiri Alynyň hyzmatkäri Gammar şeýle diýdi: «Bir ýyl erbet guraklyk (açlyk) bolupdy. Şonda möminleriň emiri jöhit goňşusynyň ýanyna baryp, ondan iýer ýaly zat bermegi sorapdyr. Onuň deregine bolsa, gyrkylan ýüňi egrip bermegä boýun bolupdyr. Jöhit goňşusy oňa gyrkylan ýüňi we onuň haky hökmünde dört goşawuç arpa beripdir. Aly arpany Patma getirip beripdir we ony döwekde döwmegi tabşyrypdyr. Bir goşawuç arpany döwenlerinden soňra, hyzmatkär gyza arpa unundan çörek ýapdyrypdyr. Agşamlyk namazyny okap, nahar üçin saçak başyna geçenlerinde, bir sergezdan gapyň agzyna gelip durupdyr. Ol: «Men bir gedaý adam» diýip, iýmäge bir zat bermeklerini haýyş edipdir. Aly elindäki lukmany gedaýa uzadypdyr-da, Patma bakyp*:

«Eý bilimdar hem-de sarpaly Patma,
Hudaý bize getiripdir bir misgin.
Bu gün oňa ýetdiginden tagam ber,
Hem-de ýardam sora ýalňyz Hudaýdan,
Elbetde ol Razzak[1], Müheýmin[2], Mugyn[3]» –
diýipdir.
Patma oňa jogap hökmünde*:
«Eý doganoglanym, seniň buýrugyň,
Meniň üçin hökmany bir togapdyr
Bolmaz mende binamyslyk ýa peslik,
Bolmaz mende bahyllyk ýa gysgançlyk.
Bizde hak goldawy — berk kanagatdyr» –
diýipdir.

Soňra olar ähli tagamy gedaýa berip, özleri aç garnyna uka gidipdirler. Şol wagt hem oraza wagty ekeni.

---

[1] Razzak – rysgal beriji
[2] Muheýmin — goraýjy.
[3] Mugyn — ýardamly. Bularyň ählisi Hudaýyň owadan atlary.

Ertesi gün hyzmatkär gyz ýene bir goşawuç arpany döwekden geçirip, çörek ýapypdyr. Iňrik garalyp, agyz açmaly wagty, olaryň gapysyny sergezdan ýetim kakyp, iýer ýaly zat bermeklerini sorapdyr. Aly elindäki lukmany ýetim bendä beripdir-de, Patma garap*:

«Eý, Patma, eý gyzy Mustapa-kerim[1],
Hudaý bize getiripdir bir ýetim.
Naharla sen ony, eçilip baryň.
Şuma duşar, her kim bolsa birehim.
Haýry bolmaz asla bir bigaýratyň» diýipdir.

Patma hem oňa jogap berip*:

«Bererin baryny, etmerin pikir,
Myhmany sylaryn, bolsamam pakyr.
Hem özgeler bilen egirerin ýüň,
Açlykdan gorkamok, çünki bu açlyk,
Bir maňa däl, ähli ile geldi deň» diýipdir.

Soňra olar ähli tagamlaryny ýetime berip, özleri ýene-de aç garna uka gidipdirler. Ertesi gün hyzmatkär gyz galan arpany hem döwekden geçirip, hamyr edip, çörek ýapypdyr. Agşamlyk edinmek üçin saçak başyna ornaşan wagtlary, bir ýesir gelip, iýer ýaly zat sorapdyr. Aly elindäki lukmany ýesiriň öňüde goýup, Patma bakypdyr-da*:

«Eý Patma, eý gyzy Muhammet-resul,
Alla bize getiripdir bir ýesir.
Ajygypdyr bende, bakýar çar ýana,
Şu gün iýdirmäge zat tapan adam,
Ertir hökman zat tapar ol iýmäne» diýipdir.

Patma hem Ala garap*:

«Zat galmady öýde, gutardy arpa,
Bärde bolan jemagatyň bary aç.

---

[1] Mustapa-kerim — Muhammet pygamberiň lakamlary.

Ýöne bizde sabyr hem kanagat bar,
Beriň bu ýigide, gorkupdyr bende,
Gurbatyna gelsin, galmasyn gallaç» diýipdir.

Şeýdip, ähli tagamy ýaňky ýesire beripdirler. Özleri bolsa suwdan başga zat datman, aç garna uka gidipdirler. Şonda Allatagala «Tagamy küýsäp — isläp dursalar-da, özleri iýmezden, misgine, ýetime we ýesirlere hödür ederler. Olar «Biz sizi ýalňyz Allanyň ýüzi üçin naharlarys. Bu işimiz üçin sizden hiç hili sylaga we minnetdarlyga garaşmaýarys» diýerler[1]» aýatyny inderipdir.

239. Abu Hüreýranyň aýtmagyna görä, bir bende Pygamberiň ýanynda açlygyndan zeýrenip, iýmäge zat sorapdyr. Pygamber ýanyndakylara ýüzlenip: «Bu gije muny kim myhman alar?» diýende, ensarylardan biri ýerinden turupdyr. Ýaňky garybyň elinden tutup, kümesine getiripdir. Aýalyny çagyryp, Pygamberiň myhmanyny hezzetlemegi tabşyrypdyr. Onuň aýaly «Öýde diňe çagalara ýeter ýaly sähelçe iýmit bar» diýip, ör-gökden gelipdir. Adamsy oňa: «Çagalary ýatyr-da, iýmiti myhmana hödürle, özümizem iýýän ýaly bolup, elimizi agzymyza ýetirip, hereketlendiren bolaly, bolmasa, biziň iýmeýänimizi görüp, myhman oňaýsyz ýagdaýa düşer. Sen pelteli çyrany düzeltjek bolup, ony söndüren kişi bol. Ähli nahary myhmanyň öňünde goý. Biziň zat iýmeýänimizi ol duýmasyn. Goý, arkaýyn naharlansyn» diýipdir. Aýaly munuň aýdyşy ýaly ýerine ýetiripdir. Ertesi ensary säher bilen Pygamberiň ýanyna ugrapdyr. Pygamber oňa garap: «Seniň agşamky hereketleriňden Hudaý hoşhal bolup ýylgyrdy hem-de saňa sylag hökmünde «Eger özlerinde

[1] «Ynsan» süresi, 8-9 aýatlar

her näçe zerurlyk bolsa-da, özlerini goýup, özgelere yhsan-ygtyýar ederler[1]» diýen aýaty iberdi» diýipdir.

240. Asmagynyň aýtmagyna görä, ol bir gezek Kehmesiň ýanyna oturmaga baranda, Kehmes oňa on bir sany kişmiş dänesini hödür edip: «Bu siziň doganyňyzyň sap zähmetindendir» diýipdir.

241. Bir sergezdan Mälik ibn Dinaryň ýanyna gelip, onuň üçin Hudaýdan ýagşy zatlary diläpdir, soňra hantama göz bilen seredip durupdyr. Mälik öýüne girip görse, ýekeje hurmadan başga hiç zat tapmandyr. Ol şony alyp, dilegçä beripdir. Sergezdan muňa monça bolup: «Alla razy bolsun, seni dowzah odundan gorasyn» diýip, alkyş-dileg edipdir. Bu dilege göwni göterilen Mälik: «Şu ýerde azajyk dur» diýip, ýene içeri giripdir. Mäligiň bir mahmaly bolup, ol ony tomsuna aşagyna düşek edinse, gyşyna ýorgan edip üstüne ýapynýan eken. Mälik şony alyp sergezdana beripdir. Sergezdan hem muňa begenip: «Alla seni iki dünýäniň ýaramazlyklaryndan gorasyn» diýipdir. Bu alkyşa monça bolan Mälik, başyndaky sellesini hem çykaryp, sergezdana beripdir. Sergezdan hem oňa: «Alla seni gazabyndan gorasyn» diýipdir. Şonda Mälik sergezdana garap: «Mende başga hiç zat galmady. Ýöne seniň ýagşy alkyşlaryňy boş goýasym gelenok. Elimden tut-da, meni islän bahaňdan sat, men saňa hyzmat etmäge-de taýyn» diýipdir. Sergezdan onuň ýanyndan şadyýan halda yzyna dolanypdyr.

242. Ýahýa ibn Mansur Hanafy şeýle diýdi*:

«Obalaryň arasynda gezsekde biz pyýada,
Myhman gelse kabul edýäris,
Ýumşak düşegiň üstünde oturdýarys.
Mylaýym bolsa-da, myhmansyz adam,

[1] «Haşr» süresi, 9-njy aýat

Biziň ilde saýylýar nadan.
Kemakyl bolsa-da, bolmasa zalym, saýylýar ol mylaýym».
243. Merwan ibn Abu Hafsa şeýle diýdi*:
«Özüm aç garna uka batsamam,
Öýümdäki azygy dostuma berenim gowy.
Düşegimi oňa berýärin, özüm ýassanýaryn gumy,
Üstüme ýorgan edip gijäniň sowugyny.
Erte adamlaryň etjek gürrüňinden häzir bol,
Ýa-da gursagyna tarap, özüne çekse gubur».
244. Dureýt ibn Symma şeýle diýdi*:
«Garny aç ýalydyr, ýöne öýünde,
Taýyndyr iýmiti, azyk-nahary.
Irden ugrar, sal-sal geýimi bilen,
Geýinmez, tapsa-da, gymmatbahaly.
Ýöne, elindäki baryn zaýalar,
Tygşytly bolmagyň ugruny bilmän,
Kynçylyk ýa açlyk dörän mahaly».

245. Hatam Taý şeýle diýdi: «Artykmaç zadyňy serpaý ýapmak sahylyk hasaplanmaýar. Ujypsyz zadyňy ilden gysganman paýlamak, ine şu hakyky jomartlykdyr».

246. Ýezit ibn Tasryýýe şeýle diýdi*: «Bir işi bitirmek üçin ynam edip iberseler, oňatlaryň biri dek bolup, jan ederdim. Düýäm garyp-gasaryň düýesi bolsa-da, getirjek peýdamyz baýlaryňkydan kem bolmaz».

247. Sewada Ýerbugy şeýle diýdi*: «Gysgançlyk adamyny baky ýaşatmaz. Ýagşy adamyny bolsa, onuň edýän işleri hergiz heläk etmez».

248. Başga biri şeýle diýdi: «Eger maňa myhman gelse we oňa yhlasymdan başga hödür edere zadym bolmasa, meniň ýazygym azalýandyr. Baryny bermäge çalyşýan garyp bilen, baýlykda ýüzüp ýören adam sahylykda deňdir».

249. Hatam Taý şeýle diýdi*: «Eger düýäň bar bolsa, ýoldaşyňy ýeke özi pyýada gitmäge goýma. Düýäňi çökerde üstüne mündür. Iki bolup münmek, düýe üçin jeza bolsa bolubersin».

250. Abul Kasym Nasr ibn Ahmet ibn Marjy-Mowsylynyň maňa 379-njy ýylda ýazan hatynda şeýle waka gürrüň berilýär. «Muny maňa Abu Ýagla Ahmet ibn Aly ibn Müsenne, oňa hem Ybraýym ibn Sagyt Jöwheri, oňa Abu Hazym Aşjagy, oňa bolsa Abu Hüreýre gürrüň beripdir:

«Bir adam Pygamberiň ýanyna gelip: «Eý, Resulalla, açlygymdan ýaňa mydarym galmady» diýipdir. Pygamber bir kişini aýallarynyň ýanyna iberip, iýer ýaly zat bermeklerini soradypdyr. Emma Pygamberiň öýünden hem iýere zat tapylmandyr. Şonda Resulalla: «Araňyzda myhmanymy kabul etjegiňiz ýokmy?» diýip soranda, ensarylardan biri: «Men bar» diýip, ýerinden turupdyr we ony elinden tutup, alyp gidipdir. Ýaňky ensary öýüne ýetende, aýalyna: «Bu Pygamberiň myhmany, hiç zat ýygnama-da, ählisini oňa hödür et» diýipdir. Aýaly oňa: «Dogrymy aýdýaryn, öýde diňe çagalara ýeter ýaly az-owlak iýmit galdy, başga zat ýok» diýipdir. Ensary oňa: «Çagalar agşamlyk edinmek isleseler, olary höre-köşe edip ýatyr. Soň özüň çyrany düzleýän kişi bol-da, ony söndür. Bu gijäni biz aç geçireris. Ýöne oňa bildirmezden, onuň arkaýyn iýip-içmegi üçin bizem, hamana, nahar iýýän kişiler ýaly elimizi agzymyza ýetiren bolarys, tä myhman doýýança, ähli zady bolmalysy ýaly ederis» diýipdir.

Ertesi ir bilen myhman Pygamberiň ýanyna baryp, oňa taňryýalkasyn aýdypdyr. Ensary hem ir bilen Pygamberiň gaşyna gelipdir. Pygamber oňa bakyp: «Öten agşam myhmanyma nämeler etdiň?» diýip sorapdyr. «Myhman özünden zeýrenip, Pygambere arz edendir» öýdüp, ensary iňkise gidipdir, gamlanypdyr. Pygamber oňa: «Gaýgylanma,

gaýta begen. Allatagala ikiňiziň bolşuňyza şatlandy we size sylag hökmünde «Eger özlerinde her näçe zerurlyk bolsa-da, özlerini goýup, özgelere yhsan-ygtyýar ederler[1]» diýen, aýaty iberdi» diýipdir.

[1] «Haşr» süresi, 9-njy aýat

## ON ÜÇÜNJI BÖLÜM

## PUKARALARY WE DILEGÇILERI ÄSGERMEZLIGIŇ ÝARAMAZLYGY

251. Mesih alaýhyssalam şeýle diýdi: «Dilegçini boş goýberen adamyň öýüne ýedi günläp perişdeler gelmez».

252. Omar ibn Hattap şeýle diýdi: «Köp zat bermäge gurbuňyz bolmasa, dilegçini az zat berip ugradyň. Azajyk zat bermäge-de ýagdaýyňyz ýok bolsa, süýji we owadan sözler bilen gaýtaryň».

253. Muaz Nesefi şeýle diýdi: «Ýagşy iş etsin-etmesinler parhy ýok, garyp-gasarlary kemsidip, olara ezýet berýän adamlary Hudaý heläk eder».

254. Allatagala Musa alaýhyssalama garap: «Eý Musa, garyp-biçäreleri görseň, olara hem edil baýlara duşan ýaly gara. Eger şeýtmäni başarmasaň, onda öwreden zatlarymyň hijisini peýdalanman, gum astyna gömüp goý» diýipdir.

255. Ibn Apbas şeýle diýdi: «Baýlary hormatlap, garyplary kemsidýän adam näletlenendir, melgundyr».

256. Ýahýa ibn Ýeman şeýle diýdi: «Sufýan Sewriniň mejlisine baranymyzda, garyp-gasarlary edil emirler ýaly beýik görýärdik».

257. Käbir adamlar şeýle diýdi*: «Göwün edip gelen garyby gapyňdan kemsidip gaýtarma. Baýlyk diýilýän zat adamlara ezelde paýlanyp goýlandyr. Olara ýagşylyk edip,

şepagata we sogaba eýe bol. Kyýamat güni misginler artykmaç sylaga mynasypdyr».

258. Abu Nagym şeýle diýdi: «Bir garyp adam Sewriniň ýanyna gelipdir. Sewri oňa «Öňe süýş. Eger baý adam bolsaň, ýanyma golaýlatmazdym» diýipdir.

259. Bir biçäre käbir baýlardan dileg etmäge durupdyr. Emma baýlar ony kemsidip, ýüzüni alypdyrlar. Bu ýagdaýy synlap oturan Dygbyl ibn Aly Huzagy ýaňky biçäräni ýanyna çagyryp, oňa on dirhem pul beripdir. Soňra Dygbyl*: «Çyndan mätäç bolsaňam, adamlardan asla zat sorama. Iki aýaňy açyp, Hudaýdan merhemet dile, Hakyň merhemeti giňdir. Adamlardan bir gysym toprak diläp, «Äber» diýseň, olar senden ýüz öwrüp, şony gysganmaga-da taýyndyr» diýipdir.

260. Başga biri şu manyda şeýle diýdi*: «Adamlaryň elindäki zady sorama, tanaýanlaryňy inkär et, tamasyz gez. Özüňe hezzet edenlere peslik bilen çemeleşme, beýtseň seni sylap golaýyňa gelýänler, senden has uzaga gider».

261. Käbir araplar şeýle diýdi*: «Garyp-gasarlary kemsidiji bolmagyn, bir gün olaryň öňünde dyza çökmegiň we ykbal guşunyň olary belende götermegi mümkin. Onuň iýmejek baýlygyny çöplemegi we çöplemedik baýlygyny iýmegi mümkin.

Hantama adamlar hiç haçan arzuwyna ýetmez. Umyt etmeýänler bolsa, göwün edeninden gowy güne tiz gowuşar».

## ON DÖRDÜNJI BÖLÜM

## DILEGÇILIK PESLIKDIR

262. Ahnaf ibn Kaýs şeýle diýdi*: «Her bir haýyş öňki edilen ýagşylygyň nyrhydyr, hatda haýyş az, serpaý köpem bolsa».

263. Halyt ibn Abdylla haýyş bilen gelen, ýöne ýaýdanyp duran bir adama bakyp: «Menden haýyş etmegiňe näme päsgel berýär?» diýipdir Ol: «Senden haýyş etsem, eden ýagşylygyň bahasyny almaly bolarsyň» diýipdir. Halyt: «Baş üstüne, bitmän galanyndan, aklygyny kabul edenim ýagşy» diýipdir. Soňra onuň bilen gidip, haýyşyny bitiripdir.

264. Abu Temmam Taýynyň goşgusy*: «Dilegçilik bokurdagyňa tegek bolýan dertdir. Onuň yzyndan bolsa, agzyň gurap, demiň gysylar. Ýüzüň suwuny bir dökeniňden soň, isle eçil, isle gysyl, abraýyň öwezini dolup biljek zat ýokdur».

265. Asmagy şeýle diýdi: «Bir sergezdan arabyň ýanynda saklandym, onuň aýdýan sözlerini makulladym. Ondan: «Alla merhemet etsin, siz kim?» diýip soradym. Ol: «Hudaý günämizi ötsün, kimdigimizi aýtmaga mejalymyz ýok, gazanjyň ýaramazlygy garyndaşlyga böwet bolýar» diýdi.

266. Abul Atahyýa şeýle diýdi*:

«Hergiz ölüm belasyny ölmeklik saýmagyn,
Ölmeklik — bu adamlardan dilegçilik etmekdir.
Olaryň ikisem ölümdir welin,

Dilegçilik ölümdenem erbetdir».

267. Başga biri şeýle diýdi*:

«Dilegçilige ýüz urýan adam, haýyş bilen asmany çeksede, öwezine näme alyp biler. Çaksyz garyp bolsaň, onda baýlygyny gysganmaýan jomartdan sora. Eger ähli eden ýagşylyklaryň bilen dilegçiligiň agramyny ölçäp görseň, dilegçilik agyr, ähli ýagşylyk ýeňil geler. Dilegçilik belasyna sataşan bolsaň, onda hormatly we sahy adamlara ýüz tut hemde ykbal öwrümlerine sabyr et, garaş: Dilegçilikden ýüz öwürmegiň özi ähli bagly düwünleriň çözüldigidir».

268. Ahnafdan «Bitmeýän ýara ýaly agyr zat barmy?» diýip soranlarynda: «Hawa. Ol ýagşy adamlaryň binamyslara bolan mätäçligidir» diýipdir.

269. Muhammet ibn Japar şeýle diýdi: «Binamyslardan haýyş edeniňden, zir-zibiliň gumuny iýmek aňsatdyr».

270. Aly ibn Sabyt şeýle diýdi*: «Dilegçilikde we adamlara ýüzüňi saraltmakda uly biabraýlyk bar. Sylagserpaýy ýüzüňi saraldyp almaly bolsa, oňa golaýlaşmagyn.Ujypsyz baýlygyň özüňe ýetýän bolsa, köp pula topulmak üçin pikirem etmegin. Bu durmuşdan mydama nägile bolup ýörme, ynjalyp ýat we parahat oýan».

271. Halyt ibn Safwan şeýle diýdi: «Nälaýyk adamdan haýyş edeniňden, şol talabyň bitmäni ýagşy».

272. Ahnafdan «Bitmeýän ýara ýaly agyr zat barmy?» diýip soranlarynda, ol: «Hawa. Ol ýagşy adamlaryň binamyslara bolan mätäçligidir» diýipdir. «Iň erbet (kemsitme) peslik näme?» diýenlerinde: «Abraýly adamlaryň kemakyllaryň gapysynda el serip durmagy» diýipdir.

273. Muberrit şeýle diýdi:

«Gaýalardan özüňi oklamak, egniňe äpet daşlary alyp aşak inmek, bela-betere sabyr etmek, Samarkant bilen Babylyň arasynda iki ýyllap aýakýalaň pyýada gezmek, haýyşyny

bitirtmek üçin binamysa ýüz tutýan ýagşy adamyň görgüsinden ýeňildir».

274. Japar ibn Ýahýa şeýle diýdi: «Islän kişiňden baýlyk sora, onuň guly bolarsyň; Isläniňden haýyş et, şonuň mätäji bolarsyň; Isläniňe bagyş et, onuň begi bolarsyň».

275. Bu wakany maňa Abu Ymran gürrüň berdi. Oňa hem Mekhul Beýruty, oňa Ýusup ibn Sagyt, oňa Abdylla ibn Musa, oňa Sufýan, oňa hem Agmaş, oňa Abu Hüreýra gürrüň beripdir: «Resulalla şeýle diýipdir: «Adamlara dilegçilik edeniňden, boýnuňa ýüp atyp özüňi asanyň gowudyr».

276. Eksem ibn Saýfy şeýle diýdi*: «Demirdir daşlaryň arasynda işläp gördüm, ýöne, adamlaryň zadyny diläp almakdan agyr işi görmedim».

277. Kutaýba şeýle diýdi: «Haýyşymy bitirer» diýip, bahyla ýüz tutýanyň iň bärkije jezasy ýetmezçilik (mätäçlik) bolar».

278. Aly ibn Bessam şeýle diýdi*: «Alladan kasam edýärin, döwek döwmeklik, ajy maňzyň suwuny içmeklik, adamyň harsydünýäliginden we ýüzi tutuk adamlara dileg etmekden ezizdir. Ilden umydyň üz, gurply ýaşarsyň, şowly girdeji bilen şatlanarsyň. Garasöýmez adamlardan çetleşmek yzzatdyr. Takwalyk hökümdarlykdyr, nebis islegi bolsa, seni masgara eder. Kim bu dünýäniň wepaly guly bolsa, dünýä seni bir gün talap gidýändir».

279. Şakyk ibn Süleýk Esedi şeýle diýdi*: «Kesekilere ýalbarmak bilen mertebäňi ýaralama, olardan zat dileme, ýüzüň nagşyny pozma. Çörek owuntygy, abraýly namys, aç garyn – binamyslaryň peşgeşinden oňatdyr. Betnam hilegäriň üstüňe dökýän baýlygyndan, päk we ar-namysly aç gezmek ýagşydyr».

280. Käbir kätipler şeýle diýdi: «Dilegçiligiň ýaramazlygy we minnetiň agyrlygy birleşse, bedeniň we ýüzüň suwuna

zyýan berer. Ýagdaýy bar ýagşy adam özünden bitýän goldawa göz ýumsa, oňa şondan beter hor-homsylyk ýokdur».

281. Abu Aly Fazl ibn Japar ibn Fazl ibn Ýunus Kufy şeýle diýdi*: «Öýdäkilere geň galdym, olar ýüzümiň suwuny döküp, gedaýçylyk edip, çörek gazanmagymy islediler. Ýöne men bu işe göwnemedim, gedaýçylyk etmedim. Eý adamlar, nebsiňizi durmuş lezzetinden sowuň we elimi binamyslaryň eline serdirmäň. Gündelik owkat bilen kanagat ediň, ertiriňiz üçin gaýga galmaň. Her näçe hars ursaň-da, toplanyň nesip edip durmaýar ahyryn».

282. Fudaýl şeýle diýdi: «Dünýäde üç hili el bardyr: Allanyň beýik eli, berýäniň ortalyk eli, dilegçiniň pes eli. Dilegçilik etmekden saklanjak bol!».

283. Osman ibn Affan içi pully haltany hyzmatkäriniň eline berip, Abu Zere eltip bermekligi tabşyrypdyr hem-de oňa: «Eger Abu Zer şu sowgady kabul etse, seni gulçulykdan halas edeýin» diýip, söz beripdir. Hyzmatkär oglan ony Abu Zere getirip beripdir, emma Abu Zer ony kabul etmändir. Hyzmatkär oňa ýalbaryp: «Sizi Alla ýalkasyn, gaýrat ediň-de alyň. Eger şuny alsaňyz, men azat bolýaryn» diýipdir. Onda Abu Zer: «Eger kabul etsem, onda men gul bolýaryn» diýipdir we haltany yzyna gaýtarypdyr.

284. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Dilegçiniň iki sany sylagy bar: biri sadakany alýanlygy, beýlekisi hor-homsulyk derejesinde durýanlygy üçindir».

285. Merwan ibn Hekem şeýle diýdi: «Ähli ajy zatlary dadyp gördüm, ýöne adamlara mätäç bolmakdan ajy zady görmedim».

286. Abul Atahyýa şeýle diýdi*:

«Binamys we hor-homsy gezenimden, ýiti çişleň arasynda ölmek maňa ýeňil görünýär. Özüňi erkin we dogumly alyp bar, atyň jylawyny goýberseň, çalt çapýandyr».

287. Muhammet ibn Beşir şeýle diýdi*: «Ýalaňaçlygymy göwşüllän köýnek bilen örtmek üçin, gurplylardan sülük bolup, sorup alaryn. Rysgymy çöplemek üçin, adamlaryň boýnuna bagly bolanymdan, özbaşyna yhlas edenim haýyrlydyr».

288. Gürrüň bermeklerine görä, Pygamber hezretleri öz kömekçisi Sewbany ýanyna çagyryp: «Kim maňa bir zady ýerine ýetirjekdigine söz berip, kepil geçse, şonuň jennete girjekdigini boýnuma alýaryn» diýipdir. Sewban: «O nähili işdir?» diýip, Pygamberden sorapdyr. Pygamber: «Adamlardan hiç zat haýyş etmezlik» diýipdir. Sewban şol işi ýerine ýetirjekdigine söz beripdir. Şondan soň onuň kimdir birinden nämedir bir zady haýyş edip duranyny gören adam bolmandyr. Düýesiniň üstünde otyrka, birdenkä gamçysy elinden sypyp gaçsa, düýeden eglip düşüp, gamçysyny özi alýar eken, şol ýerde adamlaryň bardygyna garamazdan, «şony oklap goýber» diýip, haýyş etmeýär eken.

289. Hammat ibn Usame şeýle diýdi: «Misgar ibn Kidam maňa bakyp: «Eý Abu Usame, eger-de çörek, sirke we gök ot iýmäge kanagat etseň, hiç kim seni gul etjek bolmaz» diýdi.

290. Jahza şeýle diýdi*:

«Dünýäden tamakin bolup, maýmynlara sežde etdik,
Ýöne pakyrlykdan başga, ne ýeke maksada ýetdik.
Boş dolandy barmaklarymyz, aýamyza ilmedi zat,
Biz gezen ekenik diňe peslik mertebesin isläp».

291. Başga biri şeýle diýdi*:

«Hiç kimsäniň öňünde tama bilen egilme,
Bu ýagdaý şeksiz seniň zaýalaýar diniňi.
Hakyň hazynasyndan eçilmegini dile,
«Bol!» diýse bolman galmaz, asan eder kynyňy».

292. Lepbady şeýle diýdi*: «Azat we edep-terbiýeli ýigidiň, ýagşylyk isläp, nadanyň gapysyny kakmasy, ala ýylanyň zäherinden ajydyr, kesgir gylyjyň zarbyndan

awulydyr. Dünýäniň mülküni berende-de, binamysyň gapysyny kakmak akylly üçin nogsanlykdyr».

293. Selim ibn Kutaýba şeýle diýdi: «Meniň ýanyma Abu Duhman Galaby gelip, maňa*: «Men şeýle bir adamlary bilýärin, eger toprak ýuwutmagyň oňurganyň berkligine peýdalydygyny bilseler, «Tygşytlylyk edýäris» diýip, topragy diriligiň diregi hökmünde görerdiler. Olar, seniň ýanyňda maňa ýüregi awaýşy ýaly, meni senden saklabam bilýärler.Garyp gezip, Hudaýa golaý bolanym, baý ýaşap, ondan daş düşenimden haýyrlydyr. Hoşniýetli goldaw we şirin sözler bilen, Taňry bendelerine söýgiňi oýar. Sebäbi Taňry bendelerini söýmek, Taňrynyň özüni söýmekdir. Adamlara kitüwli gezmek, Hudaýdan öýkeli gezmekdir» diýdi.

## ON BÄŞINJI BÖLÜM

## GADYRBILMEZLERE ÝAGŞYLYK ETMEK

294. Mesih alaýhyssalam şeýle diýdi: «Mynasyp däl adamlara ýagşylyk etmek, günüň astynda çyra ýakan ýalydyr».

295. Ol ýene şeýle diýdi: «Mynasyp däl adamlara ýagşylyk etmek günädir».

296. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Ýagşylyk edilen adamlar onuň gadyryny bilip, şükür etmeseler, olaryň garşysyna edilen dileg kabul bolýandyr».

Soňra Pygamberimiz: «Eý, Alla, Bessam ogullaryna ýagşylyk etdim, emma onuň gadyryny bilmän, muňa şükür etmediler. Goý, olara demir gyzgynlygyny dadyr» diýipdir. Aýtmaklaryna görä, köp wagt geçmänkä, olaryň ählisi heläk bolupdyr.

297. Sufýan Sewri şeýle diýdi: «Ähli duşmançylygyň aslyýeti, mynasyp däl adamlara ýagşylyk etmek eken».

298. Kesra[1] mürzebanlaryny[2] ýanyna çagyryp: «Haýsy zada siz has beter ökünýäňiz?» diýip sorapdyr. Mürzebanlaryň her haýsy bir işiň adyny tutupdyr. Emma kesra bularyň hiç biri bilen ylalaşman: «Ýok, ol beýle däl. Iň uly ökünç

[1] Kesra – gadymy pars patyşalary
[2] Mürzeban – serhet goraýjy

gadyrbilmezlere ýagşylyk edeniňden soň ýüze çykýar» diýipdir.

299. Eýýup Syhtyýany şeýle diýdi: «Ýagşylyk edeniňe degmeýän adamlara haýyr-yhsan etmek, merhumlara aýdym aýdyp bermek ýa-da demriň ýagyny aljak bolup, ony gaýnadan ýalydyr».

300. Salyh ibn Abdylkuddus şeýle diýdi*: «Gadyr bilmez adama sahylyk etme, mynasyp däl adamdan gysganmak bahyllyk däldir. Eden ýagşylygyň gadyryny bilip, alkyş aýdýana gysganman eçilmek sahylykdyr».

301. Käbir hekimler şeýle diýdi: «Binamysa serpaý ýapmak, onuň pyssy-pyjurlygyny güýçlendirmekdir. Nejis adamlardan haýyş etmek, öz namysyňy basgylamakdyr. Nadana akyl öwretmek, nadanlygyňy artdyrmakdyr. Gadyrbilmeze ýagşylyk etmek, Hakyň nygmatyny harlamakdyr».

302. Halyt ibn Safwan şeýle diýdi*:

«Mynasyp däl adamlara ýagşylyk eden wagtyň
Ne sylag, ne alkyş bor, keçlige uçrar bagtyň ».

303. Dawut ibn Aly şeýle diýdi*: «Özüňiz badyhowa bolup, ýüz öwürýänçäňiz, size kemsiz ýagşylyk etdim. Edýän ýagşylyklarymy inkär edeňizsoň, size kekre ýaly ajylyk taýynladym. Indi ýanyma dolansaňyz, pürkere diňe zäherim bardyr».

304. Asmagy şeýle diýdi: «Amyr Temiminiň enesi, bir möjek çagajygyny goýun süýdi bilen ekläpdir. Möjek ulalansoň ýaňky goýnuň üstüne böküp, onuň garnyny silkipdir. Bu hadysany synlap, gorka gaplanan Amyryň enesi*:

«Süýt bilen eklendiň bizde, ösdüň, geldiň kemala,
Möjekdigňi undupdyryn, aklym berip şemala» diýipdir.

305. Käbir şahyrlar şuňa bagyşlap şeýle diýdiler*:

«Mynasyp däl adamlara ýagşylyk edýän adam,

Amyryň ejesiniň ýagdaýyndan kän dadar.
Möjek çagasy üçin taýynlany hoş ýerdi,
Onuň agzyna goýnuň süýdüni tutup berdi.
Tä amatly pursat döräp, örüsi giňeýänçä,
Gyýak diş-dyrnak bilen eýesin dalaýança,
Hezillikde ýaşady. Soňra galdy şu aýdym:
Ýagşylyk edýänlere bu hekaýaty aýdyň:
«Haýyr-yhsan etseňiz, gadyryn bilmezlere,
Şunuň ýaly jezalar garaşýandyr sizlere».

306. Käbir hekimler şeýle diýdiler: «Üç sany adama ýagşylyk etmäň: «Haramzadalar özüne edilen ýagşylygy «Bozuk işleri üçin gorkuzjak bolýandyr» diýip düşüner. Akmaklar bolsa, özüne edilen ýagşylygyň gadyryny bilmez. Binamyslar özüne edilen goldawy peýdalanyp, Hudaýa günä iş ederler. Iň gowusy päk göwünli adamlara haýyr-yhsan edip, ýagşylyk tohumyny ekiň we alkyş hasylyny ýygnaň».

307. «Gadyrbilmezlere ýagşylyk etmek, şor ýere tohum sepmekdir».

308. «Kösenýän zadynyň ýaramazdygyny duýmaýan adam, edilýän yhsanyň ýagşylykdygyny bilmez».

309. 1. Ýagşylyk hakda Abdylla ibn Japardan soralanda: «Haýryňy asylzadalara paýlamak we ýagşylyk edýäniň alkyşyny ýetirmek» diýipdir.

2. Hüseýin ibn Aly şeýle diýdi: «Gadyryny bilýäne edilen ýagşylyk, iň gözel işdir. Nygmatyň gadyryny duýmaýanlara edilen ýagşylyk, iň harap işdir».

## ON ALTYNJY BÖLÜM

## ÄHLI IŞDE ORTATAP BOLMAK. OKGUNLYLYK WE PERWAÝSYZLYK

310. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Ýoly düzüwlik, ahlagy päklik we tygşytlylyk — pygamberligiň ýigrimi bäşden bir bölegidir».

311. Mutarryf şeýle diýdi: «Iň ýagşysy — ähli işde aralyk bolmakdyr».

312. Selman şeýle diýdi: «Päk maksadyň bolsa we mydama şoňa görä hereket etseň, sen öňdebaryjy jomart bolarsyň».

313. Eksem ibn Saýfy şeýle diýdi*: «Adamlardan gysylmak duşmançylyk döreder. Çakdanaşa alçak bolsaň, ýaramaz dostlaryň köpeler».

314. Omar ibn Hattap Zyýat ibn Abu Sufýany Abu Musanyň kätipliginden aýrypdyr. Şonda Zyýat: «Eý, möminleriň emiri, meni ol ýerden gowşaklygym üçin aýyrdyňmy ýa-da bir ýaman iş etdimmi?» diýip sorapdyr. Omar oňa: «O-da däl, bu-da. Ýöne zyýada akylyň adamlary gozgalaňa salmagyny islämok» diýipdir.

315. Hasan şeýle diýdi: «Zyýat Omara meňzejek bolup çäkden çykdy. Hajjaj Zyýada meňzejek bolup hetden aşdy. Şeýdip, ikisi hem adamlary heläk etdi».

316. «Edep haçan ýoklugyndanam ýaman bolýar?» diýip, käbir hekimlerden soralanda: «Haçanda edep akyldanam artyk saýylanda» diýipdirler.

317. Käbir kişiler şeýle diýdi: «Adamyň ölümi ýaramaz häsiýetleriniň agdyk bolmagyna bagly. Düzüwligi häsiýetiniň kadalydygyna bagly».

318. Omar şeýle diýdi: «Artykmaç gepden saklanyp, artyk iş edýän adamy Alla ýalkar».

319. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Jennet iliniň aglabasy aralyk adamlardyr. Baýlaryň we garyplaryň köpüsi bolsa dowzahdadyr».

Pygamber alaýhyssalam Hudaýdan dileg edende: «Eý, Alla, azdyrýan baýlykdan we adamlygyňy unutdyrýan garyplykdan özüň gora» diýer ekeni.

320. Abu Mugtemir Sülemi şeýle diýdi: «Adamlar baý, pukara we aralyk diýen üç topara bölünýär. Hudaýyň kanagat sarpasy bilen gurplandyrmadyk garyby jansyzdyr. Özgeleriň towakgasyna ýüz bermeýän baýlar serhoşdyr. Haýryň köpüsi aralyk adamlaryň elindedir. Mätäçligiň peslik, baýlygyň ulumsylykdygy üçin, şeriň köpüsi baýlaryň we pukaralaryň elindedir».

321. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Nähili hem bolsa söýgüliňi ýeňil söý, (ýüregiňi bermän söý), ol bir gün ýigrenji birine öwrüläýmesin. Halamaýan adamyňy her nämede bolsa, ýeňil ýigren, ol bir gün söýgüliň bolaýmasyn».

322. Omar ibn Hattap şeýle diýdi*: «Seniň söýgiň çakdanaşa bolmasyn, ýigrenjiň hem heläkçilige getirmesin. Hersiniň aralygyny tut».

323. Hüdbet Uzry şeýle diýdi*: «Eger söýjek bolsaň, golaýlaşman söý, sebäbi ondan haçan çetleşjegiňi bileňok. Eger ýigrenjek bolsaň, daşlaşman ýigren, sebäbi söýgiň haçan

dolanjagyny bileňok. Sypaýylygyň magdany bol we ezýetlerden gorap saklamany başar».

324. Şeýtan Tak şeýle diýdi*: «Dostlaryňa bolan söýgiňde çäkden geçme, hatda duşmanyňam sypaýy ýigren. Sebäbi sen haçan dostuňy ýigrenjegiňi we duşmanyňy haçan bagyşlajagyňy bileňok. Şonuň üçin her bir işde akylly hereket et».

325. Aly ibn Abu Talyp şeýle diýdi: «Bilýän zady akylyndan artyk bolany ýigrenişim ýaly, gepleýän sözi bilýän zadyndan artyk bolan adamy hem halamaýaryn».

326. Medaýyny şeýle diýdi: «Asmagynyň gürrüň bermegine görä, araplar «Kämil häsiýetleriniň arasynda akyllylyk ýok bolan adam, özüniň «gözel» häsiýeti bilen heläk bolar» diýýärler. Men bu sözi olardan ýat bekledim. Mende hem şuňa meňzeş bir söz bolup, muny-da araplar aýdýar: «Kimiň akylyndan artykmaç häsiýeti bar bolsa, şol häsiýet onuň ölümine sebäp bolar». Men bu iki sözi Ahmet ibn Ýusubyň ýanynda aýtdym welin, ol: «Menem şuňa meňzeş bir sözi bilýärin. Araplar: «Adamyň akyly özündäki ýagşy häsiýetlerden üstün gelmese, ol şol ýagşy häsiýetler bilenem heläk bolar» diýýärler» diýdi.

## ON ÝEDINJI BÖLÜM

## MYHMAN ÇAGYRMAGYŇ HORMATY

327. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Haýsy öýe myhman gelse, öz rysgy bilen gelýär we olaryň günäsini alyp gidýär».

328. Möminleriň emiri Aly şeýle diýdi: «Mertebeli adam, hat-da emirem bolsa, üç zady gijikdirmeli däldir. Atasy üçin ýerinden turmaly, myhmana nahar äbermeli, ders öwredýän ussadyna hyzmat etmeli».

329. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Myhmansyz öýde bereket bolmaz».

330. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Myhmanyny hezzetlän adamyň her döwüm çöregi üçin oňa ýüz ýagşylyk ýazylar, bir ýyllyk günäsi ýuwular. Eger şol häsiýetini dowam etse, jennetdäki ornuny görmän dünýäden gitmez».

331. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Myhmanyň hezzeti üç gündür, ondan galany bolsa sadakadyr. Myhmanyň hem üç günden soňra turmagy gerek».

332. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Hudaýa we kyýamat gününe ynanýan adam myhmanyny sylasyn».

333. Enes ibn Mälik şeýle diýdi: «Her bir zadyň zekaty bar. Howlynyň zekaty, ol ýerde myhman jaýyň gurulmagydyr».

334. Abdylla ibn Omar şeýle diýdi: «Nahara näçe köp el uzasa, ol şonça-da Hudaýa ýakymlydyr (süýjüdir)».

335. Ybraýym alaýhyssalam günortanlyk edinmek islese, bile oturyp iýere adam tapmak üçin, nahary ýanyna alyp, bir-iki mil ýol geçýän eken.

336. Dawut pygamberiň özi arpa çöregini iýip, myhmanlaryna elmydama ak un çöregini hödürlär eken.

337. Isa ibn Merýem agşamlyk naharyny ertirlik üçin, ertirligini agşamlyk üçin goýmaýar eken. Ol «Her günün rysgy özi bilen bile gelýär» diýipdir.

338. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Kime myhman düşlese, myhmanyň rugsady bolmazdan agyz beklemesin».

339. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Gassabyň päkisi (pyçagy) düýäniň örküjine ýetmänkä, haýyr-bereket, myhman hezzetlenilýän öýe barýandyr».

340. Aly ibn Abu Talyp şeýle diýdi: «Bazara baryp, gul satyn alyp, azatlyga goýberenimden, dost-doganlarymyň bir toparyny nahara çagyryp, hezzetlänimi gowy görýärin».

341. Müjähit şeýle diýdi: «Ensarylaryň biriniň öýünde myhman bardy. Öý eýesi bir saý-sebäp bilen öýe gijiräk gelipdir. Ol öýüne giren dessine: «Myhmany naharladyňyz-my?» diýip sorapdyr. Olar: «Ýok» diýip, jogap berenlerinde, öý eýesi gaharyna bäs edibilmän: «Onda men siziň agşamlyk naharyňyzdan duz datman» diýip, söz beripdir. Aýaly oňa: «Sen iýmeseň, menem agşamlyk edinmerin» diýipdir. Muny eşiden myhman: «Menem edil siziňki ýaly kasam edýärin, zat iýmerin» diýipdir. Öý eýesi oňaýsyz ýagdaýa duşüpdir. Ol: «Ýok, goýaweri, myhmany aç ýatyrmak öý üçin betbagtlykdyr. Hany, naharyňyzy äberişdiriň» diýipdir. Myhmanam, öýdäkileriň ählisem agşamlyk edinip, uka batypdyrlar. Öý eýesi säher bilen turup, Pygamberiň ýanyna barypdyr, bolan zatlary gürrüň beripdir, «Ilki kasam edenligini, ýöne sözünde durman, ony bozanlygy üçin» ökünýändigini aýdypdyr. Pygamber oňa: «Şol üçüňiziň içinde iň ýagşysy sen ekeniň. Sen

şeýtmek bilen, Hudaýyň diýenini etdiň, şeýtanyň bolsa tersine gitdiň» diýipdir.

342. Tarfa ibn Abu şeýle diýdi*:

«Üstüňde durandyr geleniň haky,
Hezzetle myhmanyň, ýaz saçagyň giň.
Alkyş bilen ödär iýen duzuny,
Berekete beslär bosagaň-sekiň.
Eger aýaň boş, garnyň aç bolsa,
Ýüzüňi egşetme, basmasyn gar-buz.
Hoş sözüňi gysganmagyn gelene,
Hödürleme mylakatdan başga duz».

343. Muhammet ibn Hanafyýa bir adama ýüzlenip: «Haýsyňyz haýyr işiň ulusyny etdiňiz, senmi ýa myhmanyň?» diýip sorapdyr. Ol adam: «Elbetde men. Meniň ýagşylygym onuňkydan uludyr» diýipdir. «O nädip seniňki uly bolýarmyşyn?» diýende, ol adam: «Sebäbi, oňa naharymy berdim, düşegimi düşedim, hyzmat etdim» diýipdir. Onda Muhammet Hanafyýa: «Ýok, bu düýbünden beýle däl. Ýagşylygyň ulusyny myhman etdi. Sebäbi, ol öz rysgy bilen girdi we öýüňiziň günälerini alyp, çykyp gitdi» diýipdir.

344. Salyh ibn Jenah şeýle diýdi: «Myhmana ýagşy hezzet etseň, ol päklik bilen alkyşlar. Ýamanlyk etseň, ýüzüni alsaň Hakyň berjek jezasy-da şoňa görädir».

345. Aly ibn Muhammet Kufi şeýle diýdi*:

«Öýümdäki myhman, şadyýanlyk bilen özüni erkin saýýar. Adamlar gelip, biziň haýsymyzyň myhmandygyny saýgarmazlar. Eger birdenkä, myhman mesirgäp gylyç çekse, onuň özi gorka düşer we haýsymyzyň kesgir gylyçdygygymyzy bilmän galar».

346. Merwan ibn Abu Hafsa şeýle diýdi*:

«Süleýme maňa şeýle öwüt berdi: Ähdi-imany we borjy bilmeýän adamdan seni Hudaý gorasyn. Eger myhman, özüniň

meniň ýanymdaky beýik hormatyny bilsedi, ýanyma gelip, yzyna dolanmazdy. Hiç bir kowum myhman hezzetläni üçin, meni edişleri ýaly gara güne goýan däldir. Ak göwünli myhman Wamyk gyzdan gözeldir».

347. Ol ýene şeýle diýdi*:

«Meni owaz we zynat bilen, hödüre mätäç ötegçi myhman bilen begendirdiler. Myhmanyň hiňlenmesi biziň üçin, goýunlaryň mälemesinden we aýdymyň sesinden has datlydyr».

348. Müswär ibn Hind ibn Kaýs ibn Züheýr şeýle diýdi*:

«Nahar taýynlasam, saçak başynda ýeke özüm oturmagy ýek görýärin. Ýa goňşymyz bilen ýa-da ötegçi dost tapsam, çagyryp bile garbanýaryn. Öýümde myhman barka, men onuň guludyryn, bu meniň bendelik borjumdyr».

349. Utbat ibn Bujeýr şeýle diýdi:

«Ýorganym myhmanyňkydyr, öýüm hem myhmanyňkydyr, özüm hem myhmanyňkydyryn».

350. Başga biri şeýle diýdi: «Araplarda däp bolup galan zatlaryň biri, eger özlerine düşlän myhmany kabul etjek bolsalar, güler ýüz bilen garşy alypdyrlar. Eger kabul etmek islemeseler, ondan ýüz öwrüp, yza döner ekenler. Myhman bolsa, ol ýerde özüne hödür-kerem edilmejegini duýup, başga ýeriň gözlegine çykypdyr».

351. Şemmah Abdylla ibn Japara bagyşlap, şeýle diýdi*: «Eý Japaryň ogly, ýaşlaryň iň oňady sensiň. Iň hezili bolsa, seniň öýüňde myhman bolan ötegçiniňkidir. Gapyňyzy kakan ötegçi agşamlyk edinmän, ýagşylygyňyzy görmän we göwnüne ýaraýan gürrüňleri diňlemän gaýtmaz».

## ON SEKIZINJI BÖLÜM

## ASYLLY ADAMLARY WE MYHMANLARY HEZZETLEMEK

352. Sagyt ibn Sewadat Amyrydan hekaýat etmeklerine görä, ol şeýle diýdi: «Men bir baý zenana günlükçilik edýärdim. Kynlyklar we hor-homsulyk meni egbarladypdy. Bir gezek ol nämedir bir zatda şübhelense, beýleki gezek oňa ýalbaryp gün görmelidi. Agyr-u ýeňil işleriň arasynda gezip ýördüm. Bir gezek ähli goş-golamymy alyp, «Yrak täjirlerini we garamaýak adamlary görsem» diýip, ýola düşdüm. Gijäniň alagaraňkysynda Mekgä ýetdim. Haçanda, säheriň yşyklary uzakdan ýalpyldanda, daglara bäs edip duran gümmezlere gözüm düşdi. Ol ýerde semiz mallar soýulýardy, sürülýärdi. Aşpezler iş bilen meşguldy. Olar aşpezlere: «Boluň, tizräk işläň» diýip aýdýardylar. Görsem bir adam beýigräk ýere çykyp: «Eý Allanyň wekilleri, nahara» diýip, sesiniň ýetdiginden gygyrýardy. Başga biri bolsa ýol ýakasyndaky kertde durup: «Eger nahar iýmedik bar bolsa, agşamlyga howluksyn» diýýärdi. Bu gören zatlarym meni haýrana goýdy. Men taýpa serdarynyň ýanyna bardym. Ol özüne taýýarlanylan ýerde, donuny sag egnine atynyp otyrdy. Başynda gara reňkli, ýüpekden dokalan sellesi bardy. Sellesiniň astynda biten hoşa ýaly bolup, onuň tutuş keşbini synlaýardym. Onuň ýüzünde

şygra[1] ýyldyzy dogan ýaly, nuranady. Onuň oturan ýerinde birnäçe garrylar bolup, hijisinden kelam agyz söz çykmaýardy. Gollary çermelgi hyzmatkärler, işlerini bitirjek bolup, otelekdi. Men garrylaryň birinden: «Bu kim?» diýip soranymda, ol «Abu Nadla (hemmelerden üstün) Haşym ibn Abdy Manaf» diýdi. Men içimden: «Ine şu hakyky mertebe we inkär edilmejek hormat» diýdim.

353. Adyý ibn Hatam Taý şeýle diýdi: «Bir gezek kakama bakyp: «Araplaryň içinde senden sahysy barmy?» diýip soranymda: «Olaryň ählisi hem menden jomart. Bir gije men on bäş goýnundan başga zady bolmadyk ýetim oglanyňkyda düşledim. Ol maňa bir goýny soýup, bişirip, getirip berdi. Men onuň ýiligini iýdim welin, biçak göwnüme ýarady. Men «Bäh, munuň süýjüdigini» diýdim. Ol çatmasyndan çykdy-da, kelle getirip başlady. Haçanda, daş çykamda, öýüň daş-töwereginiň gyzyl gan bolup ýatandygyna gözüm düşdi. Men ondan näme bolandygyny soramda, ol ähli zady gürrüň berdi. Asyl ol meniň üçin, on bäş goýnunam soýan eken. Men ony bir gyra çekdimde: «Geň-taň göremok» diýdim. Soň oglana ýüzlenip: «Göwnüňe ýaraýan zat bar bolsa goýaýyn. Bu araplar üçin gelşiksizdir diýdim» diýip, gürrüň berdi.

Men kakama bakyp: «Sen ony näme bilen sylagladyň?» diýdim. Ol: «Üç ýüz düýe we bäş ýüz baş goýun berdim» diýdi. Men: «Walla, kaka sen ondanam sahy ekeniň-ä» diýdim. Onda kakam: «Ýok, oglum, beýle däldir. Sahylygyna ol menden sahydyr. Sebäbi ol özünde barynyň ählisini berdi, men bolsa köp baýlygymyň ujypsyzja bölegini bagyşladym» diýdi.

354. Muharrar ibn Abu Huraýra şeýle diýdi: «Abul Haýbary ady bilen tanalýan bir adam, öz kowmundan bolan birnäçe kişi bilen Hatam Taýynyň mazarynyň gapdalyndan

[1] Sirius ýyldyzy

geçip barýar eken. Ol ýoldaşlaryna ýüzlenip: «Geliň, Hatam Taýynyň guburynyň ýanynda düşläliň. Eşidişime görä, ol merhumam bolsa, şu ýerde düşlän adamy myhman alýarmyşyn» diýipdir. Olar şol ýerde düşläpdirler. Abul Haýbary Hatamyň mazaryny depgiläp: «Eý, eşek atasy, myhmanlaryňy hezzetle! Eý, eşek atasy myhmanlaryňa hödür et, ahyry!» diýip, ýaňsylap, üstünden gülmäge başlapdyr.

Soň olar ýatypdyrlar welin, Abul Haýbary düýş görüpdir. Düýşünde kimdir biri oňa*:

«Eý, Abul Haýbary, sen ne beýle zalym, sögünjeň adam ekeniň. Sen günläp ýatan mazardan hezzet isläp, dostlaryňy hem alyp geldiň. Biz iň gowy maly saýlap, myhmanlarymyza söwüş ederis» diýýärmişin. Gorkudan ýaňa tisginip oýanan Abul Haýbary, gözüni oňat açyp seretse, düýesi däbşenekläp, janhowluna bagyryp ýatyrmyşyn. Ol uly sesi bilen: «Haý, ýetişeweriň!» diýip, ýerinden galypdyr. Düýesi bolsa aýagyny kakyp, tizden-tiz damagy çalnaýmasa, haram öljekdenmişin. Ony dessine soýupdyrlar we uzyn gijäni etli nahar iýip geçiripdirler. Daň agarandan soň, ýola düşüpdirler.

Ýoldaşlarynyň ýagdaýy ýagşy hem bolsa, Abul Haýbarynyň keýpi ýok eken. Ol düýnki hereketine we agşamky wakalara haýran bolup, oýlanmalar deňzine çümüpdir. Olar şeýdip barýarkalar, birdenkä özlerine tarap gelýän ýolagçyny görüpdirler. Ol ýolagçy bularyň saklanmagyny haýyş edip, gygyryp gelýän eken. Sakga durup seretseler ol Hatam Taýynyň ogly Adyý eken. Onuň ýanynda ýene bir iner we yzyna tirkelen maýa bar eken. Adyý bulara garap: «Öten agşam kakamdan myhman almagyny soran sizmi?» diýipdir. Bular: «Hawa» diýip, geňgalyjylyk bilen jogap beripdirler. Adyý olara bakyp: «Agşam düýşüme kakam girdi. Ol maňa: «Men Abul Haýbarynyň düýesini soýup, olary hezzetledim. Şonuň deregine şu düýäni eltip ber» diýdi. Şony bermäge geldim»

diýip, gapdaly bilen tirkäp getiren daýaw inerini we maýasyny Abul Haýbara gowşurypdyr hem-de yzyna dolanypdyr.

Olar bu bolýan hadysalara akyl ýetirip bilmändirler. Ýöne soňra bu waka il içine ýaýrapdyr. Hatamyň ogly Adyýyň eden işini öwüp, örän köp şahyrlar goşgy ýazypdyrlar.

Şolaryň biri hem Ibn Daratul Gatafanydyr. Ol şeýle diýdi*:

«Ataň haýryň gämisini gurujydy,
Tä ýogalýança adamlaryň ýanynda boldy.
Ýogalandan soňam ony ýatlap, köp mysallar aýdyldy.
Ol edil dirikä edişi ýaly.
Gabrynyň ýanynda düşlänleri-de,
Myhman aldy hormat bilen hezzetläp,
Beýle zada hiç kim duşmandy entäk».

355. Kaýs ibn Sagt ibn Ubada şeýle diýdi:

«Hal-ýagdaýymyzyň Şamda duşan adamymyza meňzemegini arzuw etdim. Bir kümäniň gapdalyndan geçip barýarkak, dem-dynç almak niýeti bilen, onuň agzyndan garadyk. Kümäniň içinde bir aýala gözümiz düşende, bu ýerde myhman bolmak pikirinden el çekipdik. Gelin bizi gördü-de: «Geliň, arkaýyn ornaşyň» diýdi. Ýöne biz şonda-da gelşiksiz görüp, tä adamsy gelýänçä daşarda oturdyk. Bir haýukdan soň onuň ýoldaşy uly bolmadyk sürini öňüne salyp, örüden geldi. Ol aýalyna bakyp: «Bular kimler?» diýdi. Gelin: «Bize gelen myhmanlar» diýip, jogap berdi. Ol bir düýäni getirdi-de, dyza çökerdi. Soň bize garap, soýuşmaga kömek etmegimizi sorady. Şeýdip, biz onuň iň oňat malynyň etini iýdik. Ertesi gün ol ýene bir düýäni getirip: «Hany munuňam damagyny çalalyň» diýdi. Biz: «Onsuzam et kän ahyry. Düýnki düýäň etem ýeterlik bar» diýdik. Onda öý eýesi: «Üstünden gün geçen et bilen (düýnki et bilen) myhman hezzetlemeýäris. Biz olara täze etden nahar äbermelidiris» diýdi.

Men ýoldaşlaryma ýüzlenip: «Eger bu ýerde uzak eglensek, onuň düýesi galmaz, şonuň üçin salymyny bermän ýola düşeliň» diýdim. Soň ýolbaşçymyza ýüzlenip, näçe puluň galandygyny soradym. Ol: «Dört ýüz dirhem» diýdi. Men ol puly we öz gapjygymdakyny hem goşup, (şol pullary) aýalyna gowşurdyk, sebäbi ol wagt adamsy öýde ýokdy.

Şeýdip ýola düşdük. Köp wagt geçmänkä, uzakdan ala-tozan bolup gelýän bir adama gözümiz düşdi. Biz biri-birimizden: «Bu kim?» diýip soraşdyk. Emma hiç kim ony uzakdan saýgaryp bilmedi. Golaýa gelenden soňra, onuň bizi myhman alan öý eýesidigini bilip galdyk. Ol atyň üstünde sarsman oturyp, bize naýza gezäp gelýärdi. Men: «Wah, bagtymyz ýatdy. Beren pulumyzy az görendir» diýdim. Ol ýanymyza gelip durdy, biziň tabşyryp gaýdan zadymyzy öňümize oklap: «Alla siziň aýbyňyzy örtsün, bu zatlar näme? Muny gaýdyp alyň» diýdi. Biz: «Dogrymyzy aýdýarys. Bizde mundan başga zat ýok ahyry» diýip, ötünç soramaga durduk. Ol bize bakyp: «Hudaý bar, hiç haçan siziň ýoluňyzdan ýöremerin. Men ýagşylygyny satýan adamlardan däl» diýdi. Ol ähli zatlary üstümize oklap, ötägitdi.

356. Ibn Apbas şeýle diýdi: «Abdylla ibn Japar Mugawyýanyň ýanyna gelýärkä, ýolda bir çarwa arabyňkyda düşläpdir. Onuň bar baýlygy ýekeje geçisi bolup, şonuň süýdi bilen gyzjagazyny emdirer eken. Myhman gelenini görüp, öý eýesi ýaňky geçini soýmak üçin ör turupdyr. Şol wagt gyzjagaz ýatan eken. Ol aýalyna ýüzlenip*:

«Gelin, meniň gyzjagazymy oýarma,
Oýaraýsaň, dessine aglap başlar.
Hem elimden tutup pyçagymy alar» diýipdir.

Soň geçiniň damagyny çalyp, hamyny sypyrypdyr. Nahar bişirip we gowuryp öňlerine äberipdir. Şeýdip olar bu ýerde agşamlyk edinipdirler. Irden ugrajak bolup durkalar, ol öz

ýoldaşyna ýüzlenip: «Sende näçe pul galdy?» diýip sorapdyr. Ol: «Bäş ýüz dinar» diýende, onuň ählisini çarwa araba bermegi tabşyrypdyr. Emma arap ony almakdan kes-kelläm ýüz öwrüpdir.

Olar ýolda barýarkalar bu adama haýran galyp: «Gör nähili gowy adam ekeni. Bar baýlygy ýekeje geçisi, şony soýubam bizi naharlady» diýşipdirler.

Ibn Apbas başga bir söhbetinde şeýle diýdi:

«Çarwa arap ol puly kabul edip, oňa düýe we goýun satyn alypdyr. Yzyna dolanyp gelýän Abdylla ibn Japaryň ýoly ýene-de ýaňky garybyň üstünden düşüpdir. Öý eýesi muny garşylap, öýünde düşlemegini haýyş edipdir. Abdyllany myhman alan ýaňky çarwa oňa görlüp-eşidilmedik derejede zyýapat edipdir. Abdylla ertesi ýola düşjek mahaly, oňa ýene on müň dirhem pul bermekçi bolanda, öý eýesi ony kabul etmekden boýun towlapdyr. Ol: «Eý, hojam, mendäki zatlaryň ählisi Hudaý tarapyndan we sen sebäplidir» diýipdir. Abdylla oňa: «Sen dogrudanam asylly adam» diýip, oňa alkyş-doga edip, ýola düşüpdir.

Abdylla ibn Japar muňa bagyşlap şeýle diýdi*:

«Ümmi Mälik garyp ötegçini göwnihoş etdi,
Ot bilen gassabyň arasynda gatnap, nahar getirdi.
Iýilen tagam-duzuň hakyna,
Myhman hem onuň alkyşyny ýetirdi».

357. Rowaýatlara görä, myhman üçin mal soýan ilkinji adam Bähram Gurdyr.

358. Esma ibn Haryja şeýle diýdi*:

«Her gezek nahar bişirip, oňa adamlary çagyramda, gelenler garnyny ýazyp gidýänçäler göwnihoş bolup oturýaryn. Çakylygyma jogap bermeklerini hem uly sylag saýýaryn. Adamlar maňa mätäçlik bilen ýüz tutsalar-da, boş gaýtarmaryn.

Men bu dünýäniň köp zadyny, maňa ynanyp eden haýyşlarynyň hatyrasyna hem bagyşlardym».

359. Adyý ibn Hatam kiçiräk meýlis edip, özüniň ogluna: «Daş çykda geleni garşyla. Tanamaýanyňy yzyna gaýtar, tanaýanyňy öýe sal» diýipdir. Ogly muňa ör-gökden gelip: «Hudaý kessin, men beýdip bilmerin. Gelen adama tagam bermän gaýtarmak gowy däl» diýipdir. Adyý Hatam muňa monça bolup: «Tüweleme, sen mendenem paýhasly we sahy ekeniň» diýipdir.

## ON DOKUZYNJY BÖLÜM

## ITLERIŇ ÜÝRMEGI WE ODUŇ ÝALKYMY MYHMANLARA ÝOLSALGYDYR

360. Ile ýagşylyk edip sypaýy bolmakda, myhmany garşylap, duz hödürlemekde waspy ýetirilen Misgin Daramy şeýle diýdi*:

«Ilimiň gazany her gün, türkleriň jul atylan öýi ýaly, nygmatdan doly. Onuň aşagyna ot atýan ýigitler bolsa, şepbikşire çalnan düýeler ýaly. Ellerinde demir susak bolan bu açyk göwünli adamlar, üzüm şerbetlerine reňk berýän şerapçylara meňzeýär».

361. Hatam Taýda şeýle setirler bar*:

«Bahylyň iti hyňranyp, agyz salar myhmanyna,
Itim az üýrýp duşana, ýalaklap, barar ýanyna.
Görmegi üçin ötegçiň, alaňda ýakýaryn odum,
Yşyk gözleýän saýyldan hem azaşan ötegçiden
Gysganmaryn gazanymy, açmasam, ýapman gapagyn.
Hezzetlärin, ýyladaryn, bererin demini-dynjyn,
Özümden egsik görmerin, görýänçä daňyň şapagyn».

362. Käbir araplar şeýle diýdi*:

«Atly görünse uzakdan,
Garşylaýan, çytman gaşym.
Salam berýärin özümden,
Öňüne uzadýan aşym.

Güler ýüzüm gyzgyn çorbaň
Tagamyna tagam goşýar.
Haýyr işi tiz eden ýagşy,
Bol bereketler garaşýar».

363. Hatam Taý şeýle diýdi*:
«Itlerden gorkup, uzaga aýrylan bolsaň,
Ol ýerde meniň günäm ýokdur».

364. Abu Nejmul Gyfary belent ýer bolmasa düşlemez eken. Her gije ol gury odunlary çöpläp, geçip barýan ýolagçynyň şony görüp sowulmagy üçin, örän uly ot ýakypdyr. Ol mydam şeýle diýýän eken:

«Taýpalar şaýatdyr meniň,
Uzakdan ýakýan oduma.
Öýümi nazarlap gelen,
Görýändir öçmez alawym.
Gözüň sataşsa ötegçä,
Bir myhman tapsaň dadyma[1],
Getir dostum, çekinme-de,
Baryňy myhman alaryn».

365. Hatam Taý hem şeýdip öten-geçene özüni salgy beripdir. Ol şeýle diýdi*:
«Sährada azaşan biri däli ýaly gygyrdy,
Ýöne ol Mejnun däl-de, öz tapan hilesidi.
Öz ýiti sesi bilen ýatany oýarýardy.
Sesini eşidenimden mylaýym sesim bilen,
Süýji ahlagym bilen ýüzlendim oňa sary.
Ody uludan ýakyp, ýaýratdym şöhlesini,
Azaşanyň şol sesi eşidip bärik gelmegi üçin,
Oýaryp, ýatan itim, üýrdürdim, çekip bäri.
Ol meni göreninden, Hudaýy senalady,

[1] Dadymlyga, nahara

Saýradyp göwün guşun, törümi penalady.
Men ony hoş garşylap, özüm guş kimin uçdum,
Uzak sowal bermedim, hezzetine girişdim.
Taňry myhmany üçin niýetläp goýan düýäm,
Soýup, gazan atardym.
Gowrup berdim bagryny, örküjini getirdim.
Şeýtmek bilen üýtgeşik iş etmedim,
Diňe, atamyň wesýetini ýerine ýetirdim».

366. Hatam ýene şeýle diýdi*:

«Bir ötegçi it sesini edip gygyrdy. Ýaň hem onuň owazyny gaýtalady. Men uly odunlar atyp, ot ýakdym. «Birden iller menden öňürdäýmesin» diýip, derrew ýerimden turdum. Men ony açlykdan we uzak ýoluň argynlygyndan sapladym. Dürli-dümen hödürläp, ýadawlyk derdinden gutardym. Ol meni alkyşlady, men hem oňa bolan hezzetimi has-da giňeltdim. Myhmany nahar bilen hormatla-da alkyş al».

367. Ahmet ibn Zufafe Gassany şeýle diýdi*:

«Meniň kowmum Haşym ogullarydyr,
Hem iň hormatlysy Abdy Manaf.
Odumy depäniň üstünde ýakýan,
Myhman gelsin bize, odumyz tanap».

368. Amr ibn Ahtam şeýle diýdi*:

« Uka batdy ulus, çekdi ýorganyn,
Düýşler gujagyna geripdir ili.
Itimi üýrdirdim, seleňe çekip,
Sesin eşdip geler, azaşan biri.
«Hoş geldiň, sag geldiň sapaly öýe,
Gel, geç myhman, bu il amandyr size»
Hödürläp duz-kerem, düşäp körpeçe,
Gonak çün tyg saldym düýä, örküje.
Öýe myhman gelse artýandyr ömür,
Ýer hem darlyk etmez, giň bolsa göwün».

369. Käbir patyşalar hakda Hutaýýa şeýle diýdi*:
«Alaň üstündäki oduň alawy,
Syryp otyr perdesini tümlügiň.
Bilýän, ýigitleriň baýy däl bu baş,
Ýöne, onuň açyk göwni hem eli,
Bildirip dur munda kimiň - kimligin».
370. Hatam Taý şeýle diýdi*:
«Itimiň üýrmesi, ýagtysy oduň,
Tümlükde azaşan ötegçä salgy.
Ýüzün görüp, ellerini öpýänçäm,
Itim guýruk bular, oýnadyp ýamzy.
Bu gylyklar bize ýagşy adatdyr,
Myhman kabul edip, ynjaldýas kalby».

371. Awf Agrabydan eşidip, Sagyt ibn Aws Ensary şeýle hekaýat etdi:

«Bir adam ymgyr çölüň içinde azaşypdyr, sazakdyr-selinden başga janly-jandara gözi düşmändir. Şonda ol sözüni eşidip, itleriň özüne üýrmegi üçin, şagal sesini edip uwlapdyr. Hakykatdanam itler bu uwwuldyny eşidip, uzak wagtlap üýrüpdirler. Azaşan pyýada ses gelen tarapyny nazarlap, şol ýere gönügipdir we itleriň ýanyna ýetipdir. Itler ony görüp, tä eýesiniň ýanyna ýetip, görüşýänçä, myhmanyň öňünde guýrugyny bulap, eýläk-beýläk geçip, ýany bilen gelipdirler. Garry adam muny mähir bilen garşylap, onuň üçin goýun soýup, nahar ataryp hezzetläpdir, goýun süýdüni sagyp beripdir. Iýip doýansoň, içip ganan soň, oda çoýunyp ýylanansoň, myhman ýatmakçy bolupdyr. Garry oňa ýapynjasyny berip, özi ot ýakmaga oturypdyr. Şol wagt aýyň bölegi ýaly bir gyz daş çykypdyr. Garrynyň gyzyna göwni giden myhman, ýerinden turup garra bakypdyr-da: «Ýaşuly, siz owalam meniň üçin kän alada etdiňiz, ýadansyňyz, Alla ýalkasyn, geçiň-de ýatyň, siz otyrkaňyz gözüme çiş kakylan ýaly, hiç ukym gelenok»

diýipdir. Goja ýerinden turup, düşegine geçipdir, gorjalman duran ot hem öçüp, daşary tüm-garaňky bolupdyr. «Goja-ha ýatandyr, Alla» diýip, ýaňky myhman emedekläp baryp, gyzyň aýagyndan tutupdyr. Gyz: «Waý, kaka» diýip gygyrypdyr. Atasy: «Lepbeý, gyzym» diýip, laňňa ýerinden galsa, itler ýatyr, goýun-guzular öz ýerinde eken, myhman bolsa eýýäm öz ýerine gelip ýetişipdir. Goja: «Köşeş gyzym, hiç zat ýok, arkaýyn ýatyber» diýipdir. Goja ýerine geçip, uka batypdyr. Myhman bolsa: «Ýaňy gyz gorkaýdy öýdýän. Eger tanasa, zat diýmez» diýip, garryň uklandygyna gözi ýetensoň, ýene-de usullyk bilen baryp, gyzyň aýagyndan ýapyşypdyr. Gyz ýene: «Waý, kaka» diýip gygyrypdyr. «Lepbeý, gyzym, näme boldy?» diýip, atasy soranda: «Goýun-guzular öýdýän» diýipdir. Goja öňki gezekdäki ýaly mal-gara göz aýlap, ýene düşegine geçipdir. Myhman üçünji gezegem turup, gyzyň aýagyndan ýapyşypdyr. Gyz ýene: «Waý, kaka» diýende, atasy «Lepbeý, gyzym, näme boldy?» diýip ýetişipdir. Myhman bolsa düşegine baryp outrypdyr. Gyzy: «Myhman aýagymdan tutdy» diýip seslenipdir. Atasy: «Eý gyzym, eýsem sen Hudaýy öwmeýädiňmi, gelen myhmanyň dok we ýyly ýatmagyny, öz aladasyndan başga zady gaýgy etmezligini islemeýärmidiň?» diýipdir. Soňra hiç zat diýmän ýerine geçip, ýatypdyr. Tä oýanýança ol ikisine gözem aýlamandyr, olardan çete gidipdir. Bu gabahat hereketi üçin bolsa myhmana käýemändirem».

Awf Agraby bu habary aýdan adama garap*:

«Bir kowuma myhman bolsaň, ynsabyň ýuwdup,
şeýdermiň,
Gabahat hereket edip, namysa goýup gaýdarmyň?!»
diýipdir.

372. Eset taýpasynyň käbir adamlaryna, Müberrit şeýle diýdi*:

«Barly iller itlerini üýrdürip,
Ötegçini myhman almak isleýär.
Başyny çal bürän, bir goja geldi,
Bizden umyt gözlerini kesmeýär.
Mylaýym söz bilen, bol nygmat bilen,
Yhlas etdik, soýup uly düýäni.
Onuň aýdyp giden alkyşy üçin
Bermäge razy biz, ähli dünýäni».
373. Muhammet ibn Ymran Zapby şeýle diýdi*:
«Gijäniň tümlüginde it sesin eşiden bende,
Bu gije ýatalga isläp gygyrdy,
Men ody uludan ýakdym,
Muny görüp, gönügende,
Dişläp, ýarmazlygy üçin itlerimi sakladym».
374. Humaýt ibn Sewr Hilaly şeýle diýdi*:
«Agypdyr gije ýarymdan,
Ýoldaşy ýok ötegçini,
Ot ýakyp, çagyrdym bäri.
Ot hem tüssäniň ýalnynda,
Des-deň paýlap goýdum barym.
Dolduryp garnyn tagamdan,
Aşdan doýanda gerk-gäbe.
Syrtartdy, gurtpisint dişin,
Çalarly boldy çekgäme.
Bilimden syryp gylyjym,
«Saklan!» diýdim, çäkden ötme.
Sen bu ýerde şamlyk edin,
Ýöne, hiç hyýanat etme.
Sen gurt bolsaň, egsik saýma,
Garşydaşyň böri bilgin.
Gurt-hyýanat süýtdeş dogan,
Päliň bozsaň, örübergin».

375. Ybraýym ibn Herme şeýle diýdi*:

«Haçanda onuň iti myhman görse, oňa bolan söýgiden ýaňa, diline düşmese-de gürläýjek bolýar».

376. Käbir araplar şu manyda şeýle diýdi*:

«Myhmana mätäç bolmasagam, ol bize gerekdir,
Gözýetim tümlüge kemsiz bürenende,
kalbymyz janserekdir.
Alaňyň üstünde uly ot ýakyp, üýrdüreris itlerimiz,
Çagyrarys adamlary, käni biz.
Myhman almak bilen üýtgeşik zat edemzok,
Diňe dowam edýäris, ata-baba däbimiz».

377. Leýs ibn Sagt Kelbi şeýle diýdi*: «Garaňkyda ýoldaşlaryma öýümi salgy berýän iki sany delilim bar. Ol tüm garaňkydaky ot ýagtylygy we it sesidir. Bu ikisi myhmanlyk ýeri salgy bermekde, hatda ýolbelet ýoldaşdanam ýagşydyr. Azaşan adamlaryň gelmegi üçin, alaňyň üstünde uly ot ýakyp goýýaryn».

378. Dygbyl ibn Aly Huzagy şeýle diýdi*: «Eger itim üýrüp, myhmanlary çagyrsa, kalbymda şatlyk çeşmesiniň suwy joş urýar. Olary süýji söz, ýagşylyk we myhmansöýerlik bilen garşy alýaryn. Myhman getirýän it garasöýmez adamlardan haýyrlydyr».

379. It üýrmesiniň myhman üçin çagyryşdygy hakda Ahmet ibn Zufafe Gassany şeýle diýdi*:

«Itlerimiň üýrmegi howluma misgin-pukaralaryň, ötegçi ýolagçylaryň gelendigini aňladýar. Biz her myhmany güler ýüz, açyk göwün bilen kabul edýäris. Myhman islemeýän nadanlaram bar. Emma myhman getirýän itler olardan ýagşydyr».

380. Öz itini soran we oňa bagyşlan biri hakda Dygbylyň aýdany*:

«Bu ite gowy gara,
Köpdür ýagşy gylygy.
Üýrer, gije tümünde,
Getirer myhmanlary.
Öçse ojagyň ody,
Peselende alawy.
Gorjalap, ýakar ony,
Bu, itimiň edebi».

## ÝIGRIMINJI BÖLÜM

## ÝASAMA HEZZETIŇ GELŞIKSIZLIGI

381. Müslim ibn Zyýat şeýle diýdi: «Bazara baryp, bir köpüklik gök alyp gelmegimi tabşyrýan ýekeje myhmandan, ýüz myhmany öýümde baryndan hezzetlänimi has gowy görýärin».

382. Bir adam Selman Parsyňka myhmançylyga barypdyr. Selman ony öýe çagyryp, baryndan hezzet edipdir hem-de myhmana garap: «Myhman üçin ýasama hezzet etmegi Pygamber gadagan etdi» diýipdir.

383. Bekr ibn Abdylla Muzeni şeýle diýdi*: «Eger saňa myhman gelse, oňa özüňde baryny hödürle. Hudaý seni hezzet etmek babatda isleýän ýagdaýyňa ýetirýänçä, özüňde ýok zady berjek bolup dyrjaşma».

384. Käbir parslar şeýle diýdi: «Myhman üçin iň zyýanly zat, öý eýesiniň dok, özüniň aç oturmagydyr».

385. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Özünde ýok zady berjek bolup, ýasama hezzet edenler iň ýaramaz adamlardyr».

386. Görnükli adamlaryň käbiri şeýle diýdi*: «Bize myhmançylyga gelende, towuk ýa-da jüýje soýmaklygy tabşyrmaýan ýoldaş örän oňatdyr. Meniň öýümde oňňut edere

merjimek bilen noýba bar, işdäsi alsa zeýtun ýagy bar. Ýasama hezzet ýaramazlykdyr».

387. Sufýan ibn Mugyra şeýle diýdi*: «Eger bize myhman gelse we men oňa özümde baryny bersem, meniň ýazygym azalýar. Eger garyp bende özündäkini, baý hem berdiginden bagyşlasa, sahylyk babatda olaryň ikisem deň bolýar.

Saýyl adamlara ýa-ha serpaý bilen, ýa-da mylaýym söz bilen elmydama ýagşylyk ediň».

388. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Özüne berlen nygmaty pes saýmak, az görmek adam üçin ýeterlik günädir».

389. Ahnaf ibn Kaýs şeýle diýdi: «Öýüňize myhman gelse, özüňize agram salman, baryndan beriň».

390. Musa ibn Japar Hanafy şeýle diýdi: «Eger bir ýere myhman bolsaň, öňüňde ýagşy-ýaman näme goýulsa, şony iýgin. Saçakda goýulmadyk zady talap etmegin».

391. Bir adam Aly ibn Abu Talyby nahara çagyrypdyr. Aly oňa bir şert goýup, şoňa kaýyl bolsa gitmäge razydygyny bildiripdir. Ol: «Eger ýok zady berjek bolup, özüňe agram salmasaň, özüňde baryny hem bizden gysganmasaň bararys» diýipdir.

392. Bir ýaşuly Abdylla ibn Mukaffanyň ýanyna gelýär eken. Ol bir gün Abdyllany nahara çagyryp, günortanlygy özünde edinmegi sorapdyr. Ol şonda Abdylla bakyp: «Sen özümde ýok zady hödürlemek üçin, özüme agram salaryn öýtme. Baryndan başga zady bermerin» diýipdir. Abdylla çakylygy kabul edip, onuňka myhmançylyga barypdyr. Öý eýesi myhmanyň öňünde bir döwüm çörek bilen uşajyk duzdan başga zat goýmandyr. Şol wagt gapyň agzynda hem bir gedaý iýmäge zat sorap duran eken. Öý eýesi oňa: «Allaň bendesine Allanyň özi kömek etsin!» diýipdir. Emma gedaý ýerindenem butnaman ýaňky diýenini gaýtalapdyr. Öý eýesi: «Üstümde Hudaý bar, häzir daş çyksam, iki goluňam owradaryn»

diýipdir. Şonda Abdylla gedaýa ýüzlenip: «Walla, sen şunuň beren sözüne nähili wepalydygyny bilsediň, onda dilegden saklanyp, derrew yzyňa dönerdiň. Bela sataşmankaň şu wagtam ugra. Bu «etjek» diýen zadyny aňryýany bilen ýerine ýetirýär» diýipdir.

## ÝIGRIMI BIRINJI BÖLÜM

## MYHMAN ALMAKDAN ÝÜZ ÖWÜRMEK WE GARASÖÝMEZLIK

393. Amyr ibn Ymran Dapby şeýle diýdi:

«Biziň bir goňşymyz asla myhman almaýardy. Ol bir güjük aldy. Myhman görse üstüne topulyp, egin-eşigini ýyrtmagy oňa öwretdi. Onuň özi hem bu hakda*:

«Itimiň sesi myhman gelýändigini buşlaýar,
Munuň ýaly gyzykly waka ähli günde duşmaýar.
Meni şeýle şatlandyrýar, parça-parça boljak köwşi,
Bu meniň eziz itimiň, täze myhman garşylaýşy.
Dişi bilen ýaňagyna, unutmaz, agyz salmagy,
Itime şeýdip öwretdim, myhmany garşy almagy» diýip, hiňlener eken.

394. Onuň ýene bir goşgusy*:

«Myhmanlar üçin meniň ýiti dişli itim bar,
Myhman dönýär yzyna, galýar gapa ýetilmän.
Geçäýende itimden, men hem ondan oňat däl.
Saýlasyn myhman birin: It dişi ýa sagat jan».

395. Hutaýýa bir çarwa arabyň ýanyndan geçip barýarka ondan: «Iýere zadyň barmy?» diýip sorapdyr. Ol: «Taýagym bilen gylyjym bar» diýipdir. Hutaýýa: «Men bir myhman ahyry» diýende, ol çarwa: «Wah, menem şony myhmanlara iýdirmek üçin taýýarladym-da» diýipdir.

396. Asmagy şeýle diýdi: «Garasöýmez bir adam maňa şuny aýtdy*:

— Eý, sen eşek, köpelipdir myhmanlar,
Akyp barýar, dirhem bilen dinarlar.
Garyplygyň näme edýänin synla,
Ol bir dertdir bitmez, ol aýyp hem ar,
Garyp ölsek, bize bolar ne mazar,
Ötüp barýan durmuşda bize şeksiz,
Gün goýmazlar, oňmarys biz köpeksiz.
Tümlükde gözi ýiti, dişlegen bir it,
Dişi gyýak, süýregen düşbi gerek,
Ýüzi hyýrsyz ýene hyňranyp duran,
Gözleri gyzaryp, dyňzanyp duran.
Gyýak dişi bolsun, ýiti penjesi,
Gyzaryp duran guduz gözünden ýaňa,
Ot syçrap duran bolsun çar ýana.
Şonda ekabyrlardyr batyrlaram,
Gullardyr azat adamlaram,
Biziň ýanymyzda kiçijik biri bolar».

397. Muhammet ibn Hammat ibn Hammat ibn Muemmil adamlaryň şunuň ýaly gabahat, binamys hereketlerini ýazgaryp şeýle diýdi*:

«Käbir adamlar nahar iýende, seslerini gizläp, öýüň we howlynyň gapysyny baglarlar. Myhman olaryň oduna çoýunmaga tama etmez. Goňşynyň hormaty üçin, ony ezýetden goramaz. Şeýle bir pis adamlar bar, eger itleri myhman görüp üýrse, olar: «Ene, turda oduň üstüne buşuk-da, öçür» diýmekden gaýtmazlar».

398. Binamys bir adam şeýle diýdi:

«Ullakan azyk-iýmiti däl-de, ýanymda oturanda öwünmekden başga zady bolmadyk myhmany ýigrenýärin.

Geldiňmi, iýmit getir, şonuň gürrüňini et. Gerekmejek gepden garyn doýýarmy näme?».

399. Ibn Abu Şureýh Magyz obasyndan käbir garyndaşlaryny myhmançylyga çagyrypdyr. Emma hiç kim çakylyga gelmändir. Soň özi olaryň obasyna myhmançylyga gitse, hiç kim ony kabul etmändir. Yzyna lapykeç dolanan Ibn Şureýhiň gözi birdenkä günden gaçyp kölegede gybat edip oturanlara düşüpdir. Onuň gözleýän adamsy hem şol ýerde eken. Şonda ibn Şureýh*:

«Magyzdaky myhmanlarym meniň halymy soranok,

Gün olaryň üstüne gyzgyn şöhlesini taşlanda,

Onuň ýalnyndan olary gybat saýalaryndan başga hiç zat goranok» diýipdir.

400. Hasan ibn Ybraýym şeýle diýdi: «Bir adam Mosulyň Birt obasynda düşläp, olaryň ählisinden özüni myhman almagy haýyş edipdir. Emma hiç biri ony kabul etmändir. Şeýdip ol gijesini erbet ýagdaýda geçiripdir. Jahan ýagtylansoň ýola düşüp, gidip barýan ol adam*:

«Meniň Birtde geçiren gijämi görmediňizmi, men ol ýerde ne duz datdym, ne bir lukma çörek iýdim, ne-de suw içip agzymy ölledim.

Birtiň ululuaryna «Adamkärçiligiňiz şu bolsa siziň diýaryňyz bir gün ýumrular we erbet ýagdaýa düşersiňiz» diýip aýdyň. Tigriň we Zabynyň suwy birleşýän ýerde, suwuňy gysganyp oturmak gowulykmykan».

401. Işýakmazlaryň biri şeýle diýdi*:

«Biz myhmanlara agyr iş buýurmazdan gaçar ýaly, gaýdar ýaly edýäris. Öýleriň arasyndan olara itlerimizi küşgürýäris welin, görgüliler gelmekden bizar bolýarlar».

402. Asmagy şeýle diýdi: Kattal Kilabynyň aýaly bir gün adamsyna bakyp: «Saňa köşejigiň oňurgasyndan nahar ataraýynmy?» diýip sorapdyr. Onda Kattal: «Ýok, bu gün meni

goňşym Abu Sufýan nahara çagyrdy, ol şu gün öýlendi» diýip, şolara gidipdir. Abu Sufýan bolsa öý tutunýandygyna garamazdan, hiç kimi çagyrman eken. Şeýdip Kattal öýüne aç dolanypdyr. Ol aýalyna bakyp*:

«Aslynda-da Abu Sufýan ýagşy zada toý tutjaklardan däl. Açlygymyzdan ýaňa ysgyn-rowgatym galmady. Şu wagt şol köşegiň oňurgasyny çigligine hem iýmäge taýyn» diýipdir.

Aýaly: «Ýene aýdyber» diýse, Kattal: «Başga aýdara sözüm ýok» diýipdir. Aýaly: «Onda men aýdaýaýynmy?» diýende, Kattal: «Baş üstüne, aýdyber» diýipdir. Aýaly oňa*:

«Ähli öýden-ä öz öýüň oňatdyr,
Goňşyň zyýapatyndan hem öz naharyň süýjüdir» diýipdir.

403. Abu Nemle şeýle diýdi*:

«Gapyň agzynda böwet ýaly oturan bu garasöýmez, her gelen adama köpek bolup hyňranýar. Adamlara ýigrenjinden ýaňa ol, göz bilen görejiň arasyna çykan çiş ýaly pis».

404. Käbir binamyslar şeýle diýdi*:

«Aç garnyna hezzet isläp, onuň ýanyna bardy,
Ony ham-hyýallary kemsiz aldawa saldy.
Garasöýmezlik edýänimiz üçin,
Gijesini şol ýerde bize gargap geçirdi».

405. Ýene bir işýakmaz şeýle diýdi*:

«Eger biçäre bende, merhemetimden umyt edip, boş garnyna we açlygyna myhman bolsa, oňa ýiti tygymyň gazaby bilen sürünerin welin, bende ajyny-süýjüni duýman, huşundan gider. Goňşyň doýup, sen aç oturmak gelşiksizdir. Baýlygyny çar ýana saçýanlar ahyry hor-homsulyga duçar bolarlar. Zadyňy gysganyp, husytlyga werziş bolmasaň, mertebä eýe bolmarsyň. Şonuň üçin menem hezzet hantama bolýan her bir ötegçä berk daraýaryn».

## ÝIGRIMI IKINJI BÖLÜM

## GOŇŞY HORMATY WE HAKY

406. Möminleriň emiri Aly şeýle diýdi:

«Ýagşy ahlak, hoşniýetli goňşuçylyk we garyndaşlyk gatnaşygy ýurduňyzy düzeldip, ömrüňizi uzaldar».

407. Möminleriň emiri Omar ibn Hattap şeýle diýdi: «Her kim üç zada eýe bolsa, işi kämil bolar. Eger ony goňşusy, dosty we garyndaşy öwüp, alkyşlasa».

408. Eksem ibn Saýfy şeýle diýdi: «Diňe bir goňşyňa azar bermezlik däl, onuň azaryna sabyr-çydam etmek hem hoşniýetli goňşuçylykdyr».

409. Abu Sewret Tam şeýle diýdi: «Howlusyndaky garynjalara Adyý ibn Hatamyň çörek owradyp berýändigini gördüm. Men ondan munuň sebäbini soramda: «Bular meniň goňşularym. Goňşynyň haky bar» diýdi.

410. Müjähit şeýle diýdi: «Allatagalanyň «Dogan-garyndaşlaryňyza, ýetim-misginlere, garyndaş goňşa we bigäne goňşa, ýanyňyzdaky ýoldaşlaryňyza, ýolagçy mysapyra ýagşylyk ediň[1]» diýen sözündäki «Bigäne goňşy» — başga kowumdan bolan goňşy; «Ýanyňyzdaky ýoldaş» — ýola, gezelenje çykanyňyzdaky ýoldaş; «Ýolagçy mysapyr» — gapdalyňyzdan, üstüňizden geçip barýan ýolagçydyr».

---

[1] Gurhan. «Aýallar» süresi, 36 aýat

411. Hasan şeýle diýdi: «Goňşularyňa ýagşylyk etmek isleseň, uzakdakydan däl-de, ýakynyndan başla».

412. Müjähit şeýle diýdi: «Abdylla ibn Omaryňka myhmançylyga baramda, ogullarynyň biri goýun soýup durdy. Abdylla şol oglana bakyp: «Soýup bolaňsoň, ilki bilen jöhit goňşymyzdan başlagyn» diýip, üç gezek dagy aýtdy. Öz kowmundan bolan biri: «Jöhidi näçe gezek dagy ýatladyň?» diýipdir. Onda Abdylla: «Pygamberimiz bize goňşy hakynda şeýle bir öwüt berýär, biz-ä indi goňşyny mirasdüşer ediň» diýer öýdübem çekinýäris» diýipdir.

413. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Hudaýyň ýanynda iň ýagşy adam, goňşusy üçin ýagşy bolanydyr».

414. Sufýan şeýle diýdi: «Kyýamat güni gör näçe adamyň ykbaly goňşusyna baglydyr? Oňa gapysyny açmasa, ýagşylyk etmese haly teň bolar».

415. Hasan şeýle diýdi: «Goňşylaryňa sowgat etmek isleseň, ilki bilen gapysy ýakyn öýe bar».

416. Akyl ibn Ullafa Murry şeýle diýdi*:

«Men goňşularymdan zadymy gysganmaýaryn, olara gyýa göz bilen garamaýaryn.

Çagajyklaryna hem şarpyk çalmaýaryn, gamçy uzatmaýaryn.

Olary gyzykdyrmak we terbiýelemek üçin bolsa hoşamaý sözleri ulanýaryn».

417. Abu Temmam şeýle diýdi*:

«Goňşyň seň öýüňde keýik eti ýaly süýji bolsa,

Goňşym meň öýümde özüm ýalydyr».

418. Ýezit ibn Hekem, ogly Bedre öwüt berip, şeýle diýdi*:

«Eý Bedr, nakyllar diňe akylly we ýumşak häsiýetli adamlara aýdylýandyr. Öz dostuňa mydama söýgide bol, dowamsyz söýginiň haýry ýokdur. Goňşynyň hakyny öde,

sebäbi onuň gadyryny diňe ýagşylar bilýär. Bir zady bil, goňşyň seni bir gün öwmegi ýa ýamanlamagy-da mümkin. Ýöne sen oňa özüniňki ýaly gaýtargy berjek bolmagyn».

419. Jahyz şeýle diýdi: «Dört hili baglanyşyk bar: Söýgi baglanyşygy, garyndaşlyk baglanyşygy, hünär-iş baglanyşygy we goňşy baglanyşygy».

420. Bir adam Kazy Abu Ýusubyň ýanynda: «Pygamber alaýhyssalam bize goňşy hakda şeýle bir ündeýärdi, tasdan ony mirasdüşer hem edipdi» diýipdir. Abu Ýusup ondan: «Bu hakda wesýet eden zady barmy?» diýip soranda, ol adam: «Her bir zatda oňa artykmaç hukugy bagyşlady» diýipdir.

421. Bu wakany maňa Abulkasym Hasr ibn Ahmet ibn Marjy gürrüň berdi. Oňa hem Abu Ýagla Ahmet ibn Müsenne, oňa Abu Rabyg, oňa Salam ibn Sälim, oňa bolsa Muhammet ibn Abu Hamyt, oňa Muhammet ibn Münkedir, oňa hem Jabyr ibn Abdylla gürrüň beripdir: «Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Üç hili goňşy bardyr. Bir hakly goňşy, iki hakly goňşy, üç hakly goňşy. Üç hakly goňşy iň ýagşysy hasaplanýar. Bir hakly goňşy Hudaýy bir bilmeýän, kapyr adam bolup, onuň diňe goňşy haky bardyr. Iki hakly goňşy musulman goňşyň bolup, onda goňşuçylygyň hem-de yslamyň haky bar. Üç hakly goňşy musulman bolan garyndaş goňşyňdyr. Onda goňşuçylyk, musulmançylyk we garyndaşlyk haky bar, ine şu goňşynyň haky seniň öňüňde iň beýigidir. Goňşyny sylamagyň iň bärkije edebi, gazanyňda gowran etiňden, onuň tabagyna guýmajak bolsaň, oňa dadyrmajak bolsaň, gowrulan etiň ysy bilen oňa ezýet bermezlikdir».

422. Muny maňa Abu Ymran Musa ibn Ymran Temimi gürrüň berdi. Oňa Abu Muhammet Dawut ibn Abdyrahman kätip, oňa Abu Sagyt Eşej, oňa Abu Halyt, oňa hem Isa ibn Meýsere, oňa Abu Zinat, oňa bolsa Enes ibn Mälik gürrüň

beripdir: «Pygamber alaýhyssalam «Goňşynyň hakyny hökman ödäň» diýipdir.

423. Muny maňa Abu Ymran gürrüň berdi. Oňa Abu Sagyt Eşej, oňa Abu Hamyt Ahmar, oňa Muhammet ibn Ajlan, oňa hem atasyndan eşidip kakasy, atasyna bolsa Abu Hüreýre gürrüň beripdir: «Bir adam goňşusynyň berýän ezýetine çydaman, Pygamberiň ýanynda zeýrenipdir. Pygamber alaýhyssalam oňa: «Sabyr et, çyda» diýip, üç gezek dagy yzyna gaýtarypdyr. Halys bolmansoň, dördünji gezek ýanyna gelen adama: «Goş-golamyňy uly ýoluň üstüne dök» diýipdir. Ol adam aýdylyşy ýaly edip goşuny ýoluň üstüne döküp, gyrasynda oturyberipdir. Köçeden geçip barýan mähelle: «Saňa näme boldy? diýip soranlarynda: «Pylany azar berip, günüme goýanok» diýipdir. Adamlar ol adama gargynyp: «Ony Hudaý näletlesin, Hudaý ony uzakda saklasyn» diýip, hersi bir zat aýdyp, ötüp gidipdirler. Bir salymdan soň şol goňşysy gelip: «Goňşy, gaýrat et-de goşlaryňy öýüňe sal, galan ömrüme saňa sähelçe-de ezýet bermäýin» diýipdir.

424. Iýas ibn Eret şeýle diýdi*: «Myhmanlaryna we goňşusyna gaty-gaýrym söz diýmeýän ýigitligim üçin meni alkyşladylar. Men adamlaryň şöhradyna görä däl-de, adamkärçiligine görä goňşy tutýaryn. Howlynyň gowulygy goňşynyň gowulygyna bagly».

425. Başga biri şeýle diýdi*:

«Goňşusy onuň hyýanat ederinden çekinmeýär,

Birnäçe iş başyna düşse hem, oňa goldaw-hemaýat berýär».

426. Bir gezek Abuljehim howlusyny satmakçy bolupdyr. Alyjy bilen ikisi ylalaşyp, bahasyny çözmeli bolanda, Abuljehim oňa garap: «Goňşym Sagyt ibn Asy menden näçä satyn alarsyň?» diýipdir. Müşderi muňa haýran bolup: «Eý, Alla, geň-taň göremok, heý goňşam satylarmy?» diýipdir.

Onda Abuljehim: «Üstümde Hudaý bar, goňşym meniň üçin howlymdan eziz. O näme üçin goňşy satylmaýarmyşyn? Zyýan berseňem, ýagşylyk edýän, bir zat dileseň, ýüzüni agraltman berýän, kynçylyga duşaňda goltgy berýän goňşyny nireden taparsyň?» diýipdir. Bu waka Sagyda baryp ýetende, ol Abuljehime ýüz müň dirhem iberip, howlusyny satmazlygy haýyş edipdir.

427. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi:

«Goňşysyny howp-hatardan goramaýan adamyň, Hudaýa we kyýamat gününe ynandygy däldir».

428. Käbir edebiýatçylar şeýle diýdiler*:

«Üstümdäki goňşy hakyny, bütin ömrümde goraryn. Kyýamat güni Hudaý hem ilki bilen goňşularymyň haky hakda sorar. Goňşym maňa golaýlaşman, dawa-jenjel edip sögse-de, oňa ömrüm boýy sögmerin. Tä kepenim topragyň astyna gömülýänçä, goňşymyň syryny açjak bolmaryn. Goňşymyň syry meniň syrymdyr».

## ÝIGRIMI ÜÇÜNJI BÖLÜM

## MÄTÄÇLIGE UÇRANYŇDA ARKADAGLAR

429. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Mätäç zadyňyzy görmegeý adamlardan soraň».

430. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Mätäç zadyňyzy gijesine soramaň! Kör adamdan soramaň!. Bir zady haýyş etmekçi bolsaňyz, ol adamyň gözüne bakyp soraň, çünki gözde haýa bardyr. Zerur zadyňy irden dile. Sebäbi, Allatagala ymmatyma ir bilen bereket berýär».

431. Urwa şeýle diýdi: «Biz şeýle bir zamanada ýaşadyk, eger biriniň goňşusy öz haýyşyny bitirmek üçin başga birine dilege barsa, onuň goňşusy dostlarynyň ýanynda nägile bolup: «Pylanyny bilýäňmi, haýyşyny bitirtjek bolup menden başgalara ýüz öwürýär, näme meni kemsitjek bolýarmyka?» diýýärdi».

432. Ahnaf şeýle diýdi: «Mätäç zadyňyzy üç kişiden, ilki bilen baý bolan garypdan soramaň. Ol: «Eger haýyşyny bitirsem, ýene garyp düşerin» gorkusy bilen ýaşaýar. «Ähli zady hojaýynym çözýär» diýýän guldanam hantama bolmaň. Şeýle hem saýrapydan[1] zat soramaň. Ol bir däneden ýüz dinarlyk peýda görjek bolar».

[1] Saýrapy — pul, maliýe, bank işleri bilen meşgullanýan adam.

433. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Allatagalanyň şeýle bir bendeleri bolup, olar tüýs jennet üçin ýaradylandyr. Adamlar öz haýyşyny bitirtmek üçin onuň ýanyna eňerler. Olar dowzah odundan azat adamlardyr»

434. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Sen dost-doganyňa goldaw bermegiňi dowam etseň, Alla hem saňa ýardam bermegini dowam eder».

435. Japar Sadyk şeýle diýdi: «Ýaradan zatlarynyň içinde, Hudaýyň halaýan abraýly adamlary bardyr. Hudaý olary adamlaryň haýyşyny bitirmek üçin ýörite saýlap aldy. Olar jomartlygy mertebe, edýän ýagşy işlerini baýlyk hasaplarlar. Olar Hudaýa ýakyn bendelerdir».

436. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Mätäç zadyňyzy ýüzi nurly adamlardan soraň. Çünki nurana keşbe duşmagyň özi nygmatdyr».

437. Beşşar ibn Burdy şu manyda şeýle diýdi*:
«Dogry ýolly pygamberden hadys bar,
Ony öten adamlardan ýat beklänler aýdýar,
Pygamber bir mejlisdekä,
Adamlara şeýle diýdi:
«Haýyş etjek bolsaňyz birden,
Soraň, ýüzi görmegeýden».

438. Halyt Kätip şeýle diýdi*:
«Pygamber söz diýdi, dogry sözledi,
Pygamberiň sözi her işe ýaran:
Eger mätäçlik size agram salsa,
Ony ýüzi-gözi gözel adamdan soraň».

439. Başga biri şeýle diýdi*:
«Bir hadys eşitdik, edemzok inkär,
Ony pygambere baglap diýýärler.
«Ýagşy zady görki ýagşydan soraň,
Perişdeler goldawyňyz ibärler».

440. Özge biri şeýle diýdi:

«Ýagşy zady ýagşy adamlardan sora. Durmuşyň lezzetini ýaňy-ýakynda duýan bendelerden zat hantama bolma».

441. Manzur ibn Suhaým Fakgasy şeýle diýdi*: «Myhmany hezzetlemegi ýaňsy saýmaýaryn. Öýüň azygyna aglabermeli bolsa-da, baryndan ber. Gurply jomartlara ýüz tut, näme berse kanagat et. Ýagdaýy ýok ýagşyzadalar bolsa ötünje laýykdyr. Emma, içim jugurdap dursa-da, peslere ýüz tutanymdan, namysymy arassa saklanym, meniň üçin uly azykdyr».

442. «Ýalançy-kezzaba bil baglap, mätäç zadyňyzy ondan soramaň. Ol elýetmez zady «golaýyňa» getirer, aňsat alaýmaly zady «bäri-bärde» goýmaz. Akmaga hem sala salmaň, ol saňa peýda etjek bolup, zyýan berer. Başga birine bergili adama hem ýüz tutma. Ol seniň üstüň bilen öz bergisini üzmekçi bolar. Durmuşy ölçeg-terezä daňylgy bolanlardanam zat soraýmagyn».

443. Mahmyt Warrak şeýle diýdi*:

«Haýyş eden zadyňy gijikdirmän, mylaýym ýüz bilen berýän adam sahydyr. Eger kimdir birine ýüz saraltmaly bolsa, onda sahy we ýagşy adamlara ýüz tutuň».

444. Ol ýene şeýle diýdi*:

«Edepli ýigidiň beren ujypsyzja zady ullakan bezegdir. Binamysyň beren ummasyz peşgeşi bolsa aýyp we ýaňsylamadyr».

445. Ibn Rumy şeýle diýdi*: «Sahawatly adamlary tapmasaň, binamyslaryň berenini al. Goýun bakmany kyn görýän itleri ýyrtyjylar daraýandyr».

446. Halyt ibn Safwan şeýle diýdi: «Mätäç zadyňyzy biwagt soramaň, mynasyp däl adamlardan soramaň, degişli däl zadyňyzy soramaň. Bolmasa adamlaryň garşylygyna duşarsyňyz».

447. Çarwa araplaryň biri ýoldaşyna bakyp: «Ýüzüniň suwy ýok adama dileg edip ýüzüň suwuny dökme, ynsapsyzdan dileg edip, özüňi kemsitme » diýipdir.

448. Bir adam Fazl ibn Ýahýa Bermekiniň ýanyna girip: «Möhlet — umydyň apaty, haýyr-sahawat — ebedi hazyna, ýagşylyk — uly olja, biperwaýlyk bolsa, iş başarýan üçin bela-beterdir» diýipdir. Fazl oňa garap: «Nähili hajatyň bar?» diýip sorapdyr. Ol adam ähli mätäç zadyny beýan edensoň, Fazl ony bitirip goýberipdir. Soňra kätibiniň ýanyna gelip, şonuň aýdan ähli zadyny ýazyp almagy buýrupdyr.

449. Käbir alymlar emirlerine hat ýazyp, şeýle diýipdir: «Hajatyny bitirmek üçin saňa ýüz tutsalar, eger ýerine ýetirseň, ötegçi dünýäde meniň bähbidim bolan zat, ahyretde seniň bagt nesibäňe öwrüler. Eger bu haýyşymy bitirmekden ýüz öwürseň, haýyryň saňa miýesser boljaklygy gümana. Galan zatlar hem şeýle-şeýle» diýipdir.

450. Zyýadyň ýanyna birtopar arap gelipdir. Olaryň içinde gepe çeper biri ör turup: «Alla emiriň işini rowaç etsin, nebsimiz bizi seniň ýanyňa çekdi, bedewlerimizi sen tarapa öwrüp, tapdan gaçyrdyk, seniň ýagşylygyň hormatyna bil baglap geldik. Elbetde bir zada düşünýäris. Hudaýyň beren zadyna hiç kim böwet bolmaz. Böwet bolan zadyny hem hiç kim berip bilmez. Hormatly emir, sen bir hazynanyň eýesi, biz bolsa mätäç-dilegçi. Eger Hudaý saňa «Ber!» diýen bolsa, bize bereweri, eger «Berme!» diýen bolsa, seni ýazgaryp durmarys, barybir Hudaýy öweris we alkyş aýdarys» diýipdir, soňra oturypdyr. Zyýat oňa garap: «Şeýle ajaýyp, gysga we peýdaly söze ömrümde gabat gelmedim» diýipdir. Soňra olaryň islegini bitirmegi emr edipdir.

451. Bir adam Eset ibn Abdylladan hajatyny bitirmegini sorapdyr. Emma Eset ondan boýun towlapdyr. Ol adam: «Men zerur dälem bolsa emirden haýyş edäýdim» diýipdir. Emir oňa

garap: «Şeýtmäge näme mejbur etdi?» diýip sorapdyr. Ol adam: «Ýanyňa gelen mätäç bendeleri söýýändigiňi eşitdim. Seniň söýgiňe mynasyp bolmak üçin pakyrsyran boldum» diýipdir. Eset bu sözi eşidip, onuň ähli soran zadyny beripdir. Haýyşyny bitiripdir.

452. Bir gezek Muhammet ibn Wasyg Kutaýba ibn Müslimiň ýanyna giripdir we oňa garap: «Ýanyňa haýyş bilen geldim. Bitirmek isleseň ikimizem ýagşy adam bolarys. Men mätäçlikden dynaryn, sen alkyş-abraýa eýe bolarsyň. Eger bitirmek islemeseň ikimizem pes adam bolarys. Men-ä hajatymy bitirmän, kösener ýörerin. Sen bolsa şeýtmek bilen özüňi kiçeldersiň» diýipdir.

453. Bir adam Halyt ibn Abdyllanyň ýanyna haýyş bilen barypdyr. Ol: «Hormatly emir, göwniçökgün halda soraýynmy ýa-da umyt bilen?» diýipdir. Halyt oňa: «Elbetde umyt bilen sora» diýipdir Ol adam emir hezretlerinden umydygär haýyş edipdir. Emir hem ony bitiripdir.

454. Medaýyny şeýle diýdi: «Betnyşan ýüzli, iýermen bir adam Zyýadyň ýanyna gelip, saçak başynda çök düşüpdir. Zyýat ondan: «Näçe çagaň bar?» diýip soranda, ol: «Dokuz gyzym bar» diýip jogap beripdir. Zyýat: «Hany olar nirede?» diýende: «Men olardan has owadan, olar bolsa menden has iýermen» diýipdir. Zyýat oňa garap: «Sen sypaýylyk bilen haýyş etdiň» diýipdir. Soňra onuň isleýän zadyny bagyş edipdir.

455. Bir adam Ýezit ibn Müslimiň ýanyna bir hat getirip, ony Hajjaja eltmegi haýyş edipdir. Zyýat oňa göz aýlapdyr-da: «Bu ýerde hiç hili haýyş ýog-a?» diýipdir. Onda ol adam: «Men senden şu haty şoňa ýetirmegiňi soraýaryn, belki ýazgyda laýyk gelip, ol islemese-de, haýyşymy bitirer» diýipdir.

Zyýat Hajjajyň ýanyna girip, ähli bolan wakany we ol adamyň sözüni ýetiripdir. Hajjaj hata göz gezdirensoň, Zyýada ýüzlenip: «Barda şoňa aýt, dogrudanam ol ýazgyda laýyk geldi. Men bolsa şony islemesemem, bitirmeli boldum» diýipdir.

## ÝIGRIMI DÖRDÜNJI BÖLÜM

## SOWGAT-SERPAÝLAR BILEN HAÝÝŞYŇY BITIRMEK

456. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp şeýle diýdi: «Sowgat-serpaý çyrmaşykdyr. Sowgat berip, onuň daşyny gurşap bolýar».

457. Meýmun ibn Mihran şeýle diýdi: «Kätibe işiň düşse, penakäriň tama bolsun».

458. Japar Sadyk şeýle diýdi: «Haýyşdan we mätäçlikden öňürti berilen sowgat-serpaý iň ýagşy zatdyr».

459. Magşar ibn Şebip şeýle diýdi: «Men bir gezek Abu Japar Mansuryň şeýle diýýänini eşitdim: «Soltanyň ýüregini ýumşadýan, gaharlyny köşeşdirýän, köňül-kinesini aýan etdirýän, algydaryňy yza gaýtardýan, kesekini özüňe maýyl edýäň iň täsirli zat - sowgatdyr».

460. Rube ibn Ajjaj şeýle diýdi*:

«Berim-peşgeş getirdiler, öňünde dyza çöküldi,
Şeýdip Hudaý olaryň bentläp goýan zadyny asan etdi».

461. Hüzeýl ogullarynyň käbiri şeýle diýdi*:

«Kimdir biri bilen dawa tutsam,
Dirhemleri hüjüme geçirip,
Ony ýüzin ýykýaryn.
Eger jenjel peýda bolsa,
Dirhem-dinar bilen utýaryn».

462. Ahmet ibn Abu Tahyr şeýle diýdi*:

«Eger onuň dostlugy ýürekden bolsa, eliňe doly jam alyp, gapysyna maňlaý dire. Gapyň agzyndaky sakçydan ýa-da onuň ýapyklygyndan gorkma. Sowgat ähli bagly gapyny açýandyr. Bir zady bil we inkär etme: Adamzat ýaradylany bäri ýa-ha adamlary hormatlajak bolar, ýa-da olardan arany üzjek bolar».

463. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Perdäniň göterilmegi üçin maňa eden haýyşyňy bitirmäge borçludyryn. Sen hem gadagan zatlardan saklaýanym üçin hökümime tabynsyň».

464. Bintul-Hus diýlen zenandan: «Iliň başy bolup otyrkaň, näme üçin guluň bilen zyna iş etdiň?» diýip soranlarynda, ol: «Ýassygymyň ýakynlygy we uzak wagtlap maýyl edeni üçin» diýipdir.

## ÝIGRIMI BÄŞINJI BÖLÜM

## HOŞAMAÝ SÖZ WE SYPAÝÝLYK BILEN DILEG ETMEK

465. Muny bize Şyh Abu Tahyr Raýýan ibn Aly Wasyty gürrüň berdi. Oňa hem Abu Bekr Şapygy, oňa bolsa Muhammet ibn Ýunus Kuraýşy gürrüň beripdir:

«Bir gezek üýşüp otyrkak, bir agraby[1] gelip ýanymyzda saklandy. Ol uzyn boýly, bürgüt burunly adamdy. Ol bize bakyp: «Sözümi diňlemekden ünsüni sowmaýanlary Alla ýalkasyn. Meniň ýaramaz ornumdan ahyreti üçin many alsyn. Diýarlarda gurakçylyk, ýagdaýymyz açlyk. Utanç — sözlemäge çekindirýän ynsap, garyplyk bolsa dillenmäge mejbur edýän ötünçdir. Ýagşylyk edip göwnümizi göteren ýa-da haýyr dogasyny eden bendeleri Alla ýalkasyn, çünki ýagşy doga iki sany uly sadakanyň biridir» diýdi. Men ondan: «Taňryýalkasyn, sen kimlerden bolarsyň?» diýdim. Ol: «Hudaý günämi ötsün, ýaramaz gazanç garyndaşlaryňdan gaýra goýýar» diýip jogap berdi.

[1] Agraby — çarwa arap.

## ÝIGRIMI ALTYNJY BÖLÜM

## SERIŞDE WE ŞEPAGAT. MÄTÄÇ BENDELERIŇ OŇA BAGLYLYGY

466. Muny bize Basranyň kazysy Abu Omar Abdylwahyt ibn Muhammet ibn Mäti Bagdady gürrüň berdi. Oňa Abu Aly Luwluw, oňa Abu Dawut, oňa Müsetdit, oňa Sufýan gürrüň beripdir. Ol hem muny Bureýt ibn Abu Burdadan, ol kakasyndan, ol bolsa Abu Musadan eşidipdir: «Pygamber alaýhyssalam: «Menden towakga ediň! Hudaý öz pygamberiniň dili bilen islän zadyny bitirer. Siz bolsa ýagşy sylaga mynasyp bolarsyňyz» diýdi».

467. Abdylla ibn Mälik Enmaty şeýle diýdi: «Hasan ibn Sehliň söhbetinde otyrkak bir adam gapydan girip, haýyş hatyny ýazyp bermegini sorady. Hasan öz kätibine şeýle haty ýazmagy buýurdy. Haçanda hat taýyn bolansoň, Hasan oňa möhrüni basyp, ýaňka uzatdy welin, ol adam ýerinden laňňa galyp, Hasana alkyş-öwgi aýtmaga başlapdyr. Hasan ol adama garap: «Hormatly adam, näme üçin alkyş aýdýarsyň?! Biz ile haýyş hatyny ýazyp bermegi adamkärçiligiň zekaty saýýarys. Pygamberden eşidip rowaýat etmeklerine görä, ol: «Her bir adam baýlygyna jogap berişi ýaly, adamçylyk mertebesine hem jogap bermelidir» diýipdir» diýdi.

Kermany şahyr hem şu söhbetdeşlikde otyrdy. Ol ýerinden böküp turup: «Siziň bolşuňyzy görüp, bir pikir kelläme geldi.

Siziň aly jenabyňyz, indi men, öz zadymy hem-de eden işlerimi, elimdäki zatlaryň we mertebämiň zekatyny ödemek üçin sarp ederin*.

Eliňde baryndan jomartlyk et,
eger ony başarmasaň,
Ähli adamlara peýdaly bolar ýaly,
başardygyňça ýagşy işe yhlas et» diýdi.

468. Ibn Rumynyň Abu Sakra ýazan hatynda şeýle setirler bar*: «Eý, Abu Sakr, senden başga şepagat edibiljek adam ýokdur. Mende bolsa, seniň jomartlyk şepagatyňa, şygrymdan başga gaýtarara zadym ýok. Özge ýardamçylarda berere zat tapylmasa-da, seniň joşgunly sahawatyň ähli zada serişdedir. Sen ýagşylyk etmek bilen hemmeleri özüňe gönükdirdiň. Sen hakdaky oýlarym bolsa, meni seniň ýanyňa getirdi. Saňa etjek zatlarym parlak nur ýaly aýdyňdyr: Yhsan etseň, bol alkyşym kepildir. Eger, hasyl edip bilmeseň, bagyşlara ötünjim köpdür».

469. Käbir kätipler öz dostuna hat ýazyp, şeýle diýipdir:

«Ýagşy işiňi Alla goldasyn, saňa bolan umydymdan, mähriňe bolan ynanjymdan, merhemetiňe arka direnmämden başga, saňa ýeter ýaly ulagym, ýanyňa elter ýaly penakärim ýok. Men edil öňde biriniň aýdyşy ýalydyryn*:

«Seni hajatyma penakär etdim,
Söýgümden ýasadym saňa şepagat».

470. Dygbyl ibn Aly Huzagy şeýle diýdi*:

«Öz mähri bilen haýyşyňy bitirip, özgeden alkyş tama edýän adam akmakdyr. Hajatyňy bitirende, hemaýatkäriňe alkyş aýt, ol seni süňňüňe ornan bigäna gylygyňdanam goraýandyr».

471. Möminleriň emiri Ibn Dawudyň haýyşlarynyň köplüginden bizar bolup, bir gün oňa şeýle diýipdir: «Eý, Ahmet, seniň isleg-talabyň döwlet hazynalaryny boşadyp barýar, haýyşlaryň köplügi onuň bitmegine zelel berýär»

diýipdir. Ibn Dawut oňa ýüzlenip: «Eý, möminleriň emiri, şonuň üçin aýdýan alkyşlarymyň ählisi — sogaplar hazynasy saňa ýazylýar. Bu ýerde men dilleriň diňe seni öwüp durmagyny ýürekden küýsänligim üçin şeýdýärin. Meniň üçin bärde başga hiç hili bähbit ýok» diýipdir. Möminleriň emiri: «Eý, Abu Abdylla, Alla seniň bize bolan alkyş söýgiňi öçürmesin. Adamlaryň senden edýän haýyş towakgasy we öz mätäçligiň üçin öňkülerdenem rahat we razy bolup gez. Elbetde söýgi bolmazdan ýagşy zatlara gowşup bolmaz» diýipdir.

472. Muhammet ibn Sagyt dostlarynyň käbirine haýyş hatyny ýazyp bermegi soraýan işçilere şeýle diýdi*:

«Adamlaryň käbiri aladaly wagty kömek soramakdan utanýarlar. Eý, abraý-şöhratyň ýşkyna düşen, belent mertebede mesgen tutan merdana! Bu adamlar, maňa ýardam berýäniň, özlerini hem goldamagy üçin haýyş edýärler. Eý, sahawat buludy bilen asmany gaplaýan ýigit, sen bulary ýaz ýagşyna meňzeş sahawatyň bilen ezeweri».

473. Ahmet ibn Dahhak şeýle diýdi*:

«Alyn dişleriň aklygy edil dür ýaly,
Gözüňi süzüşiň meňzeýär jada.
Ýüzüň röwşenligi dolan aý ýaly,
Saňa meňzeş başga ýokdur dünýäde.
Meniň gözýaşlarym deňize döndi,
Kalbym yşka ýanyp, öwrüldi köze.
Şu barýan ýigide eden kömegiňi,
Hasaplaryn, etdiň diýip özüme».

474. Edepli adamlaryň käbiri özlerinden haýyş edilip, özelenip duransoňlar, şol mätäç adamlary alyp, emeldaryň ýanyna gitmeli bolupdyrlar. Haçanda emeldaryň howlusyna ýetenlerinde, sözlär tamasy bilen öňlerine salyp gaýdan adamsy emeldara haýyş bilen ýüz tutmakdan çekinipdir. Bu ýagdaýa

göz ýetiren mätäç adam*: «Başda umyt edip gelýän adam täsin.Ol asyl peýdasyz zatdan tama edipdir. Biz onuň bilen emeldaryň ýanyna haýyş etmäge geldik. Ol bolsa, gürlemäge çekinip, biziň dillenerimize garaşyp dur» diýipdir.

475. Muny maňa Aly ibn Kasym Basry gürrüň berdi. Oňa bolsa Abu Bekr As-Suly gürrüň beripdir: «Abu Temmam Taýy Abdylla ibn Tahyryň ýanyna baranda, oňa känbir göwni suw içmeýän zady bermekligi buýrupdyr. Ol hem muny alyp pytradyp goýberipdir. Abdyllanyň oňa we beren zadyny çar ýana saçmasyna gahary gelip, gazaba münüpdir. Abu Temmam bolsa ondan öýke edip, Tahyr neberesiniň şahyry we iň ýakyn adamsy bolan Abu Amaýsalyň ýanynda zeýrenipdir. Abu Amaýsal Abdylla ibn Tahyryň ýanyna girip: «Hormatly emir, alys ülkeden saňa bolan süýji umydyny äkelen, seniň üçin süňňüni we pikirini ýadadan adama gahar edýärmiň?» diýipdir. Abdylla bu sözleri eşidensoň, Abu Temmamy ýanyna çagyrypdyr, şol günki bolan wakalara ökünýändigini aýdypdyr. Ol Abu Temmama halat ýapyp, müň dinar bagyş edipdir. Barmagyndaky iň gymmatbaha ýüzügini çykaryp, oňa sowgat edipdir.

As-Suly şeýle diýdi: «Abu Temmamyň Abdylla ibn Tahyr bilen baglanyşykly bu wakasy dogrudyr. Sebäbi ol onuň ýanyndan gaharlanyp gaýdandygyny özi gürrüň berdi. Ýöne aslynda edil şeýle bolandyr öýdemok».

## ÝIGRIMI ÝEDINJI BÖLÜM

## SYPAÝÝÇYLYK BILEN DILEG EDENIŇDE HOŞAMAÝ SÖZLÜLIK.

476. Bir gezek Muhammet ibn Wasyg Kutaýba ibn Müslimiň ýanyna girip: «Ilki Hudaýdan dilän haýyşym bilen seniň ýanyňa geldim. Eger ony bitirseň Hudaýa hamd aýdaryn, saňa bolsa alkyş. Eger bitirmekden ýüz öwürseň, Hudaýy senalaryn, seni bolsa bagyşlaryn. Çünki Hudaýyň bermejegini sen berip bilmersiň» diýipdir. Soňra hajatyny aýdanda, Kutaýba ony bitiripdir.

477. Ibn Semmak bir adama garap: «Saňa ynanýanlygym üçin, senden dileg etmegi özüme peslik bilmedim, senem mätäç ýüzümi boş gaýtarmakdan saklanaweri. Seni umytlap özümi nirede goýan bolsam, sen hem sahawatyň bilen meni şol ýerde goýaweri» diýipdir.

478. Biri başga birini alkyşlap şeýle diýipdir: «Seniň ýagşylyk edişiň çalt, hatda käteler ýüzüň sowuşyň hem ýakymly, goldaw-hemaýatyň bolsa bähbitli» diýipdir.

479. Ýanyna gelen käbir wekillerden: «Baýlygyň näme?» diýip, Mansur sorapdyr. Ol: «Dilegçilik etmekden ýüzümi saklaýan, dostuma ýagşylyk etmekden welin ejiz gelýän» diýipdir. Mansur oňa: «Sen jana hoş ýakýan sözler bilen öz mätäç zadyňy beýan etdiň» diýipdir hem-de oňa müň dirhem sowgat bermeklerini buýrupdyr.

480. Ahmet ibn Mihran käbir dostlaryna hat ýazanda şeýle diýipdir: «Men alkyş bilen ötünjiň arasynda durun. Alkyşyň hormaty bilen dogruçyl ötünjiň mertebesi deňdir. Iliň göwnüni görjek bol! Öz bähbidiňi öňe sürüp, il ýardamyna biperwaýlyk etme!» diýipdir. Soňra şeýle sözleri ýazypdyr: «Ötünç kabul ediler, ýöne welin ötünç bilen alkyşyň arasynda örän uly tapawut bar».

481. Ýahýa ibn Halyt Bermeki ogly Japara şeýle ýazypdyr*: «Saýyl-sergezdana hergiz gazap bilen garamagyn. Gapyňda mätäji görmek – ykbalyň beren haýrydyr. Mertebäňden umyt edip geleni boş yzyna gaýtarma. Adamlar ýakyn-u alysda meşhurlyga eýe bolarlar, ýöne diňe ýagşylykda belli bol».

Bu setirleri okan Japar şol günüň özünde adamlaryň ýüz sany ýumşuny bitirip, garyp pukaralar üçin ýüz müň dirhem sarp edipdir.

482. Başga biri şeýle diýdi: «Kim seni mertebä laýyk bilýän bolsa, onuň umydyny unutma, ýumşuny bitir. Ýanyňa gelýän adamlaryň ýüzüni almasaň we kowmasaň, sen elmydama rahatlykda we eşretde ýaşarsyň. Pelek hatda gizlin zatlary hem tozdurýandyr, ýöne ýagşylaryň amaly hergiz unudylýan däldir».

483. Jahza şeýle diýdi*: «Men seniň ýanyňa geldim. Ýöne welin ellerimde saňa bolan çyn söýgimden başga berere zadym ýok. Eger ýumşumy bitirip, men garyby goldasaň, saňa minnetdar bolardym we elmydama alkyş aýdardym. Eger başarmaýanlygyň üçin bagyşla diýseň, men senden aýyp etmerin. Hatda maňa beren zatlaryň, şumlugyma sebäp bolsa-da, men seniň ýagşy adamdygyňy inkär etmerin».

484. Abu Amaýsal şeýle diýdi*:

«Eý, akylly adam, seniň ýanyňa ne dostluk duýgusy bilen, ne umydy salgy berýän sebäp bilen geldim. Bir zat welin hak:

Eçileniň bilen egsilmez mülküň,
Gysgananyň bilen artmaz hiç zadyň».
485. Halyg şeýle diýdi*:
«Örän köp adamdan köp zat diledim,
Ýöne sahydan özgäniň aýasy açylmady.
Binamysa el serip, pes bolup gezenimden,
Ýagşy göründi maňa, dünýäden geçilmegim».

486. Muny maňa Aly ibn Kasym Basry aýdyp berdi. Oňa bolsa Abu Bekr as-Suly aýdypdyr: Ibn Abu Fenen şeýle diýipdir*:

«Zamana parçalap dur, agyz urýar tenime,
Gel-de, halas et meni, goýma pelek çemine.
Mertebäňden umyt edip, ýüzüm öwürdim saňa,
Laýyk bilip ynsabyňa, çagyrýaryn kömege.
Ýalmanyp dur ýuwdarha, janyma dem bermezden,
Saňňyldaýar bedenim, meni basypdyr gorky.
Eger halas etmeseň, şu ilkinji haýyşym
Haýyşlarmyň içinde bolup galar iň soňky».

487. Bize gelip ýetişine görä, bir agraby Mätiniň weziri Abu Ubaýdullanyň ýanyna giripdir. Ol aýagy ýyrtyk çarykly, egni bolsa ýüpek donly ekeni. Ol weziriň per ýassygynyň ýanyna ýetýänçä, adamlary basgylap, ötüp geçipdir. Soňra wezire bakyp: «Weziriň işini Hudaý oňuna etsin! Özümi seniň sahawatyň astyndaky düşek saýýaryn, bagyş edibilýän nygmatyňa görä ýardam isleýärin. Maňa wada berlen iki möhlet geçdi gitdi. Üçünji dilegimi bitirseň, onuň üçin alkyş aýdyp, arabyň içinde at-abraýyňy uludan-kiçä ýaýaryn. Men yhlasyňa bürenen enaýatyňa baglydyryn. Sabryň hözürini görüp, taryplanmagyň üçin, saňa ýeterlik derejede alkyş aýdaryn» diýipdir. Soňra agraby esli wagtlap başyny aşak salyp oturypdyr. Hiç kimden ses-seda çykmandyr. Soňra agraby başyny göterip, adamlaryň ýüzüni nazarlap: «Heý kömek

etjegiň, halas etjegiň, ýardam etjegiň ýokmy?» diýipdir. Şol dem bir ýaş kätip ýerinden laňňa galyp, Abu Ubaýdullanyň öňünde gelip, çök düşüpdir. Ol: «Eý, Alla, weziriň işi oň bolsun! Bu biçäre senden umyt edýänçä özgelerden zat soramandyr. Howp-hatardan halas bolup, üstünlik umydyny duýmazdan hem, senden umyt etmändir. Gaýra goýmazdan, oňa ýagşylygyňy bagyş etseň, öňde biriniň aýdyşy ýaly bolarsyň. «*Umydygäri boş gaýtarmak we wadalary yza çekmek abraýdan daş düşürer. Baýlygyň barka, sahawat eçil we şöhrat gazan».

Abu Ubaýdulla bu sözleri eşidip: «Men seniň aýdyşyň ýaly ederin» diýipdir we hyzmatkärine on müň dirhem pul getirmegi buýrupdyr. Agraby bu ýaş ýigide bakyp: «Hudaý bela-beterleri senden sowa goýsun. Seniň bu gözel işiň üçin minnetdardyryn» diýipdir. Abu Ubaýdulla bulara bakyp: «Başyňyza döneýin, ikiňizem ajap adam, ikiňizem birek-birege sahawat etdiňiz» diýipdir.

488. Mamunyň hökümdarlyk eden döwründe, Yshak ibn Ybraýym Möwsylynyň gündelik azygynyň gelmesi gijigipdir. Yshak Mamuna hat ýazyp: «Eý, möminleriň emiri, biziň umytlarymyz üçin seniň sahawatyňdan beýik zat ýokdur, ýüreklerimiz seniň döwletiňden özgä höwes etmez, ýöne näme üçindir gündelik azygymyz gijä galýar, haýyrdyr-bähbitler bizden gyra aýrylýar? Näme üçindir bize bolan söýgiňi gazanmak has agyr bolýar? diýipdir. Mamun bolsa oňa ýazan jogap hatynda «Seniňkiden sypaýy dilege, ajaýyp öwginiň we arzy-talabyň şirin söz bilen beýan edilişine öň duşmadym» diýipdir.

Soňra Mamun onuň ähli azyk hakyny dessine eltip bermegi buýrupdyr.

489. Käbirleri şeýle diýdi*:

«Dilegçä berýändigiň üçin seniň, alkyş aýdýanlygy üçin onuň has uly sogaba eýe bolýanlygy belli. Adamlar üçin iň mynasyp we bähbitli zat mylaýymlykdyr».

490. Rowaýatlara görä bir garryja ene Kaýs ibn Sagt ibn Ubadanyň ýanynda saklanyp: «Maňa kömek et, öýümde syçanlar azlyk edýär» diýip zeýrenipdir. Kaýs muňa ýylgyryp: «Gör nähili kinaýaly söz! Bu garryja enäniň öýüni çörek, hurma we ýag bilen dolduryň» diýipdir.

491. Gulak asmaklaryny (diýeniňi etmeklerini) isleseň, başaryp bolmaýan zady sorama.

492. Biri käbir emirlere garap, şeýle diýdi*: «Meni seniň gaşyňa gönükdiren gaýratym kemelmedi, seni salgy beren islegim lapykeç bolmady, seniň ýanyňa getiren umydym öçmedi. Sizi senalap, gazanýan üstünligime görä, bähbit we baýlyk tapýaryn».

493. Hüzeýl ibn Zufer Ýezit ibn Mühellebiň ýanyna girip: «Senden kömek soralýanlygy üçin, şan-şöhratyň beýige galypdyr. Şol işi köp edýän diýäýmeseň, sen hiç hili üýtgeşik zat etmeýärsiň. Ile ýagşylyk etmek geň zat däl, ýagşylyk etmezlik geňdir» diýipdir.

494. Bir gezek Şebip ibn Şeýbe Mansuryň ýanyna barypdyr. Ol giren dessine Mansur oňa bakyp: «Hajatyňy soraber» diýipdir. Şebip oňa garap: «Eý, möminleriň emiri, seniň keremli eliň, meniň dilegçi dilimden sahawatlydyr. Özüň isläniňden eçiliber» diýipdir.

495. Bir gezek Attaby Mamunyň köşgüne girip, oňa kasyda[1] okap beripdir. Mamun oňa bakyp: «Gerek zadyňy sora» diýende, ol: «Seniň ömrüňi uzyn we mertebäňi beýik saklamagyny, öwgi-tarypa we ululyga mynasyp bolmagyňy Hudaýdan soraýaryn» diýipdir. Mamun ýene oňa garap:

[1] Kasyda — uly göwrümli şygyr, poema.

«Gerek zadyňy sora. Beýle pursat mydama tapdyryp durmaz» diýipdir. Ol*: «Eý, möminleriň emiri, ömrüň azalmagyny islämok, sahawatyňdan peýdalanyp, aňryma zat basamok, husytlygyňdan hem çekinip duramok. Seniň sowalyňa jogap bermek biz üçin zynat, peşgeşiňe eýe bolmak — abraý-mertebedir. Ýüz tutan her bir kişiniň ýüzi alynýan däldir. Olara kemsidilme bilen garamak bolsa, öz mertebäňi kemdigiňdir» diýipdir.

Onuň sözleri Mansuryň göwnüne ýarapdyr. Şeýle salyhatly we edepliligi üçin oňa alkyş aýdypdyr.

496. Mütenepbi şeýle diýdi*:

«Ýüregiňize düşerin gorkusy bilen, hat-da salam bermäni hem azaltdym. Meniň nebsimde mätäçlik, sizde bolsa düşbilik bar. Siziň ýanyňyzda dymmak hem sözlemek we ýüzlenmek ýalydyr».

497. Ýezit Mühellebi şeýle diýdi*: «Adamlar siziň öwgüňizi abraý-öwginiň çäginden ýokarda saýdylar. Çünki olar sizden, beýleki soralýan zatlardan beýigini soradylar. Senden umyt eden zadyma ýetdim, eger ýetmejek bolsam, ynam etmedik bolsam, umyt hem etmezdim».

498. Dapba taýpasyndan bolan bir agraby Abdylmälik ibn Merwanyň ýanyna girip, oňa salam beripdir. Soňra*:

«Üstümizde Hudaý bar, eger senden haýyşymyz bitmese, senden başga kime ýüz tutarys. Tutuş ýurduň içinde haýyş edip gördük, ýöne gözel ahlagy bolan senden başga duşmadyk. Sahawat edip, özüňe öwrenişdirdiň, indi bu adatymyza sabyr et. Bolmasa-da barar ýaly birini salgy ber» diýipdir.

Abdylmälik oňa müň dinar peşgeş beripdir. Bir ýyl geçensoň şol agraby ýene dolanyp gelip*:

«Haýyr-yhsan edýän adamy söýýändirler. Ynsan ýagşylyk etse, onuň öwezini Hudaý doldurýar we abraýyny artdyrýar.

Siz, bir jaýy gurup bolandan soň, sähelçe kem ýerini düzeltjek bolup, yny ýumrup taşlaýan ussalar ýaly dälsiňiz» diýipdir.

Abdylmälik bu gezek oňa iki müň dinary sowgat beripdir.

499. Rowaýatlara görä, Pygamber alaýhyssalam ilçilere, hemaýatçylara we wekillere mahsus güler ýüzi we atlarynyň owadanlygy bilen haýyşyny bitirmeklerini sorar eken.

500. Omeýýa ibn Abu Salt şeýle diýdi*:

«Bir gün biri saňa alkyş aýtsa, şol alkyş seni göribiň garşylygyndan gorap saklar».

## ÝIGRIMI SEKIZINJI BÖLÜM

## WADADAN DÄNMEK WE ONY YZA ÇEKMEK

501. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Söz berdiňmi, ony bozma».

502. Möminleriň emiri Aly şeýle diýdi: «Wada beren (söz beren) adam, äht eden ýalydyr. Ähdi bitirmeseň, ondan dänilýän däldir».

503. Asylly adam wadasyny nagt we tiz bitirer, bihepbe beren sözüni unudar, yza teser.

504. Abdylla ibn Mugtaz şeýle diýdi: «Wadalar we ähtler erkin adamlaryň bergi-borjudyr. Allatagala öz ilçisi Ysmaýyly wasp edende: «Ol wadasyna wepaly ilçi pygamberdi[1]» diýdi we beren sözüne wepaly bolmagy onuň keramaty etdi».

505. Ibn Apbas şeýle diýdi: «Sap ýürekli adam wadasyna wepaly, abaý-syýasata geçirimli bolar».

506. Ahnaf şeýle diýdi: «Her bir zadyň apaty bar. Ýagşy işiň apaty ony yza çekmekdir».

507. Käbirleri şeýle diýdi: «Zerur işler yza çekilende, olara ähmiýetsiz garalar. Eger biriniň haýyşyny bitirjek bolsaň bir zady unutma: Näçe tiz etdigiňçe şonça-da kämil bolýandyr».

508. Welit ibn Ubaýt şeýle diýdi*: «Haýsydyr bir wadany doly ýerine ýetirmejek bolsaň, hergiz «bolýar» diýip söz

[1] «Meryem» süresi, 54 aýat

berme. Eger bir işe «bolýar» diýseň, ony bitirmek üçin jan et. Sözüňde durmazlyk aýypdyr, aýyp iş bolsa ýigit üçin nogsanlykdyr. Aýyp işden goranmaýan adama ýaramazlyklar hüjüm eder».

509. Başarmaýanlygyň üçin, öňürti ötünç soramak, beren sözüňi yza çekenden haýyrlydyr.

510. Aly ibn Haşymyň sözleri*: «Her adamyň tiz eçilýän sahylygy, ol hakynda ýagşy sözleri ýaýradar. Erkin adamlaryň haýyşyndan ýüz öwürmeli däldir. Olar hem her adamyň hormatyny inkär etmeli däldir».

511. Ahmet ibn Tahyrdan*: «Maňa beren wadalaryň Karunyň genjinden tama etdirdi. Soň bir gün gije kir ýuwýany getirdiň we öz aýdyşyň ýaly: «Sabynsyz ýuwduň».

512. Ibn Rumydan*:

«Wadalaryňy gijikdirmegiň jany ýa-da jesedi bar bolsa,
Bitjekdigine şübhe etmezdik, görünse bir uç.
Ýagşylygy az edişiň ýaly, ony hem gysga etme,
Il deňinden geçeniňde, diýerler: «Gelipdir ýajuj».

513. Dygbyldan*: «Ýagşylyk bilen engam etseň, ony gijikdirip zaýalama. Wadalary yza çekmek bilen husytlygyň arasy örän ýakyndyr».

514. Başga birinden*: «Hudaýa şükür! Başa iş düşende seni öňem synap görüpdik. Seniň ähli wadalaryň bilen boş sözler des-deň».

515. Wehp ibn Haýýarydan*: «Men saňa ähli ýagdaýlarda ýagşylyk edýärin. Saňa eýerip, wadamy bozmandym. Sen her gün maňa täze wada berip, hasylyndan binesip goýýarsyň».

516. Aly ibn Jehmden*: «Tä adamlar tabydymy göterýänçä, maňa beren wadalaryň biter öýdemok. Wadany bitirmek islemeýän bolsaň, ol haýyşymyň gabryny gazmagy welin üstüňe al. Köp zatlary söz bereniňde, şeýle bir umyt

edýärdim, görýän welin seniň wadalaryň ýöremäni öwrenmedik çaga ýaly görünýär».

517. Hammat Ajradan: «Ýok» diýmegiň hem iň owadany, ony tiz diýmekdir. Sebäpsiz ýere yza çekmek — sahawatyň apatydyr».

518. Abu Amrdan: «Sözünde durmazlyk mertebeli kişiler üçin utançdyr. Ýöne ýalan sözüniň tersine gitmegi dogrudyr».

519. Şu manyda Hatam Taýdan*: «Agam ogullary meniň güýjümden we haýbatly gujurymyň apatyndan gorky etmeýärler. Men olara wada ýa-da söz bersem, bellän möhletlerimde hökman hasyl edýärin».

520. Enes ibn Zuneýmiň aýdany*: «Bir zady bilsedim, emirimiň wadasyny bozmaga näme mejbur etdikä?! Eý, emir, öň sylanyňdan soň, indi hergiz kemsitme. Çekeleşip durmak erbet adatdyr. Maňa duçar eden mähnetleriňi we il ýanynda aýdan sözleriňi ýatla. Seniň beren sözüň ýalpyldap giden ýyldyrymça hem bolmady. Iň oňady bolsa, soňundan ýagyş ýagýan ýyldyrymdyr».

521. Aly Jehmden bagdatlylar hakda soralanda onuň aýdany*: «Sözi bilen ýagşy zatdan boýun towlar. Edýän işleri bolsa ondanam beter bolar».

522. Täze baýan käbir kişileriň aýdany*: «Göz guwanjyň bolan baýlyk we perzent bilen, Hudaý ömrüňi uzaltsyn. Abraýymyza ýaramaz sözi eşitmek we edilen umytlaryň ödelmezligi, biz üçin biabraýlykdyr. Dinar bilen dirhemiň ikisem puldur, ýöne olar hiç haçan deň bolýan däldir».

523. Musgap ibn Zübeýrden*:

«Eger bitirmejek bolsaň, wadada haýyr bolmaz
Beren sözüň bozmakdan wepalylyk hormatdyr.
Gaýra goýlan haýyr işiň peýdasy ýok sähelçe,
Ýagşy işiň bähbitlisi, ony tiz bitirmekdir».

524. Japar ibn Ýahýadan: «Asylly adama berjek ýardamyňy yza goýandan, algydaryňa berjek pulyňy yza çekeniň ýagşy. Sebäbi asylly adam, diňe zerur-mätäç wagty soraýar, algydarlar bolsa artyk puluny berýär».

525. Abul Aýna käbir wezirler hat ýazyp, şeýle diýipdir: «Eger meni üstünlige laýyk bilmeýän bolsaň, onda şumluga ýaran et. Şükür edeniňe degmeýän adamlar, ötünç soranyňa hem degýän däldir. Şonuň üçin özüňi ýaňsylamadan goraýşyň ýaly, bizi hem kynçylykdan gora».

526. Käbir edebiýatçylardan: «Aýdýan zadyňy edýän bolsaň, onda sen asylzada ýigitsiň. Sahynyň ýalan sözünden, gysganjyň çyn sözi ýagşydyr».

527. Aly ibn Zekkar Faryky maňa şeýle gürrüň berdi. Oňa Muhammet ibn Hasan ibn Dureýt, oňa hem Abu Hatam, oňa bolsa Utby gürrüň beripdir: «Çarwa araplaryň biri gurply baýlaryň käbiriniň huzuryna baryp:

— Zerur zadyňy tapjak bolup, onuň umydynda ýalňyşdygyň, göwnüçökgünlik hesretini tizleşdirdigiňdir. Azajyk hem bolsa, isläniňe gowuşmak, bergiň köpem bolsa, mätäç gezenden gowudyr. Kösençlik ýok ýerde sözden dänmek sahylar üçin apatdyr — diýdi.

528. «*Sözden dänmeklige asla golaýlaşma, ol her bir sahawatly el üçin uly apatdyr. Eger biriniň hajatyny bitirmegi yza çeken bolsaň, oňa ömür boýy hyzmat edip gez. Ýogsam, ol saňa gadyrly garamaz, çünki sözi yza tesmek adamyny sowaşdyrýandyr».

529. Ýene birinden*: «Etmekçi bolan işleriňiz bol wadalar bilen uklap galdy. Gujur-gaýratyňyzy size bolan ynamymyzy ýitirmäge sarp etdiňiz. Siz nogsanlyklary kemçilik saýman, badyhowa gezýärsiňiz».

## ÝIGRIMI DOKUZYNJY BÖLÜM

## WADANY ÝAGŞY SÖZ BILEN TALAP ETMEK

530. Beşşar ibn Burdyň aýdan sözi muňa gowy mysallaryň biridir*: «Men seni silterlemedim, beren sözüňi unudansyň öýtmedim. Ýa-da bitirmediň diýip, kaza barmak islemedim. Ýöne gylyç gynyndan çykansoň, bulap galanymy ýagşy bildim».

531. Şol manyda ýene biri*: «Eger haýyşymyz unudyljak bolsa, ýazgy bilen ýatladarys. Päk ynsanlary gapyl goýsa, hoşamaýlyk bilen talap ederis. Çünki, eneler öz çagasyny söýýändigi üçin däl-de, balasynyň ajyganlygy üçin emdirýärler».

532. Abdysamat ibn Fazl Rakaşy Reýiň welisi Halyt ibn Deýseme ýüzlenip, şeýle diýdi*:

«Eý, Halyt, Reý şäheri bize adylsyzlyk etdi,
Onuň giňligi we durmuşy bize dar göründi.
Sen özüňe bulut ýaly tama etdirip,
Ýyldyrymyň ýagtysy bolup şöhle saçdyň.
Ýöne onuň yzyndan ýagyş damjalamady,
Ne gökden bulut syryldy, umydymyz üzer ýaly,
Ne-de ondan ýagyş ýagdy, teşneler ganar ýaly».

533. Abdylsamatdan*: «Meni goýuň, belki men siziň kömegiňize laýyk däldirin. Ýa-da siziň özüňiz alkyşly sözlere mynasyp dälmi?»

534. Başga birinden*:
«Wadasyny bitirmän gelýän wekil,
Gelende ýagyş ýagmaýan bulut ýalydyr».
535. Başga birinden*:
«Wadasy salgym bolan, emire hiç hiläm ýok,
Söz berýär, ýöne sözi buludy ellän ýaly».
536. Ahmet ibn Tahyrdan*:

«Eý, laçynyň atasy, haýyşdan hoşnut ýüz öwürmek, meniň üçin ýagşy işleriň biridir. Beren sözün süýrenjeňlige salýan ýagşy adam bilen, bahylyň arasynda ullakan tapawut ýokdur! Wagty geçensoň eden ullakan kömegiňden, öz wagtynda edilen azajyk ýardam ýagşy».

537. Mühellep ibn Abu Sufradan*:

«Eý oglum, eger ynsan balasy säher ugrap, giçlik sag-aman dolanmakdan başga zady öňarmaýan bolsa, ol hiç haçan özüni ekläp bilmez. Özgäň eşigini geýenden, öz donuňy oňa bereniň ýagşy. Özgeleriň ulagyna münenden, ulagyňy olara bereniň oňat».

538. Kaýs ibn Züheýrden*: «Kösense-de, islegine gowuşyp bilmeýän adama, «Ýok» diýlip, açyk aýdylan söz dermandyr».

539. Zuhrydan: «Söz berip, gül deý açylan, iş bitirip, miwesini görkezsin».

540. Rakaşydan*:
«Janym saňa sadaga, haýyr işi tiz bitir,
Işi yza çekmeseň, şonçada ol süýjüdir.
Ýagşylyga ýagşylyk dört amaldan ybarat.
Hoş söz, yhlas, bitirmek hem-de çaltlyk güýjüdir».

541. Eset taýpasyndan bolan bir ýaş ýigit Magn ibn Zaýydanyň ýanyna - Sijistana gelip, onuňkyda üç aý ýaşapdyr. Emma bu möhletiň dowamynda hiç kim onuň habaryny almansoň, bir gün ýaňky ýigit Magnyň gaşyna baryp: «Eý,

emir, iki häsiýetiň haýsy biri bilen saňa alkyş aýdaýyn. Soňra haýyş edeýin. Meniň çykalgam dileg etmeklik. Sen nurana bolsaň-da, maňa saçyp duran şöhläň ýok. Sen öwgi-tarypdan beýleki häsiýetlere mynasyp dälsiň. Sen bir gyzyl akyp ýatan derýasyň» diýipdir.

Bu sözi eşidip, Magn oňa otuz müň dirhem bermeklerini buýrupdyr. Ony getirip, ýigidiň öňünde goýanlaryndan soň, Magn oglana garap*:

«Iň gowy ýagşylyk, wekiliň ýüregine agram salman, minnetsiz edilýän haýyr işdir» diýipdir.

542. Asmagydan: «Kesra Ebruzyň zamanasynda akyldarlaryň biri onuň gapysyny kakmaly bolupdyr. Emma kesra ony garşylamaga çykmandyr. Şonda akyldar derwezebanyň eline hat berip, kesra gowşurmagy haýyş edipdir. Derwezeban ony Ebruzyň eline beripdir. Hatda dört setir ýazgy bar eken.

Birinji setir: Zerurlyk we umyt seniň ýanyňa getirdi.

Ikinji setir: Öýde ýokluk bilen isleg-talaba sabyr etmeklik bir däldir.

Üçünji setir: Baran ýeriňden bähbitsiz dolanmak bilen duşmanlaryň içigaralygy deňdir.

Dördünji setir: «Bolýar» diýseň, miwe bererdi, «ýok» diýseň, arkaýyn bolardy we yzyna dolanardy».

Kesra her setiriň aşagyna «Ajaýyp» diýip ýazypdyr we oňa dört ýüz müň kümüş pul bermeklerini buýrupdyr.

543. Muny maňa Abu Hüseýin Aly ibn Zekkar gürrüň berdi. Oňa bolsa Abu Abdylla Hüseýin ibn Haleweýh aýdyp beripdir. Bu setirler Ibn Ruma degişlidir*:

«Şygrymy ýaýmaklyga göwünjeň bolmasaň, hem-de abraýmy dökmäge yhlas etmejek bolsaň, onda maňa kasydanyň hakyny ýa-da günämiň ötülmegi üçin ýazylan kagyzyň bahasyny ber».

544. Aly ibn Jehmiň aýdany*:

«Eger ähli apaty, betbagtlygy bir ýere üýşürseň, olaryň iň ýaramazy husytlyk bolar. Eger husytlykdan erbet bir zat bar bolsa, ol wada berip, ili süýräp ýörmekdir. Ýalan wadanyň hergiz haýry bolmaz, söz berip, iş görkezmeseň peýda ýokdur».

545. Käbirlerinden*:

«Saňa bolan söýgime, göriplik edýär iller,
Söýgi azaby güýçlendi, kalbym-köňlüm talandy.
Söýgüden «ah» çekýärin, bagrym-janym eredi,
Şeýdip ýörse aşykda, heý-de, bagyr galarmy».

546. Hüseýin ibn Abdundan*:

«Muny mäkäm garaýyşly hem gujurly-gaýratly,
Haýryň dänesini sepýän, eli açyk, sahawatly.
Bir dana adama aýdyň:
Ol Wehp ibn Süleýman ibn Wehp ibn Sagytdyr.
Onuň wadasyny ýerine ýetirişi,
Jan damaryndanam ýakyndyr».

547. Başga birinden*:

«Eý umydym, ýetjek bolup ýüregime jan berdiň,
Soňra menden yza tesip, gam-gussadan öldürdiň.
Sözüňe wepaly bolup, ýene köňlüm şat etsene,
Päk adamlar elmydama wadasyna wepa berýär,
Ýüregim ynjalar ýaly gursagymda goş tutsana».

548. Abu Şamakmakdan*:

«Ykbalda gorkýan zadymdan, saňa umydym baglapdym,
A sen bu gün garyplykdan elhenç görünýärsiň maňa.
Maňa eden kemçiligiňe kaýyl bolsam, razymy sen,
Ömrüme bagyş etmedigmi, seniň waspyňa sarp etdim.
Wadalar bir giňiş çölde, göze görünen salgymdyr,
Günden güne, aýdan aýa, boş umyt edip galdym men,
Bu wysalyň ahyrydyr, aýralygyň ilki başy,

Saňa minnetsiz duşamda, ötünçsiz gararyň ýaly
Belki Hudaý, biz bilmeýän ýerlermizden rahat berer,
Siziň keramatyňyzdan arşa galar göwün guşy».

549. Dygbyldan*: «Eger-de men öýüme dolananymda «Näme berdi?» diýip sorasalar, «Bir zat berdi» diýsem-ä ýalan sözledigim bolar. «Baryndan-a eçilmedi, jemlemedik baýlygyndan hem umyt etdirmedi» diýsemem, ynam etmezler. Ýöne men olara bu hakykaty ýaýaryn. Sen hem iki işden birini saýla: Ýa-ha umydymyza görä eçil, ýa-da biabraýlyk gülküsine çydam et!».

550. Käbirlerinden*:
«Dostuňa söz baryn eçilen bolsaň
Wepa ber wadaňa, hasyl et işin.
Sahylar wadasyn çekdirmez yza,
Ileri tutmagyn husytlaň diýşin».

551. Abul Atahyýadan*: «Seni öwýärin, ýöne adamlaryň ýanynda, utanýaryn. Sebäbi meniň ýagdaýym şonuň tersine. Garyplygym meniň ýakamdan ebşitläp tutýar. Eger-de Abu Hafs her kimden sahy diýsem, «Heý-de saňa bir zat berdimi» diýip soranlarynda, başymy aşak egýärin, çünki ýagdaýlarym teň».

## OTUZYNJY BÖLÜM

## HAÝYŞY BITIRÝÄNLERIŇ ÖWGÜSI

552. Ibn Apbas käbir adamlara gürrüň berende: «Men Hasan ibn Alyny gördüm. Ol hiç wagt dilegi bitmedigiň arkasyndan garamandy» diýipdir. Ol ýanyna haýyş edip gelenleriň ählisini, öz sahawatyndan boş goýman, olara eçilipdir. Diňe olary hezzet-hormat bilen ugradanda, arkasyndan garap galýar eken.

553. Hasan ibn Sabytyň Pygamberimiziň sözlerine düzen goşgusy*:

«Ýagşy ýigit baýlygy bilen abraý gazanar. Ol döwranyň çalyşýandygyny ýatdan çykarmasyn. Pes häsiýetden daş bolup, öwgä mynasyp bolanda, onuň baran ýerine, abraýy hem bile barýandyr».

554. Züheýriň Hatam Taý hakda aýdany*:

«Ol çar tarapdan barylýan bir ummandyr,
Düýbi doly ýagşylyk, kenary sahawatdyr.
Eli açyklyga ol şeýle bir endik etdi,
Hatda gysjak bolsa-da, barmaklary «ýok» diýdi.
Eger aýasynda, ruhundan başga zat ýok bolsa,
Hudaýyň haky üçin,
şony hem dilegçä berjekdi».

555. Ahwasdan*:

«Eger howlusyna düşlese bir ýat,

Ony terk ederler, demir posy dek.
Kyn günüňde, çagyraýsaň kömege,
Gaýta günüň öňün beklärler saňa».
556. Abu Temmamdan*:
«Tasdan tekepbirliginden töweregi çaýkanypdy,
Wepasy ýok sözlerini, aýdýar gaýratyn egismän,
Soňra bolsa elmydama iş edýär,
söze gelişmän».
557. Salyh ibn Abdylkuddusdan*:
«Päk adamdan hajatyňy haýyş etseň, onuň güler ýüzi bilen salamy hem ýeterlikdir. Seniň hem salamly bir ýigitdigiňe gözi ýetse, ol saňa kömek etmäge özüni borçly duýar».
558. Ahtaldan*: «Umyt edip gelene zat eçilmeseň, oňa güler ýüzüňi bermegi bir gysylma. Ata-babadan gelýän abraý, seni çoňky şöhrata mätäç etmez».
559. Başga birinden*: «Eger onuň ýanyna haýyş edip gelseler, ol derrew güler ýüz bilen süýji sözüň çyrasyny ýakardy».
560. Mumazzykdan*: «Ýagşy işler bilen seni öwýän hem bolsak, sen biziň öwgümizden has belentdesiň. Eger biziň dilimizden senden başga kişä alkyş çyksa, ol hem ýene diňe sen sebäplidir».
561. Seýit Hymraýydan*:
«Ondan halal zat soradyk, ol boýun towlamady,
Hatda islänimizden hem artyk, bol berdi.
Sansyz gezek ýüz tutsakda, ýylgyryp,
Işimizi bitirip, hoş goýberdi».
562. Mütenepbiden*: «Ähli haýyş-dileg onuň gulagynda, edil Ýakubyň gaşyndaky Ýusubyň köýnegi ýaly eziz».
563. Haryja taýpasyndan bolan Muhammet ibn Beşirden*:
«Gowy howly, eger gapysyn kaksaň,
Garşylasa açyk elleri bilen,

Hem edep-ekramly gullary bilen.
Eger onuň dosty bilen doganyny göräýseň,
Ikisiniň haýsysynyň süýtdeş doganydygyny
Nädip tanap bilersiň?».

564. Ahmet ibn Abu Tahyrdan*:

«Ilki haýyr-yhsan bilen başladyň, soň bu ýagşylygy razylyk bilen ikä ýetirdiň. Soň ýagşylyk bilen üçe, sahawat bilen dörde ýetirdiň. Aladama hoşal bakdyň, «ýok» sözüňi soňa goýup, hajatymy bitirdiň. Men hakda päk pikir etdiň. Beren sözümi boş goýmadyň, eçilýän nygmatyňy kesmediň, sen häzirem tüýs sahy. Eger saňa serpaý ýapsak, sen ähli hoşa laýyksyň. Eger bärden gaýtsagam, saňa bolan söýgimizde nogsanlyk bardyr öýtmegin».

565. Hutaýýadan*:

«Ýagşylara ýüz tutsaň,
Alkyş üçin malyn berer.
Alkyşyň hakyn berýänler, ýene-ýene öwüler.
Gazanar, hem sorana ýüzün çytman eçiler,
Şatlanar. Ähli işi gylyç kesen ýaly eder.
Haçan onuň odunyň şöhlesine ýönelseň,
Ýagşy ody ýakýan ýagşy adamy görersiň».

## OTUZ BIRINJI BÖLÜM

## DILEG EDILEN ADAMYŇ TERSLIGI, BAHANA TAPMAGY WE GYŇYRLYGY

566. Abu Ubaýdanyň aýdany: «Mylaýym ýylgyryş üstünligiň tugydyr, haýyşyň bitiriljekdiginiň alamatydyr. Bitiren haýyşyna şatlanmaýan adamyň, ony bitirdigi däldir. Başarmasaň, ötünç soramak aýyp görülmeýär».

567. Çarwa arabyň biri Reýiň emiri Musawyr Zypbynyň ýanyna girip, dilegçilik edipdir. Emma Musawyr onuň haýyşyndan boýun towlap, ýüzüni çytypdyr. Çarwa arap oňa garap*:

«Musawyryň ýüzüne haýyş bilen bakypdym,
Ol bolsa tä porsy ys goýberýänçä üsgürdi.
Soňra penjesi bilen gaşady arkasyny,
Sypalap sakgal ujyn, soňra-da sümgürindi.
Soňra ondan gorkyma, haýyşymy bes etdim,
Bolmasa jan damarym üzüljekdi dessine.
Kasam edýän, eger men ýene ýüz tutan, bolsam,
Şeýle nagyş salardy, tezek çyrşap üstüme».

568. Wehp ibn Münepbihiň aýdany: «Dawut nesliniň paýhaslarynda «Haýyşdan ýüz öwürseňem ýa-da ony bitirseňem, ýüzüň elmydama açyk bolsun! Çünki güler ýüzlülik özgeleriň kalbynda saňa bolan söýgini döreder» diýlip ýazylan».

569. Käbir emirler hakynda Abu Nemle Gürgenliniň aýdany:

«Onuň ýanyna baranymda,
gyňyr derwezebanlary,
Üstüme haýbat atdylar, gylyçlaryn bulap maňa.
Men diýdim: «Haý duraweriň, Hudaý bar,
sözümi berýän,
Indi haýyş-huzur bilen,
gaýdyp dolanmaryn şuňa».

570. Müslim ibn Welitden*:

«Bir gün Ubaýdullanyň ýanyna salama bardym welin, gözüni çaşardyp: «Maşgalamy ýygnaň, bize bir myhman geldi. Eger Alla dep etmese, meniň ajalym şunuň elinde ýaly bolup dur» diýdi. Men ony gurşan gorkyny göremde, ähli zadyň aýdyşy ýaly bolup barşyna haýran galdym. Özüne gelmegi üçin ýüzüne gülap suwuny sepmeklerini we ýaglyk bilen ýelpemeklerini aýtdym-da, jany agzyndan çykmanka, turmak bilen boldum».

571. Muhammet ibn Mihranyň aýdany*: «Bu ýüzügara dogruçyllyk bilen hat ýazdym. Onuň özi dogruçyllykdan has daşda gezip ýör. Oňa öz bahasyndan has pes bolan bir haýyş bilen ýüz tutdum. Ol bolsa özüniň bedroý keşbindenem gelşiksiz söz bilen ýüz öwürdi. Eger haýyşymyzy bitirmän, üstesine-de göwnümize degip ugratmak islese, onda bizem onuň bolgusyz häsiýetini ýaýradarys. Wessalam».

572. Ubaýdulla ibn Muhammediň aýdany: «Husydyň bahanalarynyň biri, eger haýyş edilse, açyk-aýdyň ýüz öwürmek islemez. Beren sözi üçin idäp gelmekleri göwnüne ýaramaz. Başyny gaşan bolup, ardynjyrar hem-de: «Ähli güýç-kuwwat beýik Hudaýyň elindedir» diýer ýa-da şoňa meňzeş sözler bilen başyndan sowar.

573. Aly ibn Jebelden: «Gaşlaryň arasy dar, bürşüp dur. Berýäniň hem ujypsyz zat,

Sözüňe garasaga, köp zady tama edip boljak welin, arman sen söze görä amal edýänlerden däl».



**Öňünden görüji**

*Ýakub Halmyradowyň çeken suraty*

## OTUZ IKINJI BÖLÜM

## PÄK NIET WE HOŞAMAÝ SÖZ BILEN ÝÜZ ÖWÜRMEK

574. Ýahýa ibn Halyt Bermekiniň aýdany: «Päk niýet bilen dogruçyl ötünç, berilmeli ýardamyň ornuny tutýandyr».

575. Käbir kätipleriň aýdany: «Öz dostundan päk niýeti bilen razy bolmaýan adam, oňa serpaý ýapany bilenem razy bolmaz».

576. Amr ibn Asyň aýdany: «Berip bilmeýändigi üçin ötünç soramaýan adam, bermekden ýüz öwürýän adamça ýokdur».

577. Sehl ibn Harun käbir işbaşarjaň adamlara hat ýazanda: «Eden ýagşylyklaryňa taňryýýalkasyn. Beýleki alkyşlarym bolsa, söz berip, gijikdiren işleriňe garaşyp ýatyr» diýer eken.

578. Ahmet ibn Ýusubyň hatynda: «Etmekçi bolýan ýardamyň gijigip gelmeginiň özi, bu işi kyn görýändigiň iň aýdyň delilidir» diýilýär.

579. Salykly kazy we fakyh Abu Muhammet maňa Muhammet ibn Mihrandan birnäçe setir aýdyp berdi. Şu manyda eşiden sözlerimiň içinde iň gowulary*:

«Men senden haýyş edip ýalňyşdym. Sen hem ondan ýüz öwürip, köp agyrlygy boýnumdan aýyrdyň. Bu maňa ýamanlyk etdigiň däldir. Men bulara derek wepaly hezzeti we mertebämiň päkligini neslim üçin alyp galdym».

## OTUZ ÜÇÜNJI BÖLÜM

## SAHYLYGYŇ WE JOMARTLYGYŇ ÖWGÜSI

580. Pygamber alaýhyssalamyň aýdany: «Sahy adam Hudaýa, halka we jennete ýakyn adamdyr. Husyt adam Hudaýdan, halkdan we jennetden daş, dowzaha ýakyn adamdyr. Hudaýyň dergahynda nadan sahy gysyk dindardan ezizdir».

581. Pygamber alaýhyssalamyň aýdany: «Yslam Hudaýyň özi üçin isleýän dinidir. Bu dini sahawatsyz we ýagşy gylyksyz düz edip bolmaz. Şol ikisi bilen ili sylaň».

582. Pygamber alaýhyssalamyň aýdany: «Päk adamlara jepa bermekden daş duruň. Olar her gezek büdrände, Hudaý olaryň elinden tutup, hemaýat berer!».

583. Mamun bir gezek Muhammet ibn Apbat Mühellebä ýüzlenip: «Sen hazzyk[1] adam» diýende, ol: «Eý möminleriň emiri. Bar zadyňy gysganmak, Hudaýa betgüman bolmakdyr» diýipdir.

584. Pygamber alaýhyssalam: «Ile berýän tagamyňyza görä, Hudaýyň ýardamy geler» diýipdir we: «Haýsy bir närsäni haýyr-yhsan etseňiz, Alla onuň ýerini doldurar. Ol ryzk berýänleriň iň ýagşysydyr[2]» diýen aýaty okapdyr.

[1] Hazzyk — çakdanaşa köp pul sowýan.
[2] «Saba» süresi, 39 aýat

585. Bir gezek Amr ibn Ubaýt Hafs ibn Salymyň öýüne myhman bolupdyr. Ol hyzmatkär-nökerlerinden haýsy biri nämedir bir zat sorasa diňe «ýok» diýip oturypdyr.

Amr oňa: «Ýok» sözüni azrak diýeweri. Sebäbi «ýok» sözi jennetde ýokdur» diýipdir.

586. Pygamberimizden bar zatlary sorasalar bererdi. Özünde ýok zat soralsa: «Ony Alla ýetirer» diýerdi.

587. Hasanyň aýdany: «Iblis pygamberleriň käbirine garap: «Husytlyk duzak, jomartlyk dälilik, serhoşlyk bolsa ähli ýaman işiň açarydyr» diýipdir.

588. Bir gün Adyý ibn Hatam ogluna bakyp: «Tur-da gapyň agzynda dur. Nätanyş gelse goýberme, tanaýan bolsaň egleme, öýe salgyn» diýipdir. Onda ogly kakasyna: «Eý, kaka, ilki tabşyran işiň – adamlary nahardan kowmak dünýäde oňlanýan iş däldir» diýipdir.

589. Ahnaf eli dirhemli birine bakyp: «Bu dirhemler kimiňki?» diýip sorapdyr. Ol: «Meniňki» diýip, jogap beripdir. Ahnaf: «Tä sarp edýänçäň, ol dirhemler seniňki däldir» diýipdir hem-de*:

«Puluňy gysyp saklasaň, ol seňki däl, sen onuňkysyň. Diňe sowanyňdan soňra dirhem seniňki bolup galar. Sebäbi sen pullaryňy haýsy ýerde haýsy zada sarp etseň, ähli abraýyň hem şonuň ýoly bilen ýörär» diýipdir.

590. Ubaýdulla ibn Abdylla ibn Tahyrdan*: «Gurbuň ýetse, çäkden geçmän puluňy sow. Baýlygyň az bolsa-da, zerur ýerde gysylmagyn. Eçileniň bilen puluň köýmez, ornuna bereket geler. Gysylanyň bilen baýlyk durmaz, hem abraý ýüzüni öwrer».

591. Käbir araplardan*:

«Pulum azalan çagy, ol gözel gyz Suleýma,
Menden ýüzün öwürdi, gitdi, etmedi perwa,
Hudaýa şükür, mende bolmasa-da kör-köpük,
Il pulundan zyýada bir gözel abraýym bar.

«Garyp» diýip ýüzlenseler aýyp däldir hiç haçan,
«Husyt, gysyk» diýseler, adam saýylýandyr har».

592. Ybraýym ibn Hermeden*:
«Bu nebsimiň ýalaňaç hajatyny örtere,
Gysyp gowrup, nebisler gysganyp dur baryny,
Eger ynsan dirikäň saňa peýda etmese,
Haýry ýokdur, tyg bilen aljyratsalar janyňy,
Ne sebäbe görä ol gysganýarka baýlygyn,
«Erte, erte» diýip ol egismez bir sanyny,
Ýöne ertir, duýdansyz ajal geler-de gider,
Nesip etdirmez özüne ýygnan hany-manyny».

593. Anuşirwanyň aýdany: «Öz iýeniň yzsyz gider, ile iýdireniň alkyşa ýeter!».

594. Ýene birinden: «Soralmanka, özüni we baýlygyny eçilmeýän adamlaryň, sahylygy dogry däldir. Serpaý ýapyp, ile ýagşylyk etmek, haýyşdan soň edilen kömeklerden abraýlydyr».

595. Sagsaga ibn Suhan Abdydan: «Sahylyk — öz baýlygyňy ile ýürekden eçilmek we kişi baýlygyndan tamakin bolmazlykdyr».

596. Bir gezek Wakydy bergisiniň köpdüginden, özüne bergidarlaryň bolsa, boýun towlaýandygyndan zeýrenip, Mamuna hat iberipdir. Mamun haty okansoň, onuň arka ýüzüne goluny goýup, şeýle ýazypdyr: «Ilki bilen seni Hudaýyň özi goldasyn. Sen özünde sahylyk we çekinjeňlik ýaly iki häsiýeti jemleýän adam. Sahylyk eliňdäki barça zady çykartdy, utanjaňlyk bolsa öz algyňy soramagyňa böwet bolýar. Şonuň üçinem biz saňa ýüz müň dirhem pul ibermegi niýet etdik. Eger göwün islegiňe ýeten bolsak, onda bu pullary isläniňçe sow. Eger başga hili bolsa, ähli zadyň garamaty özüňedir, sebäbi seniň özüň bir gezek Muhammet ibn Yshakdan eşiden hadysyňy aýdypdyň: «Pygamberimiz: «Eý Zübeýr, ryzk açarlary jennetiň gabat-garşysynda asylgy dur. Allatagala

bendeleriniň rysgyny, olaryň ýagşy zada edýän çykdajysyna görä eçilýär. Köp sowsa köp berler, az harçlasa az berler» diýipdir».

Wakydy hatynyň jogabyny we ýazgyda beýan edilen pullary alypdyr. Ol: «Hakykatdanam oňa şol hadysy aýdan mendim. Ýöne ony eýýäm ýadymdan çykarypdyryn. Mamunyň bu hadysy ýadyma salmagy, onuň iberen peşgeşinden hem eziz göründi» diýipdir.

597. Muny maňa Abu Bekr Muhammet ibn Japar aýdyp berdi. Oňa hem Abu Hasan Halyt ibn Muhammet Dimýaty Dimýat şäherindekä gürrüň beripdir. Oňa bolsa Abdylla ibn Muhammet ibn Ýahýa, oňa Musa ibn Muhammet ibn Ata, oňa Ýagla ibn Aşdak, oňa agasy Abdylla ibn Jerat aýdypdyr. Onuň özi bolsa Pygamberden eşidipdir. Ol: «Ýagşylyga mätäç bolsaňyz, ony güler ýüzli adamlardan soraň» diýipdir.

598. Ýahýa ibn Eksemden*: «Nirä ýönelseň, egniňe sahawat donuny atyn. Çünki sahylyk her aýby örtüp durandyr. Husyt bolsaň ähli aýbyň açylar. Ynsanyň bar kemini sahylyk ýapýandyr».

599. Pygamberimiziň aýdany: «Sahylyk — köki jennetde, şahalary zemine sallanyp duran daragtdyr. Kim onuň şahasyndan aslyşsa, ony jennete çeke. Gysgançlyk — köki dowzahda, şahalary zemine sallanyp duran daragtdyr. Kim onuň şahalaryndan ýapyşsa, ony dowzaha çeker».

600. Pygamberiň agasy Apbas, Pygamberiň çopanyny öldürip, düýelerini sürüp giden Hüzeýl taýpasynyň bir galtaman topary hakda gürrüň berdi. Ol galtamanlar ele salnan soň, Pygamber olaryň ellerini we aýaklaryny çapmaklygy buýrupdyr. Biriniň welin günäsini ötüpdir.

Aly ibn Abu Talyp hem bu hakda gürrüň berip: «Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam Pygamberiň ýanyna gelip: «Ol sahy adam, ony diri goý. Olar her gezek büdrände, Hudaý olaryň golundan göterip, hemaýat berýär» diýipdir.

601. Aly ibn Abdyllanyň aýdany: «Sahylyk — mertebäniň ýarany, aladadalaryňy ýuwýan suw, umytlaryň hasyl bolýan ýaýlasy, adamlaryň görküdir. Sahylyk köýnegini geýen, söýgi donuny egnine atar».

602. Hasan ibn Alynyň aýdany: «Hudaýyň ýanynda sahylykdan eziz zat ýokdur. Hudaý gysganç adamlary halamaýar».

603. Ibn Apbasyň aýdany: «Gysganççlar bilen oturyşmak, ýüregiňi daşa dönderýär, duýgularyňy derde gaplaýar».

604. Hüseýin ibn Alynyň aýdany: «Sahylyk — söýgi, gysgançlyk — ýigrençdir. Gysgançlar jennetden mahrumdyr».

605. Beşşar ibn Burtdan*: «Guşlar däne dökülen ýere gonýar, mätäçler sahylaryň howlusynda gijesini geçirýärler. Eý, Ibn Selm, sahylaryň oý-pikiri — ile eçilmek we gül deý açylmakdyr. Olar umyt edýänligiň, ýa-da senden gorkýandyklary üçin berenok, olar sahylykdan lezzet alýarlar».

606. Muhammet ibn Jehmden*:

«Eger ile sahylyk etmek isleseň, gysylma, bu sahylyk seni olaryň howp-hataryndan gorar. Eger illeriň agzala bolmagyndan gorksaň, sahylyk bilen olaryň agzyny bir et. Eger seniň bir ýeriňde kemiň-köstüň bar bolsa, sahylyk oňa ýeterlik örtgi bolýandyr».

607. Hajjaj ibn Ylatdan*: «Gysgançlar sahawaty nogsanlyk saýarlar. Gaýta, gysganýan adam nogsanlydyr. Baýan ärden dosty hoş umyt bolmasa, onda jan bereni ýagşydyr».

608. Kagbyň aýdany: Allatagala Musa alaýhyssalama wahy[1] inderip: «Samyryny öldürme, ol sahy adam!» diýipdir. Şonuň üçin Musa onuň günäsini geçipdir.

[1] Wahy — gökden gelen owaz.

## OTUZ DÖRDÜNJI BÖLÜM

## SAHYLAR WE JOMARTLAR

609. Jahylyýet döwrüniň[1] meşhur sahylaryna Hatam ibn Abdylla Taýy, Kagp ibn Mamet Iýady, Herim ibn Sinan Murry dagylar degişlidir.

1. Ilki Hatam hakda aýtsak, bu hakda günleriň ýaradyp bilmejek, aýlaryň we ýyllaryň gurşap bilmejek derejesinde ýagşy ýatlamalar galdy. Arapda-ajamda oňa degişli nakyllar döredi. Onuň aýdan sözlerini we nakyllaryny goşga geçirmek, şahyrlar üçin mertebä öwrüldi. Onuňky ýaly belent we ýagşy häsiýet başga hiç bir sahyda bolan däldir.

2. Kagp ibn Mamet hakda şeýle sözler aýdyldy*:

«Eý, gaşy çytyk bende, barda iýatlylara
Aýt, sahylaryň belendi Kagp ibn Mametdir».

3. Herim ibn Sinan hakynda bolsa Züheýr şeýle diýdi*:

«Gysyk adam nirä barsa ýazgarylar, ýöne sahy adamlar hajatyňy bitirmän goýbermezler. Käteler ýamanlasa-da, ähli zady bagyşlap, serpaý ýardamyn eçilýän adam, hakyky sahydyr».

Ýene şol hakda Züheýriň aýdany*: «Herim öz kowumyny ajap häsiýete endik etdirdi. Onuň adatlarynyň biri sahylyk gylygy boldy. Oňa hem bu häsiýet ata-babalaryndan geçendir».

[1] Jahylyýet döwri — yslamdan öňki döwür, nadanlyk döwri.

4. Bulardan soňra meşhurlyga ýeten sahylara Abdylla ibn Judgan degişli. Ol hernäçe agyr işlere çydam edip, garyby baý bilen, ejizi zor bilen tirkeşdiren adamdyr.

Ondan soňra Haşym ibn Abdy Manaf, onuň ogly Abdylla ibn Haşym we Haşym ibn Mugyra ibn Abdylla ibn Omar ibn Mahzum dagylar degişli.

Mekke iline paluda[1] iýdiren ilkinji adam Abdylla ibn Judgandyr. Onuň bu işi hakda Omeýýa ibn Abu Sagtda şeýle setirler bar*:

«Onuň Mekkede bir uly jarçysy bar,
Beýlekisi beýik ýerden çagyryp dur.
Ol şizanyň[2] üstüne bugdaý dänesini goşup,
Esli wagtlap şaýatlaryň ýanynda garyşdyrýar».

Musulman sahylaryna Aly ibn Abu Talyp, onuň iki ogly Hasan we Hüseýin, Abdylla ibn Japar ibn Abu Talyp, Pygamberiň: «Püre-pür Talha» lakamyny beren adamy Talha ibn Ubaýdulla ibn Osman, Talha ibn Ubaýdulla Ibn Halaf-Huzagy, ol «Talhalaryň talhasy»[3] bolan adam, Sagt ibn Ubada, onuň ogly Kaýs ibn Sagt, Ubaýdulla ibn Apbas we Hatam Taýynyň ogly Adyý ibn Hatam Taýydyr.

Sahabylaryň yzyna eýerenlerden Halyt ibn Abdylla Kasry iň meşhur sahydyr. Şu agzalanlaryň ählisinde örän köp ýagşylyk we ajaýyp öwgi-abraý bardyr. Eger bularyň tarypynyň aňyrsyna çykjak bolsak, onda gysgadan aýdyň beýan edýän däbimizden hem ýüz öwürmeli bolýar. Ol bolsa soňlugy bilen irizer. Sebäbi, şol bir zat hakda aşa köp gürlemek ýürege düşýär. Şeýlede bolsa olardan bir bölek zady, nesip bolsa, delil hökmünde ýatlarys.

---

[1] Paluda — pastila, želе; Gadym döwürlerde undan, suwdan we baldan, häzir bolsa krahmal, suw we şeker garylyp taýýarlanylýan halwa.

[2] Şiza — eben daragty.

[3] Sözme-söz manysy: «jennet bananlarynyň banany»

## OTUZ BÄŞINJI BÖLÜM

## JOMARTLARYŇ IŞLERI

610. Ibn Agrabynyň aýdany: «Kagp ibn Mamet bilen Leýs ibn Sagt-Kelbi bir gün ata münüp, çöllügiň içi bilen ýola çykypdyrlar. Barmaly menziline az galanda, bularyň suw meşiginde bir içimlik suwdan başga zat galmandyr. Bu suw birine ýeterlik bolup, haýsysy içse, halas boljak eken. Ikisine bolsa ýetjek däl, içmeseler hem heläk boljaklar. Şonda biri beýlekisine ýüzlenip: «Sen içde, halas bol» diýende, ol: «Ýok, gaýta özüň içde, halas bol» diýşip, birek-birege iterişip durupdyr. Şeýdip hiç birisi içmän, ikisi hem heläk bolupdyr. Meşigiň düýbünde bolsa bir içimlik suw galypdyr.

Käbir şahyrlar bularyň eden işini ýatlap, goşgy ýazdylar. Jerir ibn Atyýýanyň Omar ibn Abdylezizi öwüp ýazan kasydasynda*:

«Kagp ibn Mamet bilen ibn Sagt hem,
Hergiz senden jomart däldir, eý Omar» diýilýär.

611. Amr ibn Saglaba Taýynyň aýdany:

«Aňzakly gyş gijeleriniň birinde Hatam Taý uklaman oturan eken. Möjek uwwuldysyny eşidenden soň, ol asla-da ynjalman, düşeginde eýlesine-beýlesine öwrülip ýatyrmyşyn. Maşgalasyndaky käbir adamlar oňa: «Sen nä uklaman otyrsyň?» diýipdir. Hatam: «Möjek uwwuldysynyň naýynjar sesi meniň ukymy gaçyrdy» diýipdir. «Seniň nä indi möjege-de

nebsiň agyrýarmy?» diýenlerinde, ol: «Möjek açlygyndan uwlaýar ahyry, gapdalymda biri aç gezip ýörkä, men nädip ynjalaýyn» diýipdir. Soňra ýerinden galyp, ot ýakmaklaryny tabşyrypdyr.

Ot ýalpyldysyny gören möjek, olaryň golaýyna gelip, edil öňlerinde diýen ýaly peýda bolupdyr. Hatam bolsa düýesine ýönelip, onuň damagyny çalypdyr we etlerini bölekläpdir. Ony çala oda daladyp, tä doýýança möjegiň öňüne oklap oturypdyr. Soň möjek oduň golaýyna gelip, ýylanypdyr, gerinipdir we yzyna dolanypdyr. Hatam bolsa düşegine geçip ýatypdyr, eden işinden göwnihoş halda oýanyp*:

«Agşam ýatanymdan soň, möjek uwlap, örüzdi,
Açlyk hem bu ummasyz çöl ony heläk etjekdi.
Ýoldaşyma ýüzlenip, uludan ot ýakyň diýdim.
Oduň şöhlesi çepe hem-de saga ýetjekdi.
Soňra gowy bakylan, ýöneldim, düýäme tarap,
Çaldym onuň damagyny,
hem etlerin berdim paýlap,
Birini iýip bolýança, gowrup okladym ýene-de,
Doýuramsoň bir möjegi, ýatdym rahat,
göwnüm jaýlap» diýipdir.

612. Bir gezek Hatamyň garyp düşen, özüniň, çagalarynyň we aýalynyň garny aç wagty goňşusy görgüli gelip, çagalarynyň açlygyndan zeýrenipdir. Hatam oňa çagalaryny alyp gelmegi tabşyrypdyr. Hatamyň aýaly Mawyýa bu ýagdaýa geň galyp: «Özünde hiç zat ýok welin, bu näme etjek bolýarka?» diýip, içinden oýlanypdyr. Haçanda goňşy aýal çagalaryny getirende, Hatam atyna tarap ýönelipdir we onuň damagyny çalypdyr, etlerini des-deň paýlap, ýarysyny goňşularyna, ýarpysyny öz çagalaryna iýdiripdir.

Soňra ýerine geçip, ynjalyp ýatypdyr. Şol soýulan etden bolsa, hatda dişleriniň arasynda hem zat galmandyr. Ählisini iýip gutarypdyrlar.

613. Kelbiniň aýdany: «Bir gezek Zuheýr ibn Abu Sulma Herim ibn Sinan — Murryny öwüpdir. Herim oňa bäş ýüz sany düýe beripdir. Ony ugradanda bäş parsahlyk[1] ýoly ýany bilen pyýada geçipdir, tä hoşlaşyp yzyna dolanýança, ata münmezligi öz ýanyndan äht edipdir».

614. Abdylla ibn Judgan Abul Eswet Duweliniň egninde, köp geýilmekden ýaňa sandan çykan keltekçäni görüpdir. Ol: «Eý, Abul Eswet, bu keltekçeden irmediňmi?» diýende, ol: «Irenligim üçin, aýrylmaga-da ýagdaýym galmandyr» diýipdir. Abdylla oňa ýüz sany dony peşgeş beripdir.

615. Muhammet ibn Siriniň aýdany: «Alynyň ogly Hasan kuraýyşly bir zenana öýlenende, onuň ýanyna, her haýsyna müň dirhem berlen ýüz sany gyrnagyny iberipdir».

Ibn Siriniň aýtmagyna görä, Hasan birine serpaý ýapmak islese, müň dirhemden az bermeýär eken.

616. Abu Raja Warragyň aýdany: «Hajjajyň döwründe mejbury işe çekilenleriň biri mendim. Olar meni hyýar ýygýan we ony arassalaýan edip goýdular. Sebäbi, Hajjaj remezan aýynyň her gijesinde müň adamlyk agzaçar berýärdi. Beýleki aýlarda bolsa, her gije ýüz adamlyk desterhan ýazýan eken. Ol diňe muny has aladaly we kyn günlerinde şeýtmeýärdi».

617. Usame ibn Zeýdiň aýdany: «Basraly bir adam, ýanyna on müň dirhemlik şeker alyp, Medinä gelipdir. Birnäçe günläp harydy geçmän, baslygyp ýatansoň, ony Abdylla ibn Japara sowgat hökmünde eltip bermegini ündäpdirler. Ol: «Deregine bir zat berjegi-bermejegi näbelli adama harydymy bererinmi» diýip, kesirlik edip oturypdyr. Emma tä äkidip

[1] Parsah — 6-7 kilometre barabar uzynlyk ölçegi.

berýänçä, gulagyny gazap, gününe goýmandyrlar. Ilkibada Abdylla oňa örän azajyk pul iberipdir. Basraly onuň gapysynda ýene-de bir aý çemesi garaşypdyr. Bir gün Abdyllanyň wekili daş çykyp: «Şekeriň eýesi kim?» diýip soranda, ýaňky adam ör turupdyr. Wekil onuň eline on müň dirhem puly gowşurypdyr. Munça puly alansoň basraly göwnühoş bolup, yza dolanmakçy bolupdyr. Adamlar oňa: «Entek gitme, sabyr et» diýip saklapdyrlar. Birnäçe günden soňra Abdyllanyň hyzmatkäri çykyp, ýene-de şeker eýesini sorapdyr we oňa otuz müň dirhem, ýene birnäçe günden soň bolsa ýüz müň dirhem pul beripdir. Basraly: «Hudaý bar, mundan soň bu ýerde galmaýyn, ynsap ýagşy» diýip, ýurduna dolanypdyr. Ýene birnäçe gün ötensoň Abdylla ibn Japaryň hyzmatkäri daş çykyp, şekeriň eýesini sorapdyr. Onuň gidendigini aýdanlarynda, ol: «Wah, eger galan bolsa, her bolan müddetine görä eçilerdik» diýipdirler.

618. Kelbiniň aýdany: «Bir adam Abdylla ibn Judganyň ýanyna gelip, mätäç zadyny sorapdyr. Abdylla ibn Judgan oňa azajyk zat hödürläp, köp bermäge ýagdaýynyň ýokdugy üçin, ötünç sorapdyr. Emma mätäç bende muňa kanagat etmän, oňa igenipdir we ýazgarypdyr. Abdylla ibn Judgan saklanyp bilmän: «Berýänem men, ýazgarylýanam men. Ine, gysganç goňşym bar welin, berenogam, ýazgarylanogam» diýipdir.

619. Abu Zeriň aýdany: «Aly ibn Abu Talyp juma namazyny okap bolup, metjitde otyrka, çarwa araplaryň biri onuň ýanyna barypdyr. Ol: «Eý, jomartlaryň perzendi, seniň kibi adamdan näme umyt edilýän bolsa, şonuň ýaly umyt-niýet bilen gaşyňa geldim. Aslyňda we abraýyňda seniň derejäňe ýeten hiç kimse ýok. Meniň yzymda bolsa seniň peşgeşiňden umydygär oturan biçäre maşgalam bar. Üstümde Hudaý bar, kyn günümde goldaw beripdiň. Bu ýagşylyklaryň öwezini biz gaýtaryp bilmesegem, Hudaý gaýtarar» diýipdir. Aly oňa ýüz

müň dirhem pul uzadyp: «Ýene-de pylan wagtdan aýlan, şonda seniň umyt edişiňçe bererin» diýip, ötünç sorapdyr. Çarwa arap yzyna dolanyp barýarka*:

«Aňa, akyla hem-de päk gylyga eýe Aly,
Il içindäki abraýy, bolmalsyndan ejiz gelýär.
Çarwa-çomrynyň içinde gürleşmäge ýakymlysy,
Belent ahlagy öwgüli, sorana minnetsiz berýär » diýipdir.

620. Hişam ibn Seleme Mahzumynyň aýdany: «Eset taýpasyndan bolan bir adam, haj etmek isläp, ýola düşüpdir. Medinä golaý ýerlerde ony talapdyrlar. Ol Medinäniň abraýly adamlarynyň ýanyna baryp, olara ýagdaýyny arz edipdir. Olar hem ýaňkyny Merwan ibn Hekemiň ýanyna iberipdirler. Emma Merwan onuň arzyny diňlese-de, boş goýberipdir.

Ýaňky adam yzyna dolanyp, bolan ýagdaýy adamlara habar beripdir. Olar bu gezek Abdylla ibn Japaryň ýanyna barmagy we ýagdaýyny gürrüň bermegi tabşyrypdyrlar. Abdyllanyň howlusyna ýetende, onuň gözleri eýerinden gylyç asylgy tohum atyň ýanynda duran, perişdepisint birine duşupdyr. Ol adam*:

«Pygamberiň neslinden bolan, eý, Abu Japar! Siziň möminlere bolan garaýşyňyz päkdir. Eý Abu Japar, emir-ä baýlygyny gysgandy, belki sen öz mülküňe özüň emirsiň. Hajylar ýola düşdi, mende bolsa ne ulag, ne gatyr bar» diýipdir.

Abu Japar oňa şol tohum aty we üstündäki ähli zatlary bermegi buýrupdyr, üstesine-de on müň dirhem pul gowşurypdyrlar. Abu Japar: «Hergiz gylyçdan aldanaýma. Oňa müň mysgal[1] gyzyl töläp aldym» diýipdir. Çarwa arap hoşal bolup, çykyp gelýärkä*:

«Janym sadaga bolsun, Abdylla peşgeş berdi,

[1] Mysgal — 4,65 gram bolan agyrlyk ölçegi.

Ýaly seçelenip duran dal bedewi.
Ol demiriň suwundanam akdyr,
Göýä, garaňky gijede,
süýnüp barýan ýyldyz ýaly,
Her kim Abu Japaryň peşgeşini isleýär,
Ol güler ýüzi bilen we döwlet guşy bilen ýaşaýar» diýipdir.

621. Mugyra ibn Habna Temimi Talha At-Talhatyň ýanyna wekil bolup barypdyr. Ol onuň gapysynda birnäçe wagt otursa-da, halyndan habar alan bolmandyr. Ahyry Mugyra oňa hat ýazyp*:« Seni isläp ýanyňa ýetmäge şeýle bir yhlas etdim. Saňa sataşmasam-da köp zada umyt baglapdym.Gördüm welin senden buludam ýakyn eken. Seniň asmanyň açyldy diýsem, ýagyş saga, şemalyň çepe dönen eken. Ýardam ýagmyrlary bilen ezmegiňi islämde, senden tozan bilen çaň gaýyp düşdi» diýipdir.

Ol bu sözlerini gutaran dessine, ony Talhanyň ýanyna çagyrypdyrlar. Talha oňa: «Ne bela duşduň, näme aladaň bar?» diýipdir.

Ol: «Uzak wagtlap gapyňy ýassanybam, ýanyňa giribilmedim» diýipdir. Talha öz wekiline bakyp: «Ýanyňda nämäň bar?» diýende, ol: «Üstümde Hudaý bar, ýüz otuz müň dirhem töläp satyn alan göwher daşymdan başga, hiç närsäm ýok» diýipdir. Talha: «Onda şol daşy şu adama berip goýber» diýipdir.

Ol adam hem göwher daşy alyp, ony ýüz kyrk müň dirheme satypdyr.

622. Ibn Yshagyň aýdany: «Püre-pür Talha on sany ýesiriň hakyny töläp, olary bendilikden boşatmak isläpdir. Bir adam ondan, bularyň garyndaşdygy ýa-da däldigi hakda soranda, ol: «Bu meniň garamaty boýnuma bolmadyk garyndaşymdyr. Bulary boşatmak üçin, özüme gerekli bolsa-da, ýedi ýüz müň

dirhemlik haýatymy satmakçy. Isleseň saňa haýaty ýa-da bahasyny bereýin» diýipdir.

Ol adam haýaty saýlap alypdyr.

623. Enesiň aýdany: «Suffalylar ýatar wagty iki adamyny ugratsalar, Sagt ibn Ubade her gijede segsen adamyny hezzetläp goýberer eken. Kaýs ibn Sagt Ubada bolsa sahylykda kakasyndan hem öňürdipdir. Ol karz alypdyr welin, hökman adamlary naharlar eken».

Abu Bekr bilen Omar ikisi «Eger bu ýigidi ugruna goýbersek, ol atasynyň mülküni dargadar» diýip, pikir edipdirler. Ol ikisi adamlaryň ýanyna baryp, oňa karz bermezligi ündäpdirler. Şonda Kaýsyň kakasy Sagt ibn Ubada ýerinden galkyp turup: «Eý, Ibn Abu Kuhafe bilen Ibn Hattap, meni bagyşlaň. Ýöne, ogluma gysgançlyk etdirmäge we husytlygy öwretmäge kimiň haky bar?» diýipdir.

Gaýta ol ikisi Sagt ibn Ubadadan ötünç soramaly bolupdyr.

624. Ubaýdulla ibn Apbas her gije iki sany mal soýup, ili hezzetlär ekeni. «Baý malyny bahyl gysganar» diýlişi ýaly, bu hereketleri üçin dogany Abdylla oňa käýinipdir. Ubaýdulla doganyna bakyp: «Şu näme köpmi? Men her gije bary-ýogy iki mal soýýaryn. Nesip bolsa, ýene-de hökman soýaryn» diýipdir.

Aýdyşy ýaly hem edipdir.

625. Elinde gowrulan towuk bolan bir aýal Hatam Taýynyň ogly Adyýnyň ýanyna gelipdir. Ol aýal: «Enem-atam saňa sadaga bolsun, bu towuk ýeke wagtym höwrüm, göriplerimiň ýanynda görküm, zynatym, durmuşymy dolamaga ýardamçymdy. Munuň üçin oňa minnetdardyryn. Onsoň men öz ýanymdan pikir edip, şeýle gowy ýardamçyny, mukaddes-mertebeli ýerde jaýlamagy ýüregime düwdüm. Üstümde Hudaý bar, şu gowrulan towugy jaýlamak üçin, seniň garnyňdan mynasyp ýer tapmadym» diýipdir.

Adyý muňa hezil edip gülüpdir, towugy almaklaryny we oňa derek on müň dirhem bermegi, on eşek un, arpa we ýag ýüklemeklerini buýrupdyr. Bu zatlaryň köplügini gören ýaňky aýal: «Enem-atam saňa sadaga bolsun, bu peşgeşiňe hoşaldyryn, ýöne, hiç wagt isrip etme. Isrip edýänleri, çakdanaşa köp sowýanlary Hudaý halamaýar» diýipdir.

626. Halyt Kasry bir gezek, adamlaryň arzyny diňlemäge oturypdyr. Onuň ýanyna çarwa arabyň biri gelip*:

«Her bir mätäç bende, seniň ýanyňa
Gelýär, sahawatyň eý beýik ogly.
Halydyň ýanyna gelip-gidýänler,
Edil Käbä baryp-gelýänler ýaly.
Eý Halyt, meňzediň iň ýagşy ogla,
Sen tekepbirlikden daşdasyň örän.
Bu abraýyň ozaldan gelýän däldir,
Ony mal eçilip, gazandyň özüň» diýipdir.

Halyt ondan hajatyny soranda, ol: «Hormatly emir, ykbal biziň döşümizden çekip, dyza çökmäge mejbur etdi. Ýiti dişleri bilen çekeledi. Gonara-gezere ýer goýmady. Gaçybatalgamyz we arzuw eden ýaýlamyz siziň dergähiňiz boldy» diýipdir.

Halyt oňa ýüz müň dirhem we ýüz sany düýe bermeklerini emr edipdir. Çarwa arap oňa garap: «Hormatly emir, bu zatlaryň peýdasy maňa bolsa-da, sogaby saňadyr» diýipdir.

Kitabyň başynda maksat edişimiz ýaly, bu zatlaryň ählisini gysgadan düşnükli etmäge çalyşdyk. Sahylyk bilen öwülen we ýatlanylan adamlaryň her biri hakda durup geçdik. Abraý-mertebä hem-de belent maksatlylyk derejesine ýetip bilmedik, durmuş paýhaslaryna teşne adamlar üçin, beýleki bölümlerde hem gyzykly we bähbitli zatlary gürrün bereris.

## OTUZ ALTYNJY BÖLÜM

## JOMARTLARYŇ ARTYKMAÇLYGY

627. Asmagynyň aýdany: «Fazl ibn Ýahýanyň ýanynda otyrkam, çarwa arabyň biri ony idäp geldi we şeýle diýdi*:

«Uzak ýerden gelýärkäm, çölüň içi bilen,
Harap bolan ýerler, bar oty sogan-selin.
Öňünde çagasy we höwri bolan bir ýolbars,
Ylgap gaýtdy men sary, parçalamaga häli.
Ol şeýle bir gorkuzdy, birden ýadyma düşdüň,
Haçanam bolsa bir wagt akyl hem edýär kömek,
Ýolbarslara bakdymda: «Men Fazl ibn Ýahýa» diýdim,
Olar senden gorkusyna öňümde tagzym etdiler,
Sen bolmasaň gorkmazdylar,
adyňdan peýda tapdym,
Hem maňa zat edibilmän, göni yzyna gitdiler» diýdi.

Fazl bu setirlere guwanyp: «Eý, Abu Sagt, bu setirlere baha kes» diýip, maňa ýüzlendi. Men «Bu sözler müň dirhemdenem ýokary» diýdim. Ol: «Şahyrlyk sungaty göriplik etmäge mejbur edäýýär öýdýän. Sen onuň dörtden bir bahasyny kesgitlediň» diýip, hyzmatkärine oňa dört müň dirhem bermekligi buýurdy.

628. Asmagynyň aýdany: «Bir gün Reşidiň ýanyna baramda, onuň gapdalynda Yshak ibn Ybraýym hem oturan eken. Reşit oňa ýüzlenip: «Eý, Yshak, bize bir zat aýdyp ber»

diýdi. Ol*: «Husytlygy halaýan birine gabat geldim. Men oňa husytlyga hiç wagt zerurlyk ýok, adamlar elmydama sahynyň dosty bolýar diýip aýtdym. Gysgançlar bu häsiýeti bilen, öz maşgalasyny kemsidip, abraýyna şek getirýär. Serpaýa hoşal bolmak hem, adam üçin iň oňat zatlaryň biridir, çünki onuň aňyrsynda Hudaýa şükürlilik ýatyr» diýdi.

Reşit muny diňläp: «Dogry aýdýaň, garyplykdan gorkmak gerekmi? Eý Fazl, muňa ýüz müň dirhem ber, gör nähili ajap sözler aýtdy» diýdi. Men: «Möminleriň emiriniň her bir sözi meniň goşgularymdan süýji. Şonuň üçin baýlyk nämäme gerek?» diýdim. Ol: «Dogry aýdýaň, Fazl! Oňa ýene müň dirhem beriň» diýdi.

Bu Yshagyň eline düşen ilkinji baýlykdy.

629. Sagyt ibn Abdyleziziň aýdany: «Hekim ibn Hyzamyň agasy aradan çykanda, onuň adamlara million dirhemlik bergisi bar eken. Ol agasynyň ähli bergilerini üzüpdir we onuň maşgalasyny öz garamagyna alypdyr».

630. Muhammet ibn Fazlyň aýdany: «Abdylla ibn Tahyr Müsüri basyp alanda biz hem onuň ýanyndadyk. Ol münbere çykanda, Mamun oňa bir ýyllyk salgydy görkezip durdy. Olaryň ählisini öňüne getirýänçä, Abdylla münberden düşmedi. Salgydyň jemi üç million dirheme ýetdi. Abdylla münberden düşmänkä, Mugalla Taýy edil münberiň alkymynda ör turup: «Hormatly emir, men Mugalla Taýy, günäm köp hem bolsa, geçirimliligiň giňdir» diýdi. Soňra şuny aýtdy*:

«Ili bagyşlamakda şepagaty uly sen,
Mal bermeli bolanda adamlaryň ýamany.
Eger Niliň bar suwy gyzyl bolup aksa-da,
Senden mysgal agramyn alyp bolmaz, degerli,
Sende bir kör abraý bar diýmeseň,
Belent öwgüň öwezine zadyň ýok.
Eger iliň başyna garyplyk düşse gaýyp,

Şonda-da eliň ýumup, aňsat bereňok häli» diýipdir.

Abdylla muny eşidip: «Eý, Abu Semra, maňa otuz müň dirhem karz bersene. Men hiç zatsyz galdym» diýdi. Aýdylan zat Abdyllanyň gaşyna getirilende, ony Mugalla sowgat berdi.

631. Yshak Mowsylynyň aýdany: «Harun Reşit bilen haj zyýaratyna ugradyk. Biziň ýanymyzda Japar ibn Ýahýa hem bardy. Mekgede düşlän çagymyz Japar: «Maňa bir ajaýyp gyrnak tapyp beriň» diýdi. Haýsy gyzdygyny soramda, ol maňa bir adamyň ýanynda duran görmegeý gyzy salgy berdi.

Ol adam öň deprenmez baýdy. Ýöne pelegiň çarhy öz ornuny we onuň ýagdaýyny üýtgedipdi. Men onuň ýanyna bardym. Ol iň ýagşy, owadan we edepli zenanlaryny görkezdi. Soňra ol zenan, ýakymly aýdym aýdyp berdi. Ol diýseň özüne çekijidi. Men onuň bahasyny soradym. Ol: «Aýdan sözümden dänemok, kesen bahamdan kememok» diýdi. Men: «Aýt» diýemde, ol: «Kyrk müň dinar» diýip baha kesdi. Men: «Bolýar» diýip, Japaryň ýanyna geldim we bolan zatlary gürrüň berdim. Ol gözi bilen görýänçä ynanmajagyny aýdansoň, oňa ýanym bilen gitmegi ündedim. Ol geldi, gördi. Göwnüne ýarady. Satyn almagy makul bildi. Ol käbir hyzmatkär oglanlaryna baýlygyny äkelmegi buýurdy.

Men gyrnagyň hojasyna bakyp: «Bahasyny dogry we nagt berýäris. Eger ynanmaýan bolsaň, ony ölçäp alar ýaly birini iberäý» diýdim.

Haçanda ol gyrnak pul baryny görende: «Siz kim üçin geldiňiz?» diýdi. Hojasy oňa garap: «Sen biziň ýagdaýymyzyň üýtgäp, pulsuz galandygymyzy gördüň. Seniň üstüňden nazy-nygmat döker ýaly, saňa ýagşy hojany saýlap tutdum» diýdi. Onda gyrnak: «Eý, hojam, seniň ornuňda bolup, sen maňa bagly bolsaň-a, menden gelýän bähbitler üçin, seni dünýä baýlygyna çalyşmazdym» diýdi. Hojasy bu sözi eşidip:

«Ähliňiz şaýat boluň, men şu gyzy Hudaýyň haky üçin azat edýärin» diýdi.

Biz ýerimizden turduk. Hyzmatkärler ähli baýlygy göterip ugradylar. Japar olara bakyp: «Bulary nirä äkelýäňiz? Baýlygy bu ikisine beriň. Goý, bu olara ýardam bolsun» diýdi we yzyna dolandy.

632. Medine şäherindäki oturylyşyklaryň birinde sahylar hakynda gürrüň gyzdy. Käbirleri: «Abdylla ibn Japar ibn Abu Talyp iň güýçli sahy» diýse, beýlekileri Arabet Ewsini, ýene birleri Kaýs ibn Sagt ibn Ubadany agzady.

Şonda olary öwenleriň her birine bakyp: «Heriňiz öz diýýäniňiziň ýanyna baryp geliň we bolan wakalary aýdyp beriň» diýdiler.

Olaryň biri Abdylla ibn Japaryň ýanyna baranda, ol atynyň eýerini berkidip, Mekgä ugrajak bolup duran eken. Ýaňky adam Abdylla bakyp: «Eý, sahylaryň serweri, men bir garyndaşy bolmadyk keseki adam, kömek ediň» diýende, ol: «Saňa üstündäki goşlary bilen şu atymy berýärin» diýipdir. Ol gelip bolan wakany gürrüň berdi.

Beýleki biri Arabetiň ýanyna baranda, ol öýden çykyp, metjide tarap ýönelen eken. Özi hem gözden aýrylyp, her goltugyna bir gul girip, ýöredip gelýän ekenler. Ýaňky Arabetiň ýanyna baryp, gününden zeýrenipdir. Arabet oňa: «Üstümde Hudaý bar, dünýä mülkünde şu iki gulumdan başga zadym ýok wagty sataşdyňyz. Şu iki guly al» diýipdir. Ol: «Men siziň ganatyňyzy gyrmaýyn» diýende, Arabet ol ikisinden elini aýryp, çapak çalypdyr hem-de: «Bu ikisini almasaň, barybir olary azat ederin. Isleseň al, isleseň goýber» diýipdir.

Ol hem gelip bolan zatlary gürrün berdi.

Ýene biri Kaýs ibn Sagdy idäp, onuň howlusyna ýetipdir. Gapyny kakanda hyzmatkär gyzlaryň biri daş çykyp: «Näme

hajatyň bar?» diýende, ol: «Maňa Kaýs gerek» diýipdir. Ol gyz: «Mätäç zadyňy soraber» diýende, ol: «Men bir haja barýan keseki adam. Ýolda atymy taladylar. Kaýsy idäp, onuň pazly-kereminden umyt edip geldim» diýipdir. Ol gyz: «Saňa nämeler gerek?» diýende, ol: «Goş-golamy bilen bir düýe we 500 dirhem» diýipdir. Hyzmatkär gyz bir oglana ýüzlenip, soralan zatlary getirmegi tabşyrypdyr. Soňra ol gyz: «Şu düýäni goşy-golamy we 500 dirhem bilen şu adama ber hem-de şu zatlary bereniň Kaýsdygyny ýatlat» diýipdir.

633. Musgap ibn Abdylla Zübeýriniň aýdany: «Hyjaz iliniň fakyhy Abdyrahman ibn Abu Ammar bir möhüm iş bilen gul söwdasyny edýän biriniň öýüne barmaly bolupdyr.

Onuň öýünde aý dek jemally bir gyrnaga gözi düşen Abdyrahman, oňa aşyk bolup, hatda oda düşüpdir. Öz möhüm işi ikinji orna düşüp, bar aladasy şol gyzy eýelemek bolupdyr. Ol bu mesele bilen Atanyň, Tawusyň we Mujahydyň ýanynda dil ýaranda, olar bu hereketi üçin oňa käýinip, igenipdirler. Ol barybir: «Şol iş üçin bile oturýan adamlarym igenýärler, igenç ýerine düşdümi ýa uçdumy, pikir etmeýärin» diýip jogap beripdir.

Şol wagtlar Abdylla ibn Japar bir iş bilen öýünde ýok eken. Dolanyp gelende bu wakany oňa gürrüň beripdirler. Ol gyrnak eýesiniň ýanyna baryp, ony kyrk müň dirheme satyn alypdyr. Gyrnak gyzlaryň hemaýatkärine garap: «Onuň zer-zynatyny we parça lybaslaryny artdyr, oňa ýagşyja seret» diýipdir.

Adamlar Abdylla ibn Japaryň ýanyna gelip, ony sag-aman gelendigi bilen gutlapdyrlar. Ol «Men nä Abdyrahman ibn Abu Ammary göremok-la?» diýende, «Ol öz işine meşgul bolup ýör» diýip, adamlar jogap beripdirler.

Soňra Abdyrahman hem onuň ýanyna girip, sag-aman gelendigi bilen mübärekläpdir. Abdylla Abdyrahmana bakyp:

«Pylan gyzy nähili söýýäň?» diýende, ol: «Edil süňk bilen ýilik ýaly» diýipdir. «Sen ony görseň tanarmyň?» — diýende, «Heý, tanamaýan gyzyňy hem söýüp bolarmy?» diýip, Abdyrahman jogap beripdir.

Abdylla oňa: «Walla, onuň ýalysyny hiç görmändim. Ýaňky gyrnagy getiriň» diýipdir. Zer-zynat bilen bezelen, egni ýüpek donly, aý ýaly bir gyz peýda bolupdyr. Abdylla: «Şu gözelmi?» diýip, soranda, ol: «Hawa!» diýip, jogap beripdir. «Muny özüňe al. Eý, oglanlar, siz bolsa onuň durmuş toýy üçin ýüz müň dirhem berip goýberiň. Toýy pes bolsa arkaýyn oturyp bilmerin» diýip, Abdylla dillenipdir.

634. Hatam ibn Müslimiň aýdany: «Sowuk günleriň birinde Ýahýa ibn Hamydyň ýanyna barýarkam, nygmat bolçulygynda bolup gören bir adama gabat geldim. Onuň egninde sal-sal eşikleri, elinde bolsa joraby bolup, uly sesi bilen jar çekýärdi. Men ondan näme bolandygyny soradym. Ol: «Görşüň ýaly, mätäçlik yzymdan ýetdi, düýn köwşümi satdym, bu gün bolsa nobat jorabyma ýetdi» diýdi. Onuň bu sözi meni ynjalykdan gaçyrdy. Ýanyndan ötüp, Ýahýa ibn Halydyň huzuryna bardym. Bolan wakany gürrüň berdim. Halyt muňa gynandy we oňa on müň dirhem bermeklerini buýurdy. Soň onuňkydan çykyp, Japaryň ýanyna gitdim. Bolan wakalary aýdyp berdim. Ol: «Peşgeş bereňde hem ýaşuludan öňürtjek bolma» diýdi we ol hem on müň dirhem bermekligi emr etdi. Soň ol ýerden çykyp Fazlyň ýanyna bardym. Kakasynyň we doganynyň eden işlerini aýdyp berdim. Ol galamyny hereketlendirip oturşyna: «Walla, biz-ä bu wagt möminleriň emiriniň işi bilen meşgul. Başga zada gabak galdyrara ýagdaý ýok» diýdi.

Onuň beýle sowuk garşylamagyndan umydym üzüldi. Turdum-da, öýe gaýtdym. Görsem, men Fazlyň ýanyndakam, ol öýüme ýigrimi müň dirhem pul iberen ekeni. Men

kakasynyň ýanyna gelip, onuň hereketlerini aýtdym. Kakasy Fazlyň ýanyna baryp, oňa käýedi: «Eý, oglum puluňy paýlaýaň, ýene-de sowuk garşylapsyň diýýärler» diýende, «Ol meniň ýanyma möminleriň emiriniň işine meşgulkam gelipdi» diýip, asudalyk bilen jogap berdi.

635. Mühellep ibn Abu Sufra bir gezek Mihnaf ibn Süleýmiň howlusynda düşläpdir. Haçanda ugrajak mahaly, ol: «Ähli harytlary tutuşlygyna olara goýuň» diýipdir. Olara bäş ýüz müň dirhemlik öý goşlaryny we esbaplaryny sowgat berip gidipdir.

636. Asmagynyň aýdany: «Fazl ibn Ýahýa aw etmek üçin çöle çykanda, onuň gözüne, özüne tarap gelýän çarwa kaklyşypdyr. Ol giň ädimli, owadan ýörişli düýäniň üstünde bolup, ony aýagaldygyna gyssap gelýän eken. Fazl töweregindäkilere garap: «Çakym dogry çyksa, pikirim aldamaýan bolsa-ha, şu çarwa bize gönüläp gelýän ýaly» diýipdir.

Fazl ýüzüni nikap bilen örtmäni halaýan eken. Bu çarwa golaý gelip, düýeden düşüpdir. Onuň owsaryny bir gazyga baglap, Fazlyň ýanyna gelipdir. Öňünde dyza çöküp, ýer öpüpdir. Ol:

— Es-salamaleýkum, eý, möminleriň emiri — diýipdir.

— Aleýkumes-salam, ýöne men, möminleriň emiri däl.

— Onda es-salam aleýkum, eý emir.

— Waleýkumes-salam. Ýöne men emirem däl.

— Onda, es-salamaleýkum, eý jenap.

— Saňa-da Allanyň salamaty, merhemeti we bereketi bolsun. Nireden gelýäň arap doganym? Maksadyň, arzuwyň näme?

— Men Kuzagadan gelýän. Maksadym Fazl ibn Ýahýany görüp, ony şygrym bilen öwmek. Alla onuň eline ýagşylygy

miýesser etse, Hudaýy we ony alkyşlaryn. Tersine bolsa, Kuzaga umytsyz dolanaryn — diýipdir.

— Fazlyň ýanynda, seniň şygryňa aperin diýdirýän we onuňka täsir edip bolmajak şygyrlar bar. Sen ol goşgularyňy ilki maňa aýt, Fazla ýarar öýtsem, öz baýlygymdan az-kem bererin. Soň şu ýerden yzyňa dolanybarersiň — diýipdir.

Ol çarwa*:

«Adam (ata) ölmeziniň öňüsyrasy,
Eçilýärkä janyn, ündedi saňa.
Öz ogullaryna göz aýlamagy.
Adama ýeterlik boldy ogullaryny eklemek» diýipdir.

Fazl:

— Erbet däl. Oňat setirler. Ýöne Fazl muny eşidip: «Ony arap şahyrlaryndan ogurlapsyň» diýer öýdüp gorkýaryn — diýipdir.

Çarwa arap:

— Eger ol şeýle diýse, ondan gowusyny okap beräýerin*:

«Adam atanyň elindäki sahylyk,
Tä Fazla ýetýänçä, nesline geçdi.
Çaganyň ejesi öz balasynyň
Açlygyndan ýaňa alada batsa.
«Fazl» ady bilen iýmitlär ony,
Çagalar «bu süýji eken» diýerler» diýipdir.

Fazl:

— Bu hem diňlemezçe däl. Ýöne ýene-de arap şahyrlaryndan ogurlapsyň» diýer öýdüp gorkýaryn — diýipdir.

Çarwa arap:

— Eger ýene şeýle diýse, bu setirlerden hem has gowusyny aýdyp bererin. Eger: «Ony hem arap şahyrlaryndan ogurlapsyň» diýse, onda eşegimiň dört aýagyny bir ýere jemläp, Fazlyň enesiniň etegine dykaryn, Kuzaga bolsa eli boş gaýdaryn*:

«Eý, Fazl, peşgeşiň üçin, biri saňa igenende,
Oňa «deňze käýinmegiň peýdasy ýok» diýerin.
Eger Fazlyň sahylygynyň öňüni almak isleseň,
Bulutlaryň damjasynyň öňüni kesip bolarmy?
Teşne çölde guýup duran ýagşyň gadry niçik bolsa,
Il içinde Fazlyň berýän sahawaty şeýledir.
Topar-topar adamlar, Fazly idäp gelerler,
Göýä, her gije onda Gadyr gijesi ýalydyr» diýipdir.

Muny eşidensoň Fazl ýüzünden nikabyny syryp, özüni tanadypdyr:

— Nesip bolsa, islegiň biter — diýip, öz derwezebanyna ýüzlenipdir we onuň her setirine on müň dirhem tölemeklerini tabşyrypdyr.

Şeýdip, çarwa araba segsen müň dirhem gowşurypdyrlar. Şonda Fazl ýaýyna ok salyp, özüne dartypdyr. Ony çarwanyň gursagyna gönüläp:

— Eý, arap doganym, saňa gönülän okumy, şygryňy galkan edip, yzyna serpikdir — diýipdir.

Çarwa*:

«Ýaýyň sahylyk ýaýy,
Kirşiň seniň ýardamyň,
Okuň hezzet okudyr.
Şol hezzet oky bilen garyplygymyň läşini ser» diýipdir.

Fazl janpenalaryna bakyp:

— Bu setirleri üçin oňa ýene ýigrimi müň dirhem beriň — diýipdir.

Çarwa arap ýüz müň dirhemini alyp, düýesine tarap ýönelipdir. Düýesiniň üstüne münüp, iline rowana bolupdyr.

637. Bir çarwa arap Halyt ibn Abdylla Kasrynyň öňünde durup: «Emiriň işi oň bolsun, şahyrlar seni öwüp, aňrybaşa çykardy. Ondan aňyrda bolsa öwgi galmady. Menem bary-

ýogy iki setir aýdyp, senden uly peşgeş tama edýärin» diýipdir. Halyt başyny atansoň, ol*:

«Ýagşy adamlara aýt, Halyt aradan çyksa,
Ähli ýagşy ahlagyň ajaly ýetdigidir.
Halydyň ölümine gelýänleri synlasaň
Ýaýdan çykan ok ýaly süýşüp gelerler»
diýipdir.

Halyt: «Isläniňi sora?» diýende, ol: «On müň dirhem» diýipdir. Halyt onuň az soraýanlygyny ýaňsylap: «Eý hyzmatkär, enesiniň etegine dykar ýaly, oňa diýýän zadyny ber» diýipdir.

Muny eşiden çarwa arap: «Onuň ýaly bolsa, syrtyndan dykar ýaly hem on müň dirhem bereweri» diýipdir.

Halyt muňa gülüpdir we diýýän zadyny bermekligi buýrupdyr.

638. Çarwa arabyň biri Süleýman ibn Taglybyň öňünde durup*:

«Eý Süleýman ibn Taglyp,
Bol sen eziz we taglyp[1],
Ähli goşundan taglyp» diýipdir.

Süleýman: «Haý duraweri, atasy ýitmiş, men näçesine hötde gelerin?» diýipdir. Ol «Sowgat bermäni kesýänçäň, hemmesine hötde gelersiň» diýip, jogap beripdir. Ol hyzmatkärine garap: «Şuňa derrew on müň dirhem berip, meni halas edeweri. Jynym atlanyp başlady» diýipdir.

639. Medaýynynyň aýdany: «Atahy bir gezek Mätiniň kömekçisi Omar ibn Alany öwüpdir. Munuň üçin oňa ýetmiş müň dirhem bermeklerini we şol ýerde kim bar bolsa bir halat ýapmagy buýrupdyr. Bu berlen peşgeşleri götermäge onuň gurby hem ýetmändir.

[1] Taglyp — üstün çykýan, ýeňiji diýmek.

Şahyrlaryň köpüsi muňa göriplik edip, onda-munda gep aýdypdyrlar. Bu habar Omara ýetende, şahyrlaryň ählisini köşgüne çagyryp: «Eý, şahyrlar kowumy, neçün birek-birege göriplik edýärsiňiz? Biriňiz ýanyma gelip, meni öwýäňiz, otuz beýtden agdyk bolmadyk setirler bilen wasp edýäňiz. Haçanda ol çykanda öwgüsiniň lezzeti we şygrynyň nuranalygy öçüp gidýär. Atahyýa bolsa iki beýt goşgy aýdýar hem-de*:

«Haçan-da, men emiriň ýardamyna bil baglamda,
Zamanaň howp-hataryndan, hem şekinden boldum halas.
Eger adamlar ony sylamany başarsa,
Men gezerdim hökümdaryň dergahyny ýalap.
Onuň beren zady bize ýeňillikdir, düşýändir,
Bizden alan zady bolsa agyrlyk-duşmandyr» diýýär ahyry» diýipdir.

## OTUZ ÝEDINJI BÖLÜM

## ÝAGŞYLYGA WE SOWGADA ALKYŞ WE ŞÜKÜR

640. Pygamberimiziň aýdany: «Adamlaryň gadyryny bilmeýän, Hudaýa şükür etmez. Azyň gadyryny bilmeýän, köpe şükür etmez. Allanyň bagyş eden nygmatlaryny ýatlap gürlemek — şükür, bilmediksirän bolmaklyk — küpürdir».

641. Japar Sadygyň aýdany: «Alla kime nygmat eçilse, ol hem muny ile äşgär etmän, ýürekden şükür etmegi niýet eden bolsa hem, ol artykmaç nygmata mynasypdyr. Esasy zat nygmata şükür etmekdir».

642. Sufýanyň aýdany: «Hudaýyň bagyş eden nygmatlaryna şükür ediň. Şükür edilse, nygmatyň zowaly[1] bolmaz, gadyry bilinmese, dowamy bolmaz».

643. Hasanyň aýdany: «Adam ogullarynyň günäsi, Hudaýyň özi bagyşlaýmasa, ýuwup gutarardan kändir. Hudaýyň Adam ogullaryna eçilen nygmaty, özi goldamasa, şükür ederden köpdür».

644. Pygamberimiziň aýdany: «Nygmat bagyş edilen adam, şol nygmaty Hudaýyň ýetirendigine ynanýan bolsa, Alla onuň şükürini ýazar. Bir dinarlyk don alan adam ony geýip durka: «Hudaýa şükür» diýse, dony egnine atýança, Hudaý onuň günälerini bagyşlar».

---

[1] Zowal — ýok bolmak, soňy.

645. Hasanyň aýdany: «Hudaýyň bagyş eden nygmatynyň gadyryny bilip, derde duşmadym — dini ynanjymda yllat[1] goýmady, uly dertlere duçar etmedi, sabyr etmekden saklamady.

Meni bu işleriň sogabyndan umydygär etdi».

646. Käbir danalaryň aýdany: «Ýagşylygyň gaýtargysyny bermäge gurbuň ýetmese, ony edene minnetdar bol. Şeýtseň, üstüňdäki borjy bitirersiň we nygmatyň köpelmegine sebäp bolarsyň».

647. Ahmet ibn Ýusup Kätip käbir dostlaryna hat ýazanda: «Işli wagtyň gadyryňy bilýän adam, boş wagtyň ýagşylyk edeniňe degýändir» diýip, ýazýan eken.

648. Abu Harunyň aýdany: «Käbir ýagşy adamlaryň ýanyna girip, gözüň şüküri näme?» diýip soranymda, olar: «Gözüň şüküri ýagşy zady görseň ýaýyp, ýaman zady örtmekdir. Gulagyň şüküri, ýagşy zady eşitseň ýat bekläp, ýaman zady unutmakdyr. Eliň şüküri, haky bolmadyk zady almazlyk we olardaky Hudaýyň hakyny köýdürmezlikdir. Garnyň şüküri, başy—bilip iýmek, soňy—sabyr etmekdir. Uýat ýeriň şüküri, Allatagalanyň aýdyşy ýaly: «Meger öz jübüti — halallaryndan we golastyndaky gyrnaklaryndan saklanmaýarlar. Bes, olara melamat edilmez[2]» diýlişi ýalydyr. Eger şu zatlary doly ýerine ýetirseň, onda sen hakyky şükürli we dogruçyl adamsyň. Emma, dili bilen şükür edip, süňňi bilen bitirmeýän, hojasynyň beren donuna ýeňini sokup, geýip bilmän ýören bendesi ýalydyr».

649. Aly ibn Jebeläniň aýdany: Abu Dulef Kasym ibn Isa Tusynyňka aýlanmaga gitdim. Ol öýe girenimden, güler ýüz bilen garşylardy, ýagşylyk etmän bolsa daş çykarmazdy. Bu

[1] Yllat – dert, kesel, ýetmezçilik

[2] «Möminler» süresi, 6-njy aýat, «Magraç» süresi, 30-njy aýat

ýagdaý uzaga çekensoň, köp yhsan edýänliginden utanyp, birnäçe günläp oňa görünmän gezdim. Bir gün ol ýanyma, dogany Makgyly iberipdir. Öýümde otyrkam, ol ýanyma girdi we ýazgaryjylyk äheňi bilen: «Neçün bizden uzaklaşdyň we görünmediň? Saňa eden ýagşylygymyzyň üstüni dolduryp, kämil etjekdik» diýdi. Men oňa şeýle hat ýazyp ugratdym*:

«Senden gaýtdym. Ýöne meniň bu gaýdyşym, seniň beren nygmatyňdan ýüz öwürdigim däldir. Nygmatdan ýüz öwrüp ony artdyryp bolmaýar. Ýöne, size baramda, maňa biçak yhsan etdiňiz we oňa minnetdarlyk aýdardan men ejiz boldum. Mundan beýläk iki aýda ýa-da aýda bir günlük, seniň ýanyňa salama bararyn. Eger-de ýene artyk ýagşylyk etseň, men ony ödäp bilmän, naýynsap bolup galmaýyn. Soň meni öz ýanyňda görmersiň» diýdim.

Haçanda hat eline gowşanda, ol okap görüp: «Şeýle güne düşmeden Hudaý daş etsin, gör nähili gowy setirler, inçe sözler, diýesi gelen zadyňy gowy edip aýtmaklyk» diýipdir. Soňra kömekçisine syýa getirmegi tabşyrypdyr we dessine, pikirlenmezden jogabyny ýazmaga oturypdyr. Sebäbi Abu Dulef jogaby taýyn adamlardandy. Ol*:

«Geçip barýan ötegçini güler ýüz bilen garşyladym. Zyýapatdan öň oňa köp mähir etdim. Meni umytlap gelipdir. Heý-de gelen adamy adatdan-däpden çykyp, tagamsyz goýmak bolarmy?! Men diňe onuň ýagşylygyna hezzet bilen jogap berdim. Tä ömri ötýänçä oňa yhsanymy gaýgyrmaryn. Ol bolsa asyra aşjak öwgi bilen hezzetledi. Meniň ondan gören bähbidim örän oňat boldy. Men diňe onuň öwgüsiniň öwezini dolupdym» diýip ýazypdyr.

650. Zurrymmadan*:

«Onuň maňa ýardamyny küpür saýamok,
Nygmatyň gadyryny bilmezlik küpür.
Bir mekanda düşlesem, ýüzüni çytmaz,

Ne boş oturar, ne ýamanlyk eder.
Magrur, dindar, samsyk, ynamdar, jaňçy-
Olaryň barysyna haýyr-yhsan eder».

651. Abu Nuwasdan*:

«Maňa nygmat berip, güýje getirdiň,
Berkitdiň diregim, ysgyndan gaçan.
Häzirlikçe maňa ýagşylyk etme,
Öňküleň şükrüne ýeterin haçan».

652. Mahmyt Warrakdan*:

«Hudaýyň nygmatyna nygmat bilen jogap bermek hakyky şükürdir. Ýagşylyk edilse şükür etmek wajypdyr. Üstünden gün geçip, aý aýlansa-da, edilen ýagşylyga sagbolsun aýtmagy unutma».

653. Başga birinden*:

«Ýagşylyga şükür edýän adamlar bilen, bu ýagşylygyň gadyryny bilmeýänler, edil käbir ekerançylar ýalydyr. Eger ýer gowy bolsa, ýagşylyk oňat biter, ýer şor bolsa, näçe haýyr sepeläniňde hem, hiç zat bitmez. Gadyrbilmezlere edilen ýagşylyk bilen, şükranalara edilen kömek, edil amanat goýlan zat ýalydyr. Gadyrbilmezler ony zaýalar, şükranalar abat saklar».

654. Ahmet ibn Musadan*: «Her bir kynçylykda çykalga bar. Bu zatlara akyl etmeseň, ýürekden uýmasaň, ýazykly bolup galarsyň. Hudaýyň beren nygmatlaryny ýatlap ýamanlykdan, şowsuzlykdan gorandym. Ol nygmatlar bilen üstümi örtdüm, bezendim. Allanyň gör näçe nygmatlary bar, ýöne biz ýatýas, turýas, olaryň köpüsine ähmiýet bermeýäris».

655. Şebip ibn Şepbanyň aýdany: «Mansuryň ýanyna giremde, ol maňa: «Eý, Şebip, gowy zady gysgaça wagyz edip ber!» diýdi. Men: «Eý, möminleriň emiri, şükür etmek babatda özüňden ýokarda birini goýmagyňdan Hudaý razy bolmaz. Sen iň şükranaly adam bolup, Hudaýy razy et. Sen şükür edýänleriň

iň beýigi bol!» diýdim. Ol maňa: «Bu aýdanyň dogrudanam gysga, ýöne manyly» diýdi.

656. Alym adamlaryň biri Abu Apbasyň ýanyna giripdir. Abu Apbas onuň ýanyna gelipdir we bir gymmatbaha serpaý bermeklerini buýrupdyr. Alym adam: «Eý, möminleriň emiri, dadyňa Alla ýetişsin. Eger beren zatlaryňa şükür etjek bolsak, Hudaýyň biziň mertebämizi seniňkiden pes edişi ýaly, oňa minnetdarlygymyz hem kemlik eder. Emma Allatagala hormaty saňa, pesligi bize bagyş edipdir. Minnetdarlygymyzyň kemligi üçin bolsa, bizi artyk nygmatdan mahrum etmedi» diýipdir.

657. Wehbiň aýdany: «Allatagala Dawut alaýhyssalama wahyý inderende: «Nygmatyma şükür et» diýdi. Dawut: «Eý, Hudaý, nygmatyňa nädip şükür edeýin? Saňa edýän şükürim hem seniň beren nygmatyň ahyry» diýende, «Eý, Dawut, indi sen şükür edýänleriň mertebesine gowuşdyň» diýip, Allatagala aýdypdyr.

658. «Kalila» eseriniň awtory şeýle diýdi: «Gadyrbilmeze aýdylan nesihat, şor ýere sepilen tohum ýalydyr».

659. Käbir edebiýatçylaryň aýdany: «Dostunyň ýagşy niýetine şükür etmeýän adam, onuň bol serpaýynyň hem gadyryny bilmez».

660. Abu Temmamdan*: «Seniň ýagşylygyňy lybas edip egnime atdym we oňa kemsiz bürendim. Ol edil täze geýimiň zynaty ýaly ýalpyldap dur. Ol edil şükür edýän adamyň ýardamçysynyň gaşyna baryp, çeper dil bilen ony öwüşi ýaly gelşikli».

661. Başga birinden*:

«Şygrym bilen wasp edere, dilim asgyn gelýär,
Bitiren işleňe ýetenok öwgi.
Şygyr bilen aýtsam, bärden gaýdaryn,
Söz bilen ýetirmek, ýene-de görgi.

Azaşyp giderin seň alkyşyňda,
Soňra tapyp bilmen sagy-solumy.
Seniň ýagşylygyň mukdary ýaly,
Minnetdar bolmakdan ejiz men häli».

662. Sabyk Berberiden*:
«Abraýyň uly, mekanyň beýik duýlanda,
Görmedik, tarypdan ýüz öwren ýigdi.
Hat-da Alla gullaryna buýranda,
«Eý yns-u jyn maňa şükür ediň» diýdi».

663. Ybraýym As-Sulydan*:
« Menden ýagşylygyn gysganýan adam,
Ýaýylyp dur saňa ötünjim-özrüm.
Gysylmaryn haýrym, ýöne näşüküriň,
Gaşyna barmaga meýl etmez göwnüm».

664. Turaýh ibn Ysmaýyl Sakafydan*:
«Eden ýagşylygyň üçin, alkyş aýtmaga oturdym,
Şükür etsem-de her näçe, bar yhlasym kem geldi.
Sen ýene-de dessine hoşluk serpaýyn ýapýaň,
Ýetilmedik taryplar gat-gat bolup jemlendi».

665. Başga birinden*:
«Sahawatly eliň maňa köp maly gurban etdi,
Ol sandan, hasapdan, şükürden köpdür.
Olaryň içinde ebedilige çenli
Alkyş aýdylmadygy ýokdur».

666. Ibn Tabataba Alawydan*:
«Ömrümden söz berýän, eden kömegiň,
Ömrüme köp ýagşy ýatlama berdi.
Gadryň bilmän, şükür etmän dursamam,
Barybir abraýyň galar giderdi».

667. Abulferej Bepbegadan*: «Sen bu zatlary, ilki wada bermezden berdiň. Bu zatlaryň öwezini şükür bilen doldurardan örän ejizdirin. Ol ýagşylyklaryň ýanynda, meniň

bu alkyşym, mazara äkidilip barýän adamyň ähmiýeti ýalydyr. Edilen ýagşylyk üçin ýakyn-u alysdaka şükür etmek wajypdyr».

668. Basraly Abulkasym Aly ibn Hemzäniň aýdany: «Ubaýdulla ibn Horasan bir jamy sowgatdan dolduryp, Abu Taýýyp Mütenepbä iberipdir. Mütenepbi jamy yzyna gaýtaranda, oňa şeýle setirleri ýazypdyr*:

«Kemeweri. Ýogsa siziň peşgeşiňize biziň söýgimiz ýeterlik bolmaz. Serpaýyň ýardamdan aşyp, ýagşylyk çäginden geçdi gitdi. Sen ony dolduryp sowgat iberen bolsaň, biz ony alkyşdan dolduryp saňa gaýtarýarys. Onuň içi boş bolsa-da, gyrasyndan alkyşlarymyz dökülip durandyr».

669. Ibn Rumydan*: «Bu zatlara öň ähmiýet bermedigim üçin ökünýärin we indi ähli nygmata şükür edýärin. Bu beýik nygmat bagyşlaýja, göze görünýän we görünmeýän ähli zatlar alkyş aýdýar».

670. Ýene şeýle diýdi*: « Seniň ýagşy ahlagy isleýändigiňi bildim. Gije-gündiz päk gylyk üçin yhlas edýärsiň. Iberen yhsanyň göwnüme ýarady. Maňa eden ähli sowgadyň üçin saňa alkyşlar bile serpaý ýapýaryn. Bu alkyşlarymyň gyralary, umytdan doly bolsa-da, bir zady bilmek lazym: Kabul edeniňde ýeňil ýaly ýagşylygy, göternip gezmek agyr düşäýmesin».

671. Ahmet ibn Ýusup käbirlerine hat ýazanda: «Seniň yhlasyň serpaý ýapardan we alkyş aýdardan has beýikde» diýip ýazypdyr.

672. Buhturydan*: «Eger adamyň aýdýan minnetdarlygy, ynsan keşbine girip bilýän bolsa, men şonuň keşbine girip, gaşyňa barardym. Sen bolsa meniň owadanlygymy, syratymy-zynatymy görüp, saňa nähili minnetdardygymy bilerdiň. Ýöne, ynsabyň içnde gizlenen zady, diňe ynsabyň bilen duýmaly bolýar».

673. Ibn Bessamdan*: «Gözel nygmatyň üçin, bütin süňňüm bilen alkyş aýdýaryn.
Gulagym, gözüm, ellerim bilen aýdýaryn. Kalbym bilen, egri gapyrgam bilen aýdýaryn, ýöne şükür edip, yzyndan ýetip bilmeýärin».
2) «*Etmekçi bolan ýagşylyklaryň üçin minnetdarlyk bildirýärin. Çünki ýagşy niýet etmegiň özi ýagşylykdyr. Eger, bu zatlar hasyl bolman galsa-da, men seni ýazgarmaryn. Çünki ähli zat takdyr edilen ýazga görä sowulýandyr».

674. Başga birinden*:

«Sorap gelýäne berýär hem şükür edýär,
Şükri onuň öwezine, baýlygy bolsa mugtuna gidýär».

675. Abu Nuhaýlynyň Mesleme ibn Abdylmälik hakda aýdany*: «Saňa şükür etdim, sebäbi şükür —takwalygyň we her bir ýagşylygyň ornuny tutýan mäkäm bir ýüpdür».

## OTUZ SEKIZINJI BÖLÜM

## WASPNAMALAR

676. Abdyrahman ibn Awf Zuhrynyň Pygambere bagyşlap ýazan waspy*:

«Gören çagym, Allanyň jarçysyna ynandym,
Ol hormatly hem dogry bir dine çagyrýardy.
Uzakdan eşidip sesin: «Gaşyňa barýan» diýdim,
Ornum seniň ýanyňa, belki ykbalym saňa.
Ýagşy we mäkäm ýürekli birini gözläp,
Hymýaryň gum depelerin, çölleriň için gezdim,
Dogruçyl ogullara mertebe ornun berer.
Yhlas edip öwrenmeseň, alyp bolmaz ylymy.
Adamlara dogry zady nesihat berýänler bar,
Olary gorka salyp, betgüman bolýanam bar.
Zemindäki adamlaryň içinde,
Iň ýagşysy eýsem Pygamber dälmi?!
Adamlar garaňky tümlükdekäler,
Nadanlyk içinde, güňlükdekäler,
Olaryň ýanyna Pygamber geldi,
Tümlügiň deregne, ýagty nur saldy,
Her musulmany goldap, oňa ýardam-kömek berdi.
Betbagtlar onuň tersine gitdi,
Goý olar jähennem düýbüne düşsün,
Biziň dadymyza Alla ýetişsin».

677. Uheýp ibn Semagyň Pygamber hakda aýdany*:
«Men bu çöli howlukmaç ýöräp geçdim,
Atyma zor saldym, ýol hatarlydy.
Ýol boýy samradym. Asmanda bolsa
Sureýýa ýyldyzy ornunda durdy.
Ol daýhanyň öz melleginden ýolan,
Bir bölejik üzüm hoşasy ýaly.
Ýa hyzmatkär gyzyň döşüne düzlen,
Altyn, kümüş, göwher, dürdür zer ýaly.
Üç gezek aýlandy, üçünji gezek,
Hurmaly, injirli menzile ýetdik.
Ol ýerde hak halan Pygamber bardy,
Beýiklige ýeten, mynasyp ärdi.
Güler ýüzli, bagtly mertebeli ol,
Arassa ynsaply, ýalandan daşdy.
Söweş ody tutaşsa-da, yza dönmezdi.
Nesil, naýza, galkan bilen çykardy.
Söweş gidip durdy, ganlar akyp dur,
Ajal näçe jany alypdy eýýäm.
Onuň haýbatynda duşmanyň tugy
Pese düşdi. Leşgeri boldy weýran».

678. Hişam ibn Abdylmälik haj zyýaratyny niýet edipdir. Haçanda haj möwsümine gelende Aly ibn Hüseýin hem peýda bolupdyr. Adamlar ony tagzym we hormat bilen Käbä goýberipdirler. Sebäbi Hişam haj edende, hiç kimsäni ol ýere goýbermeýän ekenler. Hişam onuň kimdigini soranda, Ferezdek ýerinden turupdyr we bu oglanyň elinden tutup, şeýle goşgy aýdypdyr*:

«Muny hemmeler tanaýar, musulmanlar tanaýar,
Ol halaly-haramy örän ýagşy saýgarýar.
Bu Allanyň oňat bendesiniň ogly,
Bu takwa, arassa, päkize, ýagşy,

Bu Resulallanyň gyzynyň ogly,
Mundan başga häzir nebere-zat ýok.
Bu diniň hormatyn ýitiren däldir,
Bu sahawat bilen tanalan sahy.
Alla şükür edýäniň, öňküleri hem syladygydyr,
Onuň kalbyndan çykan dini, ymmatlar kabul etdi.
Onuň parlak ýüzi,
gijäniň tümlügi ýaly gara donunyň içinde,
Gijäni umma gaçyrýan, täze dogan gün ýalydyr.
Onuň halaýany din, ýigrenýäni küpürlik,
Takwalary jemleseň, başynda şu durar,
Ýa-da «Ýer ýüzünde iň ýagşy kim?» diýip soralsa,
Şu diýerler.
Alla ony sylady, Alla ony goldady,
Ýazgyt ýazan galamy belki şeýle diýendir.
Gözbaşyny Pygamberden alyp gaýdýan çeşme bu,
Hulky, görki, tebigaty iň ýagşy adamdyr.
Hak bendesiniň ýanynda göz-gaşyny çytmaýar.
Ilki söze başlanda hem-de soňlanda,
Alladan soň adamlar ilki şuny ýatlaýar» diýipdir. Hişam Ferezdege garap: «A sen bizden hiç haçan serpaý almadyňmy?» diýipdir. Aly ýerinden turup: «Eý, Ferezdek, sylagyňa näçe diýýäň?» diýende, ol «Ýigrimi müň dirhem» diýipdir. Aly: «Saňa kyrk müň dirhem berýärin» diýende, ol «Pygamber neslini öwenim üçin sylag almaýaryn» diýipdir. Onda Aly: «Biz hem beren sözümizi yzyna alamzok» diýipdir. Soňra ýanyna baryp, emr eden zadyny gowşurypdyr.

679. Aly ibn Jehmden*:

«Eý, Ahmediň nesli, beýiklik üçin Allanyň kitabyndan başga zady isleýäňizmi? Allanyň «Akylly adamlara boýun egiň» diýeni ýeterlik dälmi? Pygamber alaýhyssalam adamlara öz garyndaşlaryny söýmegi ündedi, başga sylag hantama

bolmady. Kim jemgyýetde öz ornuny tapmaýan bolsa, onuň orny biabraýlyk bilen gözden düşmegiň arasyndadyr».

680. Ferezdekden*:

«Meniň döwrümde, Zülkarneýn, siziň gylyjyňyz boldy.
Patrik[1] adamlaryň täjiniň sellesine öwrüldi.
Olaryň akyllylygy maňlaýynda ýazylgydyr,
Eger gitmedik bolsa, müşk saçynyň üstündedir».

681. Abu Temmam Taýydan*:

«Alla beýikdir, bize bir beýik geldi,
Onuň barlygynda aň-hyýal haýran boldy.
Ol ganhorlugy Watandan aýyrdy,
Ol aýyrmak üçin kän jepa gördi.
Ýetimlere ata bolup, hossar çykdy,
Biz ýetimlere hem gülüp bakdy.
Günälerden daşlaşýar, Hakdan çekinýär,
Muňa uýup, il-gün hem bet işden çekilýär».

682. Muhammet ibn Zyýat Harysydan*:

«Ol gabahat işlere gatylmaýar, güň ýaly çemeleşýär, paýyş sözleri eşitse, ker ýaly garaýar. Bihaýa we binamys bilen adamlara duşan çaglary hem, göýä bir syrkaw, haly teň kişi ýaly, olar bilen weji bolman gezip ýör. Eger üstüne sürnüp, dalajak bolsalar welin, eýmenç ýolbarslar ýaly atylyp turar. Olarda gaýrat güýji we pespällik ähli gylykdan rüstemdir».

683. Hüseýin ibn Mutaýr Esediden*:

«Ol öz gününi adamlar üçin ikä böldi: Bir gün şumluk güni, beýlekisi—nygmat güni.

Açyk güni aýasyndan ýagyş dek ýardam dökülýär. Tutuk güni goşaryndan gan damyp dur. Eger sahylyk elin ýer ýüzüne açanda, onda zeminde garyp-biçäre galmazdy. Eger gyňyr

[1] Patrik — patriarh, hristian ruhanysy.

gylyjyn ýer ýüzüne çalanda, onda zeminde jenaýatkär bolmazdy».

684. Dygbyldan*:

«Egerde adamlar haýsydyr bir artykmaçlygy bilen günüň depesinde oturýan bolsa, onda adamlar öz abraýy we sahawaty bilen oturardylar. Atalar ogullary üçin kesgir gylyç ýalydyr, şonuň üçin ogullary hem olara kybap, ýagşy bolup ýetişýär. Bu kowum şeýledir: Asuda gezseler adam, haýbat atylsa jyna meňzeşdir».

685. Ýene-de şeýle diýdi*:

«Olardan şöhle sorasaň, ýagtyldar, olar beýik hormata laýykdyr.

Eger öwgiler asmana ýeten bolsa, onda asmanyň özi hem bulary sylamaga geler».

686. Nabyga Zübýanynyň Abu Kabus Nugman hakda aýdany*:

«Duýaňokmy, Hudaý saňa gaýrat beripdir,
Özge şalar seni görse sandyraberýär.
Sen güneşsiň, özge şalar ýyldyzdyr,
Gün dogansoň, ýyldyzlar gözden ýitýär».

687. Ahwasdan*:

«Bir hajat bilen, sanaman sarp edýän sahynyň ýanyna bardym. Ol barmagyndaky göwher ýüzügini gysganjaklardan däldi. Oňa salam berdim, haçanda onuň güler ýüzüni we öňümde süýji söz bilen egilmesini göremde, meniň ähli mätäçligim, ýatdan çykdy.

Onuň garaýşy maňa ýarady. Bulanyk suwuň durlanyşy ýaly, hoşboý ysyň ýaýraýşy ýaly arassa boldy. Munuň güler ýüzüniň özi nygmatdy. Men ony taryplardan ejizdim, şonuň üçin hem «Mertebäň gözüm üstüne, seniň waspyňy ýetirerden asgyndyryn. Ony diňe Feth ibn Hakan başarýandyr» diýdim.

688. Hansadan*: «Ynsanyň eli nähili belentlige, abraýa ýetenem bolsa, onuň şöhraty seniňkiden beýik däldir. Adamlar şan-şöhraty söz bilen taryp ederler, ýöne barybir seniň şöhratyň ezizdir».

689. Merwan ibn Abu Hafsadan*:

«Matar taýpasy howsalaly gün, süreninde çagasy bolan ýolbars ýalydyr. Olar jebri-jepadan goraýarlar. Jahylyýet döwründe baş boluşlary ýaly, gaýly günde ýaşulular baş bolýandyr. Olar diýse duçar bolýan, dilese kabul bolýan, bereni göwnüňe ýaraýan we bol eçilýän adamlardyr. Hiç kim olaryň edýän işini başaryp bilmez. Kyn günüňde ýardam berip, kemsiz-köstsüz goldarlar».

690. Müslim ibn Welitden*: «Onuň iki gözi bar. Biri beýikler üçin açyk, beýlekisi bolsa, gyňyr goňşysyny görmezlik üçin ýumuk. Onuň gylygy ýagşylaryň ýanynda beýik, haramzadalaryň ýanynda pes saýylýar. Puluň azalsa, onuň açyk ýüzünden delalat tapýarsyň, mätäç bolanyňda, sahawatly aýasyndan şepagat tapýarsyň».

691. Dygbyldan*:

«Baýlyk isläp elim bilen elini gysdym,
Elinden sahylyk ýokuşýandygyny bilemokdym.
Gaýtdym. Soň sahylykda Hatama meňzedim,
Berenlerini ýitirdim, özümde baryny sowdum.
Ne men baýlardan bähbit tapan adam boldum,
Alan peýdam, maňa [sahylyk] ýokuşdyrdylar,
Şeýdibem özümdäki bar zady sowdum».

692. Buhturydan*:

«Men halypa, ol hem maňa gadyrly,
Ol maňa köp haýyr-yhsanyn etdi.
Eli meniň aýalarymy doldursa,
Sahylygy gysgançlygymy giderdi,
Ýöne ýene meni biçäre etdi.

Baýadyşy ýaly, garyp düşürdi.
Onuň ýagşylygyndan gowusyn etdim,
Ugradan ýerinde jomartlyk ýolun tutdum.
Sarp edilen zadyň öwezine zat gelýändigini bilemsoň,
Maňa beren zatlaryny, gysganman özüne berdim».

693. Abu Dulefden*: «Jomart adam az eçilmegi ar biler. Mätäji maksadyna ýetirýänçä mal berer. Puluny ýagşy zada sarp edip, haýyr görensoň, özünden umyt edip gelýän ähli adama ýardam berer»

694. Dureýt ibn Symmadan*:
«Iýmiti taýyn bolsa-da, köp bolsa-da,
Sen ony garny aç bende saýarsyň.
Sal-sal geýim bilen ýola düşer ol,
Eger açlyk degse, garyplyk onuň iýmiti bolar,
Elindäki ähli zadyny sowup paýlap gutarar».

695. Başga biriniň Magn ibn Zaýyda hakda aýdany*:
«Tä özüme gelýänçäm, eçildiň sen gysganman,
Şeýle bir bol berdiň welin,
Oýnaýansyň öýtdüm.
Sen ýardamyň özüsiň hem ýardamyň oglusyň,
Sen ýardamyň doganysyň, ýaranysyň, dostusyň,
Ile ýardam etmekden özge ýoly tutan dälsiň».

696. Ibn Dumeýneden*:
«Sahylyk mertebesine ýetjek bolsaň,
Abu Bahtarynyňky ýaly gözel iş görkez.
Hyjazda onuň dostlary yzyna eýerdi,
Ol bolsa garyp-baýyň ählisini gurply etdi».

697. Abu Bahtary diýilýän bu adam örän ylymly, sahawat we hormat babatda meşhurlyga ýeten adamdyr.

Abu Ýusup Kazydan eşiden bir habaryma görä, jöwzaly günleriň birinde, Reşit öz hyzmatkäriniň eline sowuk suwly meşigi tutduryp, Abu Bahtarynyň ýanyna ugradypdyr.

Baransoň oňa: «Bu sowuk suw, men gyzyp gelen adam. Seni özümden hormatly saýamsoň, şu suwy sen iç» diýmegi tabşyrypdyr. Ol aýdyşy ýaly ýerine ýetiripdir. Abu Bahtary öz guluna bakyp: «Möminleriň emiriniň hyzmatkärine ýanyňdaky puldan iki müň dinar ber» diýipdir. Ol hem nagt sanap, eline gowşurypdyr.

Reşit bu wakany eşidip, Abu Bahtaryny ýanyna çagyrypdyr. Ol gelensoň: «Ýeri, Abu Bahtary, beýle bisarpalyk nämä gerek boldy? Saňa bir owurt suw elten gula iki müň dinar pul berýärmiň?» diýipdir.

Abu Bahtary: «Eý, möminleriň emiri, şol suw üçin meni özüňden, eziz ogluňdan, has dogrusy, maşgalaňdan hormatly saýaňsoň, ony getiren wekiliňe iki müň dinar bermäýinmi?! Walla, ýanymda ondan köp pul bolan bolsady, olary hem bererdim» diýipdir. Reşit oňa on müň dinar bermekligi buýrupdyr.

698. Käbir araplardan*:
«Haşym kowumyndan serdar ýetişdi,
Nesil-neberesi öwgüli hem päk.
Asylly daragt, köki sahawat jülgesinde,
Şahalary bolsa asmana ýetip dur».
699. Muhammet ibn Sewrden*:
«Olaryň hemmesine ýagşylyk etmese-de.
Adamlaryň köpüsi Halydy öwüp otyr,
Duşmanyna zelel berip,
pälinden gaýtaran ýigit,
Dostlaryna bähbidin, kömegin gaýgyrmady.
«Ahlagy we tebigaty ýagşy bolan ýigidi,
Il-ulusy ony öwmän, saklanyp bilmez» diýdi».
700. Başga birinden*:

«Baýlygyn sarp eden adamlar, onuň deregine alkyş-abraý aldylar. Dünýäniň heläk edýändigini görenlerinde, nebislerini oňa maýyl etmekden sowup, ötegçi biri ýaly bolup galdylar».

701. Ata ibn Musa Zyýadynyň Rabyg ibn Abdylla hakda aýdany*:

«Ýagşylyk serpaýyn ýapsaň,
Seniň peşgeşiň ärler üçin zynatdyr,
Her serpaý adama bezegem däldir.
Özüň isläp berýäň, iliň hajatyn,
Munuň üçin ýüz saraltmak geregem däldir».

702. Başga birinden*:

«Patyşanyň ýardamyndan ýapyşýan,
Otuň ýagyş damjasyna mäkäm ýapyşyşy ýaly.
Eý, Patyşam, ýene näçe nygmatyň bar,
Döwürden döwre kösenmän galar ýaly».

703. Aly ibn Jebeläniň aýdany: «Abu Dulef Yjlynyň ýanynda otyrkam, bir çarwa arap gapydan girdi. Ol: «Emiriň işi oňuna bolsun, seniň ýanyňa iki setir goşgy bilen öwmäge geldim. Onuň deregine bolsa senden ebedilik hazyna isleýärin» diýdi. Abu Dulef ondan goşgyny aýtmagy soranda, ol*:

«Eý, Abu Dulef, sahylyk bir gün özüniň harlygyndan Hudaýa nalyş etdi. Hudaý bolsa oňa Kasymyň dogulýandygyny buşlady we Jebraýyl perişdä emr edip, ony seniň üstüň bilen beýgeltmegi buýurdy» diýdi. Abu Dulef oňa on müň dirhem berdi.

704. Çarwa arabyň biri başga birini öwüp, şeýle diýipdir: «Dosty bilen gatnaşardy, baryny gysganmazdy, söze wepa bermek borjudy. Özüni sylana hormat ederdi».

705. Hyrmazynyň aýdany: «Bir ýyl Reşit haja baranda, ýanynda iki sany gyzy bolan çarwa arabyň biri, oňa pete-pet gabat gelipdir. Ol gyzlaryny gujagyna alyp: «Möminleriň

emirinden haýyş ediň» diýipdir. Arabyň uly gyzy Reşide bakyp*:

«Möminleriň emiri, biziň halymyz şeýle,
Biz bir garyp-biçäre, atamyz ýoksul galan.
Betbagtlyk bize zyýan ýetirdi,
Külbämize garyplyk saldy talaň» diýipdir.

Soňra ikinji gyzy*:

«Möminleriň emiri, biziň halymyz şeýle,
Ýüzümiz şepbigiň reňki ýaly gara.
Möminleriň emiri, biziň garnymyz aç,
Niçe hepde el urmadyk nahara» diýipdir.

Reşit bularyň sözüni eşidip, hamsygypdyr.

Olary geýindiripdir, ýanyna barypdyr. Her ýylda haja gelmäge hem hemaýat beripdir».

706. Ýanynda aýaly we gyzlary bolan çarwa arap Omar ibn Hattabyň huzuryna gelipdir we*:

«Eý, iň ýagşy Omar, sylagyň jennet,
Çagalarymy we enelerini geýindir.
Eý, Abu Hafs, sen bir zady bilýärsiň,
Kyýamat gün bu haýyş üçin halymdan soralarsyň,
Eden ýagşylyklaryň galkan bolar,
Dilegçi hem olaryň arasynda durar,
Jaýyň jennet ýa-da dowzah bolar» diýipdir.

Omar muny eşidip gözýaş döküpdir, tä sakgaly ezilýänçä aglapdyr. Olary geýindiripdir we islän zatlaryny beripdir.

707. Utbynyň aýdany: «Çarwa arap birini öwende şeýle diýipdir: «Eger sen oňa mätäç bolsaň, ol hem saňa mydama mätäç ýaly, ýylgyryp bakar. Göwnüne degseň, özi günäli ýaly ötünç sorar. Saňa onuň kömegi zerur bolsa, hamana öň ýamanlyk eden ýaly müýnli bolup, uly ýagşylyk eder».

708. Abul Eswet Hadramydan*:

«Eger adamlar özleriniň haý-höwesini bularyň bosagasyna tarap öwürse, ol ýerdäkileriň pikiri, umyt edip ýa-da sorap gelene gönüger. Sahawatynyň bollugyndan ýaňa, onuň donlary hem tasdan süýji tagama öwrülipdi».

709. Buhturynyň Muhammet ibn Salyh Haşymy hakda aýdany*:

«Ýaşlygyň güllän wagtynda, ýitiren köp zatlaryňa akyl ýetirýärsiň. Sahylyk bilen ile özüňi aldyraňsoň, saňa «sägin» diýilmez. Iş bitirseň, «berekellasy» boş goýulmaz».

710. Muberritden*:

«Nygmat berýär. Ony sowýan. Deregine berýär ýene,
Berýän nygmatlary bilen, görkezmeýär garyp haly.
Beren zadyn harç edýärin, sowa-sowa garrap gitdim.
Ýöne onuň şan-şöhraty ýaşajyk ýigit ýaly».

711. Käbir şahyrlardan*:

«Onuň kömegi we sahawaty meniň
hoşallygymy ýadatdy,
Her gezek şükür edýän welin,
Ýene nygmatymy artdyrdy».

712. Kuzagaly Salamanyň kömekçisi Şükranyň aýdany*:

«Kaýsyň mätäç kömekçisi bolsamam,
Meniň hiç adama dirhem bergim ýok.
Ýöne men ähli kuzagalynyň kömekçisi,
Algy-bergini hem pikir edemok.
Bular meniň ilim, Alla bulara,
Ýalkaw bersin kiçisine-ulsuna.
Saklansa-da, eçilse-de elmydam
Bereket inderip dursun üstüne».

713. Abu Temmamyň aýdany*:

«Eý, mülküň eýesi, mülk mirasgäri! Sur sesine ýygnalýança, mülküň seniň adyňadyr. Ýerdäki ähli zatlaryň,

hatda Mamunyň mülküniň hem, günüň we aýyň şöhlesini saklamaga haky hem ýokdur, gaýraty hem ýokdur».

714. Eşjeg Suleminiň Ýahýa ibn Halyt Bermeki hakda aýdany*:

«Abu Alynyň wepaty ähli adamlara agram salyp, olary mejalsyz goýdy. Eger rehimli Hudaý bizi döwrüň bela-beterinden we ygtyýar berlen ajaldan gorasa, Abu Alynyň ýagşylygy ýer ilatynyň ählisine ýagşylyk bolup ýaýylardy. Eger ölüm ýalňyşyp ony almasady, biz ajalyň kime gelip-gidenine ähmiýet hem bermezdik».

715. Abu Japar Mansuryň aýdany: «Merwan ibn Muhammediň häkimlik eden döwründe, Şama tarap ýola düşdüm. Ýolda öňümden bir batyl adam çykyp, maňa ýoldaş boldy. Men ondan näme maksat bilen ýola çykanlygyny soramda, ol Merwany şygyr bilen öwmek isleýändigini aýtdy. Men şol goşgyny aýdyp bermegi ondan haýyş etdim. Ol şeýle diýdi*:

«Ynsanyň şerinden gorksam-da,
Müşk ysynyň ýaýrandygyny bir bilsedim.
Omeýýa ogullary ýitensoň,
Abdy Şemsiň akylly serwerleri gidensoň,
Hatyplar münbere çykyp, arslana döndi,
Oýlanman aýdylan söze aýyp etmediler,
Deger-degmez aýtdylar, hakykata bürenmedi,
Ýagşylary, mylaýymlygy gutardy,
Ýüzleri ýylmanak dinara döndi».

Ol şeýle diýensoň, kör adam meniň kimligimi bilendir öýdüp, gorka gaplandym. Soň men ondan aýrylyşdym. Ykbal nesibesi halypalygy meniň elime gowşuranda, bir gezek haja ugradym. Zerut dagynyň eteginde atdan inip, ýöräp ugradym. Birden hem gözüme kör adam kaklyşdy. Ýanymdaky oglanlary şol ýerde goýup, batylyň ýanyna gaýtdym. Oňa ýakyn

gelemsoň: «Meni tanaýaňmy?» diýip soradym. Batyl pahyr: «Ýok» diýip, jogap berdi. Men oňa ýüzlenip: «Men Merwanyň döwründe Şama barýarkaň ýoldaş bolan adamyň» diýdim. Ol uludan dem alyp, ah çekdi-de şeýle diýdi*:

«Omeýýa ogullarynyň aýallary galdy,
Gyzlary uly heläkçilik bilen ýetim boldy.
Uka batdy bagt güneşi, ýyldyzy süýndi gitdi,
Bagtlylyk asmanyndan ýyldyzlary döküldi,
Ýatyp galdy ähli bagty.
Salamatlyk dolanýança, olaryň ähli tagty,
Hem-de münen münberleri boşap galdy».

Men ondan Merwany öwenligi üçin näçe berendigini soradym. Ol «Üstümde Hudaý bar, ol özünden soňra hiç kimden soramaz ýaly derejede peşgeş berdi. Indi ile mätäçligim ýok» diýdi.

Ilki oňa gaharym gelip, öldüreýin hem diýdim. Ýöne bile ýola çykandygymyz we ýoldaşlyk hatyrasy üçin, bu pälimden el çekdim. Ol menden uzaklaşdy, soňra çala gözüme kaklyşdy. Birden men ukudan açylan ýaly bolup, ony tapmaklaryny buýurdym. Ýöne ol uç-gyraksyz çöle siňen ýalydy...» .

716. Käbir çarwa araplaryň guly Muhammet ibn Zyýadyň ýanyna gelip*:

«Agşam bilen aladaňdan ýanyma gelip, öwrenişen açlyk! Indi golaýyma gelme we ornuňy üýtget! Sebäbi men Muhammet ibn Zyýadyň goňşusy boldum» diýipdir.

Muhammet ibn Zyýat bu guly eýesinden satyn alyp, ony erkinlige goýberipdir.

717. Apbat ibn Hanaşdan*:

«Nikabyny çekeli bäri, Kabysa ibn Huraýs,
Nägile bolup bir zatdan, ýatyp bilenok gijeler.
Owadan gözli bir gözel,
Tagna salypdyr gapdaldan,

Ol gyz garaňky gijäniň,
Lowlap ýanýan ody deýin.
Kabysa ubn Huraýsa,
Geýdiripdir otly geýim.
Ne naharyň duzun dadýar,
Ne-de bir zat iýip-içýär.
Ine, şöhratly soltanyň,
Her bir güni şeýdip geçýär».

718. Ahtaldan: «Eger mylaýym adamyň gözleri gyýtak garaýan bolsa, onda onuň bilen jebir edijiniň haýbaty deňdir».

719. Buhturydan*:
«Ýagşylygyna ynandym, bil baglap merhemetine,
Entek elim sermesemde, berdi özi dilemänkäm,
Gylyç gynyndan çykmanka, sabyr et dost ezýetine,
Ýardam gözýetiminde göründiň sen Abu Hasan.
Bize sahawat etdiň, umytlarymyz köpdi,
Sahawatyň saýasynda, bary rahatlyk tapdy».

720. Jerirden*: «Ol öňki-soňky adamlaryň serweridir. Nesil-neberesinde hem-de öň maňlaýynda, «Arktur» hem-de «Kiçi ýedigen» ýyldyzlaryndan gaýyp düşen ýalkym bar».

721. Halef ibn Halypanyň goşgusy*:
«Beýik kowmy taryp etmek her kese mertebedir,
Göwün oňlar, öwgüsini soňlamaz.
Seret, alyslardan Şeýban nesliniň,
Beýikligi ýakyn ýaly görünýär.
Söweş güni gylyçlarnyň uçlary
Ýiteldilen päki ýaly ýalpyldar.
Sürünip gelende duşman leşgeri,
Hemle bilen haýbat atsa şalary.
Ýa howp-hatar dökülende sil kimin,
Ýatladyp dur bular sarsmaz daglary.
Hoş günde beýikdir ömrüň bahasy,

Gaýly günde gymmat düşmez jan almak.
Hatar-gorky sandyratsa süňňümiz,
Pentdir, olaň penasyna gabalmak.
Ähtde durmak lazym bolar bar kärden.
Däli derýa bolup, sürünse Kaýs,
Möwçli deňiz bolup, ýol alar bärden».

722. Ruba ibn Ajjajyň aýdany:

«Welit ibn Abdylmälik kakama bakyp: «Eý, Ajjaj, öwmäni oňarýaň, ýaňsylamany nädýäň?» diýdi. Kakam: «Eý, möminleriň emiri, öwgi dikeltmek, ýaňsylama ýumurmakdyr. Ýumurmagy her bir kişi oňarar, ýöne her bir adam dikeltmegiň hötdesinden gelmez» diýdi. Welit: «Şonda-da, näme üçin ili ýaňsylaňok?» diýdi. Kakam: «Eý, möminleriň emiri, ýaňsylamadan özümi beýik tutýaryn» diýip, jogap berdi».

723. Ahmet ibn Abu Tahyrdan*:

«Onuň ýaýlasyna barsaň, sahawatyna duşarsyň. Açyk eli seni nygmat ýagmyryndan gandyrar. Onuň gylygy—sahylyk, sözleri «bolýar» diýmekdir. Ol «bolýar» diýen sözi bilen, seni bagta-eşrete ýetirer. Diňe göz üçin işlejek bolsalar, «ýok» diýer we ol sözi diline almaz».

724. Dawut ibn Razynyň Japaryň enesi Zübeýda hakda aýdany*:

«Bir gün howa oňat, bir gün ýagyşly,
Bu ýeri bag-bossan, batgalyk beýle.
Japaryň enesini razy etmeklik,
Jennetiň içine ugramak seýle.
Gargyşyna galmak — dowzaha düşmek,
Guldyrys, biz onuň sahawatyna.
Mätäçdiris rehim-şepagatyna».

Zübeýda oňa ýüz müň dirhem bermeklerini buýrupdyr.

725. Abul Jenubyň Zübeýda hakda aýdany*: «Japaryň akylly aýaly, gör sen niçiksi sahawat-ýardam perzendini

dogurdyň. Halypatyň nuruny synlaýanlar üçin, bu nur öň Muhammediň maňlaýynda hem görnüpdi. Kasam kabul edilse-de, edilmese-de, onuň halypalyk mertebesine laýykdygyna gözüm ýetip dur».

726. Beşşar ibn Burtdan*: «Ibn Selmiň bar pikiri sahawat, serpaý ýapmak, ili garşylamakdyr. Guşlar hem diňe däne dökülen ýere gonýar, sahylaryň düşlän ýerinde agşamlyk edinýär. Olar sylag-serpaý ýa-da buýsanç üçin berenok. Olar ile serpaý ýapmakdan lezzet alýar».



**Dutaryň piri Babagammar**

*Işanguly Işangulyýewiň çeken suraty.*

## OTUZ DOKUZYNJY BÖLÜM

## BUÝSANÇ

Arap hökümdarlary we şan-şöhrata beslenen akylly, abraýly adamlary, özlerini şygyr we suhangöýlik bilen wasp edipdirler. Şeýle aýdanyňda gelişmeýän sözleri, goşgy setirlerine salyp, özleriniň buýsanjyny, namys päkligini öwüp, arşa çykarypdyrlar. Olaryň beýle öwgülerini göreniňde, şeýle häsiýetleriň köpüsi olarda bolandyr öýtmeýärsiň. Olar muny özleriniň yzynda ýagşy ýatlamalaryň galmagy, gözel işleriniň indiki nesillere ýatlatma,nusga bolmagy, özünden soňky kowumlaryň şeýle gözel ahlaga eýerip, adamkärçilik mertebesine gowuşmagy, bu zatlardan edep-terbiýe, öwüt-ündew alanlaryň il öňüne düşüp, halk aladasyny etmegi üçin ýazandyrlar. Belki-de, özleriniň mertebelerini we söweşdäki ýagdaýlaryny ýatlap, özleriniň öwülmegi, nesilleriniň batyrlyk ruhy bilen galkynmagy we duşmanlaryny gorkuzyp, howsala salmagy üçin ýazylandyr.

Şahyrlaryň diwanlarynda goşgy düzmegiň täze-täsin ýollary oýlanyp tapylypdyr. Olar munuň üçin ummasyz serpaýa mynasyp bolupdyrlar. Ajaýyp goşgulary bilen belent mertebeleri we wezipeleri gazanypdyrlar.

Pygamberleriň, mursallaryň sözüni ýaňsylap, tankyt edýänleri ýazgarypdyrlar. Halypalaryň, patyşalaryň, serkerdeleriň we emirleriň atlaryny ýatlap, olaryň üstünden

gülmek hem halanylmandyr. Ýene-de «Bagty ýatan», «Eneň gara bagtyna», «Eneň dogry bilýär» diýen ýaly sözleri goşgy setirlerinde peýdalanmak gelşiksiz, has dogrusy gödek saýylypdyr.

Soňra olaryň biri patyşanyň mejlisinde oturyp, onuň wezirine ýa-da ýakyn adamlaryna goşgy bilen söz oklap oturypdyr. Olardan peşgeş alypdyr. Olarda ýok zady agzap, wasp edipdir. Äsgermezlik etmekden we Hudaýyň kesgitlän çäginden çykmakdan saklanypdyrlar.

727. Buýsançly goşgularyň içinde Amr ibn Gülsüm Taglybynyň kasydasy has meşhurdyr*:

«Eý, Amr ibn Hint,
Bize ýamanlyk etmäge howlukma,
Saňa habar bereli, hakyky mertebämiz.
Biz uruşgan kowumdyrys,
Göterip gidýäris ak baýdak,
Duşmanyň ganyna boýap,
Gyzyl baýdakly dolanýarys.
Sen nämüçin gepçileriň sözlerine gulak asyp,
Biziň üstümizden gülýäň, ýaňsylaýarsyň dynman.
Sen bizi ýumuryp, ýok edäýjeksiň,
Garaş, sözümi diňle, howlukma entek.
Biz abraýly kowumyň serkerdeleri,
Eneň satyn alan guly däldiris.
Biziň buýsanjymyzy ähli taýpalar bilýär,
Mümkin boldugyça geçirimlilik edýäris,
Halys jeň etmek isleýäni we garşymyza
çykýany jezalandyrýarys.
Islänimize hemaýat berýäris,
Islän ýerimizde düşleýäris,
Suwuň başyny ilki biz eýeleýäris,
Durusyny içýäris, läbigini size goýýarys.

Dünýä we ondaky ähli zatlar biziň mülkümizdir,
Islän kişimize hüjüm edýäris,
Hiç kim biziň garşymyza milt etmez,
Çagalarymyz süýtden aýrylan wagty,
Beýik şalar gelip, sežde ederler.
Ýer ýüzi dar görüner, bizden doludyr,
Deňizleri gämi bilen dolduryanlar hem bizdiris».
728. Hatam Taýydan*:
«Ýagşy ahlaga ýetemsoň,
Paýlamsoň hazyna-mülküm,
Haýsy möhüm işe çagyrylsam,
«Kim çagyrýar?» diýip, jogap berdim.
Özümiň kemsidilen adamdygymy bilemsoň,
Mertebäni baýlyk bilen satyn aldym.
Nebsimiň sahawatyny sahylyga çagyrdym,
Geldi, tabyn boldy, hem diýdi «Lepbeý».
Soňra iki, üçi—gelip hemmesi
«Lepbeý tagsyr» diýdi, baran ýerlerim hem meniň öňümde dyza çökdi».
729. Ýene şeýle diýdi*:
«Aýamy birnäçe gezek, doldurdym dünýä mülkünden,
Meniň tygşytlan zadymdan, tama etmedi ýazgarýan.
Maňa baýlygyň zekaty, wajyp boldumy owaldan,
Heý sahy-jomart adama zekat düşýärmi, gadyrdan».
730. Ýene şondan*:
«Baýlyk geler-gider, diňe yzynda,
Gep, gürrüň, söz hem-de ýatlama galar.
Eger bir gün sorap gelse dilegçi,
«Baýlygymdan galdy diýsem azajyk.
Gursagy daralyp, alanda soňky demin,
Ýigidi baýlyk halas edip bilmez ölümden.
Adamlar bilýändir,

Eger Hatam baýlyk islän bolsa,
Onuň eline bol-bol nygmat mülki gelendir.
Meniň dostlarym bar bolup, onuň dostlaryny pelek äkidenem bolsa,
Men dilegçilere hergiz sögmerin».
731. Aly ibn Jehmden*:
«Ilimiň ýagdaýyn bilmeýän bolsaň,
Sora Pygamberlik nirede diýip,
Kesgir takdyr-kaza hem-de beýiklik
Gursagy ýalpyldap görüner daşdan,
Solup barýan ot-çöpleriň içinden.
Münberler hem şygyr okalan ýerler,
Sapa dagy, Käbäň sütünlerini,
Hem görmegeý Beýtulheremi sora,
Boýunlaryn egen patyşalar hany,
Howpsuz gezip ýörendir mal sürüleri,
Ilimiň ýagdaýyn soraýan bolsaň,
Onuň akylly hem dana ilinden,
Batyllaryň gözi röwşenlik tapar.
Bularyň etjegini bilenok hiç kim».
732. Musgap taýpasyndan bolan käbir adamlaryň aýdany*:
«Howpy bolmadyk adam, döwrüň tersine gitmez. Göreňokmy, deňiz tolkunlary maslygy ýokary zyňar, dür daşlar deňziň çuň ýerinde karar tapar. Asmanda san-sajaksyz ýyldyz bardyr welin, diňe aý bilen günüň öňi tutular. Ýer ýüzünde gör näçe gök ýaprakly daragt bar, ýöne diňe miweli agaja kesek atylar».
733. Abu Hiffanyň goşgusy. Bu setirler Abu Temmama degişli hem diýilýär*: «Meniň ähli eşigime bir şaýylyk baha kesseň, şol şaýy oňa köp bolar. Eger şeýdip mertebäm ölçelse, ähli adamlar menden beýik we hatyraly bolar».

734. Ýene şeýle diýdi*: «Eşigimiň bahasy bir şaýy bolmasa-da, onuň içinde adamzat bahasyn ýetmejek janym bar. Seniň nurly eşigiň içinde tüm garaňky gije bar. Meniň garaňky eşigimiň içinde bolsa, lowurdap duran gün bar».

735. Tyrrymmah ibn Hekimden*: «Ol meni çyndan söýüpdir. Men bolsa peýdasy ýok her kişini ýigrenýärin. Haramzadalara ýakynlaşyp, işi şowlan ýokdur. Ýagşy ahlakly biri olar bilen tirkeşse, sen ony hem şolardan hasap edersiň».

736. Ýene şeýle diýdi*:

«Biziňki ýaly ýagşy kowmy bolanlary görmedim,
Olaryň minneti biziň buýsanjymyzdan azdyr.
Bize bir söz diýene, oklasak öz sözümiz,
Buýsanýar muňa çyndan, biziň ulularymyz.
Ýer ýüzünde bize laýyk geljek ýekeje köşk ýok,
Çünki, asman ýagmyrynyň beýik perzentleri biz».

737. Abdyleziz ibn Zeraradan*: «Bolmasa, özümi seniň bilmeýän abraýly kowumyňa baglaryn. Bolmasa, özümi sahy görkezerin. Çünki, men tümlükde iýmit bermekden ýüz öwremok. Bolmasa, batyrlar neslinden borun, çünki gylyç oýnatmany ýaman göremok».

738. Jez ibn Zyrardan*:

«Beýik zatlar hakda gürrüň etmekligiň özi ajaýyp. Döwran çalyşmadyk bolsa, olar bizden mertebelidi. Indi bolsa garyplary baý görünýär. Baýlary bolsa, dilegçileriň elindäki çygjaran kagyza döndi. Pahyryna söz ýöremedi, söz ýöreýäni pahyr boldy. Eger bela-beter iliň ahlagyny bulandyrsa, bular belent häsiýetlere duwlanyp, öz ahlaklaryny päklärler, gözel ederler. Olardan ýagşylyk alan adamyň özi, soňlugy bilen abraýly bolup galar».

739. Hassan ibn Sabytdan*:

«Guşlukda lowurdap duran gözümiz bar,
Gan damyp dur kömekçi gylyjymyzdan.

Anka taýpasy we Ibn Muharryk bizdendir,
Daýy tarapdanam, ogul tarapdanam biz nähili mertebeli.
Ýagşylyk saçýan dilimiz paýyş sözleri diýmekden ýüz öwürdi,
Gürlesek, biz diňe hakykaty sözleýäris,
Ýol söküp gelen adamy myhman alýarys,
Ýag bilen hezzetleýäris,
Ol bu ýerde sag-salamat gijesini geçirýär.
Arassa niýetimizden soýup berýäs geçini,
Ajy sogan, selmäni oňa hödür etmeýäris ».

740. Imrul-Kaýsdan*:
«Özümizem, aslymyzam päk ahlakly bolsak-da,
Hiç haçan aslymyza bil baglap, öwünmeýäris.
Atalarmyz näme eden bolsa, şeýle edýäris,
Näme guran bolsa, şony hem gurýarys».

741. Dygbyl ibn Aly Huzagynyň sözleri*: «Men «Puly köp saçýaň» diýip, özüme igenýänleri halaýaryn. Sebäbi, meniň jomartlygym şolary artdyrýar. Olar: «Malyňy bisarpa sowýarsyň» diýip igenýärler. Baýlygyňy ýagşy ýerde pida edip bilmek hem salyh amallaryň birirdir».

742. Käbir araplardan*:
«Golaýmyza bedew gelse, seredip duramzok,
Myhman gelse çytamzok gaşymyzy, gözümizi.
Biz olary ilki bilen güler ýüzli garşylaýarys,
Soňra bolsa getirýäris nygmatymyz-nazymyz.
Ýüzüm-gözüm gülüp garar, hem tiz geler hezzetim,
Myhmany tiz hezzetlemek, işleriň ýagşysydyr».

743. Başga biriniň goşgusy*: «Men bir elinde dirhemi durmaýan, ýollara we illere seçeleýän ýigit. Men bilşime görä hakykata tarapdar bolýaryn. Husytlar bolsa baýlygyny ne özüne dözýärler, ne hakykata arka durýarlar»

744. Hatam ibn Abdylla Taýydan*:

« Jomartlyk niýetin oňlamaz bir kes,
Bir Alla hakydyr, eçilen zadym.
Baýlyk bilen baky galan husyt ýok,
Eşitmersiň, hor galanyn jomardyň.
Elimde baryny berýän mätäje,
Goý, gaýtadan gelsin, ýok maňa parhy.
Sahy göwünligi isrip saýmagyn,
Ýa almak islämzok, at bilen arşy.
Isrip saýylmaýar eli açyklyk,
Ýa muny seçemok, almaga şöhrat.
Husyt özüne dözmäge gysganar,
Nirä baryp düşse, eçiler jomart».

745. Tahyr ibn Hüseýinden*:

«Ýaşajyk gözel gyzyň gyzyl güllerden başyna täç ýa-da boýnuna monjuk ýasamaga höwes edişi ýaly, biz, ýigitler gylyç oýnatmaga höwes edýäris. Bize meýilli bolan, gylyjynyň zoruna daýanyp ýaşar. Adamlara mätäç bolan, olara dileg etmeli bolar».

746. Abu Taýyyp Mütenepbiden*: «Men kowmum bilen buýsanmadym, ol meniň bilen buýsandy. Men özüme buýsandym, ata-babalarymyň abraýyna bukulyp gezjek bolmadym. Men hemaýata dost, duşmanlara zäher, göriplere gazapdyryn. Men Hudaýyň ýola salmak isleýän kowumynyň içinde, edil Semut halkyndaky Salyh pygamber ýaly ýekedirin».

747. Ol ýene-de şeýle diýdi*: «Gysyp çykarmasalar, jülgäniň gaýasy ýaly, dillensem özümi edil sakar owlajyk ýaly duýýaryn. Kemakyl adamdan gizlensem, bagyşlaň, sebäbi, kör göz meni barybir görmez».

748. Ýene şeýle diýdi*: «Jahylyýet döwründäki ähli kişi meniň şygrymy diňlän däldir. Olar meniň sözlerimde Babyl jadysynyň bardygyny bilýän däldirler. Eger seniň ýanyňa

özümiň nadanlygymy boýnuma alyp barsam, şol meniň akyllydygymyň nyşanydyr».

749. Ýene şeýle diýdi*: «Men Hudaýyň takdyr-kysmaty aýan edilen adamlarynyň biridirin. Adamlar nirede bolsa-da şunuň ýalydyr: Gadyry gymmatbaha daş ýaly adamlar meni görse şatlanar. Nadanlar bolsa, men zerarly dörän gam-gussany ýeňil ýuwutmaz».

750. Ýene şeýle diýdi*: «Kör adam meniň edebimi synlady, gүň adam sözlerimi diňledi. Gijeler ymgyr çöl bolsa, men bir bedewdirin, ötmek agyr düşmez. Bizden hernäçe aýyp tapjak bolsaňyzam, Hudaý ony halamaz, gaýta sizi tapdan gaçyrar. Aýyp-nogsan meniň mertebämden örän uzakdadyr. Men «Sureýýa» ýyldyzy, olar bolsa garry-gurtydyr».

751. Ýene şeýle diýdi*: «Gijeler bir zat hakynda alada batýaryn. Dostlarym meni öz gursagyndan kowjak bolýan ýaly görünýär. Men ýene-de dostlarymdan uzaklaşmaly bolýaryn, sebäbi, uly aladaň köpeliberse, dostuň azalyberýär».

752. Ýene şeýle diýdi*: «Her gün gursagymda kiçijik goşgy döreýär. Ejizler meni çekeläp, kelteler süýreldýän ýaly bolýar. Oňa söz oklaman dogry edýärin, ýüregim bolsa bu dymmaklyga hezil edip gülýär. Jogap bermeseňem, haýyş edip duranlara haýpym gelýär. Päsgel bermeseňem, duşmançylyk edýänlere gaharym gelýär».

753. Ýene şeýle diýdi*: «Ata-babalaryň öz ogullarynyň ýaramaz ahlagyndan ýokardadygyny görýärin. Ähli abraý-hormatymyň diňe merdana atalara baglanmagyna welin kanagat etmeýärin. Uzyn boýy we güýji-gaýraty bolan adamyň, ýiti gylyjy ulanmakdan yza tesýänligi geň galdyrýar. Beýik maksatlara eltýän ýoly tapan adam, ýer ýüzüni düýesiz, pyýada gezer. Adamlaryň içinde iň nogsanlysy, işlerini kem-köstli edýän başarjaň kişilerdir».

754. Ýene-de şeýle diýdi*: «Men dostlarymyň ýola gönügýän ýyldyzy. Eger ýyldyz gözden ýitse, ýagmyrly bulut bolup penalaýaryn. Men watandan daşda, ýöne bu baran ýerim, meni hiç hili özüne çekmeýär. Syr üçin meniň ýüregimde ýörite ýer bolup, ony ne jan ýaly ýoldaşym bilýär, ne-de şerap ony aýan edip bilýär. Dünýäde atyň üstünden oňat tagt ýok, kitapdan gowy dost ýok».

755. Abu Hiffandan*: «Ömrümden kasam edýärin, eger egin-eşigimi keseki diýarda tozdurmaly bolsa, iýip-içgi bokurdagymdan ötmez. Men özi gözel bolan, gynyny kesýän gylyç, oňa ýasama gözellik derkar däldir».

756. Muhammet ibn Osman Iskafy — Reýhanydan*: «Bu zamanany we adamlary çaň basdy. Meniň ýalylar onuň guýrugyndan tutup, ezýeti özüne çekýär. Zamana göz aýlasam, ondaky ähli adamlar, gözümiň içindäki akça-da bolmaz».

757. Ýene şeýle diýdi*: «Bela-beterleriň nähili gelýändigine, ak-garanyň ölçeginiň nähilidigine baş agyrdamok. Bu ýerde biri öz eli bilen döwrüň derdinden gorasa, ol ýerde pelek ýyldyzy bilen dulugyma çalýar».

758. Ýene şeýle diýdi*: «Eý pelek, meniň edýän işimi etmek üçin bäri gel, çünki, ikimizem iş edýäris. Arzuwymyza gowuşmaga az galanda, päsgelçilik ýüze çyksa, biz dogulmadyk ýaly, bu dünýede ýaşamadyk ýaly bolýarys».

759. Käbir araplardan*: «Sen maňa beýle köp igenç bilen bakyp, eşikleri sal-sal bu adamdan aýyrjak bolma. Ol ýeke diýjek bolsaň, gylyç hem gynynda ýeke durýar. Asmandaky aý hem ýeke, ýolbars hem ýeke çaga dogurýar. Onuň eleşan geýmine göwnüň ýetmeýän bolsa, seret, deňiz köpürjikleriniň üstünde hem hapa bolýar».

760. Abu Hiffandan*: «Men olaryň ýigrenji göribiniň perzendi: Ykbal giňişliginde öýüm olaryň öýünden buýsançly

bakýar. Biz gylyç bilen oýanýarys, gylyç bilen hem uka batýarys».

761. Başga birinden*: «Kim menden umyt edýän bolsa, oňa sataşmasam hem «Baýlygymy gypynçsyz alyň. Elimden gelýän bolsa, mertebeli öýler üçin ömrümi sarp ederdim» diýýärin.

762. Uly patyşalaryň biri Galeniň ýanynda öwünipdir, aslyny ýatlap, buýsanypdyr. Galen oňa: «Ata-babalaryňy ýatlap gomparma, sebäbi olaryň eden işinde seniň dahylyň ýok. Ata-babalarymyzyň goýberen ýalňyşlygyna hem biziň dahylymyz ýok, şonuň üçin biziňem kemsinmäge hakymyz ýok. Ikimiziň aramyzda bolsa, meniň üstümden buýsanmaga hakyň ýok. Sebäbi sen öz nogsanlaryňdan razy bolýaň, men bolsa abraýy özüme ýoldaş edinýärin» diýipdir.

763. Harysydan*: «Olaryň ählisi üýşüp meniň naýzamyň ujyny ellediler. Emma hiç hili egreldip ýa-da ýumşadyp bilmediler. Men kynçylyklaryň garşysyna merdemsi çykýaryn. Möhüm hadysalar peýda bolsa hem gol gowşuryp durmaýaryn».

764. Müberritden*: «Eger meni kösemek üçin eşiklerimi ýyrtjak bolsaň, men könelen gynyň içindäki gylyç ýalydyryn».

765. Muny maňa Aly ibn Zekkar Faryky aýdyp berdi. Oňa Abu Apbas Temimi, oňa Ibn Düreýt, oňa Abu Hatam Sijistany, oňa hem Abu Ubaýda, oňa bolsa Ýunus aýdyp beripdir*: «Ýalňyz ýerde meniň gören we duşan adamym, biziň üstümizden gülüp, namysymyzy basgylajak bolýar. Men ondan mertebämi goradym.

Başa gelende adamlary ysgyndan gaçyrýan işler bar. Eý, adam, gaýgysyz döwran sür, bir gün gitjekdigiňe güman ýokdur. Ýer ýüzünde görýän ähli zadyň seniň üçin öý bolsun».

766. Käbir araplardan*: «Adamlar maňa «Sen hem indi dirhem toplaýsaň» diýenlerinde: «Men dirhem toplamak üçin

ýaradylmandyryn» diýdim. Men bütin ömrümde dostlarymdan we bergidarlarymdan gyrp-çyrp edip almasam, Hudaý ýüz öwrer.

Adamlar iki hilidir: Bir topary bähbitsiz zady gorap saklar, beýleki bir topary bolsa işsiz adamlar üçin baýlyk jemläp berer. Hatamyň gysganmaýandygy üçin, myhmanlaryň arkaýyn bolşy ýaly, çöplemeýändigim üçin dirhemler hem menden arkaýyn».

767. Abu Mugys ibn Huraýsdan*: «Ýezit men hakda betgüman bolansoň we ýüz-gaşyny çytansoň, ýanyna çagyrdy. Men onuň gaşynda ýeke galgym. Menden başga hiç kimiň ýokdugyna gözüm etensoň, edil atalarymyzyň hakykaty gorap, talap edişi ýaly, men hem ysgyndan gaçan hakykatyň tarapynda durdum».

768. Munahhal ibn Harysdan*: «Eý, dünýä, eger-de meni ýeke goýup gitmekçi bolsaň, Yraga git, soň yzyňa dolanma. Hiç haçan meniň aladam hakda sorama. Menden diňe ýagşylyk we sahawat hakda sora».

769. Aban ibn Ubaýdadan*: «Eger din bu zaýaçylygy üstümizden aýyrsa, biz oňa başymyz we süňňümiz bilen kömek ederdik. Eger duşman goşun sürüp gelse, bu ala meýdanlar çar ýandan gelen söweşijiden dolar. Eger gündogar bilen günbataryň arasyny dolduryp, ýörişe ugrasak, oýa ýatan we ukudaky topraklar hem herekete geler».

770. Misgin Daramydan*: «Men gaýrat howlusynda ýaşaýaryn. Gaýratly bolup entek kemsidilmändim. Eger kemsidilmeden gorkýan bolsam, bu diýary terk ederdim. Eger biri maňa öz halyny aýan etse, onuň ýagdaýyna ýardam ederin. Eger maňa duşmançylyk etjek bolsa, onuň üstünden gülerin. Mätäçlik üçin öýlere girip ýöremok. Diňe olara mätäç bolmadyk ýagdaýymda myhmançylyga bararyn. Bu abraý-mertebe bize atalardan miras galdy. Eger adamlaryň eli beýik mertebelere ýetmese, olara golumy uzadyp, kömek ederin.

Özümizden üstün biri ýanyna çagyrsa, oňyn jogap bererin, kabul ederin. Belent ahlaklylyk atalarymyzyň aladasy boldy. Atam ony bize öwretdi, biz hem öwrendik. Eger dyrnagymyz dostumyzyň elinde yz goýsa, artyk zatlary derrew aýyrarys. Ol meniň nebsime terbiýe berensoň, ony çem gelen ýere oklamaryn. Içgi-şeraby islemerin, aýdymçy gyz bilen eşret çekmerin. Goşgularymda hem şerap içdim diýip aýtmaryn. Aýalymyň gabanmadyk zadyny gabanmaryn. Ýöne, sebäpsiz ýere zulum etsem, ol gaty görer».

771. Mukanna Kindiden*: «Adamlar bergimiň köplügi üçin maňa erbet käýediler. Ýöne men bu bergileriň ählisini, diňe olaryň şöhraty üçin sarp etdim. Olar baýlygyma böwet bolup, meniň hukuklarymy äsgermediler we zaýaladylar. Şeýdensoň, döşlek atymyň üstünde öýüm üçin perde çekip, öýümiň guly bolup, hyzmat ediberdim».

772. Babyr taýpasyndan biriniň aýdany*: «Uzyn we owadan göwrede haýyr ýokdur. Owadan göwre başdaky akyl bilen ölçelýär. Eger uzyn boýly adamlaryň arasyna düşsem, tä «Uzyn» diýilýänçäm, olara sowgat bererin».

773. Mutenepbiden*: «Saňa edýän meňzetmämden özüňi gora. Öňki-soňky ähli işi öz ugruna goý. Biz bir adam bolup ilgüne gatylarys. Olar biziň işimize seredip, baha bererler».

774. Ýene şeýle diýdi*: «Haýsy ýerde suwdan gansaň-da, haýsy uly işe ýapyşsaňda, Hudaýyň ýaradan we ýaratmadyk ähli zatlaryny özüňden pes saýma.Ýaramaz gylyklaryň bilen ikä serpilen saçynyň arasynda galan ýekeje tüý ýaly, biz göze dürtülip durmaly!».

775. Ýezit ibn Jehm Hilalynyň aýdany*: «Ummu Muhammet maňa bahyllygy ündedi. Emma men oňa: «Gysgançlyk bilen öwünip bolanok» diýdim». Men sahylygy özüme adat edinipdirin. Her adam öz endik eden ýoly bilen ýörär. Saçym çalaransoň we gaýlan ogullary taýpasy birden,

ikiden ýanyma gelensoňlar, tapdan gaçmagymy, syrkawlamagymy we yza galmagymy islediňmi? Yzyma düşme-de, ertir öz ugruňa git».

776. Agşa Beni rabygadan*: «Ýürek iki tarapyň arasynda alymdyr, ol gözümiň görenini we gulagymyň eşidenini bilýär. Şygyr ýazmakda Hudaýym meni saýlap tutdy. Men hem bilenimi aýdýaryn, gerek zadymy görýärin».

777. Şu kitabyň awtory Reýhan ibn Abdylwahydyň aýdany*: «Biziň hormatymyzyň nähilidigini döwürden sora. Nuh döwründen bäri ýagşy adamlarymyzy nähili görüpdirler? Eýsem biz beýik mertebeli we ahlagy päk adamlaryň ogullary dälmidiris?! Goldaw-hemaýatyň we düz işleriň eýesi – bizdiris. [Mukaddes] kitapdan we müsnetden höküm çykaranymyzda, gylyçlar biziň buýrugymyzyň hyzmatkärleri bolmadymy? Tä döwür heläk edýänçä, biziň adamlarymyz şeýle belent boldy. Her bir mäkäm gurlan sütün hem bizden ýaňa sandyraberdi. Abraý-şöhrata beslenen her bir kowumyň asyl binasyny, köp zatlar kem-kemden ýumrup başlady. Men ýene-de döwranyň dolanmagyny, biziň hökümdarymyz emir Muhammediň döwletiniň gaýdyp gelmegini umyt edýärin».

## KYRKYNJY BÖLÜM

# BAHYLLYK WE BAHYLLAR

778. Pygamberimiziň aýdany: «Adamlardaky iň ýaramaz häsiýet gysgançlyk we gorkaklykdyr».

779. Abu Ahwasyň aýdany: «Kakam bir gezek Pygamberiň ýanyna girende, üsti-başy çaň-tozan, eşigi sal-sal eken. Pygamber ondan baýlygynyň barlygyny ýa-da ýoklugyny soranda, ol: «Eý, Resulalla, elbetde bar. Hudaýa şükür, elim uzadan ýerime ýetýär, iýjek-geýjegim, mülküm bar» diýipdir. Pygamber oňa: «Sen ony bildirmejek bolýarmyň? Allatagala öz bendesine nygmat bagyş etse, şol nygmatyň oňa edýän täsirini görmek isleýär. Hudaýyň beren nygmatyny ýagşy zadyňa sarp edip, onuň täsirini bildir» diýipdir».

780. Abdylmälik ibn Numeýriň aýdany: «Binamysa gorkuzyp ýa-da göwnedip täsir edäýmeseň, onuň ýanynda ylym-bilimiň peýdasy ýokdur».

781. Abu Umaýs örän gysganç adam ekeni. Eline bir dirhem düşse, barmagynyň ujy bilen gysymlap, aýasynda goýupdyr. Bir ýüzüni agdaryp: «Bir Alladan başga Hudaý ýokdur», beýleki ýüzüne öwrüp bolsa: «Muhammet Allanyň ilçisidir» diýer eken. Ol bu sözleri dirhemiň bela-beterlerden goralmagy we derman ýaly peýdaly bolmagy üçin şeýdipdir.

Soň Abu Umaýs dirheme garap: «Näçe şäherleri söküp geldiň. Näçe howla girip-çykdyň, şol sergezdan gezdiň-ýördüň.

Atam-enem saňa sadaga bolsun, ine indi sen arkaýyn karar tutjak ýeriňe geldiň, asuda howla düşdüň. Sen bu ýerde zady gaýgy etmän ýatarsyň» diýip, ony sandygyň düýbüne oklap goýberýän eken. Dirhemiň iň soňky karar tapan ýeri, şol bolýan ekeni».

782. Çarwa araplaryň käbiri Mugawyýa ibn Sufýan bilen bile nahar iýip oturan eken. Birdenkä Mugawyýa çarwa: «Lukmaňdaky gyly aýryp goýber» diýipdir. Çarwa arap oňa: «Sen meniň nahar iýişimi synlap oturypsyň, hatda öňümdäki gyly hem görüpsiň. Gaýdyp seniň bilen nahar iýmerin. Sen oňa mynasyp däl ekeniň» diýipdir.

783. Abu Şamakmakdan*: «Eger bahyl garaňky we sowuk gijede, deňiz tolkunlarynyň üstünden ýüzüp geçse, altyndan doly aýasyndan ýekejesini hem suwa gaçyrmaz».

784. Ýene şeýle diýdi*: «Atamyz Nuhuň tamdyrynda bişirilen çöregi, Yshagyň sebedinde göterip gezdi. Soň ol şeýdip Isa Mesihiň döwrüne geldi. Ýeňiş gününiň öňüsyrasynda, ömür bilen söweşip heläk boldy».

785. Hilal ibn Aladan*: «Onuň myhmany bolamda, çöreklerini gysgandy we «Ýasyn» süresini okap, Hudaýyň goramagyny sorady. Agşam ýatamda toprak ýassygym boldy».

786. Abdylla ibn Şebipden*: «Onuňka myhman bolup düşledik welin, ol biziň ýanymyzda oraza tutmagy öwüp başlady. Şeýdip, bizem agyz beklemeli bolduk. Orazaň wagty geçip, agşam düşensoň hem agyz açmady. Açlyk janymyza ýetensoň, derrew gaýtmaly bolduk».

787. Ibn Bessamdan*: «Bu ýigit çöregini edil altyn şelpe ýaly saklaýar, gyzyl ýüzük ýaly elinden goýmaýar. Eger biri çöreginden dişläýse, üstünden gaýa gaýdan ýaly edip, Hansanyň agasy ýaly aglaýar. Çöregini aýamak üçin, ýyldyza elini uzadýar. Gerek bolsa Bedr jeňi ýaly garpyşýar».

788. Abu Şamakmagyň Ýahýa ibn Halyt hakda aýdany*: «Men Ýahýanyň myhmanlary hakda aýdýaryn: Men oňa goňşy bolup otyryn. Ol her gün bir şaýylyk gök-iýmit satyn alýar. Eger dostlary myhman gelse, derrew bize gelýär».

789. Muhammet ibn Hasan Taýynyň sözleri*: «Ol bize açlyk bilen niýetsiz oraza tutdurdy. Soňra, duzsuz çörek bilen, agyz açdyrdy. Biziň süňňümiz sagat bolsa-da, göwnümiz et küýsäp dur».

790. Jugaýfaranyň aýdany*: «Ýahýa meni, ýaramazdygy ýüzünden bildirip duran biriniň gapysynda oturtdy. Ol gysgançlygyndan ýaňa, gapysynyň ýüzüne: «Sizi Alla halas eder» diýip ýazypdyr».

791. Ibn Bessamyň kakasy hakda aýdany: «Kakamyň öýi islän zadyňdan dolup dur. Ýöne onuň çöregi bilen seniň aralygyň, Balh bilen Sumeýsatyň aralygy ýaly uzakdyr. Aşhanasy çöl ýaly boş, aşpezleri bolsa öýleriň arasynda iş tapman oturan adamlardan hem işsiz. Garyp hyzmatkärleri bolsa açlygyndan ýaňa, deýýuslyk we beççebazlyk bilen meşgul bolýar».

791 (2). Ýene biriniň aýdany: «Nesibe çekip, bir ýigidiňkide düşlemeli boldum. Açlyk bolsa meni kesel ýaly basmarlapdy. Ykbalyň hökümine görä, bu ýerde gijämi myhman bolup geçirdim. Men uludan demimi alyp: «Ykbal erkin adamlara köplenç gazaply daraýar» diýdim. Ol gahardan serhoş bolup, gaýnap-joşup maňa igenip başlady: «Sen näme üçin giçlik çagy ýola çykdyň?» diýdi. Men oňa: «Resulallanyň sözi biz üçin öwüt-ündew we bereketdir. Ol «Syýahat ediň, baý bolarsyň» diýipdir» diýemde, ol: «Resulallanyň aýdan iň oňat hadysy: «Agyz bekläň, sag bolarsyňyz» diýenidir» diýdi».

792. Mütenepbiniň sözleri*: «Eger akyl ýetirýän bolsalar, binamyslar «Baýlyk, barlyk ýygnaýarys» diýip, özlerine «Ýoksullyk» çöpläp ýörendir. Olar öz işlerine däl-de, sözlerine

görädir. Söz ýarasy we ar baky galar, tyg ýarasy bolsa bitýändir. Raýatlar patyşalaryna görä ýaşaýar: Patyşasy ajam bolan arap hezil etmez. Olarda ne edep, ne asyl, ne äht bar. Ýer ýüzünde näçe milleti gördüm, patyşalar çopan, raýatlar bolsa olaryň öz goýny ýalydyr».

793. Ýene şeýle diýdi*: «Bize gelen myhmanyň iýip-içýändigini görsek, oňa haýyr-yhsanymyzy has-da artdyrarys. Ýöne biz bu öýüň myhmany bolsagam, onuň gözünde biz üçin paýyş söz we töhmetden başga hödür ýok. Hudaý oňa kömek edäýsedi: Bir bahana tapyp, biziň ýolumyzy açyp, sag-aman ugradaýsady».

794. Taglypdan*: «Her kişi öz rysgalyny, abraýyny dürli-dürli mekandan çöpleýär. Kimiň ýagşylyk etmäge bogny ysmaýan bolsa, oňa «öli» diýip at berilýär».

795. Ibn Bessamdan*: «Abu Sabyt özüni öwýänleri ýürekden halaýar. Ýöne ol öwýän bilen gatnaşmakdan gaça durýar. Ol edil durmuşa çykmadyk ýaş gyzyň, nika lezzetini küýseýşi we äriniň höküminden boýun towlaýşy ýalydyr».

796. Ýene şeýle diýdi*: «Men itiňizden: «Nähili ýaşaýarsyňyz?» diýip soramda: «Eý, ýigit, şeýle bir erbet ýaşaýarys. Eýämiz et satyn alanok, süňk gemirmeli halymyza, özümiz süňke döndük. Iýer ýaly zat gözläp bazary we köçeleri selpäp ýörüs. Siziň diýaryňyzdaky tüssäni bolsa, keseki görýäris» diýdi.

797. Ibn Rumydan*: «Eger päk adamlar ötüp giden bolsa, minnetli hem bolsa, binamyslaryň elinden alyber. Goýun bakmaga ýaltanýan köpegi, ýolbarslar dalap gider».

798. Ýene şeýle diýdi*: «Binamyslyk onuň gapysynda, müň sany gylyçly esgeri we goşlary bilen düşledi. Onuň guly bolsa, açlygyndan ýaňa ogurlyk etmäge mejbur boldy. Aç görgüli hökman ogurlap iýmeli bolýar. Bu husydyň ýüregi

dertli däldir, ýöne oňa barýän suw, harbyk[1] suwy ýalydyr. Onuň howlusyna suwdan ganmaga gelseň, suw diýip simap berýär. Suw diläňde simap berýän bolsa, çörek diläňde näme bererkä?».

799. Lepbadydan*: «Bu ýigidiň çöregini gorap saklaýşyny diýsene, ony hiç kim görüp bilmez. Ol çöregini Taýyf topragyndan ýasalan sebediň içinde, iki sany saçaga dolap saklaýar. Her sebedi demir bilen möhürläp, pil hamyndan ýasalan gaýyş kemer bilen berkidýär. Soňra Musanyň tabydyna salyp, açaryny bolsa, Ysrapylyň eline berýär. [Ysrapyl bolsa, kyýamatdan bärde görünmeýär]».

800. Başga birinden*: «Eger onuň aýasyny çüý bilen deşseňem, bir bölek zat gaçmaz. Öýüniň ýanynda akyp ýatan dury suw hem myhman üçin gymmatbaha sowgatdyr. Eger bir syçan onuň çöregine gözüni dikäýse, gylyç bilen syçany parçalap taşlar».

801. Aly ibn Jehmden*: «Onuň saçagyndaky çörek, mukaddes topragyň kepderileri ýalydyr. Oňa el uzadýan, dadýan, ysgaýan ýok. Terdir welin, ýöne solgun görüner, adamlar bolsa, solgun zatdan ýüz öwürer».

802. Ferezdekden*: «Iki sany gözegçi uly depä çykyp, biri beýlekisine: «Eger uzakdan gelýän birini görseň, eliňi şarpyldadyp, çapak çalybergin. Alasarmyk bolan myhmanlar gorkujyndan ýaňa, goranmak üçin, azansyz namaz okaberse nädersiň» diýdi».

804. Başga biri*: «Meni ilden sowup, alyp galdyň. Indi bolsa, sahylygyň bilen gysgançlygyň arasynda parh göremok».

805. Başga birinden*: «Az hak alýanlygym üçin, mydama igenç iýip ýörün. Ýöne men zerreçe bähbidi ýok adamlary hem

[1] Harbyk - zäherli ösümlik.

az görmedim. Baryna kanagat gerek. Şol azajygy almasam, soňra maňa şol hem galmaýar ahyry».

805 (1). Ýene birinden: «Janyny we baýlygyny eçilýänçä, ýigidiň sahylygy dürs däldir. Soralmanka, serpaý ýapyp, sahylyk etmek, soralandan soňra edilen kömekden haýyrlydyr».

805 (2). Zyýat ibn Abihiň aýdany: «Ýagşy ýerde ýatlanylmaýanlygy üçin, gysgançlygyň özi ýeterlik utançdyr. Ýaman ýerde ady tutulmaýanlygy üçin, sahylygyň özi kämil buýsançdyr».

806. Abu Dulef dirhem paýlamakda adamlaryň sahysy bolsa-da, nahar babatda iň pesleriniň biri ekeni. Onuň bilen nahar iýýänleriň käbiri şeýle diýipdir*: «Abu Dulef müňläp-müňläp dirhem seçýär. Ýöne, iýjek çöregini welin gylyjy bilen gorap saklaýar. Abu Dulefiň aşhanasyndan gowrulan etiň ysyny alsaň, töwereginde gylyçly gezip ýören özüni görersiňiz».

807. Hamduny gysgançlygy ýazgaryp şeýle diýdi*: «Bu husyt elindäki çöreginiň bir döwümini, edil gözüniň ýagy ýaly saklaýar. Eger jenneti eline beräýseň, onda bu jennetde ganatly guş galmazdy».

808. Ýene-de şeýle diýdi*: «Düýşüňde, gapyňa myhman gelenini görseň, şony hem gysganyp, ýaýdanyberýäň. Ömrümden söz berýärin, sen dilegçiler üçin şarpyk, mätäçler üçin bolsa, ýiti gylyjy taýynlapsyň. Allatagala bir mätäje betbagtlyk getirjek (inderjek) bolsa, tagam soradyp, seniň gapyňa elter».

809. Başga birinden*: «Bir gezek gysganjyň ýanyna duýdurman bardym. Onuň öňünde giňden ýazylan saçak, iki sany çörek, ýag we bal bardy. Onuň birden maňa gözi kaklyşdy we bir porsy ys goýberdi. Hakykatdan hem burnum şu gezek ýalňyşmandy, dogry duýupdy. Yz ýanyndan hem uly «zyrt»

sesi eşidildi welin, men: «Has bulaşmanka turaýyn» diýiberdim».

810. Bedig Hemedanydan*: «Çagalar bir husydyň howlusynyň gapysyna «saýf[1]« diýip ýazypdyrlar. Husyt oňa göz gezdirensoň «zaýf[2]« diýip, okady-da, topulmak üçin eline gylyjyny aldy. Men oňa «Duraweri, haýyr bolsun!» diýdim. Emma ol «hubz[3] bolsun» diýendirin öýdüp, takga jan berdi».

811. Jahzanyň üç gysganç hakda aýdany*:

«Bazary geçginli bolmadyk üç sany gysganç,
Bir çolaja ýerde mesgen tutdylar.
Olar Gurhanyň ähli süresini ýat tutup,
şoňa görä iş etdiler.
Ýöne, diňe «Saçak» süresini unutdylar».

812. Ýene şonuň sözleri*: «Gysganjyň özi hödürländir» öýdüp, onuň owlagynyň etini bölüşdirip, iýmäge başladym. Onuň böwrek etine şeker sepip, iýip otyrdym. Birdenkä, aýasy bilen ýaňagyma şarpyk çaldy welin, burnumdan gan akyp başlady. Asyl, şol owlak bilen onuň tas jany çykan eken».

813. Ýene şeýle diýdi*: «Men oňa hiç hili ýamanlyk etmedim. Aslyna, aňyrsyna dil ýetirmedim. Ýöne öýüne baramda, bir bölek kebap iýipdim. Ana, şol hem biziň aramyzyň bozulmagyna sebäp boldy».

814. Ýene şeýle diýdi*: «Eger sen toplan baýlygyňy aýaňda gysyp saklap bilýän bolsaň, sen hazynaçy we mäkäm goragçysyň. Ýöne, bir zady berk belle, sen ony özüňe alkyş aýtmajaklar üçin jemläp ýörsüň. Bir gün sen topraga garylarsyň, baýlygyňy bolsa, özgeler iýer».

[1] Saýf — tomus.

[2] Zaýf — myhman. Bu ýerde «saýf” sözüne ýekeje nokat goýsaň, «zaýf” bolýar.

[3] Hubz — çörek.

815. Başga birinden*: «Seniň gapyň agzynda myhman görünse, ajal gaýgysy seniň başyňy gaplaýar. Sen çöregiň her biriniň üstüne: «Seni Alla halas eder» diýip ýazypsyň».

816. Başga birinden*: «Seniň peşgeşiň bir bölejik ot ýaly, çöregiň bolsa, asmandaky ýyldyz ýaly. Düýşüňde myhman göräýseň hem, oraşan bolar öýdüp, gaýga batýarsyň. Sen beýdip öz ýüzüňi garalap ýörmäňi bes et. Seni söze laýyk diýip ýaňsylamok. Seniň zaýaçylygyň üçin üstüňden gülýärin».

817. Hammat Ajratdan*: «Myhmanyna öýüni taşlap, özi bolsa, gaty gorkup, gaçyp gidýän adam, duraweri! Myhmanyň öz ýany bilen iýip-içer ýaly zat getiren eken! Indi yzyňa dolanda, myhmanyňa myhman bolaý!».

818. Ýene şeýle diýdi*: «Haýasy we haýry az bolan biriniň öýüne myhman boldum. Ol myhmanlarynyň iýeni siňmez öýdüp, gorka düşýär. Sebäbi iýeniň siňmezlik erbet dert. Ol adamlara elmydama ýagşylyk ündeýär: «Oraza tutuň, agyz bekläň. Agyz beklemek sogapdyr» diýýär».

819. Ibn Bessamdan*:

«Eger çykaraýsa, ýene ajygaryn öýdüp,
Pohuny garnynda bir aý saklaýar.
Pohy hem ondan aýrylanda, ýetim
Çaganyň kakasyna aglaýşy dek aglaýar».

820. Başga birinden*: «Bilal ibn Zumra ýarawsyz aşgazany gowy bejerýär. Ol myhmanlarynyň iýeni siňmez öýdüp, gorka gaplanýar. Ýarawsyz aşgazany agyz beklemek bilen sagaldyp bolýandygyny eşidipmidiň? Ýekeje gezek myhman bolsaň, ol muny saňa-da öwreder».

821. Ýene birinden*: «Bu gün aýalym menden: «Gözüňe nämeler boldy?» diýip sorady. Men oňa: «Aýdýanymy diňle. Bu günki şagalaňda käbir patyşalaryň hödür eden towugyny iýäýmenmi, tä gözüm kör bolýança, şarpyk çaldylar» diýdim.

822. Abu Şamakmagyň Sagyt ibn Selm hakda aýdany*: «Eger ondan oňatja bir peşgeş alaryn diýip tama edýän bolsaň, seniň munyň sowuk demre süýkenmek ýaly boş zatdyr. Eger Selm ähli deňizlere eýe çyksa, sen hem ondan kömek sorap gelseň ýa-da arassalanmak üçin suw sorasaň, ol: «Arassa toprakdan teýim ediniberiň» diýer».

823. Ahmet ibn Abu Tahyrdan*:

«Abu Isanyň ýanynda myhman geldi diýip ýatlasaň,
Gözüni aşak dikip, saçy çalaryberer.
«Saýf» diýen ýazgyny, «zaýf» diýip okap,
Gaçmak üçin, ýerinden şaýlanyberer».

824. Başga birinden: «Bir husyt çöreginiň üstüne: «Iýilmekden seni Alla gorasyn!» diýip, syýa bilen ýazyp goýupdyr».

825. Abu Nuwasdan*: «Eý, husyt biçäre, bizi kowjak bolup, haçandan bäri birahat bolup otyrsyň. Hatda siňegiň sesinden hem gorkup, ynjalmaýarsyň. Teşne bolsak, suw deregne salgym berýäň. Çörek diýip berýäniň bolsa, bir bölek toprak».

826. Eşjag Suleminiň aýdany*: «Bedlisdäki bir kowumyň arasyna düşýänçäm, çörege nygmatdyr öýtmeýärdim. Galla möwsüminde olaryň çöregi, Bylkys döwründäki hekdenem gymmatly ekeni».

827. Abu Taýýyp Mütenepbiniň aýdany*: «Durmuşda kösençlik bilen synalýan myhmana nebsim agyrýar. Onuň çöregi ýeriň astynda, içjek suwy bolsa, älemgoşaryň üstündedir».

828. Aly ibn Jehmden*: «Zeýt ibn Mansura myhman bolýançam, çörek miwedir öýtmeýärdim. Ol gatyrynyň tezegini içegesinde saklaýar. Eger daşyna çykarsa, guşlaryň biri çokar öýdüp gorkýar».

829. Mugawyýa ibn Mihrandan: «Öýüne baraňda, gaşyny çytyp, hezzetini gysganýan bolsa, ol husytdyr».

830. Ibn Rumydan*: «Gymmatbaha eşikli Ibn Harp (uruş ogly) maňa duşmançylyk nazary bilen garady. Bir pursat ýoldaş bolanymyzdan soň, özi gyra çekildi. Ol hakda pikir etseň ýa-da kelläňi gaşasaň, ala-goh bolup, eşigini ýyrtym-ýyrtym etdi. Ýola saljak bolduk, tersine gitdi. Ýeke özün goýduk welin, ynjaldy oturyberdi. Asyl onuň gözlegi şol eken».

831. Muhammet Taýydan*: «Näme bolanyny henizem aňşyryp bilmän otyrys. Bir döwüm çöregini iýdik welin, ýa gözi çykdy, ýa-da çaşardy».

832. Ibn Bessamdan*: «Bir gün Abu Nuha myhman bolanymda, ol meni naharyň ysy bilen hezzetledi. Özi bilen ýagsyz eti getirip, ýene ony gürrüň tabagynda ýerledi».

833. Ibn Abu Uýaýnadan*: «Bir gün Japar meni öýne çagyrdy. Gör, onuň eçilişini, ol öýi doly howany hödür etdi. Soňra, öňüme ýassyk oklap, gazan-saçak taýynlady. Ne öňümde okara, ne-de bir duz goýdy. Men aldygyna howa iýemsoň, özümiň öli ýa-da diridigimi unutdym. Soňra meni dor atyň reňkine meňzeş üzüm çakyry bilen gandyrdy. Elini çarpyp, hezil edip güldi. Eli bilen dep kakyp, aýdyma başlady. Ine, haramzadalaryň öz dostuny we ýoldaşyny ýag bilen hezzetleýşi şunuň ýalydyr».

834. Başga biri şeýle diýdi*: «Merwanyň aşhanasy arassalyk babatda, Bylkysyň lowurdap duran köşgüne meňzeşdir. Eger aşpezleriniň eşigi hapalanaýsa, ony kagyz bilen arassalaýar».

835. Başga biriniň aýdany*: «Onuň öýi metjit ýalydyr, azan aýdylar, namaz okalar, ýöne naharhanasy we hajathanasy ýokdur. Namaz wagty üçin azan aýdylsa: «Çörekden başga Hudaý ýokdur» diýer».

## KYRK BIRINJI BÖLÜM

## HARAMZADALAR

836. Jahyzyň aýdany: «Bir gezek adamlaryň bir topary Sehl ibn Harunyň öýünde naharlanyp oturan ekenler. Sehl ibn Harunyň husytlygy bolsa, ýüzündenem bildirip duran eken.

Onuň aşpezi kellesi aýrylan garry horazy bişirip getiripdir. Sehl oňa gözi gidijilik bilen seredip, bir zatlary pikirlenmäge durupdyr. Ol gahar-gazaba münüp: «Bu horaz kellesiz ýaradylypdyrmy ýa-da kellesi bardy welin, ýolduňmy?» diýip, hyzmatkärine gygyrypdyr. Soňra adamlara göz aýlapdyr, olaryň haýran galyp oturanyny görüpdir. Eden işinden utanypdyr. Soň özüni aklamak üçin şeýle diýipdir: «Siz şu horazyň kellesini neçün sorandyryn öýdýäňiz? Men onuň artykmaç taraplaryny bilýärin.

Ilki bilen horaz — azançy guş, namaz wagty gelende gygyryp oýarýar. Horazyň sesi bogazyndan çykýar. Bogazyndan çüňküne gelýär. Çüňki bolsa, kellede ýerleşýär. Ikinjiden, horazyň beýnisi doga-jadyny dep etmek üçin örän peýdaly, beýni bolsa, kellede ýerleşýär. Eger gyzyl zady taryplajak bolsalar, «Horazyň gözi ýaly» diýilýär. Gözi bolsa, kellede ýerleşýär. Kim şu peýdaly zatlary unudan bolsa, bilmeýän bolsa, onda kelläni goramagyň zerurdygyny hem bilmez».

837. Ibn Agrabydan: «Basraly biri çarwa araby öýüne çagyrypdyr. Onuň öňünde nahar goýup: «Depesinden, düýbünden we gapdalyndan iýmegin» diýipdir. Çarwa oňa: «Hudaý tutmuş, onda men munuň niresinden iýeýin?» diýipdir.

838. Jahyzyň aýdany: «Kufäniň bir köçesinden geçip barýarkam, ýaňkalaşyp duran iki sany adama gözüm düşdi. Olardan näme bolandygyny soradym. Olaryň biri: «Üýtgeşik zat ýok-la. Ýöne, dostum öýümize gelende: «Kellebaşaýak iýesim gelýär» diýdi. Men hem bazardan kellebaşaýak satyn aldym hem-de ony bişirinip iýdik. Soňra onuň süňklerini alyp, gapynyň üstünden asyp goýdum, goňşularymyzyň ýanynda buýsanaýyn, öwüneýin diýdim. Bir görsem, ol bu süňkleri alypdyr-da, öz gapysyndan asypdyr. Indi şol kelläni onuň özi satyn alyp, özi iýen ýaly bolup dur» diýdi».

839. Muhammet ibn Reşidiň aýdany: «Emeldar adamlaryň biri towuk gowurmaklaryny buýrupdyr. Nahar taýyn bolansoň, dostlarynyň käbirini hem çagyrypdyr. Ol towugy getirmeklerini buýrupdyr. Ertesi gün, ol ýene-de düýnki towugy getirmeklerini tabşyrypdyr. Görse, onuň etleri iýlip, süňkleri galan ekeni. Ol yrsaramaga başga bahana tapman, hyzmatkärine garap: «Oglanlaryň duşmançylygy we seniň biperwaýlygyň maňa şeýle çemeleşmäge gaýrat berdimi? Bu eden işleri üçin, olary bäş günlük paýdan kes» diýipdir. Şonda olaryň başynda duran hyzmatkär oglan: «Aramyzdaky akylsyz kimseleriň etmişleri sebäpli indi bizi heläk etjekmi?[1]» diýen aýaty aýdypdyr. Emeldaryň muňa gülküsi tutupdyr we olaryň paýlaryny gaýtaryp bermeklerini buýrupdyr».

840. Jahyzyň aýdany: «Sehl ibn Harun Kätip gysgançlygy ýüzüne çykyp duran, elmydama gam-gussaly adamdy. Başga biri sahylyk edip, eçilip duranam bolsa, husytlygyndan ýaňa keselläp ýatýan eken. Adamlar: «Ýeri, näme boldy?» diýip

---

[1] «Agraf» süresi, 155-nji aýat

soranda: «Geň-taň göremok, munuň ýaly bolgusyzlygy we betpälligi göreňsoň, neneň kesellemejek?» diýer ekeni».

841. Medaýynydan: «Bir adam Ahnaf ibn Kaýsyň ýanyna gelip: «Eý, Abu Bahr, öwenleri bilen-ä şatlanamok, iliň ýaňsylamasyndanam sypyp bilemok» diýipdir. Ahnaf oňa: «Eý, agam, näme sen ýagşynyň ýadan ýerinde rahatlyk tapýarmyň?» diýipdir».

842. Bir gezek Abu Hasan Muhammet ibn Ýahýa Halyt Bermekiniň ýanynda oturan ekeni. Muhammet bolsa, gysgançlykda we husytlykda ile meşhur bolanlaryň biridir.

Bir gün Medaýyny Ýahýanyň ýanyna gelende, egin-eşigi sal-sal, egninde aňyrsy görnüp duran köýnegi bar ekeni. Ýahýa onuň köýneginiň ähli ýerine birlaý göz gezdirensoň, howlukmaçlyk bilen howla çykypdyr. Medaýyny hem onuň yzyna düşüpdir. Ýahýa: «Näme seniň mundan başga geýer ýaly köýnegiň ýokmy?» diýende, ol: «Ony tiker ýaly iňňäm ýok» diýipdir. Ýahýa: «Onuň üçin daşa gitmän, Muhammetden soraýsana» diýende, Medaýyny: «Hudaý bar, eger Muhammediň şu ýerden Ýemene çenli iňňeden doly öýi bolsa, her iňňä sapak ötürilen bolsa, onuň ýanyna hem Jebraýyl, arşy göterýän perişdeler, Ýakup pygamber dagy gelip, Ýusubyň ýyrtylan köýnegini çatmak üçin, ýekeje sapakly iňňe sorasalar, Muhammet pygamberiň we onuň ýagşy neberesiniň haky üçin haýyş etseler, «Şol iňňäni getirip berjek» diýip, Jebraýyl söz berip, kepil geçse-de, eger-eger edäýmez» diýipdir. Ýahýa muňa hezil edip gülüpdir. Soňra: «Goýsana, onda onuň saçagyna kimler barýar?» diýende, «Hudaýyň iň oňat görýänleri» diýipdir. «Olar kim?» diýende, «Kiramun-kätibin[1]» diýipdir. «Hany, onuň saçagynda nämeleriň bardygyny aýdyp ber» diýende, «Onuň saçagy ymgyr çöldenem giň. Ýöne iki

[1] Kiramun-kätibin – adamyň iki egninde oturyp, onuň eden ýagşy-ýaman işlerini hasaba alýan perişdeler

çöregiň arasy, bat alyp bökýän arslanyň aralygy ýaly, iki tagamyň arasy, Isa bilen Muhammediň arasyndaky uzaklyk ýaly. Bulardan täsini hem, tagamyna siňek gonmasyn diýip, eline ýaglyk alyp, özi siňek ýaly gaýmalap ýör» diýipdir.

Ýahýa muňa arkan gaýşyp gülüpdir, aýagy bilen ýeri depirjikläpdir. Oňa gymmatbaha halat ýapmagy buýrupdyr. Bu wakany bolsa, hiç ýerde aýtmazlyga söz berdiripdir».

843. Hemze ibn Biz ilatly bir obanyň deňesinden geçip barýarka, garaňky gatlyşypdyr. Bu oba mal-garasy, ekin-dikini ýetik bir oba ekeni. Hemze her öýe baryp, myhman almagy sorapdyr. Emma hemme ondan ýüz öwrüpdir.

Gijesini şol ýerde aç-saňsar bolup geçiren Hemze, irden ýola düşmekçi bolupdyr. Şonda ol*: «Şu düşlän obamy Hudaý tutsun. Gün ýaşyp, garaňky gatlyşansoň düşlemeli boldum.Ýa şu ekinler ilatyny ýok etsin, ýa-da olaryň mallary gotur açsyn. Bolmasa-da üstlerinden gyrgyn inip, ilatyny heläk, obasyny harap etsin» diýip gargynypdyr».

844. Zübeýr hem, onuň ogly Abdylla hem şeýle bahyl ekeni. Çarwa arap onuň ýanyna gelip: «Haýsy iýmiti has oňat görýäň?» diýende, ol: «Süýt» diýipdir. Çarwa gidipdir we bir jamy süýtden dolduryp getiripdir. Sypaýylyk bilen süýdi oňa sowgat beripdir.

Zübeýr süýtli jamy elinde saklap, ýokary galdyrypdyr, aşak goýberipdir. Ol muny birnäçe gezek gaýtalap, süýdüň gymmatyny kesgitläpdir. Çarwa arabyň özi hem ony dört dirheme satyn alan ekeni.

Zübeýr hyzmatkärlerine bakyp: «Oňa dört dirhem beriň we jamyny boşadyp, yzyna gaýtaryň» diýipdir.

Çarwa arap öz ýanyndan oýlanypdyr-da: «Häzir şuny hile-pirim bilen oýnaýyn» diýipdir. Soň bir jamy süýtden we suwdan dolduryp, Zübeýre hödürläpdir.

Zübeýr ony bir-iki gezek ýokary galdyrypdyr, aşak goýberipdir. Soňra çarwa garap: «Bu süýt öňki getireniňden ýuwan we ýeňil. Oňa iki dirhem beriň» diýipdir».

845. Bir adam Zeýt ibn Abdylla Muhellebiniň ýanyna baranda, onuň öňünde gowrulan jüýje duran ekeni. Zeýt saçagyň gyrasy bilen derrew tabagy örtüpdir. Jüýje kellesini bolsa, jübüsine salypdyr. Soňra aňyrdan girene ýüzlenip: «Tüsseläp bolýançam, aňyrky otagda garaşaweri» diýipdir.

846. Bu wakany maňa Abu Nasr Mansur ibn Kasym gürrüň berdi. Oňa bolsa kakasy aýdypdyr. Kakasy Abu Hasan Ubaýdulla ibn Hamduwiýäňkide nahar iýip otyrka, oňa: «Eý, Abu Muhammet, arpa şerabyny satýan saňa hezzet edýär» diýipdirler. Ol hödür edilensoň, sowuk-gyzgyn tagamlaryň ählisine el uzadyp, iýmäge başlapdyr, garnyny gerk-gäbe doýrupdyr.

Ubaýdulla oňa gözüni aýlap: «Bu bilmezlik däl, bu bir zenzele ahyry» diýipdir. Ýüzüni çytyp, gaşlaryny bürüpdir. Soňra birnäçe günläp onuň ýanyna gelmän, şol gezek köp iýendigi üçin, ondan gaty görüpdir».

847. Medaýynynyň aýdany: «Mugyra ibn Abdylla Kufede ýaşaýarka her gün naharyň soňunda owlak etini goýýan ekeni. Oňa bolsa, ne özi, ne ýoldaşlary el uzadypdyr.

Bir gün bularyň ýanyna çarwa arap gelip, owlak etini iýipdir, süňklerini hem gemrip, ýagşy derläpdir. Muny synlap oturan Mugyra: «Bu biçäre owlakdan aryňy alýan ýaly-la, enesi seni süsen-ä däldir-dä?» diýipdir. Çarwa arap oňa: «Muňa beýle nebsiň agyrýar welin, enesi seni emdiren-ä däldir-dä?» diýipdir».

848. Jahyzyň aýdany: «Zyýat ibn Abdylla Harysyda bir owlagyň eti bolup, oňa ne özi, ne dostlary el uzadyp bilýän ekeni.

Ol remezan agşamlarynyň birinde, birnäçe adamyny agzaçara çagyrypdyr. Gelenleriň arasynda açgöz biri bolup, oturanlaryň arasynda ýeke özi owlaga el uzadypdyr.

Saçak ýygnalansoň, Zyýat oturanlara ýüzlenip: «Zyndana düşjeklere ymam bolup, namaz okap berjek barmy?» diýende, olaryň hemmesi «Ýok» diýip, jogap beripdir. Zyýat: «Olar bilen açgöz namaz okar» diýipdir. Açgöz: «Men näme etmeli?» diýende, «Yzyny sen dowam etmeli» diýipdirler. Ol: «Bolýar» diýipdir. Soňra bolsa: «Onda men indi gaýdyp owlak etini iýmeli däl boljag-ow» diýende, Zyýat utanypdyr. Ony hem bagyşlapdyr».

849. Yjlynyň aýdany: «Bagdat şäherindäki et bazarynyň gapdalyndan geçip barýarkam, biriniň bir gassaba iň ýaramaz we paýyş sözler bilen sögünip duranyny gördüm. Gassap bolsa, bilmediksirän bolup, oňa gözünem aýlanokdy.

Men gassabyň ýanyna baryp: «Bu saňa ertirden bäri sögünip dur. Ýagşydan-ýamandan bir zat diýseň bolmadymy?» diýdim.

Ol: «Sen onuň näme maksadynyň bardygyny bilýärmiň?» diýdi. Men: «Hudaý bar, bilemok» diýip, jogap berdim. Ol: «Elim et ysyndan ýaňa aňkap durandyr. Elime örän köp ýag ýelmeşýär. Bu bolsa, meniň gaharymy getirjek bolup, garabaşyna gaý bolup ýör. Ol gaharymy getirse özüni kowalar öýdýär. Elim bilen arkasyna şapbat çalsam, bu ýaglar arkasyna ýelmeşip galjak. Ol bolsa, şony alyp, özüne çorba edinjek bolýar. Men bolsa, ol işi ömür ederinmi, ol bu maksadyna ýetibilmänjik geçer» diýdi.

Men şonda Bagdatda şundan pes adamyň ýokdugyna göz ýetirdim.

850. Utbynyň aýdany: «Hişam ibn Abdylmälige köpsanly sowgatlar getirilipdir. Olaryň arasynda agyzlary daňylan ýetmiş sany sebet bar ekeni. Olar: «Bular ir-iýmiş» diýip

aýdypdyrlar. Hişam: «Bu miweleri metjitdäki garyp-gasarlara eltip beriň, goý olar bir salym garynlaryny ýazsynlar» diýipdir.

Sebetleri metjide getirip açanlarynda, onuň içinden ir-iýmiş däl-de, garym-gatym zatlar çykypdyr. Bu habary Hişama ýetirenlerinde, ol gaharlanypdyr. Ýöne, kimden ar aljagyny bilmändir. Hişam zyndan sakçysyny çagyryp, metjitdäki adamlary tussag etmegini buýrupdyr. Olar: «Eý, möminleriň emiri, bu ýerde biziň ýazygymyz näme?» diýip soranlarynda, Hişam: «Siz metjidi ýakymsyz ys bilen dolduryarsyňyz we ol ýerde ýuwunman ýatýarsyňyz» diýipdir. Olar: «Gaýdyp metjide girmejegimize söz berýäris» diýipdirler.

Hişam olaryň sözüni kabul edensirän bolupdyr: «Olary ugruna goýberiň. Ýazyklyny bolsa, Hudaýyň özi tutar» diýipdir.

851. Yshak Mowsylynyň aýdany: «Halyt ibn Safwan gysyk adamlaryň biridir. Bir gün dosty onuňka gelende, Halyt aşpezine ýüzlenip: «Etiň ýarysyny gowur, ýarysyny bolsa nahara at. Güzerana ýama salmak aýyp däl» diýipdir. Muny eşiden dosty gaýdyp gelýärkä*:

«Ulalyp, ese-boýa galanymdan soň,
Halyt ibn Safwanyň öýüne gelenimden soň,
Güzerana ýama salmagyň nämedigini öwrendim» diýip barýar ekeni.

852. Abdysalam ibn Muhammediň aýdany: «Ensarylardan birnäçe adam Ýezit ibn Mugawyýanyň gapysyny kakypdyr. Oňa öz ýagdaýlaryny gürrüň berip, Resulallanyň ýanynda özleriniň mertebesini we eden wesýetlerini ýatlapdyrlar.

Ýezit bulara elli dirhem bermegi buýrupdyr. Emma olaryň hiç biri bu puly kabul etmändir. Käbirleri oňa hat ýazyp, şeýle diýipdir*: «Kösençlikden soňra ensarylaryň gadyr-gymmaty, elli dirhem bolsa, olaryň eýýäm ýitenligidir. Pygamberden soň ensarylaryň kemsidilen ýeri şudur. Olar sähel gadyr-gymmata däl, şumluga duçar boldylar».

## KYRK IKINJI BÖLÜM

# PISLER

853. Hasanyň aýdany: «Allatagala ýürege düşgünç, pis adamlaryň edýän işini gabahat saýdy we: «Eger gopal, daşýürek bolan bolsadyň, elbetde, töwerek-daşyňdan dagaşyp giderdiler[1]», «Eý möminler, Pygamberiň öýlerine diňe sizi tagama çagyrsalar, giriň. Şonda hem onuň bişmegine göz dikip, garaşyp durmaň. Belki, çagyrylan wagtyňyzda girip, naharlananyňyzdan soň gaýdyň[2]» diýdi.

854. Asmagynyň aýdany: «Pis adam dünýäde ýigrenji, ahyrýetde görgi çekjek adamdyr. Alla haýsy guluny ýigrense, ony öz halkyna betnyşan edip görkezer, ýürege düşgünç, tebigatyny gödeňsi eder, ýaradylyşyny bozup taşlar. Her gören gargap geçer».

855. Bir adam dostunyň gapdalyndan geçip barýan ekeni. Onuň ýanynda hem pis biri bar eken. Ýaňky adam dostundan: «Ýagdaýyň nähili?» diýip sorapdyr. Dosty oňa: «Ýoldaşyň şu bolsa, ýagdaýyň niçik bolar?» diýipdir.

856. Ahmet ibn Dureýdiň aýdany: «Agam pis birini görende, gözüni ýumardy».

---

[1] «A:ly Ymran» süresi, 159-njy aýat.
[2] «Ahzap» süresi, 53-nji aýat

857. Abu Usamäniň aýdany: «Men Hişam ibn Urwanyň bir adama garap: «Sen horazdanam pis» diýip duranyny gördüm».

Asmagynyň aýtmagyna görä, araplar gürrüňe gyzygyp, gijäni söhbet bilen geçirýän ekenler. Eger horaz sesini eşitseler, ony agyrlyga ýorup, oturan ýerlerinden başga ýere gidýän ekenler».

858. Mamunyň aýdany: «Körler ýigrenjilere göz aýlamakdan rahatdyr».

859. Yshak ibn Ybraýymyň aýdany: «Mamunyň meýlisindekäk, pis adamlaryň biri aýdym aýtdy. Mamun oturanlara garap: «Pisler bilen oturyşmak hakda nämeleri bilýärsiňiz?» diýip sorady. Men ýerimden turup: «Eý, möminleriň emiri, olar bilen oturyşmak gaýtalanýan gyzdyrmany döredýär» diýdim. Onda Mamun: «Eger aýdymçy we sazanda ýalňyş aýdýan we sowuk bolsa, nädip gyzdyrma döretsin?» diýdi.

860. Sufýanyň aýdany: «Men adamlary gowy görýärin, ýöne olaryň içinde ýekeje pise gözüm düşse, olaryň ählisini ýigrenýärin».

861. Hasanyň pis adama gözi düşse: «Hudaýym, ondan gora, ony bagyşla, bizi ondan rahat et» diýip, dileg eder ekeni.

862. Mansur ibn Hajjaj ýigrenji, pis birine gözi düşse: «Şony öldürendikleri üçin meni öldürýänem bolsalar, şol pisi öldüriň» diýer ekeni.

863. Pis adamlaryň biri syrkawlapdyr. Dosty ony soramaga gelende, ýanynda oturyp, elini degripdir. Soňra: «Eý, gyzdyrma, halyň niçik? Sen onuňkydanam erbet bela-betere duçar bolupsyň» diýipdir.

864. Pisleriň käbiri Şapur köre sataşanda: «Allatagala möminiň gözüni baglanda, oňa derek bir nygmat bagyş edýär. Saňa näme eçildi, eý, Şapur?» diýip sorapdyrlar. Ol: «Seniň ýalylary görmezligi eçildi» diýipdir.

865. Haýdar Nedimiň aýdany: «Pis bilen nahar iýdigim, dessine «Damaga dykylýan iriň we gan kibi «tagam» hem-de içýakyjy agyr azap bardyr![1]» aýatyny okaýaryn. «*Piliň göterip barýan merhumy hem, biziň käbir oturdaşlarymyzdan agyr-pis däldir».

866. «Bu gün näme Tawus hakda hat ýazaňok?» diýip, Eýýupdan sorapdyrlar. Ol: «Şu gün ýanyna bardym welin, görsem, iki sany pisiň arasynda oturan ekeni. Onsoň men ruhumy çekelişige salmadan sakladym» diýipdir.

867. Heýsem ibn Adynyň aýdany: «Agmaşa bakyp: «Gözüň näme sebäpli küteldi?» diýsem, ol: «Pis adamlara köp seredenim üçin» diýip, jogap berdi.

868. Şagbynyň aýdany: «Ertir namazynyň iki eglimini (rekagatyny) unudan adam, pislere gargyş etsin».

869. Iýasyň aýdany: «Bir gün Agmaş maňa: «Ertir ir bilen ýanyma gel. Seni börtme bilen hezzetläýin. Ýöne ýanyňa pis birini alaýmagyn» diýdi. Ir bilen onuňka ugradym. Ýanymda bolsa, Ibn Numaýr bardy. Ol hem yzyma düşüp gaýdyberdi.

Agmaş meni gören dessine, uly sesi bilen gygyryp: «Haý, saklan, eger-eger, saňa ne börtme bolar, ne sogan» diýdi. Gapyny bolsa, şarkyldadyp ýapyp goýberdi.

870. «Bir pisiň öz söhbetinde görünmezligi üçin, Abu Hanyfa oňa her aýda bäş dirhem hak bellän ekeni».

871. Aristoteliň aýdany: «Pisler bilen oturyşmakdan saklan. Çünki, onuň ýanynda ruhuň solar, akylyň bulaşar, pikirlenme ukybyň öler, ýüregiň dert tapynar, haýaň kemeler, süňňüň horlanar».

872. Gippokrat öz okuwçylaryndan bir zat hakda sorapdyr. Emma oňa hijisi jogap berip bilmändir. Ol: «Görýän welin, akylyňyz bulaşyp, düşünjäňiz kemelipdir. Duýgularyňyz

[1] «Muzzammil» süresi, 13-nji aýat

ýadaw görünýär» diýipdir. Onda okuwçysy: «Ýaňy ýanyma bir pis geldi. Uzak wagtlap meniň bilen oturdy. Bar pikirim şondan halas bolmakdy. Şony oýlanyp oturyşyma, görşüň ýaly, akylym bulaşyp galypdyr» diýipdir.

873. Platonyň aýdany: «Ýanyňda ýigrenji biri otursa, oňa dikanlap seretme, onuň bilen uzak gürleşme. Ondan halas bolmak hakda pikir et. Pisler bilen oturyşsaň, ruhuň gyzdyryp başlar. Ruhuň gyzdyrmagy derde sebäpdir. Ruhy derdiň bitmek umydy ýiter. Umytsyz ruha bolsa, duýdansyz ölüm geler».

874. Bir adam öz ýüzügine «Bizar etdiň. Tur!» diýip ýazypdyr. Ýanyna pis biri gelip, otursa, ony şoňa görkezýän ekeni. Pis bolsa, utanjyndan ýaňa turup gidipdir.

875. Gylabynyň aýdany: «Ikindiden soň metjide girdim. Ol ýerde men Abu Hafs Esede duşdum. Ondan bir bölek aýatlary öwrendim-de, aýdyp berdim.

Şol wagt gapydan kuraýyşly bir ýaş ýigit girdi. Abu Hafs muny şeýle bir ýigrenýärdi. Ol: «Hudaýyň getirmedigi geldi. Ýör turaly» diýdi. Men: «Ýok» diýip, garşy çykdym. Ol ýigit hem ýanymyza gelip çökdi. Abu Hafs maňa bakyp: «Tä hiç zat soramaryn diýip şert edýänçä, hiç zat okama» diýdi. Ýigit: «Bolýar» diýip, baş atdy.

Gürrüň gyzyşan wagty, ýaňky ýigit: «Abu Hafs, şu näme diýildigi bolýar?» diýdi. Ol: «Başda seniň bilen şertleşmedikmi?» diýdi. Ýigit: «Unudypdyryn» diýip, ýene dymyp oturdy. Biz ýene söhbetimizi dowam etdik. Gyzykly bir zat hakda gürrüň gidip durka, ol ýigit ýene: «Abu Hafs, şony ýazyp alaýynla» diýdi. Muňa jany ýanan Abu Hafs: «Kes sesiňi, ony özüm gowy bilýän. Seni ýigrenýänimi Hudaý hem bilýändir. Pygamberimiz: «Ýüregiňiziň halamaýan adamsyndan häzir boluň» diýip aýdandyr» diýdi. «Bu entek hemmesi däl» diýip, ýigit dillendi. Abu Hafs muny eşidip*: «Näçe baýlyk gerek bolsa, al-da ýanymdan göterilsene. Sen

maňa şatlygyň tagamyny zäk ýaly etdiň. Eger ikimiz jennetde bir ýere düşsek, iň oňat köşklerde bile ýerleşsek, seni ýigrenýänligim üçin, şol köşkleri terk edip, dowzaha göçüp giderdim» diýdi. Ol ýigit: «Bu aýdanyňy ýazsam bolýarmy?» diýende, Abu Hafs: «Hawa, muny ýazaý» diýip, uludan demini aldy.

876. Merýeminiň aýdany*:«Dünýädäki iň ýigrenji, pis adam! Aýak astyndaky toprak hem senden zeýrenip aglaýar. Üstüňdäki Asman hem, seni ýigrenýändigi üçin, ýyrtylaýjak bolýar. Seniň sypatyňy beýan etdim welin, adamlar: «Sen entegem bärden gaýdýaň» diýdiler».

877. Ýene şeýle diýdi*:«Dünýädäki iň ýigrenji, pis adam! Ýerdäkiler seni ýigrenýändikleri üçin kül bolýar. Hudaý kimi pis edip ýaradan bolsa, adamlar olardan gaçyp gidýär. Gurby ýetýän senden uzakda durýar. Adamlar üçin sen parz işlerdenem agyr gelýäň».

878. Käbirleriniň aýdany*: «Meniň aram bilen ýüregedüşgünç adamyň öýüniň aralygy, ýyldyz gatlary bilen ýeriň astyndaky balygyň arasy ýaly bolsa-dy. Ol dyman wagty, şeýle bir ýigrenji, pis. Gürlände nähilidigini sorabam oturma».

879. Käbirleriniň aýdany*: «Pis adamyň ýüzünde şumluk alamaty, sallançakdan bäri göz-görteledir. Eger ol ot ýaly dowzaha girse, onuň oduny öçürer. Dowzahdakylar bolsa, sowukdan ýaňa doňup öler».

880. Ibn Bessamdan*: «Ýüregedüşgünç, pis bilen oturyp-turmak, ölüm gussasyny we elhenç azaby çekenden agyrdyr. Eger dowzahyň özi Hudaýa günä iş etse, pis adamyň barlygy oňa uly jeza bolar».

881. Ibn Merzubandan*: «Ýüregedüşgünç bilen bir sagat söhbet etseň, bir gün aýralykda gezen ýalydyr. Oňa nähili garaýan bolsam, ol hem meni görende şeýtse bolmaýarmy.

Pisliginden ýaňa, men pisleri görenimde görýän ýagdaýyma duşsady».

882. Hubz Ruzzynyň aýdany*: «Käbir adamlar beýlekini ýigrenýändigine güwä geçýär. Kim ondan dynmak üçin Hudaýdan kömek sorasa, ajal patyşasy hem ony ýigrener».

883. Huraýmanyň aýdany*: «Eger pis biri görnüp başlasa, bize tarap gadam goýma» diýerin. Seniň hyýalyňdan körlügim, sözüňi diňlemekden bolsa, gülügim üçin ýüz öwürmedim. Her zat et welin gözümiň öňünden aýryl, hatda eneň etegine gir welin, ýok bol».

884. Abul Atahyýadan*: «Ýekeje pisiň derdinden, Hudaýyň ähli ülkesi maňa dar göründi. Eger ýyldyzlara tarap göge galsam hem kanagat etmerin, ondan ýene-de daşlaşmak islärin. Ony görenimden, deňizleriň ortasyndaky dagyň üstünde degirmen işledenimi gowy görýärin».

885. Başga birinden*: «Eý, sen, ýigrenjiň ogly nejisiň ogly ýigrenji, eneň seni dogurmadyk bolsady. Sen ýatgyda aýbaşy bolup galan bolsadyň».

886. Ýene birinden*: «Ýürege pis görünýän adam, gözler üçin hem nejisdir. Sen buzuň üstüne buz, garyň üstüne aýaz ýaly sowuk. Bu sowuklyk seniň nejisligiň üçindir. Hatda dowzahyň ody hem seniň doňuňy ýazyp bilmez».

887. Başga birinden: «Bir pis adam ähli ýagşylykda bolup, ähli janly-jandar ýaramazlykda bolsa, günäler ýeňil gelerdi. Pis adamyň agyrlygyndan ýaňa, mizanyň özi hem döwülerdi».

888. Beşşar ibn Burtdan*: «Agyr, pis adamlar, seredip duranlaryň ählisine agram salar. Sen hem meniň ýanymda ýesiriň ýüzündäki gylyç yzlary ýaly ýakymsyz».

889. Hasgamydan*: «Sen ýigrenç galybynda guýlan ýaly. Süňňüň käbir ýerleri beýleki ýerinden şikaýat edýär. Ýer ýüzünden ýöräp barýarsyň welin, bize tarap gelýän ýaly bolup dursuň. Sen sowukdan, pohdan we arassa azapdan elin

ýaradylypsyň. Atalarymyzdaky şumluk tohumdygyň sebäpli, olar ýokary galman ýere düşdi. Hudaý seni ýigrenmegi adamlara parz ýaly borç etdi».

890. Başga birinden*: «Sen biziň söýgimizi şeýle bir isleýänsiň, ýöne sen biziň ýüregimize örän agyr görünýäň. Sen, biz üçin, degirmende däne üwänden hem agyr. Özüňem Ad kowmundan galan däli ýaly bolup dursuň».

891. Ýene birinden*: «Eger seni otluk ýerde goýup gitseler, sen zerarly daglaryň we düzleriň oty gurardy. Eger ol ýekeje gezek «Bal ýaly süýji» diýäýse, bal ýaly süýji sözi ajy bolar. Meniň mülkümde saňa ýarar ýaly näme bar bolsa, ählisini al-da derrew ýola düş».

## KYRK ÜÇÜNJI BÖLÜM

# KOWUMDAŞLYGA DIL ÝETIRMEZLIK

892. Ibn Rumydan*: «Araplar her gije oturyp, tä daňyň düýbi agarýança, özlerine kowum saýlaýarlar. Adamlar kowumlaryň içinde misini-kümşüni saýlap-seçip oturan serraba[1] döndüler».

893. Abu Nuwasdan*: «Hudaýa şükür, Heýsem ibn Adynyň arap bolup dogulandygy örän ajap. Sual taýpasynyň ýanynda Adyny ýatla we ol kowumyň öňünde «dal» we «aýn»[2] harpyny goý».

894. Muhammet Mowsylynyň aýdany: «Oňa we onuň nadanlygyna seret, saňa çakylyk bereniň dat gününe. Ýüregiň ömür boýy ondan gorkuda. Bir parsah uzaklykdan «Taý» diýlip ýatlanylsa, gözüňdäki nur öçüberýär».

895. Ahmet ibn Abu Selmeden*: «Eý agam, sen özüňi araplaryň iň hilegär taýpasyndan hasaplaýarmyň? Ýemen şalaryndan kasam edýärmiň? Biz-ä, seni Hymýar ilinden saýýarys. Bu ýazygyň bilen şöhratly kowuma arka diremäň näme? «Günäkäriň ähdi bolmaz» diýip eşitmänmidiň?.

896. Başga birinden*:

---

[1] Serrap — bankir.

[2] «Dal” we «aýn” — arap elipbiýiniň harplary bolup, «goý” diýen sözi aňladýar.

«Aýdyşyna görä Hanafy,
Özi hem günäden päk.
«Fa» harpynyň üstüne bir nokat goý,
«Nun» harpyny bolsa, galam bilen ýokary çyz,
Şonda bu garrynyň ady «halaky[1]« bolar.

897. Muny maňa Mosulda Aly Süleýman ibn Feth Zemekdem aýdyp berdi. Bu setirler Abu Hasan Aly ibn Muhammet Şemşady hakyndadyr*:

«Eý, Şemşadyň gatyry, sen özüňe araplaryň içinden gör näçe gezek ata gözlediň. Adamlar seni ol kowumdan hasap etmese, sen derrew başga kowum gözläp başladyň. Perzendini ýitiren ene ýaly bolup, ähli tirelere we kowumlara janyňdan syzdyryp, gygyryp başladyň: «Waý, harap boldum» diýdiň. Seniň örän köp atаň bar, ýöne olaryň haýsy biri seniň aladaň üçin yhlas eder? Haçan-da, seni görseler, ýabany it ýaly, daş sowgat bererler».

898. Ibn Bessamyň aýdany*. Bu setirler Abdylsamat ibn Muazzalyňky diýýänlerem bar.

«Bir adam, hudaýa degişlidigini unudyp, araplaryň içinden özüne kowum gözlemäge dalaş etdi. Bir zat talap edilse, ne oňa, ne muňa akyl ýetirdi. Oňa iýer ýaly zagara balyk getirdim. Emma muny islemedi we: «Seniň dostlaryňda, açlygymy giderer ýaly başga nahar ýokmy? Dostuň üçin syçan ýa hažžygam bolsa tut. Oýuny bolsa, bes ediň »diýdi. Soňra oňa müşk we kamfara sepilen oty düşedim. Ol muny ysgamady, burnuny tutdy-da, ümzügne gaçyp gitdi».

Ol meniň neberäme laýyk geljek bolup, hat-da ýowşan ýygmaga-da gitdi. Soňra biziň sakymyz oňa dür däneleri bilen bezelen käsäni tutdy. Bu köne we dury çakyr bolup, ony içen adam gaýgy-aladadan dynyp, teselli tapýardy. Emma munuňky

[1] Halaky — «ýüzük şekilli, egri, küýki” diýmek.

ýene tersine boldy. Şondan soňra ol bize baglanjak bolmady. Ol özüne abraýly kowum gözläp ýör, asyl onuň öz atasyna baglylygy bir dogrumyka?».

899. Abu Nuwasdan*: «Suleým süpükdir» diýip gygyrýan adam, dyrnagyň ujundaky hapaça ýokdur. Onuň özi bolsa «Amr» sözündäki «waw» harpy ýaly, tüýs üstünden gülmek üçin birleşdirilendir[1]».

900. Beşşar ibn Burt bu setirleri Abu Haşym Amr Bahyla we Hammat Ajrada degişme hökmünde ýazypdyr*: «Eger Amr öz aňyrsyny, kowumyny herekete getiren bolsa, oňa ýoldaş bol. Sebäbi ol küýzeden çykan araplardandyr. Ol tä parlak nurly arap gelýänçä, bir demirçiniň körügini beýlesine öwrüp berýärdi; Hammat Abu Omara bolsa eliňi mäkäm dart, ol ýönekeý adamlaryň içinden çykan dinardyr».

901. Bu sözleri maňa kakam Şyh Sagyt aýdyp beripdi. Oňa hem Abu Muhammet Abdylla ibn Ahmet ibn Zyýat Jowalygy, oňa Muhammet ibn Abdylla, oňa Abdyrahman ibn Abdylla ibn Müslim aýdypdyr. Ol bolsa muny Enes ibn Mälikden eşidipdir, ýagny Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir:

«Kim özüni hakyky ata-babasynyň hataryna goşmasa [özüni hakyky aslyna baglamasa], oňa Allanyň gargyşy we gazaby bolar. Hudaý onuň arassa we adyl işiniň hiç birini kabul etmez».

---

[1] Arapça «Amr» sözi ýazylanda, soňuna «waw» harpy goşulýar, ýöne okalmaýar

## KYRK DÖRDÜNJI BÖLÜM

# GÖDEK DEGIŞME

902. Aly ibn Apbas Rumy bir gezek Ibn Mudepbiri şygyr setirleri bilen öwüpdir. Ibn Mudepbir munuň sylagyny soň berjekdigini aýdypdyr.

Sowgat tamasy bilen onuň gapysynyň agzynda birnäçe gün bäri gezmeläp ýören şahyryň ýanyna, derwezeban gelip: «Wezir saňa şol setirler bilen menden başga kimi öwesiň gelýän bolsa, öwüber» diýýär» diýipdir.

Aly Rumy gapydan bir gyra çekilipdir-de birnäçe setir ýazypdyr. Ol şeýle diýipdir*: «Esli wagt saklanyňdan soň meniň şygrymy yzyna gaýtardyň. Onuň päkize lybasyny çaňa garyp goýberdiň. Sen: «Şol setirler bilen kimi öwesiň gelýän bolsa, öwüber» diýipsiň. Ýöne yzyna gaýtarylan öwgini kim kabul etsin. Esasanam, ony öz ysyň bilen doldurypsyň. Poh bilen doldurylandan soňra, diri adama maslygyň dony geýim bolarmy?».

903. Aly ibn Jehmden*: «Iki işi birden bitirjek bolup, jan etdiň. Ýöne gujur-gaýratyň olaryň içinde azaşyp gitdi. Seniň bu gümralygyň, edil patyşalaryň azaşmasy we olaryň ýurt işiniň dargaýşy ýaly boldy. Sebäbi, sen ýagşylyk etmedige alkyş aýtjak bolup, entek ýörelmedik ýoldan ýörediň».

904. Buhturydan*: «Eger ýagmyrly bulutlar bilen elleşseler hem, olaryň barmaklary öl bolmaz. Tupanly Hytaý deňzini ýüzüp geçselerem, asla gark bolmaz».

905. Ýezit ibn Rabyganyň Zyýat ogullary hakda aýdany*: «Şu haty Mugawyýa ibn Harba ýetirip biljek ýemenli adam barmy? Ol «Ataň namysjaň» diýseler gahary gelip, «Ataň zynakeş» diýseler, monça bolýarmyşyn».

906. Bu wakany maňa Abu Hasan Aly ibn Kasym Basry gürrüň berdi. Oňa Abu Rowk Hazzany, oňa Abulfazl Ryýaşy, oňa bolsa Asmagy gürrüň beripdir:

«Çarwa araplaryň biri süýtdeş doganyna garap: «Seniň haramzadalygyň üçin üstüňden gülerin» diýipdir. Onda agasy: «Haý duraweri, meniň üstümden nädip güljek? Seniň kakaň meniň kakam, seniň ejeň meniň ejem ahyry» diýipdir. Onda ol*:

«Oglana haramzadalyk özünden ýokar,
Ne atadan geler, ne-de eneden» diýipdir».

907. Muny maňa Mugyra ibn Habna Rababydan diýip aýdyp berdiler. Ol hem Rabyga ibn Hanzaladan eşidipdir. Ol öz agasy Sahra ýüzlenip*: «Seniň kakaň – meniň kakam, sen meniň süýtdeş doganym. Emma, muňa garamazdan, aramyzdaky häsiýetler gowy parh edýär. Ejeňi dogruçyl aýal hasaplaýarlar, ýöne onuň ogly kemakyl we nejis görülýär. Ikimiz duşuşsak, adamlar biziň haýsymyzyň ýigrenji, haýsymyzyň bolsa küýselýän adamdygymyzy takyk kesgitlärler. Eger eliň taýaga tarap ýokary galsa, meniň taýagym tirsildäp duran naýzadyr, onuň bilen ajaly ýeten gerçekleri dep ederin».

908. Başga birinden*: «Çarwalar galp zatlar bilen buýsanmaga ökdedir. Sözlände dilleri şeýle bir süýji we ýakymly. Nadanlykdan ýaňa, olar özlerinde ýok sypatlardan

hem göwni hoş gezip ýörler. Aslynda, ýagşy söz ýagşy ärlerden çykýandyr».

909. Mälik ibn Esmadan*: «Size baramda, çakyr-şerap göterip baran bolsam, itiňiz meni öý eýesidir öýdüp, üýrüp durmazdy. Ýöne, üstümdäki müşk ysy menden öňürtdi we hindi anbary hem oda ot goşdy. Itiňiz meni görenden ysymy halamady. Ol diňe meýli meşikleriň we şire-şepbikleriň ysyna uýgunlaşan eken».

910. Uwaýf Kawafydan*: «Siziň eneňiz ne ganatynyň astynda çagasyny ýitirene, ne-de gül deý zenanlaryň içindäki güle meňzeýär. Onuň ganatynyň astynda azajyk bolup dursuňyz. Mal soýlanda we gazan başynda bolsa iň köp adam siz».

911. Ýene şeýle diýdi*: «Eger ol zenan ilkinjisini ogul dogursa, bu oglan [onuň] üçin nejislik bolar. Sebäbi bu gelin, nahar wagty ähli kişini iteläp, gyslyşdyryp, alyp barýar. Perzendini goramaly bolanda welin, perwaýyna däl».

912. Başga biri şeýle diýdi*: «Binamyslyk ony ýelleriň arasynda çökmäge mejbur etdi. Ol indi bu ýerden gitmejekdigine kasam etdi. Edil şonuň ýaly, arzyly maksadyna gowuşmadyk ýolagçy, ýeten ýerinde düşleýändir we orun tutýandyr. Bu adam arzuw üçin artykmaç yhlas etjeklerden däldir».

913. Abu Şamakmakdan*: «Seniň ataň hem, seniň eneň hem erkin adamlardan. Ýeri, iki sany erkin adam, nädip binamys birini dogurýarka? Adamlar saňa-da, ol ikisine-de geň galyp oturmasyn, kümşüň ýüzünde hapa bolýandygy geň däl ahyry».

914. Amr ibn Omeýýadan*: «Eger ryzk päk adamdan ýüz öwürse, zamana ony Zyýadyň ýanyna gelmeli eder. Ol bolsa, göýä ähli adamynyň rysgyny özi berýän ýaly, gaşyny çytyp garşylar».

915. Halabydan*: «Eý, Alla, Alla! Wehp maşgalasynyň içinde Abu Hasan, edil bagt ýyldyzy ýalydyr. Ýöne şumlugyň olaryň üstüne inmäwersin, olar muňa çydabilmez we edil hapa ýerde çekilen surat ýaly bolup galarlar».

916. Buhturydan*: «Tüweleme, beýleki adamlaryň hiç birinde bolmasa-da, sen dört häsiýeti özüňde jemläp bildiň: Gymmaty ýok namys, bozuk nebis, agyr ýüz we daş ýaly göz».

917. Ýene şeýle diýdi*: «Adamlaryň gözi ýa-da basyp giden yzyça bolmasaň hem, olar seni geň galdyrmasyn. Bahyllaryň ýanynda ýagyş suwuny içip oň, şerapçylaryň ýanyndan turmak bilen bol».

918. Ýene şeýle diýdi*: «Eger bir ýigit menden uzaklaşyp, özi hem ulumsylyk donuna bürense, men oňa ýoldaş bolmaryn. Oňa bolan päk niýetim we beren sözüm bolmasady, men onuň islegini bitirmekden birwagt ýüz öwrerdim».

919. Ýene şeýle diýdi*: «Abu Hasan, sen ajalyň bosagasynda, baýlygyňy ýitirmegiň öňüsyrasynda, döwletiň göçmeginiň gyrasynda dursuň. Sen özüňi hiç wagt harap bolmaýan, ýalňyşmaýan we büdüremeýän adam hasap edýärdiň. Sen bize dag ilçisiniň iberen betbagtlygyny, Abu Japaryň üstüne kimiň öwrenenini aýt. Wehp neberesini söýýändigiňi aýan etdiň, ýöne Zuhal[1] ýyldyzy bolup, olaryň bagtyny ýatyrdyň. Ýekeje ýüpden çeke-çeke olaryň tersine gitdiň, ahyry olaryň ähli işini dargatdyň».

920. Abu Taýýyp Mütenepbiden*: «Nesil-neberäň yzarlandy welin, atasyz ogul bolup çykdyň. Soň ýagdaýyň mälim edilse-de, edep-terbiýä dolanmadyň. Sen bu gün öz adyňy «gyzyl» diýip üýtgetdiň, ýöne seniň adyň «zehep[2]» däl-de, «zehapdyr[3]». «Zehap-ul-akl» diýmekdir. Eý, bagty ýatan,

[1] Zuhal — Saturn ýyldyzy.
[2] Zehep — altyn, gyzyl.
[3] Zehap — gitmek. «akyly giden» diýmek.

sen özüňe muwapyk beýle lakamy nireden tapdyň? Seniň özüň lakama lakam bolupsyň».

921. Ýene şeýle diýdi*: «Ähli ýagdaýlarda şerap ýürege teselli bermeýär. Durmuş edil binamyslaryň eçilişi ýaly bagyş edýär. Eger olaryň başyna äpet alada düşse, adamlaryň iň ulusy hem kiçijik bolup galýar. Ýaşaýyş babatda men olara meňzejek bolmaýaryn. Men olaryň arasynda arzyly gyzyl känidirin. Patyşalar, gözlerini açyp uklaýan towşanlara meňzeş. Eger olar akylsyzlyk bilen goranyp bilerin öýtseler, bu puç bolar we olaryň ýiti gylyjynyň boýny synar».

922. Ýene şeýle diýdi*: «Ýagşylygyň saňa haýsy ýollardan geljegini bilmersiň. Gany nireden almalysyny, tyg bilen sülük gowy bilýär».

923. Ýene şeýle diýdi*: «Bu dünýäde başymyzy büрän gaýgy-aladalary aýryp biljek adam barmy-ka? Bu dünýäde goňşulary bilen şadyýana ýaşalýan mekan barmy-ka? Haýwanlar hem adamlar, begler hem gullar bir-birine meňzedi gitdi. Men bilemok, adamlaryň başyna täze borç düşdümi ýa-da köne dert dolandy?! Müsür topragynda şeýle adamlara duşdum, erkin adam olaryň arasynda ýetim ýaly, aralaryndaky garaýagyz akylly adam, gyrgylaryň we baýguşlaryň arasyndaky garga ýalydyr. Men onuň öwgüsini oýun hasapladym we akmajyklara aýdylýan sözi diýip goýberdim. Onuň üstünden gülemde, bu şagal ogluna aýdan sözüm, dilimden sakawlap çykdy. Eger ähli ýaman işler binamyslardan çykýan bolsa, men binamyslary ýazgarmasam, onda kimi ýazgaraýyn?!».

924. Asmagynyň aýdany: «Abdyrahman ibn Hassan iş bilen bir adama ýüz tutupdyr. Emma ol adam ony bitirmekden boýun gaçyransoň, Abdyrahman şol arzyny Omar ibn Abdyleziziň ýanynda mälim edipdir. Omar onuň haýyşyny

bitirensoň, ilki soran adamsy Abdyrahmana gabat gelip: «Işiňi nätdiň?» diýip, ondan sorapdyr.

Abdyrahman şeýle jogap beripdir*: «Bir iş bilen ýüz tutdum. Sen ony bitirmekden boýun towladyň. Şol sebäpli-de, bu işimiň sogaby senden başgalara nesip etdi. Seniň nägile garaýşyň, seniň özüňi alkyşdan goýdy, Allaň beren haýryny nebsiň satyp goýberdi.

Nebsiň seni bir gezek haýyr işe atarsa, sen oňa ters iş edýärsiň. Ýamanlyga iterse welin, oňa tabyn bolýarsyň».

925. Jugaýfyranyň Dygbyl ibn Aly Huzaga degişmesi*:

«Japar näme üçin atasyna meňzänok,
Dalaş-dawa etseler-de malyny gaýgyranok.
Biri oňa «oglum» diýse, beýlekisi diýenok,
«Atasyn» tanaýşyny, enesi-hä geňlänok».

926. Asmagynyň aýdany: «Çarwa arap birini suratlandyryp, şeýle diýipdir: «Ol gysganç, gazany kiçi, asly näbelli, dargursak, aňyrsy binamys, aşa ulumsy, howalasy belent, ýagşylygy ýok adamdyr».

927. Başga biriniň Abu Dulef Yjly hakda aýdany*: «Eý, Abu Dulef, eliňdäki zat soralsa, soran kişi seniň gözüňe şeýle nadan görüner. Sen gapyňy şeýle bir berk-mäkäm ýapypsyň, açyk goýsaň, oňa bela-beterler giräýjek ýaly. Görküň ajaýyp, ýöne sesiň gorkunç deprek ýaly güňleç çykýar. Haýyr bezeginden bolsa, sen boşap ýatan çöl ýaly».

928. Asmagynyň ýatlamagyna görä, bir adam häkim bilen ýoldaş bolupdyr. Emma birnäçe wagtdan soň olar aýrylyşypdyrlar. Adamlar ondan: «Ol saňa nämeler tabşyrdy we nämeler berdi?» diýip soranlarynda, «Ol maňa gulagyny tabşyrdy, arkasyny görkezdi, bähbidinden gorady. Tä aýrylyşýançak şeýle gezdik» diýip, jogap beripdir.

929. Ahmet ibn Ýahýa Jürjanynyň işýakmaz biri hakda aýdany*: «Işýakmazyň uly islegi ýagşylyga duçar bolmakdyr.

Olaryň ululary kemakyl, çagalary hem betpäl bolýar. Gabat gelen adam hem mydama olara gargap ýör».

930. Aban ibn Abdylhamyt Lahykynyň özüniň Rakaş taýpasyna ýazan degişmesi*: «Mende edil öz kowumum dek aýratyn kowum bolsady. Iň bolmanda, birek-birege ýardam bermek üçin birje topar ýeterlik ahyry. Men ömrüm boýy olara ynamdar dost we kömekçi bolup galaryn. Binamyslar üçin, Rakaş taýpasy ýaly bolmaryn. Olar ýagşy işe çagyrsaň gatyr ýaly bolýarlar. Bir zatdan çekinseler welin, kebelek kimin dagap ötägidýärler».

931. Muhammet ibn Bekkar Rahbynyň Muzahym taýpasyna ýazan degişmesi*: «Muzahym taýpasyna miras galan bir buýsanç bar. Olar myhmanlarna aýallaryny hem-de dullaryny hödürleýärler. Öz suwlaryny we çöreklerini bolsa, itden beter goraýarlar. Wah, olaryň elleri aýallarynyň etegini hödürlese-de, az görmeli däl-le…».

932. Ýene şonuň aýdany*: «Siz uly we mertebeli adamlara, aýallaryň görmegeý goja seredişi ýaly seredýärsiňiz. Hamana, men siziň gözüňize ýönekeý ýaly, maňa gözüňiziň gyýtagy bilen nazar salýarsyňyz. Abraý-şöhrat gazanmakda öz elleriňiz size ýamanlyk edýär. Siziň ýerliksiz geçirimliligiňizden ýaňa ýeller hem ýadap galjak…».

933. Abu Nuwasdan*: «Saňa degişdim welin, sen ähli kişä meşhur bolduň. Sen mundan öň ile beýle meşhur bolmandyň. Wah, kapyýalaryň biýzine (aklygyna) haýpym gelýär, olar biýze däl-de, ölüme gabat gelipdir».

934. Iki sany adam bir zat üstünde çekeleşipdir. Olaryň biri beýlekisine*: «Men seniň ornuňda bolup, diýen etmezek oglumyň nähilidigini beýan edeýin. Sen hem edil şonuň ýaly bolup dursuň. Onuň durmuşy gahar-gazap, ölümi bolsa pajygadyr. Seniň ýamanlygyň ýurt içinde akyp ýatyr, peýdaň

bolsa islenilmeýän peýkamdyr. Seniň diriligiň hiç kimi şatlandyranok, ýöne ölümiň biz üçin uly betbagtlyk».

935. Abul Howlyň Zaýyda ibn Magn ibn Zaýyda we onuň atasy hakda aýdan goşgusy*: «Eý, Ibn Magn, adamlar seni taryplap duranymy görseler, meni remezanda zyna edýän ýaly görerler. Arkadan-öňden derdiň öýjügi bolup durkaň, men nire, sizi taryplamak nire? Seni beýige göterjek bolup, başymy aýlamda, uzak jebirden soňra büdräp giden gatyra döndüm. Ýagşy gylyklar hakda söz açylsa, ol seniň ardyňda ýerleşen zatdyr. Senden haýyr görmejegimi bilip, öňünden toba edýärin».

936. Öwrenje biriniň Dawut ibn Aly Yspyhany hakda aýdan goşgusy*:

«Saňa meňzejek bolduk, ýöne başarmadyk,
Dünýäde mümkin däl zatlaram sende bar eken».

937. Ibn Rumynyň goşgysy*: «Isa ebedi-baky galaýjak ýaly, zadyny özüne hem dözmeýär. Ol gysylmakdan ýaňa, başarsa, burnunyň bir deşiginden dem aljak. Ýeter-ýetmez günlerinde, oňa igenç sürtäp oturmagyň geregi ýok, biz ol günleri geçirmeli hasap edýäris. Ýöne, ynsaby husyt adama bagyşlanma ýokdur. Onuň alkyş däl-de, özgelere miras toplaýan eli bar».

938. Käbir araplaryň aýdan goşgusy*: «Ibn Şemliň howlusyndaky derweze gözel bezegli. Howludaky iň haşamly zat bolsa, gulpa urlan gulpdur. Pelek hem öý eýesiniň abraýyna şeýle çemeleşipdir. Husytlygy zerarly onuň şöhradyna gulp üstüne gulp asypdyr. Husytlyk bu howlunyň haýryny köpeltdi, sebäbi ol ýerdäki ýaşaýjylar açlygyndan ýaňa iki bükülip, sežda egildiler. Ýogsam näme, ine Ymranyň uýasy päk gezip, ärsiz perzent dogurmadymy? Ibn Şemliň hem şunuň ýaly sahawatsyz haýry köp» .

939. Aly ibn Jehmiň goşgusy*: «Oňa diňe Kiramun-kätibiýn perişdeleri towpyk beräýmese, başga gapysyndan garajak perişde ýok. Birem, käteler ýelleri äkidip-getirýän perişdeler nazar salaýmasa, onuň öýünde başga düşleýän ýok. Omaryň elindäki baýlyk tötänden hem ýere gaçaýmaz ýa-da onuň gylyjyna gyn tikilmez. Rahhajy erkekleri beren sözünde tapylmaz. Ine, rahhajyly gelinler bolsa, wada beren wagtyna geler».

940. Käbir araplaryň aýdan goşgusy*: «Eger ol: «Meniň atam asylly ojakdan» diýse, biz: «Dogry aýdýarsyň, wah ýöne ol nähili ýaramaz zat dogrupdyr. Seniň berýän peşgeşiň edil suw gysymlan ýaly, ataň şöhraty bolsa ýyldyzlara we ýedigene bäs edýärdi» diýerdik.

941. Welit ibn Ukba ibn Abu Muaýtyň goşgusy*: «Bir zat soralsa «Ýok» diýýärsiň. Bir zat sorasaň, derrew «Getir» diýýärsiň. Ýewfratyň sakasynda oturyp bir içimlik suwy gysganýarsyň, haýyr iş etmäge şeýle bir ýaltanýarsyň. «Bolýar» diýere ýa-da ölümden öň «Ýok» sözüni terk edere, heý bir ýagdaýyň ýokmy?».

942. Bu goşgy Hasan ibn Wehbe bagyşlanypdyr*: «Ol şirin sözlülikde, az söz bilen köp manyny beýan etmekde aňry çäge ýetdi. Gysgadan manyly sözleri eý gördi. «Bolýar» diýen sözi uzyn görüp, «Ýok» diýen sözi saýlady».

943. Bu goşgy Abu Dehbeliň, käbir ýazgylara görä bolsa, Ibn Rumynyň goşgusy hasaplanýar*: «Men seni ýaňsylama bilen öldürjek boldum.Ýöne, sen ölmediň. Sebäbi itleriň jany berk we ömri uzyn bolýar. Sen maňa it ýaly üýrüp, biderek alada galýarsyň. Asmandaky aýa bakyp üýrýän it, oňa zyýan edip bilermi?».

944. Beşşar ibn Burdyň goşgusy*. «Üstünden gülünmesine şeýle bir ysnyşyp gitdi welin, ynsabynyň piňine-de däl. Ony müň adam ýaňsylasyn, bir adam üstünden gülsün, parhy ýok,

göwnübir ýaly gezip ýör. Bu ýerde şeýle bir biabraý bolduň, hat-da saňa göriplik edýänem ýok».
945. Abu Nuwasyň goşgusy*: «Eşgas taýpasyna aýdyň, meniň ýanymda Apbasyň işini ýazgarmak sana geçmez. Bu işi Hudaýa tabşyryň, ony kellesinden başlap, täzeden ýaratmaly bolar. Biz diňe «Apbas – adamlaryň apbasy[1]» diýmäge hakymyz bar».

946. Abu Nuwasyň goşgusy*: «Sallançakda ýatyrkaň, eneň saňa «Eban» diýip at dakanda ýalňyşypdyr. Hudaý kömek eden bolmaly, ol «ta» harpyna derek, «ba» harpyny ýadyna salandyr. Onuň «Etan» dakjak bolandygyny biz indi bilýäris. Seniň hakyky adyň «Etan[2]» bolmaly».

947. Ýene-de Abu Nuwasyň goşgusy*: «Ysmaýylyň çöregi alabeder, döwülmese, heňläp gider. Onuň gizläp biliş ussatlygyna haýran galýarsyň. Çöregi şeýle saklaýan adam ymmatyň gatysysdyr. Tamdyrdan çykanda tegelek, bitin çörekdir welin, onuň ýarpysy geler. Beýleki ýarty tegelegini nirede gizländiginden habaryň bolmaz.

Onuň suw içişi hem täsin. Derýanyň süýji suwuny, guýynyň şor suwy bilen garyp içer. Aslynda dury suw içmedik adamlar, hut şeýle häsiýetli bolýar».

948. Bu goşgy hem Abu Nuwasa degişlidir*: «Ysmaýylyň çöreginiň üstünde husytlyk penakäri otyr. Çörek, iýilmeden halas bolup, ahyry asuda howla düşüpdir».

949. Abu Nuwasyň goşgusy*. «Onuň çöregi patyşalaryň ýanynda aýdylýan we mysal getirilýän anka[3] guşundan başga zat däldir».

950. Ibn Abu Uýaýnanyň goşgusy*: «Seniň ataň biziň ot-çöregimizi ösdürýän ýagyş ýaly, sen bolsa ekin-dikin

[1] Apbas –gödek, gyňyr ýüzli adam
[2] «Etan” arap sözi bolup, türkmençe manysy, «maçy eşek” diýmekdir.
[3] Anka — ýolbars kelleli, bürgüt ganatly hyýaly guşdur.

goýmaýan çekirtge ýaly. Onuň ýagşy işleri bizi begendirýär, sen bolsa ataň abraýyny hem kem-kemden kertip barýarsyň».

951. Ýene-de şonuň goşgusy*: «Eş, Kabys, hernäçe jan etseň-de, takwa-jomartlykda agaň ogluna eýerip bilmersiň. Onuň bilen seniň araňda ummasyz tapawut bar. Ýazgarylýan adam, öwülýän adam bilen deň bolmaýar. Dawut ýagşy oglan, sen bolsa kötek iýip ýörsüň. Bolmasa, ikiňizem bir kökden, bir şahadan gaýdýarsyňyz. Ýöne, metjidiň mähraby üçin alynýan agaç bar, jöhitleriň ojagyna odun bolup atylýan agaç bar…».

952. Hammat Ajradyň goşgusy*: «Men saňa sögdim welin, sögünç maňa: «Sen nä, menden pesleri ýatlap, maňa sögýärmiň?» diýdi. Men seni ýaňsyladym welin, ol ýaňsy: «Sen meniň bilen ony ýaňsyladyňmy ýa-da ony ýatlap meni ýaňsyladyň?» diýdi».

953. Başga biriniň Abu Ýagla Kätip hakda aýdany*: «Hudaýyň beren nygmaty hiç wagt hem aýyp görülmeýär. Ýöne adamlaryň käbiri ony ýaramaz peýdalanýar. Abu Ýaglanyň ýüzüne bolsa, ne baýlygyň, ne-de Yslamyň nury gelişýär...».

954. Abul Hurufyň goşgusy*: «Eý, Amr, sen dinsizlik bilen öz ugruňa samrap ýörsüň öýdýän. Gybat-töhmete bolsa begenip garaýarsyň».

955. Ýene-de şonuň goşgusy*: «Sen özüňi hernäçe dinsiz edip görkezseňem, sen ikihudaýlykdan azatsyň. Sen bir Hudaýyň gulusyň. Eger sen ýetmiş sany Gurhany oda ýakyp, bir günde ähli metjitleri ýumursaňam, sen biziň ýanymyzda hudaýsyzlygyň golaýyndanam baraňok. Sen gürrüňsiz musulmansyň!».

956. Mütenepbiniň goşgusy*: «Entek ol agta gul bolmanka, biçilmänkä, akylyň ýerleşýän ýeri kelledir öýdýärdim. Haçan-da, onuň akylyny synlamsoň, akylyň

ählisiniň kellede däl-de, ýumurtgalykda ýerleşýändigine gözüm ýetdi».

957. Ýene şeýle diýdi*: «Gullardan we mallardan samsyk birini özüňe häkim etseň, gul satýan adamyň eli ahyry kelläňi sypalar».

958. Ibn Rumynyň goşgusy*: «Gapdalymdan geçip barýan güjügi görmändirin. Birden ol maňa adam dilinde gürläp: «Abu Halyt, haýalrak ýöre» diýdi. Men gepleýän güjügi ilki görşümdi».

959. Ýene şonuň goşgusy*: «Eý, tagna salýan oglanlar, siziň ýüreklere salan ýaralaryňyz sebäpli, olar ot alyp dur. Hudaý siziň döwletiňizi adamlara tarap öwürmäwersin. Onuň bäri öwrüldigi adamlardan ýüz öwürdigidir».

960. Ýene şonuň goşgusy*: «Hak işde şumluk ýok diýip emire aýdyň. Goý, ol bäşden alty ýasajak bolup azara galmasyn. Şu iki işiň birini etmäge bir gysylmasyn: Haýyş etseler ýa kömek etsin, ýa-da derrew umydyny üzsün. Yzyna düşürip, kösäp ýörmesin».

961. Ýene şonuň goşgusy*:«Tebip gelip, bir oglany barlady welin, onuň damarynda asla sahylyk urgusy ýok eken».

962. Ýene şonuň goşgusy*: «Ýanyňa seni öwüp bardym. Emma sen goşgymyň üstünden güldüň, ýaňsyladyň. Bu elbetde meniň gödek ýalňyşym boldy. Sen bu hereketleriň bilen maňa bir nakyly ýatlatdyň: «Syrtdan ogşaýanyň sylagy oslukdyr».

963. Ýene şonuň goşgusy*: «Men gapdalymdan barýan ite: «Küç» diýdim welin, ýanymdaky adamyň gözleri maňa töhmet bilen garady. Ol özüni ite deňeýändir öýdýärmikä? Asyl beýle däl. Ol itçe-de ýok ahyry».

964. Ýezit ibn Rabyganyň goşgusy*: «Bir zada şaýat boldum: Eneň Abu Sufýan bilen ýakynlyk edende, ondan gorkujyna, perdesini syrmadyk bolarly. Güýçli gorkudan we hatardan ýaňa, ähli iş köýnegiň üstünde biten bolmaly».

965. Abul Kattaf Derfeli Basrynyň goşgusy*: «Eger binamysyň lybasy eşigiňe galtaşan bolsa, tä täret alyp, arassalanýançaň, Hudaýy ýatlama».

966. Mütenepbiniň goşgusy*: «Özüm öwgüden kiçi bolamsoň, üstüňden güleýin diýmedim. Mundan öň hem bolmajak zatlar hakda pikir edip, paýhas gylyjymy boş pyrlamandym».

967. Başga biriniň goşgusy*: «Patyşanyň huzuryna gelýän adamlaryň, bosagada murty ütüler».

968. Ibn Bessamyň goşgusy*: «Bir görseň-ä, sen bela-betere tap getirmeýän ýaly, ýöne şonda hem ölüp gideňok. Uly işleri bitirmeli bolsa, sandyrap dursuň. Süňke topulmaly bolsa ýolbars ýaly penjeli».

969. Ýagyş Kelbiniň goşgusy*: «Her gün elimde müň dinar pul bolup, astymda on aýal bolsa-da, Hudaý meni dowzahdan halas etse-de... enemiň Eset taýpasyndanlygy meni şatlandyrmaýar».

970. Abu Taýýyp Mütenepbiniň goşgusy*: «Toý güni geçdimi ýa geldimi, tapawudy ýok, sen mydama meýlis içinde gezip ýörsüň. Öz eýesine kast ýa-da hyýanat edýän betpäl gul ýurdy eýelemäge taýynlyk görýändir. Doga gul adamlar, erkinleriň lybasynda dogulsa-da, hiç haçan azat adamlara dost bolmaz. Gul satyn alsaň, gapdaly bilen hökman taýak satyn al. Çünki, gullar garabagtdyr».

971. Ýene şonuň goşgusy*:«Eger aslyňy, akylyňy we ýardamyňy ýitiren bolsaň, onda bu durmuşda seniň ykbalyň üçin gowulyk galmandyr».

972. Asmagynyň aýdany. «Abu Japaryň halypalyk eden döwründe ony tanaýan çarwalaryň biri onuň ýüzüne dikanlap seredip, şeýle diýipdir*:

«Baýlyk söhbeti ahyry ony doýurdy. Indi açlygym hakda gürrüň etsem, «Açlyk geläýer öýdüp» gorka düşýär».

## KYRK BÄŞINJI BÖLÜM

## PERWAÝSYZLYK WE ÝALTALYK

973. Pygamberimiziň aýdany: «Adamlaryň iň ýaltasy doga[1] etmäge ýaltanýany, iň gysganjy bolsa, salam bermäge gysylýanydyr».

974. Käbir alymlaryň aýdany: «Ilden salamyny gysylýan we Pygamberiň ady agzalanda, oňa salawat okamaýan adam, iň gysganç adamdyr. Azan sesini eşidibem, azançynyň sesini gaýtalamaýan adam iň ýalta adamdyr. Öz bähbidi üçin ýagşy işe çagyrylanda kömegini gaýgyrýan adam, iň namart adamdyr. Her namazdan soň özi üçin ýagşy dileg etmeýän adam, iň ysnat adamdyr».

975. Muhammet ibn Hazymyň goşgusy*: «Perwaýsyzlyk öz gyzyny ýaltalyga durmuşa çykardy.Galyň hökmünde hem olara ýorgan-düşek we ýassyk eltdi hem-de: «Ine, şu siziň köşgüňizdir. Tä garyplyk perzendini dogurýançaňyz, hezil edip ýatyň» diýdi».

976. Asmagynyň aýdany: «Ýoluň ortarasynda çäşerip ýatan adamyň deňesinden geçip barýardym. Adamlar onuň üstünden ätläp geçse-de, piňine däldi, pitiwa hem etmeýärdi. Men ondan: «Sen keselmi?» diýip soramda, ol: «Ýok» diýdi. «Onda ýoldan sowulaýsaň bolmadymy?» diýemde, ol: «Ýoldan

_ Doga — çagyryş. Hudaýa kömege çagyryp, dileg etmek.

sowulmagyma ýaltalygym päsgel berýär» diýdi. Men ondan: «Ömrüňde heý bir zady söýüp gördüňmi?» diýip soramda, «Wah men şu wagtam şol söýgiden boşanyp bilemok, entegem söýýärin» diýdi. «Bu ýaltalyk näme üçin döredi?» diýemde, ol: «Wah, Alla ýanyma Selmäni getirsedi, ol ähli işimi edip bersedi. Hudaý islän zadyny başarýar ahyry» diýip, goşgy okady. Şonda men araplaryň içinde iň ýalta adamyň şoldugyna göz ýetirdim».

977. Ibn Rumynyň örän ýalta bir oglany ýazgaryp, aýdan goşgusy*: «Meniň hyzmatkärim tä ajygýança göze görnenok. Aýak atym bazara ýa ir-iýmiş satyn almaga ibersem, kyýamat güni gelýänçä garaşyp oňaýmaly boljak».

978. Muhammet ibn Süleýman Nowfylyň aýdany: «Bu wakany kakam gürrüň berdi we şeýle diýdi: «Bir gezek özüm, doganym Ýahýa ibn Süleýman we Abu Magatys üçimiz jem bolup otyrdyk. Men doganymdan näme iýesiniň gelýändigini soradym. Olar: «Semiz towuk bolsa kem däl» diýip, jogap berdiler. Men aşpezime: «Bize derrew towuk gowrup getir» diýdim.

Biz ony her näçe gyssasagam, ol «Ine boldy, häzir bolýan» diýip, günortana çenli güýmedi. Oňa-da kaýyl boljakdyk welin, şeýde-şeýde agşama ýetdik. Biz bolsa: «Häli geler, şindi geler» diýip, garaşyp otyrys. Şeýdip gijäniň gylla ýarysy geçdi. Ýoldaşlaryma bakyp: «Nämesi taýyn bolsa, şony iýibereliň, bu samsygyň bolsa üstünden güleliň. Goşgy bilen aýdyp, munuň bu agyr ýaltalygyny ýaňsylalyň, edep-terbiýä tarap ýola salalyň» diýdim.

Abu Magatys: «Her näme diýseňem, uranyň bilen-ä bular ýalylar ýola gelmez. Ýöne, ine sen şonuň ýaly hereket etseň, ýazgarsalar laýyk bolar. Ýöne Hudaý seni gaýdyp bu güne salmawersin» diýdi. Men: «Meni diňläň, häzir özüm bir söz oklaýyn» diýdim: «Ybraýym pygamberiň atylan ody buza

dönende, onuň sowuklygy aşpezimiň ýakan odunyň sowuklygyça ýokdur». Muny eşidip, Abu Magatys: «Ony öz ugruna goýsaň, bu towugyň eti ömürboýy bişmez» diýdi. Agam Ýahýa bolsa: «Ondan tama edip, garnymyz ot aldy, gözümiz bolsa uklap galdy» diýdi.

979. Lukmanyň ogluna beren öwüdi: «Eý, oglum! Ýaltalykdan daş dur. Bir işe ýaltansaň, onuň hakyny ödemersiň. Ganyňy gyzdyrsaň, hak işe-de sabyr etmersiň».

980. «Günäler haýsy zat sebäpli köpelýär?» diýip, Ahnafdan soralanda, ol: «Nadanlyk, harsydünýälik we perwaýsyzlyk sebäpli» diýip, jogap beripdir.

981. Anuşirwanyň aýdany: «Ýaltalygy şeýle bir ýigrenýärin. Ol öz eýesini ähli ýagşylykdan uzakda goýýar, hatda iň pes derejelere eltip oklaýar. Hormatly we gadyrly adamlaryň gör, näçesi ýaltalyk sebäpli heläk boldy. Olaryň taýyn aşy, maly-mülki pytrap gitdi».

982. Amr ibn Asyň aýdany*: «Öz işine ýaltanýan adam, başgalaryň yhlasyndan tama etmeli bolar».

## KYRK ALTYNJY BÖLÜM

## ÝAŞAÝYŞ SERIŞDELERI WE ONY GAZANMAGA HÖWES

983. Pygamberimiziň aýdany: «Halal işleýän adam Hudaýyň ýolunda söweşýän merdana ýalydyr. Halal gazanç hakda pikir edip uka batanyň günäleri ötüler».

984. Pygamberimiziň aýdany: «Dogruçyl söwdagäre kyýamat güni şehitleriň derejesi berler».

985. Pygamberimiziň aýdany: «Dogry sözli söwdagär garyp düşmez».

986. Ahnafyň aýdany: «Bazarda oturyň, söwda ediň. Baýlyk hem saglykdyr».

987. Mansuryň gapysynda uzak eglenen Rawh ibn Hatama: «Günüň astynda köp durduň-la?» diýenlerinde, ol: «Jennet saýasynda köp oturmak üçin şeýtmeli bolýar» diýip, jogap beripdir.

988. Abu Hazym Agraçdan: «Näme üçin alymlar baýlaryň gapysyny kakýar, ýöne baýlar alymlary idäp baranoklar?» diýip sorapdyrlar. Abu Hazym: «Sebäbi alymlar baýlygyň hormatyna düşünip, ony talap edýärler. Baýlar bolsa ylmyň gymmatyna akyl ýetirmän, ony terk edýär» diýipdir.

989. Hasanyň aýdany: «Bazarlar Allanyň saçagydyr. Bazara gelen adam bir zat gazanar».

990. Pygamberimiziň aýdany: «Bu dünýäni ahyreti üçin, ahyretini bolsa dünýäsi üçin terk etmedik adam we adamlara ýük bolmadyk kişi — iň ýagşyňyzdyr».

991. Pygamberiň aýdany: «Eger kyýamat gopsa, eliňizdäki ýekeje düýp nahaly oturdyp ýetişýän bolsaňyz, şony oturdyň».

992. Ýük daşap, hiňlenip ýören bir adama Asmagynyň gözi düşüpdir. Ol*:

«Men özümi hormatlaýaryn. Eger ony özüm kemsitsem, menden soň meni kim sylasyn» diýýär ekeni. Asmagy oňa: «Ýagdaýyň şu bolsa, nädip özüňi sylaýarsyň?» diýipdir. Ol: «Seniň ýaly bigäneleriň gapysynda elimi serip duramok» diýipdir.

993. Jabyr ibn Saglap Taýynyň goşgusy*: «Igenjeňler ýanyma gelip käýediler we «Sen nä göçüp-gonup, kaňkap ýörmäňi bes etjek dälmi?» diýdiler. Men olara: «Men töweregimdäki il-ulusy synap gördüm. Ýöne, zamana bulaşaýsa, arka diräre är tapmadym. Gujurly ýigit gurply ýaşamak üçin, özüni garaňky gijäniň gursagyna oklamakdan çekinmez. Don tapan günüň, asla ýalaňaç gezmedik ýaly bolýarsyň.Gurplanan çagyň, garyplygy görmedik ýaly şatlanýarsyň. Eger bu tarapyň agyrtsa, beýleki tarapyňa agdaryl. Ýol-u ýurt söküp ýörseň, ahyry arkaňy aljagy taparsyň» diýdim.

994. Temimli käbir adamlaryň aýdan goşgusy*: «Hudaýyň takdyr eden zadyny çöplemek üçin, şere-haýra ýüz uraryn.Öz ýeriňde butnaman oturmak baky ýaşatmaz. Özge ýerden rysgyňy çöplemek bolsa, ömrüňi kemeltmez».

995. Eset taýpasyndan bolan käbir adamlar güzeran gözleginde gezip, ýurtdan aýra düşüpdirler. Ýat ilde hor-homsulyk basmarlansoň, kakalaryna goşgy bilen hat ýazypdyrlar*: «Durmuş dar bolany sebäpli, biz ýat ýerde it ýaly sergezdan gezdik. Ýoldaş bolmadyk ýadymyz ýok. Içen

suwlarymyz bulanyk. Men zat gazanjak bolup, alys ülkelerde yhlas edýärin. Ýöne, öýde boş oturanyňdan, ýene-de eklenç üçin kösenenin oňat».

996. Buhturynyň goşgusy*: «Ykbal saňa garyplyk donuny geýdiren bolsa, sen garyplyga sergezdanlyk donuny atyp, ony alyslara ugrat».

997. Alawy Basrynyň goşgusy*: «Bendelere ýüz saraldyp, berlenine kanagat edip oturan adamlary gördüm. Her bir çaýkanşykda we her bir bezirgenlikde baýlyk gazanyp, maksada ýetip bolýar. Eger edepli adam, ýaltalyga werziş bolup, tapany bilen oňňut edýän bolsa, onda edep öwrenmegiň näme haýry bar? Gylyç gynyndan çykman ýatsa, ol söweş güni diňe duşmanyň bähbidinedir. Duşmanlaryň gözüne dilegçi görneniňden, öleniň ýagşydyr».

998. Muhammet ibn Asy Kufynyň goşgusy*: «Günüňi dolamak üçin öz ornuňda butnaman oturmak, saňa parz däldir. Ýagdaýlar bulaşsa, ornuňy goý-da, ryzk gözlegine git. Bolmasa, hor-homsy galarsyň».

999. Abu Temmam Taýynyň goşgusy*: «Beýik mertebeleri talap edýän ýigit, ýüzüni agyr işe ýakyp garaltmasa, ak abraýa gowuşmaz. Dogry aýdýarsyň, ryzkyň özi hem öz eýesini gözläp ýörendir. Ýöne, munuň üçin ýadamaly we kösenmeli bolýar. Gaýrat – eýer bilen jylawyň, ejizlik bolsa, bilezikli gelin bilen öýe daňylmagyň arasyndadyr. Batyr ýigit özi ýaly gerçek bilen garpyşyp, onuň ýüzüne gum peşemese, mert saýylýan däldir. Bizi rysgymyza tiz gowşurýan zat bolsa mertlik bilen yhlasdyr».

1000. Şonuň ýaly ýene bir goşgy*: «Erkek adam bir ýerde uzak oturaýsa, ýüpek parçadan tikilen geýmini ýyrtar. Şonuň üçin özge ýerleri aýlan we geýimiňi täzele».

1001. Eset taýpasyndan bolan bir aýal öýden çykman oturan, işýakmaz adamsyna käýinip, şeýle goşgy aýdypdyr*:

«Özüni eklemek üçin yhlas etmeýän adam, garyplygyň gapysynda oturandyr. Dost-ýary, dogan-garyndaşy hem ondan bizardyr. Hudaýyň ýurdy giň. Git-de, ryzkyňy gözle. Baýlyk gazansaň gurply ýaşarsyň. Zähmet çekip ýogalsaň hem aýyp görülmersiň».

1002. Urwa ibn Werdiň goşgusy*: «Meni öz ugruma goýuň. Men baýlyk çöplemegi ýüregime berk düwdüm. Adamlaryň içinde iň ýamany garyplar ekeni. Öýüne ýagşy kişileriň barýandygyna garamazda, garyplary gyrada goýup, olara göwniýetmezçilik bilen bakýarlar».

1003. Käbir araplaryň aýdan goşgusy*: «Eý, tapdan gaçan göwün, bulaşyk gümanlardan saplanyp, başyň göter. Zamananyň gyýa garandygy üçin umytsyzlyga düşme. Saňa baýlyk bilen ýeterin ýa-da iň bolmanda bir gijejik, gursagyňdaky waswasa derek, meni goýup uka batarsyň. Bedewim jylawynyň çekilendigini bilýär. Gizlengi baýlygy talap edýän ýigit, oňa ýol tapyp, gurply ýaşar ýa-da dyrjaşýan işini hasyl eder».

## KYRK ÝEDINJI BÖLÜM

## TYGŞYTLYLYK WE EKLENÇ

1004. Pygamberimiziň aýdany: «Eklenç üçin yhlas etmek käbir söwdadan haýyrlydyr».

1005. Pygamberimiziň aýdany: «Tygşytlylyk — pygamberligiň bir bölegidir».

1006. Pygamberimiziň aýdany: «Tygşytlylyk – eklenjiň, ýagşy gylyk – diniň ýarysydyr».

1007. Käbir kişileriň aýdany: «Köp zady bisarpa tutanyňdan, az zady tygşytly tut. Tygşytlylyk az zatdan miwe berer, bisarpalyk köp zadyň ýoguna ýanar».

1008. Käbir adamlar şeýle diýdi: «Garybyň adamkärçiligi bolmaz. Adamkärçiligi ýoguň utanjy bolmaz. Utanjy ýoguň dini bolmaz. Dinsiz adam üçin bolsa, iň haýyrly zat ölümdir».

1009. Sufýan Sewriniň aýdany: «Her kim elinde baryny düz saklasyn. Bu döwürde ile mätäç bolan adamlar ilki bilen dinini satýar».

1010. Sufýanyň aýdany: «Allatagala tygşytly bolmagy adamlara ündäp: «Olar haýyr-yhsan eden wagtlarynda, isrip hem, gysgançlyk hem etmezler. Olaryň eden yhsanlary ortalyk bolar (gysgançlyk bilen isribiň arasynda bolar)[1]» diýdi.

---

[1] «Furkan» süresi, 67 aýat

1011. Arafat gijesinde dagyň üstüne çykan çarwa arap: «Eý, Hudaýym, maňa bol rysk ber we beren rysgyňa kanagatly et» diýip, dileg edipdir.

1012. Ahmet ibn Abu Tahyryň goşgusy*: «Olar meniň baýlygymy hasaplajak bolup, göriplik edýärler. Baý adamlar, pukaralaryň ählisi özüne elgarama bolmalydyr öýdýär. Eger olar meniň täze-köne ähli zadymy, karzymy-parzymy hasaba ursalar-da, olaryň bahasy ýarym dirheme ýetmez».

1013. Başga biriniň goşgusy*: «Kanagat maňa ähli beýiklige ýetmäge peýda berdi. Ýogsam-da, kanagatdan uly baýlyk ýokdur. Kanagat seniň sermaýaň, takwalyk hem harydyň bolsun».

1014. Abul Atahyýanyň goşgusy*: «Baýlyk her bir adamyň özi, namysy, ýüzi we dili üçin ajaýyp bezegdir. Garyplyk — bu äsgerilmezlik gapysy bolup, onuň açary ýaltalyk bilen biperwaýlykdyr. Oňa-muňa mätäç etmezligi üçin, bir Alladan ýardam isle, halal gazanç etmäni hem unutma. Şonda sen bu zatlaryň hakykatyna anyk düşünersiň».

1015. Wehp ibn Munepbihiň aýtmagyna görä: «Hudaýyň «Bal ary» süresiniň 97-nji aýatyndaky «Biz oňa päkize durmuş berýäris» diýen sözi, «Oňa kanagat berýäris» diýildigidir».

1016. Hajyz Esdiniň goşgusy*: «Kişi baýlygyndan umyt etmezligiň özi nebis üçin uly rahatlykdyr. Sabyrlylykda bolsa, dilegden ýüz öwürdýän beýiklik bar. Kyn günlerimde abraýymy we güler ýüzümi saklanymy eý görýärin. Myhman bolup baranymda we gaýdanymda, açgöz ýaly kabul etmeklerini islemeýärin».

1017. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp Syffynda gezip ýörkä, bir gün gije onuň ýanyna Hatam Taýynyň ogly Adyý gelipdir. Hezreti Alynyň elinde arpa çöreginden bölekler we Ýewfrat suwundan bir käselik suw bar eken. Ol çöreklerini suwa ezip, iýip oturan eken. Adyý muny görüp: «Eý,

möminleriň emiri, gündiziňi agyz bekläp geçirýäň, gijelerine tagat-sežde edýäň. Agyz açan wagtyň bolsa şeýle naharlanýaňmy?» diýip sorapdyr. Şonda Aly oňa goşgy bilen*: «Nebsiň özüňde bar zat bilen oňşuk etsin. Ýogsam, oňa ýeterlik bolaryndan äpet zady senden talap ederler. Şonda sen şol bir sagat sebäpli, bütin ömrüňi ýaşamadyk ýaly bolarsyň» diýip, jogap beripdir.

1018. Utbynyň aýdany: «Süleýman ibn Habyp birtopar baýlygy we sowgady Halyl ibn Ahmede iberipdir. Ol sowgadynyň gapdaly bilen çakylyk we ähli gowy zatlary arzuwlap, bir hat ýazypdyr. Süleýman onuň sowgadyny yzyna gaýtaryp, oňa goşgy bilen hat ýazypdyr*: «Özüm yhlas edip gazanmasam, iliň sowgady bilen baýap bolanok. Yhlas eden, zähmet çeken adam, maksadyny hökman tapar. Hiç kim şol durşuna baky galmaz».

1019. Abul Atahyýanyň goşgusy*: «Janyň sagat bolsa, durmuşdan şikaýat etme. Süňňi sagdynlyk – uly baýlykdyr. Ykbal seni soltan edip goýanda näme, syrkawlyk bilen dünýäniň lezzetini niçik duýarsyň?».

1020. Muhammet ibn Salyhyň aýdany: «Remezan gijeleriniň birinde Beni Mesgaba metjidinde bir adam bilen namaza durdum. Iňrik garalansoň, ol biz bilen namaz okady. Metjitden çykjak bolamda, ony agzaçara çagyrdym. Ol goşgy bilen jogap berdi*:

«Şol durşuna dowam edýän durmuşy we soňy garyplyga barmaýan baýlygy görmedim. Elmydama ähli zada taýyn bol. Agyr günüň nireden geljekdigini hiç kim bilýän däldir».

1021. Ahnaf ibn Kaýsyň goşgusy*: «Bary bilen kanagat etseň baý ýaşarsyň. Garbanmak üçin arpa çöregi bilen Ýewfratyň suwy hem ýeterlikdir».

1022. Lukmanyň ogluna beren öwüdi: «Eý, oglum, özüňe geregini gazan. Ondan artany isribe elter».

1023. Çarwa arabyň biri Hudaýa nalyş edende: «Eý, Hudaýym, maňa bol baýlyk we kanagat ber» diýipdir.

1024. Mahmut Warragyň goşgusy*: «Kanagatsyz adam, baýlygyň tagamyny datmaz. Kanagatly adam, gün geldigiçe baýar welin, garyp düşmez».

1025. Ýene şeýle diýdi*: «Meniň nebsim tama edip, baýajak bolýar. Ýöne barbaýlyk kanagatdadyr».

1026. Abul Atahyýanyň goşgusy*:

«Eger ykbal saňa saglyk
Donuny geýdiren bolsa,
Süýji we ýakymly durmuş
Boş goýmadyk bolsa seni,
Asuda ýaşa dünýäde,
Batma sen biderek gama.
Meňzejek bolmagyn hergiz,
Bisarpa pul sowýanlara.
Isrip edilen ojakda,
Garyplyk ýükün ýazdyrar.
Olar ykbalyň geýdiren
Donuna görä tozdurar».

1027. Huraýmynyň goşgusy*: «Kanagatsyz durmuşdan ýaşaýyş bolmaz. Ynsan köp toplar, ýene mätäç ýaşar. Dünýäniň lezzeti gowy, tagamy süýjüdir. Ýöne onuň tirilýän güli dertden, hassalykdan we ulumsylykdan dörändir».

1028. Ibn Rumynyň goşgusy*: «Baýlyk toplamak maňa ýaraýanam bolsa, ony saglygyma deňäp bilmerin. Baýlyk—bezeg, perzent—sylagdyr. Hassalyk bolsa baýlygyňy we perzendiňi unutdyrýan zatdyr».

1029. Başga biriniň aýdany*: «Ahmyr edip, göwnüçökgünlige düşme. Yslam bilen saglygyň barka, dünýäde özge zady gaýgy etme».

1030. Muhammet ibn Fazlyň goşgusy*: «Eger donuň iki tarapy hem kelte bolsa, seniň ähli teniňi örtmeýän bolsa, onda eliňi daşa gerinme we aýagyňy hem donuňa görä uzat».

1031. Abul Atahyýanyň goşgusy*:

«Güzeranym hem ryzkym üçin,
Adamlara ýüz saraltman,
Hudaýdan umyt ederin.
Şu günüm hem ertäm üçin,
Soňky günki ykbal üçin,
Eçilenine şükür ederin».

1032. Abu Hubeýra Sopynyň goşgusy*: «Baýlara tama bilen baksaň, uzakly gün hasratda bolarsyň, ne düşekde ynjalyp oturarsyň. Özüň ýalylara seret: Mümkin boldugyça ykbalyňa kanagat et».

1033. Hasan Basrynyň aýdany: «Elde baryňy tygşytly ulanmak, özgeleriň elindäki baýlyga tama edeniňden oňatdyr».

1034. Pygamberimiziň aýdany: «Hudaýyň beren az ryzkyna kanagat edýän adam, az amal etse-de, Hudaý ondan razy bolar».

1035. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talybyň aýdany: «Köp zady bisarpa tutanyňdan, az zady tygşytly tut!».

## KYRK SEKIZINJI BÖLÜM

## BAÝLYK — BELENTLIK, GARYPLYK — PESLIKDIR

1036. Pygamberden rowaýat etmeklerine görä: «Garyplyk käbir adamlary tasdan küpüre duçar edipdi».

1037. Lukmanyň ogluna beren öwüdi: «Eý oglum, gazanç edip, baý bol, gurply ýaşa. Garyp adam şu üç närsäniň birine duş bolar. Olar: dini gowşaklyk, akyly ejizlik we adamkärçiliksizlik. Bulardan erbedi hem adamlar ony äsgermän öter».

1038. Garyplykdan gabyr ýagşy.

1039. Ölümden agyr zadyň nämedigi hakda Hasana sorag berlende, ol: «Haýsy ýagdaýa düşeniňde öleniňi gowy görýän bolsaň, şol iş ölümden beterdir» diýipdir.

1040. Abu Mugtamyr Süleminiň aýdany: «Üç hili adamlar bar: Baýlar, garyplar we ortalar. Hudaý tarapyndan kanagat sarpasy bagyş edilmedik garyplar, ölüdirler. Özgeleriň towakgasyna üns bermeýän baýlar, serhoşdyrlar. Iň ýagşysy bolsa ortatap adamlardyr. Küpür işiň köpüsi bolsa garyplara degişlidir».

1041. Salyh ibn Abdylkuddusyň goşgusy*: «Adamlar baýyň sözüni oňlarlar. Edýän işi ters hem bolsa, «ýaramaz» diýmezler. Agşamsyny aç geçiren dogan-dostlary dogry sözlese-de, ony ýaňsylap, inkär ederler».

1042. Ýahýa ibn Eksemiň goşgusy*: «Garyp ýigidiň görki bolmaz. Ýer bilen asman aralygy oňa dar görüner. Oýanan çagy ol ertesiniňmi ýa-da düýnüniň haýyrlydygyny bilmez. Ýigidiň puly azalsa, çagalary hem, dost-ýarlary hem ony akylly saýmaz. Ýalňyşy az, gepi düz bolsa-da, ondan ýüz öwrerler. Dünýäden ötse, ony ideglejek, ölümine gynanjak adam bolmaz. Ýaşap ýörse-de, diriligine şükür edýäni tapmarsyň. Ýigidiň puly azalsa, onuň ýürekdeş dostlary hem azalýandyr. Ýoldaşlarynyň kalbyndaky oňa bolan söýgi hem öçüp galýandyr».

1043. Buhturynyň goşgusy*: «Baý adam galp sözlär, dürs diýiler. «Bolmajak zady sözleýäň» diýmezler. Eger onuň kisesinde tylla teňňeler bolmasady, ýagdaýy şonuňkydan teň birini tapyp bilmezdiň. Garyp adam dürs sözlär, ters diýiler. «Sen galat sözleýäň. Ýok zady ýaňraýaň» diýerler. Tylla teňňeler nirede bolsa-da, eýesine abraý we görk berip durandyr».

1044. Abul Atahyýanyň goşgusy*: «Dünýädäki adamlar, dünýäniň öwrülişi ýaly, çar ýana öwrülip durandyr. Hemme kişi dünýäkeş we baý adamlara tarap öwrüler. Haçanda dünýä döwleti ondan ýüzün öwrende, adamlar hem ýüz öwürmek bilen bolar».

1045. Başga biriniň aýdany*: «Öz işiň üçin kimdir birini, ilçi edip iberjek bolsaň, dirhemden gowy ilçini tapmarsyň. Ol iň mäkäm gapylary hem tiz açýar».

1046. Buhturynyň goşgusy*: «Baý adam göze görkli görüner. Dünýä döwleti haýsy adama öwrülse, adamlar hem şol tarapa meýil eder».

1047. Başga biriniň goşgusy*: «Garyplyk öz ülkäňde-de kesekidir. Baýlyk bolsa, keseki ýerde-de watan ýaly ezizdir. Ýarany garyplyk bolan adama ähli ýer ýat - kesekidir».

1048. Abu Hilal Ahdabyň goşgusy*: «Adamlar: «Perzendi ýokdan adam bolmaz» diýenlerinde, men: «Puly bolmadykdan adam bolmaz» diýdim».

1049. Başga biriniň goşgusy*: «Ylym ynsanyň malsyzlygyny kowar. Nadanlyk bolsa nygmatyň gapysyny baglar».

1050. Ibn Mugtazyň goşgusy*: «Hajatyňy bitirmek üçin iň ynamdar, şowly we işeňňir wekil — dirhem puldyr».

1051. Başga biriniň goşgusy*: «Garyplyk doganyňdan dost ýasamaz, baýlyk welin baýlardan dogan ýasar».

1052. Başga biriniň goşgusy*: «Garyplyk ýaly abraýyňy peseldýän, baýlyk ýaly mertebäňi beýgeldýän zady görmedim».

1053. Abu Rasybyň goşgusy*: «Baý adamlaryň daşy elmydama hümer adamdyr. Onuň aýdanyny tassyklarlar, yzyna düşerler. Baýlygyň ýüz öwüren wagty, adamlar hem ondan ýüz öwrüp, çar ýana pytrarlar».

1054. Salyh ibn Abdylkuddusyň goşgusy*: «Nadany baý halda gören wagtyň, mümkin däl zatlaryň hem bolýandygyny ýadyňa sal».

1055. Mamunyň goşgusy*: «Üstünlige tiz ýetmek üçin elmydama, tegelek ak şaýlykdan haýyrlysy ýokdur».

1056. Araplaryň aýdany*: «Guly ýok adam gul bolar, ili bolmadyk heläk bolar, baýlygy bolmadyk adam har bolar».

1057. Ýunus ibn Habybyň aýdany: «Ähli artykmaçlyk baýlykda, ähli kösençlik bolsa garyplykdadyr».

1058. Bir adam beýlekä bakyp: «Maňa bir dirhemjik bersene?» diýipdir. Ol: «Sen şeýle beýik zady neçün kiçeldip soraýaň? Dirhem onlugyň biri, onluk ýüzlügiň ondan biri. Ýüzlük müňlügiň ondan biri. Müňlük bolsa hun hakynyň ondan biridir» diýipdir.

1059. Apbas ibn Ahnafyň goşgusy*:

«Gurplykam dostum köpdi,
Garyp düşdüm, bary ýitdi.
Ýene-de baýap, sözüm ýer tussa,
Olaryň dolanjakdygyna gözüm ýetdi».

1060. «Ölümden beter muşakgat barmy?» diýip, Ibn Mukaffadan soralanda, ol: «Hawa, ol kembagallyk we mätäçlik» diýipdir.

1061. Ýahýa ibn Halyt Bermekiniň gapysynda duran Sufýan ibn Uýaýnadan «Eý, Abu Ahmet, senem bu ýerdemiň?» diýip sorapdyrlar. Ol: «Garybyň işiniň şow wagtyny gördüňizmi? Mydama il gapysyny saklar durar» diýip, jogap beripdir».

1062. Asmagynyň aýdany: «Käbäniň üstündäki tutudan aslyşyp duran çarwa araba gözüm düşdi. Ol: «Eý, Hudaý jan, bergimi üzer ýaly, dinimi gorar ýaly, gözümi saklar ýaly, derdimi egser ýaly we ähli mätäçligimi bitirer ýaly müň dirhem bereweri!» diýip, dileg edýärdi. Men oňa: «Eý, arap doganym, munuň ýaly mukaddes ýerde durkaň Hudaýdan günäň ötülmegini dileseň bolmadymy?» diýdim. Ol: «Garyplyk günämi we tobany ýadymdan çykardypdyr» diýdi.

1063. Urwa ibn Werdiň goşgusy*: «Meni baýlyk toplamak üçin öz ugruma goýuň. Adamlaryň naçary garyp adam ekeni. Dosty ondan daşlaşar, aýaly üstünden güler, çagalary bolsa äsgermän öter».

1064. Abdylla ibn Muhammediň goşgusy*: «Men bol baýlygy halaýaryn. Çünki, onuň bilen ähli kem ýerimi örtýärin, meni sylamaklaryny gazanýaryn. Ile ýüzümi saraltmakdan mertebämi gorap saklaýaryn».

1065. Muberridiň goşgusy*: «Kowumuna mätäç bolan adam, baýlyga höwes eder. Il-gün bererem welin ýene-de minnet eder. Sypaýylyk üçin dymmagyny bolsa, ejizlik hasap ederler. Malynyň azlygy zerarly, ýigidiň akylyny äsgermezler.

Hat-da ol adamlaryň äpedi we akyllysy bolsa-da, oňa pitiwa etmezler».

1066. Urwa ibn Werdiň goşgusy*: «Baýlyk gazanýan dosty-dogany bolmadygyň gaýgysy ýeterlikdir. Ýöne, şol dost hem ulumsylyk etmese, «Men baý» diýip öwünmese, seni özünden pes görmese gowudyr. Bu zatlara çydam etmek agyr işdir. Zerre mukdar ölmez-ödi tapsaň, başga zady gaýgy etme. Kynçylygyň aňyrsyndaky bol-elinlige ýetmekde, sabyr iň oňat dostdur».

1067. Sagyt ibn Museýýibiň aýdany: «Baýlyk toplamaýan, puly bilen namysyny goramaýan, garyndaşlaryna barmaýan, amanat borjuny ödemeýän we adamlara dilegçilik etmekden saklanmaýan adamda haýyr ýokdur».

## KYRK DOKUZYNJY BÖLÜM

## HANTAMA BOLAN KIŞIŇDEN TAMA ÇYKMAZLYGY

1068. Anbary bir gezek emirleriň käbiriniň ýanyna baryp, ony öwüpdir. Emma oňa känbir ähmiýet berilmändir, äsgerilmändir. Şonda ol*: «Eý Abu Adnan! Sen hakdaky umytlarym meni magrur edipdir. Seni taryplanym üçin meni bagyşla. Ýöne, özgäniň umydyny kesýän adam kösençlige mynasypdyr» diýipdir.

1069. Ibn Bessamyň goşgusy*: «Dilim senden entegem gaty köp zady soramkçydy. Ýöne men ähli umytlarymy hasylsyz topraga sepen ekenim».

1070. Başga biriniň goşgusy*: «Men akylly adamlardan haýyş edemokdym. Dälilerden nädip umyt edenime haýran galýaryn».

1071. Muny maňa Abulkasym Muzaffar ibn Hasan aýdyp berdi. Oňa Abu Muhammet Dawut ibn Abdyrahman, oňa bolsa Zübeýr ibn Bekkar şeýle goşgy aýdyp beripdir*: «Ýigrimi ýyldan bäri seniň bilen on gezek dagy ýoldaş boldum. Ýöne tejribäm kem, özüm hem nadan ekenim. Seniň eliňi tutup, gysymlan aýamy açdym weli, ol ýerde hiç zada gözüm düşmedi».

1072. Habyp ibn Düreýt Yjlynyň goşgusy*: «Göwresi äpet adamy görüp: «Bu söweşijidir» diýdiler. Emma onuň ýüreginiň gorkakdygyny bilmediler».

1073. Abu Zueýp Nemriniň goşgusy*: «Ýaňradygyňy görenimde, sende nämedir bir derdiň galyndysy bar hasap etdim. Ýüregim ynjalmansoň, bu zatlary barlap gördüm. Ýöne, barlamadyk bolsam, has ýagşy boljak ekeni. Ederini bilmeýän adamlar kütek gylyç ýaly närsedir. Aýdýan sözüne akyly ýetmeýän kişide beýiklik bolup bilmez. Göz täsin zat görse, geň galýar. Edil, deňizden suw içip görmedigiň haýran galşy ýaly aňalýar. Soňra bolsa, turşulygy sebäpli tüýkürip, bürşen ýüzüni ters öwrüşi ýaly, göz-de ony görmekden ýüz öwürýär».

1074. Başga biriniň goşgusy*: «Japaryň gapysynyň owadanlygy meni özüne çekdi. Ýöne onuň nejislikden ýasalandygyny welin aňşyrmandyryn».

1075. Aly ibn Jehmiň goşgusy*: «Sizden hernäçe umyt etsem-de, ýagşylyga duşmadym. Şonda men bütin ömrüme ters iş edendigime düşündim».

1076. Jugaýferan Muwaswysyň goşgusy*:

«Eý, ýigit, ähli çagda, ähli ugurda,
Aldady gümanlarym sen hakda.
Sen barada ýagşy niýetim ýokdy,
Ýöne, pälim ýene-de ýalan çykdy».

## ELLINJI BÖLÜM

## ŞYGRYNDA BERGIDARLYKDAN ZEÝRENIP, GARYPDYGYNYŇ SYRYNY AÇANLAR

1077. Lepbadynyň goşgusy*: «Menden «Eý, şahyr, baýlyk nirede?» diýip soradylar. Men olara «Ýaýym kirişsiz, okum uçsyz adam. Kimiň özüne ýardam berjek yhlasy bolmasa, onuň öwreneni, surnaýa üflenen ýel ýalydyr. Eger-de meniň rysgym bölek-bölek seçelenen bolsa, kim meniň paýymy nädip çöpläp bersin. Akyllydygy üçin artykmaç baýap, nadanlygy üçin aç oturan adamy görmedim. Ine, geliňde meni görüň we geň galmaň, maňa ne akyl, ne-de çeper söz berlipdir. Size ýagdaýymy aýtsam, siz geň galmakdan ýaňa sözlerime ynanmarsyňyz we inkär edersiňiz. Kiselerim haňlap ýatyr, bazaryň bahasy bolsa galdy gitdi. Bazardaky bir baldak gök ot hem aňryma tagam berjek. Eý meniň taryplan adamlarym, eý, Bagdadyň ili, turuň-da men garyba duz hödürläň. «Siziň ýoldaşyňyz aç garnyna gijäni geçirdi» diýip, göni aýtmak hökmanmyka?».

1078. Agşa Hemedanynyň goşgusy*: «Aýalym maňa igenip: «Hany bize dirhem-dinar nesip etmezmi?» diýdi. Men oňa: «Ol günler geler. Alla bize bol eçiler. Durmuş hemmeler üçin iki hilidir: Agyr hem ýeňil günler bardyr. Eger Hudaý duşmanlaryma ryzk beren bolsa, näme olaryň doňuz bakany üçin berendir öýdýärmiň? Hudaý ýaradan bendesininiň ömrüne

ýeter ýaly rysgy her kime ýazandyr» diýdim. Onda aýalym: «Seniň rysgyň giň däl, däne ýaly hem haýryň ýok. Sen edil serçeler ýaly indiki iýjegiňe oňňut edip otyrsyň» diýdi».

1079. Eşjeg Sulemininiň goşgusy*: «Dünýä kimler üçin nygmatdyr. Biz bolsa kör dünýäniň gözi ýaly bolup, hasrat ýazgylarynyň arasyndaky, bir manysyz sözleme meňzäp otyrys».

1080. Merýemininiň goşgusy*: «Öýüm ähli ýagşy zatlardan boşap galdy. Onuň harytlaryny satyp we zaýalap gutardym. Indi meniň öýümde söýgüden başga hödürläre zat ýok».

1081. Başga biriniň goşgusy*: «Bir dirhem pul tapsam, ol ýerdäki ýazgylary inkär ederdim, ynanmazdym. Eger dirhemiň ýüzündäki adam şeklini tanaýan hem bolsam, gözlerime ynanyp bilmezdim».

1082. Bu wakany maňa Abulhasan Aly ibn Kasym Basry gürrüň berdi. Oňa Abu Rawk Hizzany, oňa Abulfazl Ryýaşy, oňa bolsa Asmagy gürrüň beripdir:

«Basradaky Numeýr taýpasynyň pukara ýigitleri her gije bir külbä ýygnanyşyp, şerap içer ekenler. Başy sämäp duran serhoş ýigitler: «Ertir şu külbäni kerpiç we gips bilen täzeden gurarys» diýşip, lap urup oturar ekenler.

Irden oýanyp, hersi öz ugruna gidipdir. Şolaryň arasyndaky bir ýigit şeýle goşgy aýdypdyr*: «Biz öýmüzi her gün ýumurýarys we täzeden gurýarys welin, ol ýene-de külbe bolaýýar. Eger çakyr-şerap ýanymyza emedekläp gelmese, biz ony kerpiç bilen gipsden guýardyk. Gyşyny köýneksiz ötürýän adam, nädip jaý gursun diýsene...».

1083. Abu Nuwasyň goşgusy*: «Hudaýa şükür, öýümde bereket bolmansoň, gelýänler azalyp, arkama ýel çaldy».

1084. Muhammet ibn Abu Zurganyň goşgusy*: «Naharyň nämedigini unutdym. Agaňyzyň ýanynda indi iýere et hem

galmady. Bir ýigidiň öýünde, gurylygyndan ýaňa biriniň jamy aglaýan bolsa, ilki bilen meniň gazanym aglardy».

1085. Lepbadynyň goşgusy*:

«Meniň ryzkym tikenleriň arasyna sepelenen un ýaly.
Soňra bolsa, ýelli gün, aýakýalaň,
«Çöple!» diýdiler, rysgyňy, Hak ýazan».

1086. Muhammet ibn Abu Zurganyň goşgusy*:

«Esgere ýoldaş bolup, ondan gahar-gazaby gazandym. Gysganç adam syrtyny gysgananok, ýöne iýmitini bermekden welin gysylýar».

1087. Ýene şonuň goşgusy*: «Allatagala maňa garyplykdan, gedaýlykdan we sergezdanlykdan ile bermedigini berdi. Eger adamlar edýän işlerine görä haklaryny alsalar, men ýene-de Hudaýyň nygmatyndan nesibesi boşlaryň biri bolup galardym. Hernä, Hudaýa şükür, olaryň howlusynyň saýasynda oturyp, öz agzym bilen suwdan ganýanlygymy hem ýeterlik nygmat saýýaryn».

1088. Abu Hiffanyň goşgusy*: «Geýimlerim solmakdan ýaňa ýyrtylan bolsa-da, özüm ýyrtyk gynyň içindäki gylyç sapy ýalydyryn».

1089. Lepbadynyň goşgusy*:

«Gazanyňyzda haçan et bişer?» diýip,
Soradylar il-gün ençeme sapar.
Diýdim: «Iller pitresin berende bolar,
Bolmasa möý kerep iňňesin sapar».

1090. Amr Kysafynyň goşgusy*: «Ili öwmek meniň söwdam bolsa-da, meniň ondan gara şaýy girdejim ýok. Gapjygymda bolsa, diňe garyplyk teňňesi ses edýär».

1091. Mahmyt Warragyň goşgusy*: «Adamlar baýlyk bilen bagta, men bolsa garyplyga beslenipdirin. Bir zady şeksiz anyk bilýärin, men rysgal paýlanandan soň ýaradylypdyryn. Şonuň üçin ryzkdan boş galypdyryn».

## ELLI BIRINJI BÖLÜM

## ÝOKSULLYK SEBÄPLI ÝAGŞY IŞLERI EDIP BILMEÝÄNLER

1092. «Ýagdaýy ýaramaz adam kim?» diýlip, Buzurgmehrden soralanda, ol: «Aladasy artyk, akyly ýetik, ýöne ýagdaýy teň adam» diýip jogap beripdir».

1093. Müslim ibn Welidiň goşgusy*:

«Ýagşy işleri bitirip bilmeýändigim üçin adamlara däl-de, Hudaýa nalyş edýärin.
Ýöne men dostlarymyň, ýakynlarymyň we garyndaşlarymyň söýgüsine kesek atmaýaryn. Eger ukyp-başarnyk şu gylyklaryma kömege gelse, men olara edil ýaz ýagşy ýaly bol eçilerdim».

1094. Ybraýym ibn Esbatyň goşgusy*: «Her näçe haýpym gelýär, baýlygym bolsady, mürewwetli mätäçlere öz meýlime paýlardym. Menden haýyş edip gelýänlerden ötünç soraýaryn: Meniň özüm hem ötünçden başga zady berip bilmeýärin».

1095. Başga biriniň goşgusy*: «Baýlygyň maňa elýetmezligi ýeterlik gaýgy. Men belent gylyklaryň aşygy. Ýöne, oňa ýeterden ýagdaýym (hümmetim) azlyk edýär. Hernäçe ylgaýaryn, ýöne ýene-de ahmyrly galýaryn».

1096. Halyl ibn Ahmediň goşgusy*: «Bahylyň elinde ýagşylyk bolmaz. Jomardyň döküp saçýanlygy hem onuň üçin hasratdyr».

1097. Abu Nuwasyň goşgusy*: «Maňa rysgal berlipdir, ýöne batyrlyk ýetenok. Baýlygyň bolmasa, batyrlygyň hem bähbidi ýok. Bir iş üçin yhlas edýärin welin, elimiň ýukalygy öňüme böwet bolup dur».

1098. Mälik ibn Harym Hemedanynyň goşgusy*: «Durmuş saňa bilmeýän zatlaryňy öwreder. Baýlyk-bolçulyk eýesine bähbit we abraý getirer. Isleýän derejesine ýetip bilmeýän ýigit, adamlaryň arasynda sesini çykarman oturar».

1099. Muhammet ibn Beşiriň goşgusy*: «Höwesim yhlasymdan egsik bolsa-da, baýlygym keýpimden rüstem bolmasa-da, meni biabraý etjek işleri terk edýärin we halal ýerlerden oňňudymy çöpleýärin».

1100. Başga biriniň goşgusy*: «Isleýän zadyma ýetip bilmeýän çaglarym, baýlygy elimde saklamok. Ony sowup-seçýän. Barybir, ol hem ýagdaýymy üýtgedenok. Ýazgydyň öňünde ähli zat ejiz».

1101. «Ölümden beter muşakgat barmy?» diýlip, Abdylla ibn Omardan soralanda, ol: «Hawa, ol baýlygyň azlygy we mätäçligiň köplügidir» diýipdir.

1102. Abul Atahyýanyň goşgusy*: «Bu bende aýazda-epgekde ýalaňaç otyr. Onuň namys bilen açyk ýüzden başga geýimi ýok».

1103. Başga biriniň goşgusy*: «Edesim gelýän birnäçe işler bar. Emma, oňa baýlygym ýetenok. Munuň üçin bolsa, darygyp oturasy iş ýok: Ýagdaýyňa görä hereket etmeseň, islegiňe görä hereket edere ýagdaý ýok».

1104. Huraýmynyň goşgusy*: «Hoş sözümden başga baýlygym ýok. Şonda-da hiç haçan «Hudaý maňa zulum edýär» diýmerin».

1105. Muhammet ibn Künäsäniň goşgusy*: «Maksadyma jepa dartyp, yhlas edip, kösenip ýetäýmesem, aňsat bitirer ýaly baýlygym ýok».

1106. Muhammet ibn Abu Uýaýnanyň goşgusy*: «Entegem, ölümiň barlygy ýadyma düşüp, derdime teselli tapyp, köşeşýärin. Bolmasa ähli lezzetim, duzum-höregim gaýgy-gam bolardy».

1107. Abu Taýýyp Mütenepbiniň goşgusy*: «Baýlygy az bolanyň şöhraty, şöhraty azyň hem baýlygy bolmaz. Onuň bar baýlygy göwresiniň içindäki ýüregidir. Ýöne arzyly maksada ýetmek üçin, diňe ýürek ýeterlik däldir».

1108. Ryýaşynyň goşgusy*: «Bar mülki mätäçliginiň üstüni ýapmaýan bolsa, oňa diňe ýürekden yhlas we sabyr etmek galýar».

1109. Sehl ibn Harunyň goşgusy*: «Eliň uzadan ýerine ýetmese, ýa-da belent gylykly dostuňa duşmasaň, bu dünýäde ýaşadygyň biderekdir».

1110. Ýaş ýigitleriň biri Selm ibn Kutaýbanyň ýanyna gelip, oňa alkyş okapdyr hem-de özüniň möhüm işini ýaňzydypdyr. Selm oňa garap*:

«Duýdansyz öwgüleri her kim başarmaýar,

Işi bitmedik adam il arasynda sessiz oturar» diýipdir. Soňra öýüne girip, gymmatbaha daşy alyp çykypdyr we ony oňa bagyş edipdir».

1111. Hasan ibn Sehl bir adama serpaý iberipdir. Ýanyna hem hat goşup, şeýle ýazypdyr*: «Meniň günämi ötüň! Işlerim çatak. Ýagdaýyň ýaramazlygy bolsa, akyl-huşdan aýra salýar. Eger sen hakdaky ýagşy niýetim, saňa bolan umydyma ýardam berse, sen baý araplaryň biri bolarsyň. Seniň ýaly kimdir biri öz hajaty üçin meni saýlap tutan bolsa, men muny mertebe saýardym we hökman bitirerdim».

1112. Muhammet ibn Hazym Bähiliniň goşgusy*: «Ýaş ýigidiň gursagynda dünýäden beýik ýagşy niýet bar. Ýöne ony bitirmäge gurby ýetenok. Ne durmuş ony baýlykdan doýurýar, ne ol az baýlyga kanagat edýär. Onuň durmuşy özgeleriň ykbaly astynda geçýär. Yzynda bolsa diňe ýagşy gürrüňler we ajaýyp ýatlamalar galýar».

## ELLI IKINJI BÖLÜM

## ÝAZGYDYŇ ÖŇÜNDE ÄHLI ZAT EJIZ

1113. Buzurgmehrden: «Hudaýyň bardygyny nädip bildiň?» diýip soranlarynda, ol: «Yrsgally akmagy we mätäç akyllyny gördüm. Şondan many alyp hem durmuşy dolamagyň biziň elimizde däldigine akyl ýetirdim» diýipdir.

1114. Pygamberimiz Ibn Mesguda garap: «Gaýgy-aladaňy az et. Owal näme takdyr edilen bolsa, başa şol geler. Seniň gowşak we ejizdigiňe bakmazdan, saňa ýazylan ryzk hökman barar» diýipdir.

1115. Abu Hazymyň aýdany: «Ähli zatlaryň ikä bölünýändigine — özüm üçin we özgeler üçin ýaradylandygyna göz ýetirdim. Özüm üçin ýaradylan zatlar ýeliň astynda otursamam ýanyma geler. Maňa takdyr edilmedik zady ýeliň arkasyna münüp gözlesemem, alyp bilmerin. Şonuň üçin ömrümi bu ikisiniň haýsyna bagyş edeýin? Mundan başga hem, zatlaryň iki bölekdigini bildim. Möhleti meniň ajalymdan öň gelýän zatlar we möhleti meniň ajalymdan soň gelip, neslime galýan zatlar. Onsoň bu zatlary bilip durkaň, neçün Hudaýa günä iş etjek?».

1116. Pygamberimiziň aýdany: «Ajalyň eýesini gözläp tapyşy ýaly, onuň ryzky hem öz eýesini gözläp tapar».

1117. Möminleriň emiri Alynyň goşgusy*: «Adamyň ryzky guran deňziň içindäki äpet gaýada bolsa-da, Hudaýyň

bendesine niýetlän ryzky oňa dolulygyna ýeter. Ýa-da onuň islegi we ryzky ýedi gat asmanyň aralygynda bolsa hem, Hudaý ony bendesine ýetirmek üçin sebäplerini eňilleşdirer».

1118. Abul Atahyýanyň goşgusy*: «Gör näçe akylly-başly, yhlasy ot ýaly adamyň ryzky teň. Birnäçe kemakyl baýlar bolsa, ryzky deňiz aýlagyndan susup alýan ýalydyr. Sebäbi, bu zatlar Hudaýyň ýazgydyna baglydyr».

1119. Muhammet ibn Abu Uýaýnanyň goşgusy*: «Her bir adama ryzk ýazyldy. Her adam öz ryzkyny iýer. Adam öz akyly bilen, özgäniň ryzkyny özüne çekip bilmez. Nadanlygy üçin bolsa, onuň ryzky kemelmez».

1120. Salyh ibn Abdylkuddusyň goşgusy*: «Ryzk adamyň hilegärligine görä ýazylmaýar. Ýöne kysmatlar we rysgallar bilen bagtly bolunýar. Ine, ussat mergenleriň oky käte sowa geçer. Ýaýdan başy çykmaýanlaryň oky bolsa nyşana deger».

1121. Hüseýin ibn Alynyň goşgusy*: «Saňa owal ýazylandan artyk zat gelmez. Hernäçe jan edip, gije-gündiz ýortsaňam, ozal berlen paý geler. Ryzký ýazylan bolsa, ýatana-da geler. Harsydünýä hernäçe talap etse-de, artygyny alyp bilmez».

1122. Huraýmynyň goşgusy*: «Her adamyň öz ryzky bar, her ryzky gözleýän adam bar. Hudaýyň ýazan ryzkyndan binesip galjak bende ýokdur. Ýazylmadyk ryzk it ýaly selpeseňem tapdyrmaz. Ýazylan ryzkyň, «Gerek däl» diýseňem, özi gözläp tapar. Şeýle hem, yhlas edip gözleýän zadyň öz rysgyňdygyny, ýa-da eliňdäki zadyň başga biriniň nesibesidigini bilmeýärsiň».

1123. Kuraýgly[1] käbir adamlaryň goşgusy*: «Ýigidiň baý ýa-da garypdygy, onuň mekirligine bagly däldir. Ol owaldan paýlanyp goýlan ryzka baglydyr».

[1] Kuraýg – taýpa ady

1124. Başga biriniň goşgusy*: «Eger baýlyk we rysgal şu galamlar bilen ýazylýan bolsady, onda men galamymy işledip, dünýäniň iň baý adamy bolardym. Ýöne, biziň ýazgydymyz Hudaýyň galamy bilen ýazylan, «Lowh ul-Mahfuzda»[1] kesgitlän zadyna baglydyr».

1125. Muhammet ibn Beşir Hymýarynyň goşgusy*: «Eger rysgal hile-mekirlige bagly bolsa, dirhem we pul gazanmak üçin müň hilä ýüz uraryn. Ýöne, rysgal Hudaýyň owal kesgitlän, takdyr eden zadyna görä gelýär».

1126. Başga biriniň goşgusy*: «Ejizlik ryzkyň egsilmegine sebäp bolmaz. Harsydünýälik ondan sähel zat artdyrmaz. Eger Hudaý peýda ýa-da zyýan etmek islese, göni şoňa girer ýaly gapy açar, sebäp döreder».

1127. Harun ibn Muhammet Reýhanyň goşgusy*: «Ýazgydyň özi bähbit bermese, hile-mekirlik, akyl we edep üýtgeşik peýda bermez. Ýazgydyňda haýyr ýazylan bolsa, ne perwaýsyzlyk, ne ejizlik onuň gelmegine päsgel berer. Hudaýyň takdyr edenini ýadaman taparsyň. Ýazmadyk zadyny kösenibem alyp bilmersiň».

1128. Abu Temmam Taýynyň goşgusy*: «Nadan ýigit gurply ýaşar, alym oglan bolsa gedaý gezer. Eger rysgal akyla görä paýlanylýan bolsa, onda akylsyz haýwanlar açlygyndan heläk bolardy».

1129. Attabynyň goşgusy*: «Eger rysgal her kişiniň çekýän zähmetine görä berilýän bolsady, onda hyzmatkär gullaryň başyndaky şumluk aýrylyp, bagt gülüp bakardy. Ýöne rysgal ýalňyz Hudaýyň ýazgydyna görä gelýär».

1130. Başga biriniň goşgusy*: «Ýazgydyň goldan ýerinde, ejiz adam gaýrata galar we dikeler».

[1] Lowh ul-Mahfuz — Ýazgytlar kitaby.

1131. Başga biriniň goşgusy*: «Ýazgydyňda bar zatlar golaýyňa geler, ýok zatlar senden uzaga gider».

1132. «Hudaýyň bardygyny nädip bildiň?» diýip, Iklidesden[1] sorapdyrlar. Ol: «Gaýratymyň kemligi we aladalarymyň köplügi zerarly» diýipdir.

1133. Allatagala Musa pygambere wahyý inderip: «Akmaga näme üçin ryzk berenimi bilýärmiň? Rysgaly gazanmagyň hile-pirime bagly däldigine akylly adamlaryň göz ýetirmegi üçin» diýipdir.

1134. Temimli käbir adamlaryň goşgusy*: «Ilden tama edip ýüz saraldanyňdan, umydyňy üzeniň gowy. Gözleýän zadyň ýazgydyňda ýok bolsa, nesip etmez. Galanynam Hudaý biler».

---

[1] Ýewklid

## ELLI ÜÇÜNJI BÖLÜM

## ÝAGŞYLARYŇ AZALYP, ÝAMANLARYŇ AGDYK BOLMAGY

1135. Pygamberden rowaýat etmeklerine görä, ol: «Işler kynlaşar, dünýä tersine gider, adamlar bahyl bolar. Ýamanlar hökmirowanka kyýamat gopar» diýipdir.

1136. Pygamberimiziň aýdany: «Bu dünýäde kösençlik we pitneden gaýry zat galmady».

1137. Pygamberimiziň aýdany: «Ýagşylaryňyz saýlanar, ýamanlaryňyz baky galar. Başarsaňyz, dünýäden gidiň».

1138. Pygamberimiziň aýdany: «Ymmatym bäş ýagdaýda (mertebede) ýaşar. Başky kyrk ýylda ylymly we imanly bolar. Soňky kyrk ýylda ýagşy we takwaly bolar. Ondan soňky kyrk ýyldan tä ýüz ýigrimi ýyla çenli baryş-gelişli we mähriban bolarlar. Soň bolsa, garasöýmez we basdaş bolarlar. Bar zat bulaşar. Ol günden aman, aman!».

1139. Utba ibn Agwaryň goşgusy*: «Halaýan adamlarym gitdi, islemeýänlerim bolsa galdy. Olaryň içinde ýek-tük ýagşylar diýäýmeseň, galany kesek atylýan we sögülýän it ýaly…».

1140. Muhammet ibn Abu Uýaýnanyň goşgusy*: «Olaryň ýagşysyny we ählisini synap gördüm. Garrylary bolsa, ýaşlaryndan hem azgyn çykdy. Dogry, olar ite öwrülmedi, ýöne itlere meňzeş göründi».

1141. Talut ibn Azharyň goşgusy*: «Görende güler ýüz bilen: «Hoş geldiň» diýýän adamlar-a gitdi. Men bolsa olaryň yzynda, suw üstünde oňuşman, bir-biregi dalaýan itleriň arasynda galdym».

1142. Muhammet ibn Abu Uýaýnanyň goşgusy*: «Möhüm işi bitirer ýaly, öňe salmaly adamy salgy berip biljekmi? Hudaýyň dünýäsi bu wagt ýaramazlara galdy».

1143. Ibn Bessamyň goşgusy*: «Yslamyň solýandygyna aglaýaryn. Öňki aýdylan uly wakalar indi gelip başlady».

1144. Abu Rasybyň goşgusy*: «Ýagşy gylyklaryň döwrany ötüp, gözden ýitdi. Arabyň-ajamyň mertebeli adamlary geçdi-gitdi. Indi diňe akyly güň we ynsabyna ýama salnan, welezzyna[1] adamlar galdy. Grammatika, sazlaşykly şygyr uzaklaşyp barýar. Ylmyň ýüzüne köz basylan ýaly boldy. Edeb-terbiýe ölüp galdy. Eý adamlar, ýitip barýan ylymlara we ylymly adamlara, sil deý akyp duran gözýaş bilen aglaň! »

1145. Ibn Rumynyň goşgusy*: «Bu döwür ähli akyllynyň betbagt bolýan zamanasydyr. Beýik işleriň ählisi tersine öwrüldi. Baş ornunda aýak, aýak astynda bolsa baş gezýär».

1146. Merwan ibn Abu Hafsanyň goşgusy*: «Ýeriňden tur-da, ýitip barýan yslama we sahawata «Hoş gal» diýiň. Hyýanat zerarly kowumuň serkerdesi gul boldy, olaryň aýagy we örküji bolsa kül boldy».

1147. Ybraýym ibn Hermäniň goşgusy*: «Dünýäniň röwşenligi gitdi. Her täze zadyň müň ýamasy bar. Adamlar hyýanata ýüz urdy we ynamdar birini gözläp tapmak görgi boldy. Ýagşylyga eltýän ýollaryň öňi baglanypdyr. Ne asyllylyk, ne edep, ne din we ýagşy gylyk galdy».

1148. Urwa ibn Zübeýriň aýdany: «Osman ibn Affan öldürileninden soňra, adamlaryň bozuklyga we pitne-gozgalaňa

[1] Welezzyna – binika doglan, zynadan doglan adamlar

ýüz urandyklaryny Äşäniň ýanynda ýatlap otyrdyk. Ol «Lübeýt pahyryň aýdan sözi, gör, nähili oňat*:

«Arkalaryndan ýardam alynýan ýagşylar gitdi. Men bolsa gijilewükli adamyň derisi ýaly bolup galdym» diýdi. Eger ol biziň şu döwrümizi gören bolsa-dy, onda öz zamanasyny biçak öwerdi» diýdi.

Hawa, eger Äşe enemiz biziň nä günlere duşandygymyzy gören bolsa-dy, onda ol hem öz döwrüne we döwürdeşlerine alkyş okardy».

1149. Agşanyň goşgusy*: «Kömek soraňda, ýüzi dolan aý ýaly, nurana adamlar aradan gitdi. Indi diňe, itleri üýrende myhman gelendir öýdüp, gorka düşýän adamlar galdy».

1150. Ibn Semmagyň aýdany: «Akylly adamlar azalsa, sypaýylaryň sany hem kemeler gider».

1151. Jeririň goşgusy*: «Arkalaryndan ýardam alynýan ýagşylar panydan gitdi. Her işiňden ýüz öwürýän näkesler galdy».

1152. Esma ibn Ubaýdyň aýdany: «Biz şeýle ýagşy adamlar bilen oturyşdyk. Hudaý olaryň üsti bilen dinimize ýardam berdi. Indiki oturyşýan adamlarymyz şol öwrenen ýagşylyklarymyzy ýadymyzdan çykardar öýdüp gorkýarys».

1153. Yshak ibn Ybraýym Mowsylynyň goşgusy*: «Bu zamanada ýagşylyk etmeýän soltanlar we bähbidi degmeýän baýlyklar galdy. Adamlar ýagşylyk edip, hasrata uçrady».

# ELLI DÖRDÜNJI BÖLÜM

## DOGRUÇYLLYK WE ÝALANÇYLYK

1154. Pygamberimiziň aýdany: «Kezzap diýlip ýazylýança, adam ýalan sözlär. Ynamdar diýlip ýazylýança, dogry sözlär».

1155 (1). Pygamberimiziň aýdany: «Oýundan ýa-da çyndan aýdylan ýalanyň haýry bolmaz».

1155 (2). Dogry söz amanat, ýalan söz — hyýanat.

1156. Pygamberimiziň aýdany: «Adamyň iýýän we miras galan baýlygyndan hem dogry sözlülik gowydyr».

1157. Ahnaf ibn Kaýsyň aýdany: «Dogruçyllyk güýçlüdigiňi, ýalançylyk ejizdigiňi aňladýar».

1158. Muhellep ibn Abu Sufranyň aýdany: «Dogry söz batyryň elindäki kesgir gylyçdan hem ýitidir».

1159. Ibn Agrabynyň goşgusy*: «Ýagşy ýigit bihepbe, kümsük ýa-da bigäne bolmasa, ýalan sözlemez. Oýundan ýa-da çyndan aýdylan ýalan sözden, it maslygynyň porsy ysy ýagşydyr».

1160. Meýmun ibn Mihranyň aýdany: «Soralmadyk ýerde gürlemek, merhumlara duz-tagam hödür eden ýalydyr».

1161. Taglyp ibn Attabyň goşgusy*: «Haý-höwesiň tersine gitmek aňsat iş däl. Ýöne haý-höwesiň sebäpleri bizi pese düşürýär. Biz bu zamanada solgun ýüzli ýagşylar bolup galdyk. Şindizem, ýodasy ýok dogruçyllygy idäp ýöris».

1162. Ahnaf ibn Kaýyň goşgusy*: «Ýalan sözleýäniň abraýy barha pese düşer. Dogruçyllyk we namys päkligi bolsa, ejize goltgy berip, belende göterer».

1163. Abu Aýnanyň goşgusy*: «Ýalan söz ýaly adamkärçiligiňi we görküňi giderýän, abraýyňy gaçyrýan zat ýokdur».

1164. Attabynyň goşgusy*: «Ýalan söz bilen belli bolan kezzabyň, dogry sözüne hem ynam etmezler. Kezzabyň bela duşýan ýeri, öňki ýalan sözüni unudýanlygyndadyr. Ýatkeş biri duçar bolup, aýbyny ýüzüne basar»

1165. Ibn Abu Tahyryň goşgusy*: «Ýalan söz — utanç. Dogry söz iň ýagşysydyr. Ýalan sözüň uzaga gitmeýändigi hakykatdyr».

1166. Çarwa arabyň biri ogluna garap: «Sen neçün özüňi gorka salýarsyň, özgeler bolsa asuda? Sebäbi adamlara ýalan sözleýäň, kimdir biri garşyňa çykar, inkär eder öýdüp gorka gaplanýarsyň. Hudaýyň özi seni ýalan sözden daş tutawersin!» diýipdir.

1167. Abu Umaýr Abu Eswet Duweli atly bir adam bir hadysy aýdypdyr. Onuň asly idelenden soň, munuň galpdygyna göz ýetiripdirler. Şonda Abu Eswede şeýle goşgy aýdypdyrlar*:

«Abu Umaýr hadysy hem toslap aýdýan ekeni.

Gürrüň berende, ýalan bilen çyny garym-gatym edýär ekeni».

1168. Muny maňa Abu Ymran aýdyp berdi. Oňa Abu Japar Ezdi, oňa Ýunus ibn Abdyl Agla, oňa Ibn Wehp, oňa Safwan ibn Süleým aýdyp beripdir: «Mömin adam gorkak bolup bilermi?» diýip pygamberden soralanda, ol: «Hawa!» diýip, jogap beripdir. «Mömin adam gysganç bolup bilermi?» diýenlerinde, ol ýene: «Hawa!» diýipdir. «Mömin adam ýalan sözläp bilermi?» diýenlerinde, ol: «Ýok» diýip jogap gaýtarypdyr.

1169. Beşşar ibn Burdyň biçak ýalan sözleýän birini ýamanlap ýazan goşgusy*: «Kiçeňräk obalarda ýalan sözläp duran garrylara gabat geldim. Ýöne biziň garrymyz şäheriň ortarasynda otyr. Eger onuň ýanynda Isa Mesihi ýatlasam, ol

gözýaş döküp: «Wah, pahyr, şonuň enesi meni hem emdiripdi» diýýär».

1170. Muny maňa, ýatan ýeri ýagty bolsun, kakam pahyr gürrüň berdi. Oňa Abu Ahmet Abdylla ibn Muhammet, oňa Abu Bekr ibn Abu Hasyp, oňa Muhammet ibn Galyp, oňa Omar ibn Husaýn, oňa Haýýan, oňa bolsa Agmaş gürrüň beripdir. Ol hem muny Abdylla ibn Mesgutdan eşidipdir: Pygamber alaýhyssalam: «Üstüňize howp abanýanam bolsa, dogry sözläň. Ol sizi halas eder. Halas bolaryn öýdüp ýalan sözlemäň, ol sizi heläk eder» diýdi.

1171. Atam Abu Hüseýiniň öz eli bilen ýazan kitabynda şeýle ýazgyny gördüm. «Muny maňa Ybraýym Harby gürrüň berdi. Oňa Müsetdit, oňa Ibn Dawut, oňa hem Ibn Japar, oňa Wekig, oňa bolsa Agmaş gürrüň beripdir. Agmaş muny Şakykdan, ol Abdylladan, ol bolsa Pygamberiň özünden eşidipdir, ýagny ol:

«Diňe dogry sözläň. Dogry söz sizi dogry ýola, dogry ýol bolsa jennete elter. «Dogry sözleýän adam, Hudaýyň dogruçyl bendesi» diýlip ýazylar. Hergiz ýalan sözlemäň, ýalan söz sizi bozuk ýola, bozuk ýol bolsa dowzaha elter. «Ýalan sözleýän adam – Hudaýyň ýanynda ýalançy» diýlip ýazylar» diýipdir.

1172. Başga biriniň aýdany: «Hergiz ýalan sözleme. Hudaý bar, ýalan sözüň «süýjüligi» bilen agzyny çaýkan adam, onuň ajy azabyna sabyr edip gezmeli bolar».

1173. Ahnafyň aýdany: «Ýalançylykdan başga ähli günäniň tobasy bar. Ýalançy ulaldygyça ony artdyrmak bilen bolýar».

## ELLI BÄŞINJI BÖLÜM

## ÝALAN KASAM EDÝÄNLER

1174. Pygamberimiz bir gezek: «Musulmanyň baýlygyndan nähak bölüp alan adamy Hudaý jennete girmekden mahrum eder we dowzaha salar» diýipdir. Adamlar muny eşidip: «Eý, pygamberimiz, azajyk alsa-da şeýlemi?» diýip soranlarynda, ol: «Hawa, hatda diş synçgalýan çöp ýaly alsa-da» diýip, jogap beripdir.

1175. Jehim ibn Şibl Kilaby özüniň ýalan kasam içmekden çekinýändigine bagyşlap, şeýle goşgy ýazypdyr*: «Olar kasam içmegimi sorady. Men olardan gorkyma, kasam etdim. Sebäbi gorky muňa mejbur edýär. Soňra bolsa dereden inen suw ýaly, bu ähdimi aşak eňterip goýberdim».

1176. Uhaýmyr Sagdynyň goşgusy*: «Maňa kasam etdirdiler, men olary kasamymy bozup sylagladym. Maňa gulumy boşatmagym üçin kasam etdirdiler. Suhaým ili, ol guluň erkinlige ýaramajakdygyny bildi. Maňa talagyny berdirmek üçin kasam etdirdiler, men bolsa ony öňküsi ýaly yzyna gaýtardym, «Talak edilmedik ýaly bolsun» diýdim. Şeýdibem, her sözde olaryň tersine gitdim».

1177. Başga biriniň goşgusy*: «Dartgynly günlerde ýalan kasam içmekden gaýdamok. Takat etmeýän işiňi dep edere başga serişdäň bolmasa, ýalan kasam içmek garyplar üçin hem günämikä?».

1178. Çarwa arabyň aýdany: «Hudaýyň adyndan kasam etmek, onuň adyny ýadyňa salýar. Şeýle kasamy köpeltdigiňçe, oňa bolan borjuň artýar».

1179. Isa alaýhyssalam şeýle diýdi: «Eý, ysraýyl kowumy, Musa alaýhyssalam size: «Dogry sözlemeseňiz, Hudaýyň adyndan kasam etmäň» diýdi. Men bolsa size: «Dogry hem bolsa, ýalan hem bolsa kasam etmäň, diňe «Bolýar» ýa-da «Ýok» diýiň» diýesim gelýär».

1180. Muny maňa Kazy Abu Abdylla Nuhawendi Basrada gürrüň berdi. Oňa Muhammet ibn Ahmet Hanapy, oňa Muhammet ibn Ýunus Kerim, oňa bolsa Abdylmälik ibn Kuraýp Asmagy gürrüň beripdir.

«Çarwa araplaryň biriniň agasynyň oglunda algysy bar eken. Emma ol ýigit bergisini boýnuna alman, ony inkär edip otyrmyşyn. Ahyry beýdip iş bitmejegine gözi ýetensoň agasynyň ogluny öňüne salyp, häkimiň ýanyna getiripdir. Ol: «Işiň oň bolsun, hormatly häkim. Ine, şu adamyň maňa bergisi bar, ýöne ol muny inkär edýär. Goý ol maňa kasam etsin!» diýipdir.

Häkim ondan: «Kasam etjekmi?» diýip soranda, ol: «Hawa» diýipdir. Hakyň eýesi: «Onuň kasam edendigine söz ber» diýipdir. Ol hem: «Bolýar» diýip bu işi ýerine ýetiripdir.

Soňra algydar arap eline taýak alyp, ýeriň ýüzünde uly tegelek çyzyk çekipdir, agasynyň ogluna garap «Tä kasam etdirýänçäm şu çyzygyň içinde otyr» diýipdir. Agasynyň ogly: «Maňa nähili zatlary kasam etdirmekçi?» diýende, algydar adam: «Aýt, Alla seniň ukyňy hysyrdyly etsin, aşyň gussa bolsun, ýöreýşiň patanak bolsun, hamyň gotur açsyn, gözüň ukuly bolsun, bitiňi köpeltsin, paýyňy kessin, kapasa salsyn, ujydyňy ýolsun we syrtyňa şu taýak girsin» diýipdir Oňa dawagär çykýan ýigit: «Eger bir zady talak etmeli ýa boşatmaly diýip kasam etdiren bolsaň, kasam içerdim. Ýöne bu

aýdanlaryňy agyr görýärin. Oňa özüň kasam etde, talap edýän zadyňy menden al» diýipdir. Ol kasam edipdir we hakyny alypdyr.

1181. Muny bize Abu Hasan Kelkesi gürrüň berdi. Oňa Abu Yshak Ybraýym ibn Ahmet Ensary, oňa Abu Suryň kazysy Abu Welit, oňa Wekig, oňa bolsa Agmaş, oňa hem Abu Waýyl gürrüň beripdir. Ol hem muny Abdylla ibn Mesgutdan eşidipdir.

Pygamber alaýhyssalam: «Musulmanyň mülkünden bir zat ýonjak bolup, bilgeşländen ýalan kasam edýän adam bozukdyr. Alla oňa gazap bilen bakar» diýdi we şu aýaty okady: «Alla beren ähti-peýmanyny we kasamlaryny azajyk gymmata satyp goýberýän kişiler üçin ahyretde hiç hili nesibe ýokdur. Kyýamat gününde Alla olar bilen sözleşmeýär, rehmet nazary bilen bakmaýar we günälerinden päklemeýär. Olar üçin agyr azap bardyr[1]»

---

[1] «A:ly Ymran» süresi, 77-nji aýat

## ELLI ALTYNJY BÖLÜM

## ŞÖHRATPARAZLYK

1182. Ibn Semmagyň «Şöhratparazlyk» sözüne beren düşündirişi: «Özüňi özgelerden belent tutmak, olara kömek edip, ada çapmak, özüňden pesi kemsitmek».

Şöhratparazlygy gideryän zatlary salgy bereýin. Ilki bilen Hudaýyň beýikdigi hakda pikirlen. Edýän işiňden razy bolarmy-bolmaz, şony etmek bilen nähili sogap küýseýändigiňi, nähili jezadan çekinýändigiňi, nygmatyna şükür edýändigiňi oňatja ýadyňa sal. Eger deňeşdirip görseň, öz eden işiň pes geler durar. Hudaýyň beýikliginden, onuň bol sogabynyň we elhenç temmisiniň barlygyndan bihabar adam bolaýmasaň, gaýdyp şol işleri etmersiň. Sen Hudaýyň berýän bol bagtyny we seni belasyndan goraýandygyny hem unutma.

1183. Hafs ibn Hulaýdyň aýdany: «Ibn Mübäregiň ýanynda bir kişini göz öňümde bilkastlaýyn öldüren adam hakda ýatladym. «Şonda men özümi şondan-a ýagşy saýdym» diýdim. Ibn Mübärek maňa: «Özüňe bolan aşa ynamyň, onuň günäsinden hem ýaman» diýdi.

1184. Jelit ibn Dyglyjyň aýdany: «Bir ýerde adamlaryň ala-goh bolup, doga edip durandyklaryny gördüm. Olaryň arasynda Bekr ibn Abdylla hem bardy. Men onuň: «Eý Hudaýym! Meniň hakym üçin şulary şu gün bir boş goýbermäweri» diýenini eşitdim. Mutarryf hem bir gezek:

«Eger şol ýerde men bolmadyk bolsam, iş bitmezdi» diýip durdy».

1185. Medaýynynyň aýdany: «Gopbamsylykdan elhenç sanjy ýok».

1186. Şagbynyň aýdany: «Ysraýylly bir adamyň hormaty üçin, ýörän wagty bir bulut onuň üstünde saýa salyp barýan eken. Başga bir adam hem muňa höwes edip: «Men hem şonuň kölegesinde ýörärin!» diýipdir.

Beýleki adam muny görüp, özüne göwniýetijilik bilen: «Görýäňizmi, bu hem meniň saýamda ýöreýär» diýipdir. Haçanda, ol ikisi aýrylyşanda, bulut soňky duşan adam bilen bile gidipdir.

1187. Käbir hekimleriň aýdany: «Adamyň özünden hoşal bolmagy, gopbamsylygy onuň akylynyň bir göribidir».

1188. Düzetmesi agyr häsiýetler — gopbamlyk bilen kejirlikdir.

1189. Mutarryf ibn Abdyllanyň aýdany: «Asuda ýatyp, toba-ökünç bilen oýanmak, meniň üçin dik durup uklap, gomparyp oýanmakdan ezizdir».

1190. Uweýs ul-Karanynyň aýdany: «Hudaýyň emrini bitireňde, ähli günä işi bir özüň edýän ýaly duý».

1191. Pygamberiň aýdany: «Özüňe göwnüň ýetmek, gopbamlyk, eden işiňi äpet saýyp, günäleriňi kiçi bilmek – adamy heläk eder».

1192. Käbir şahyrlaryň goşgularyndan*: «Seniň ýanyňa salama geldim welin, gopbamlyk bilen el uzatdyň. Eger meniň ryzkym seniň eliňe galan bolsa, onda men bütin ömrümde ryzkymy idäp, gapyňdan garamazdym».

1193. Pygamberiň aýdany: «Özüňden hoşal bolmak we gopbamlyk nesliňi heläk eder».

1194. Abul Atahyýanyň goşgusy*:

«Käşki, ötenlerden sorap bilsedim,

Ýagşylaň azalyp, boşlaň galjagyn.
Bu zamanaň ili öwrendi kemsiz,
Şalaň şöhratparazlygyn, açlygyn».

1195. Muwarryk Yjlynyň aýdany: «Gopbamlykdan gorkuly ýalňyzlyk, maslahatdan peýdaly ýardamçy we akylsyzlykdan erbet garyplyk ýokdur».

1196. Utba Agwaryň aýdany: «Gopbamlyga boýun egeniňden, ony terk edeniň ýagşy».

## ELLI ÝEDINJI BÖLÜM

## PERZENTLER WE ATALAR

1197. Aly ibn Hüseýinden: «Ejesine ýagşylyk etmekde adamlaryň içinde senden üstüni ýok. Ýöne näme üçin ejeň bilen oturyp, nahar iýeňok?» diýip sorapdyrlar. Ol: «Ejemiň göz salmadyk zadyna el uzatsam, onuň diýenini etmedigim bolar» diýipdir.

1198. «Ogluň saňa nähili ýagşylyk edýärdi?» diýip, Omar ibn Zerden sorapdyrlar. Ol: «Gündiz ýöresem yzymdan, gije ýöresem öňümden ýörärdi. Hiç haçan depäme çykmazdy» diýipdir.

1199. Sagyt ibn Jubeýriň aýdany*: «Meni içýan çakanda, enem dogagöýi getirmegi we elime çüfletmegi buýurdy. Men hem dogagöýüň içýan çakmadyk eli bilen özümi bejerdim».

1200. Umara ibn Zeýdiň aýdany: «Basradan çykyp, Nibaja ýetenimizde düşlemekçi bolduk. Şonda ýanymyza çarwa arabyň biri geldi. Onuň geýimleri ýyrtyk-ýirik, sal-saldy, endamyny örtüp bilenokdy. Ol bize garap: «Eý, eziz adamlar! Ykbalyň gaýtadan gazap eden adamsyna, ýaşlygy solan we soňky deminden başga zady galmadyk adama ýüregiňiz awasyn. Bu gün ykbal meni siziň ýanyňyza getirdi. Merhemet ediň!» diýdi.

Men oňa bol tagam berdim, don-lybas geýdirdim. Oňa nahar hödürledim, «al, iý» diýdim. Ol: «Iýmekde atamdan

geçirer ýaly, meni sahy biri dogurmady» diýdi. Men: «Atañ hem özüñ ýaly iýendir-dä» diýip, öz sözümi gögertdim. «Sen nahar iýişiñ bilen belki bizi şatlandyrarsyñ» diýdim. Ol muňa gahar etdi-de: «Iýmekde atamdan öňürtsem, meni kowmum ýazgarar» diýdi we ähli beren zatlarymy yzyna zyňyp gitdi.

1201. Ibn Mesgudyň aýdany: «Iň ýagşy işleriň nämedigi hakda Pygamberden soranymda, ol: «Wagtynda okalan namaz, ene-ataňa ýagşylyk etmek we Hak ýolunda yhlas etmek» diýdi.

1202. Abu Hüreýräniň aýdany: «Bir adam Pygamberiň ýanyna gelip, «Eý, Resulalla, iň mähirli adam kim?» diýende, «Eneňiz» diýip jogap beripdir. Ol bu soragyny ikinji, üçünji gezek gaýtalanda hem Pygamber: «Eneňiz» diýipdir. Diňe dördünji gezekde ol: «Ataňyz» diýip jogap beripdir.

1203. Pygamberiň aýdany: «Kim ene-atasyna ýa-da olaryň birine käýetse dowzaha girer. Hudaý ony hor-homsy eder».

1204. Ibn Zübeýriň aýdany: «Atasyna gözüniň gyýtagyny aýlan, oňa el göteren, öňünden ýörände daşy ýa-da päsgel berýän zady aýyrmak üçin ýöremeýän bolsa, oglunyň atasyna rehim etmegidir.

Kim kakasynyň adyny ýa-da lakamyny tutup çagyrýan bolsa, ol onuň tersine gitdigidir. Oňa diňe «Ata» ýa-da «Kaka» diýip ýüzlensin.

1205. Ibn Sindiň aýdany: «Haşym taýpasyndan bolan bir ýaş ýigit Mansuryň ýanyna gelende, onuň atasynyň wepaty hakda sorapdyr. Ol: «Pylany pahyr pylan gün keselledi, pylan gün bolsa dünýäni terk etdi...» diýipdir. Rabyg munuň sözüni bölüp: «Sen nä möminleriň emiriniň öňünde ataňa doga edip oturjakmy?» diýipdir. Muny eşiden ýaş ýigit: «Bu sözüň üçin seni ýazgaryp durman. Çünki, sen atalaryň süýjüdigini bileňok» diýipdir. Sebäbi Rabygyň ata-babasy gyrgynda heläk bolup, ol ýetim ulalandy. Mansur bu sözi eşidip hahahaýlap gülüpdir. Bolmasa ol örän az ýylgyrýan adam eken».

1206. Zeýit ibn Aly ibn Hüseýiniň ogly Ýahýa garap aýdan goşgusy*:

«Hudaýyň senden razy bolmajak zadyny
Saňa öwretmegi wagyz etmedi».

1207. Käbir şahyrlaryň goşgusy*:

«Gyzlarym zagyp bolsa-da, durmuşymy söýgi bilen doldurdylar.
Menden soňra olar şumluk duzyn datmasynlar.
Bulanyk suwdan içmesinler, öwütlerimi ýatlasynlar.
Ykbal özge gyzlara begres lybas geýdirende,
Bular hem şeýle peşgeşden binesip galmasynlar».

1208. Çarwa arabyň oguljygyny bökdürip, aýdan goşgusy*: «Men seni şeýle bir söýýärin. Edil, bahylyň öz baýlygyny söýüşi ýaly söýýärin. Ilki garyplyk tagamyny duýup, soňra baýanyň söýgüsi ýaly söýýärin. Sowmaly bolanda, puluny gowy görşi onuň ýüzüne çykaýýandyr».

1209. Mamunyň aýdany: «Fazl ibn Ýahýa ýaly atasyna rehimli, mähirli adamy görmedim. Ýahýa ýyly suw bolmasa ýuwunmazdy. Bir gezek olaryň ikisi hem zyndana düşüpdir. Sowuk gijeleriň birinde, zyndan sakçysy odun salmaklygy gadagan edipdir. Ýahýa ýatmak üçin ýerine geçende, Fazl suw gyzdyrylýan tüňçäni alypdyr. Ony çyranyň oduna golaý tutup, tä daň atýança saklap oturypdyr. Şeýdip, kakasyna ýyly suw taýynlap beripdir».

1210. Muhammet ibn Sagdyň aýdany: «Amyr ibn Abu Wakgas yslamy kabul edende, onuň ejesi oglundan öýkeläp, jaryň içine girip oturypdyr. Ol Sufýan ibn Omeýýanyň gyzy Hamnadyr. «Tä diniňden dänýänçäň, üstüme saýa düşmez» diýip, Amyryň ejesi dillenipdir. Amyryň bolsa ejesine ýüregi awap: «Eje, eje jan, beýtmesene» diýip, özelenip duran eken. Şol wagt Muhammediň kakasy Sagt gelip, bu ikisiniň gabadynda saklanypdyr. Ol aýalyna garap: «Sen gowusy ähdiňi

maňa ber-de, bu ýerden öýe bar. Ýogsam, depäňe gün düşmänkä, iki dulugyňa ot ýaly şarpyk deger» diýipdir. Amyryň ejesi derrew ýerinden turupdyr: «Seniň bilen oňuşmaýan zadym ýok. Men oglum zerarly ant içdim. Onuň nebsi agyryp, dininden däner öýtdüm!» diýip, ýene ogluna ýüregini öwrüpdir. Şonda Allatagala: «Eger olar, (ýagny, ata-eneň) öz bilmeýän zatlaryny maňa şärik etmek üçin seni horlasalar, onda olara boýun synma[1]» diýen aýatyny inderdi.

1211. Mujahydyň aýdany: «Ataň elini yzyna iterme. Onuň islänini etmäge haky bar».

1212. Pygamberiň aýdany: «Atanyň eli perzendiniň baýlygy üçin açykdyr. Hatda ony baýlygyndan we öýünden çykarjak bolsa-da».

1213. Rowaýatlara görä, Abu Hüreýre hem iň ýumşak adamlaryň biri ekeni. Her gün ir bilen öýden çykanda, ilki enesiniň gapysynda durup: «Ene, salawmaleýkim, Hudaýyň bereketi we merhemeti size nesip etsin. Çagakam terbiýeläniň we ulalanymdan soň sylanyň üçin, Alla saňa sylagyň iň haýyrlysyny bersin!» diýer ekeni. Enesi hem: «Maňa eden mähremligiň we ýagşylygyň üçin, seni hem Hudaýyň özi ýalkasyn!» diýýän eken.

Eger bir ýere gidip, soň yzyna öwrülip gelende hem şol sözleri sypdyrman gaýtalaýan eken.

1214. Ibn Omar Käbäniň daşynda aýlanyp ýörkä, enesini arkasyna hopba edip ýören adama gözi düşüpdir. Ol: «Men enemiň düýesi, ony arkamda göterýärin» diýip hiňlenip, Käbä togap edip ýören ekeni. Soňra ogly başyny galdyryp: «Ene, indi seni razy etdim öýdýärin» diýipdir. Muny eşidip duran Ibn Omar: «Ýok, sen ony sähelçe-de razy edeňok» diýip seslenipdir.

[1] «Lukman» süresi, 15-nji aýat

1215. Hasanyň aýdany: «Ene-ataňa edilen ýagşylyk – hajyň, jihadyň[1] we sadakanyň sogabyndan ulydyr».

1216. Pygamberiň aýdany: «Düýşümde özümi jennetde görüpdirin. Birden hoş labyzly karynyň owazyny eşitdim. «Bu kim?» diýip soranymda, «Harysa ibn Nugmandyr» diýdiler. Men «Ýagşylaryň sylagy hut şeýle-de bolmaly» diýdim.

Harysa ibn Nugman iň ýagşy adamlaryň biridi.

1217. Ibn Omaryň aýdany: «Bir adam Pygamberiň ýanyna gelip, jihada çykmak üçin rugsat sorady. Pygamber ondan: «Eneň-ataň dirimi?» diýip sorady. Ol: «Hawa» diýip, baş atanda, Pygamber oňa: «Sen şolaryň göwnüni tapjak bolup yhlas et. Bu jihatdan hem beýikdir» diýdi.

1218. Abdylla ibn Omaryň aýdany: «Meniň bir gelnim bardy. Men ony ýürekden söýsemem, nämüçindir kakam ony ýigrenýärdi. Soňra kakam oňa talak bermegimi talap etdi. Men bu talapdan boýun towlap, bu wakany Pygamberiň ýanynda agzadym. Ol meni ýanyna çagyryp: «Gelniňe talagyny ber» diýdi. Şeýdip, men ony boşadyp goýbermeli boldum».

1219. Bir adam Pygamberiň ýanyna gelip: «Enem-atam heläk boldy. Olaryň wepatyndan soň hem men olara ýagşylyk edip bilerinmi?» diýipdir. Pygamber oňa garap: «Hawa, sen olara şu dört zat bilen ýagşylyk et:

— olara ýagşy dogalar oka;

— günäleriniň ötülmegini dile;

— soňra galan wada-borçlaryny öde;

— ol ikisiniň dostlaryny syla we garyndaşlary bilen gatnaş» diýipdir.

1220. Pygamberiň aýdany: «Iň uly ýagşylyk — ataň ýogalandan soňra hem onuň dostlary bilen gatnaşyk etmekdir».

---

[1] Jihat — din ugrundaky söweş.

1221. Pygamberiň aýdany: «Söýgi – miras galýandyr. Söýgi – nesilden nesle geçýändir».

1222. Pygamberiň aýdany: «Perzendiň ysy jennetiň ysydyr».

1223. Muny maňa Abu Ymran Musa ibn Ymran gürrüň berdi. Oňa Abu Muhammet Dawut ibn Abdyrahman, oňa Zübeýr ibn Bekkar, oňä Abdylla ibn Omar ibn Hafs gürrüň beripdir. Ol hem muny Sählden, ol bolsa Abu Hüreýreden eşidipdir:

«Günleriň birinde Pygamber münbere çykyp, hutba okapdyr. Şonda Pygamberiň agtygy Hasan adamlaryň üstünden basgylap, boýunlaryna münüşdirip, tasdan ýykylan ekeni. Şonda Pygamber münberden düşüp, ony gujagyna alypdyr.

Hutba gutarandan soňra adamlar Pygambere garap: «Sen Hasan üçin düşüpmidiň?» diýip soradylar. Şonda Pygamber: «Kalbymyň agtygyma meşgul bolandygyndan ýaňa, münberden düşenimi duýman galypdyryn. Atasynyň ýüreginde perzent üçin mähirli orun bardyr» diýip, jogap beripdir.

1224. Mansur ibn Bujra Nemriniň goşgusy*: «Ümeýme bolmasady, garyplyga gyýylmazdym, tüni gorkunç gijelere sümülmezdim. Ýetimlik harlygy zerarly garyndaşlaryň görkezýän jepasyny bilemsoň, çagalarymyň bagty üçin şeýle bir ýaşamak isleýärin. Garyplykdan ätiýaç edip gün görýärin. Ýoksullyk ýanymyzdan ötende, tabagy serpip gitmesin. Panydan ötüp, süýnýän ýyldyzlaryň arasyna siňemsoň, çagalaryma beýleki bir «Ata» haýyr bermez. Ýaňagynda ýol ýasaýan gözýaşlar bilen hoşlaşanda, men hiç zady unutmaryn. Hat-da biz ölsegem, her kimiň rysgyny paýlap goýan Perwerdigär bardyr. Agaň gödekliginden, doganyň jepasyndan Hakyň özi gorasyn».

1225. Bir gezek Mugawyýa ogly Ýezide gaharlanyp, oňa erbet käýäpdir. Muny synlap duran Ahnaf ibn Kaýs: «Eý,

möminleriň emiri, çaga biziň ýüreklerimiziň miwesi, arkamyzyň daýanjydyr. Biz olar üçin saýaly asman we aýak astyndaky toprakdyrys. Gahary gelse, köşeşdir. Sorasa, ber. Olara zor salma. Bolmasa dünýäň daralar, olar hem ölümiňi dilär» diýipdir.

1226. «Haýsy çagalaryňy has gowy görýäň?» diýip, birinden soranlarynda, ol: «Ulalýança körpämi, gutulýança syrkaw çagamy, gaýdyp gelýänçä gaýyp (bir ýere giden) çagamy has gowy görýärin» diýipdir.

1227. Ibn Agrabynyň aýdany: «Üç zat bolmazdan, kämil şadyýanlyk bolmaz:

— öz eken agajynyň miwesini iýmese;

— oglunyň ogluny (agtygyny) ysgamasa;

— goşgusyna düzülen aýdymy diňlemese».

1228. Hattap ibn Mugallanyň sözleri*: «Biri-birine eýerip ýören bedene çagajygy ýaly perzentlerim bolmadyk bolsa, bu dünýäniň uzynlygy-ini maňa gysby görünerdi. Aramyzda gezip ýören perzentlerimiz, zeminiň üstünde gezip ýören ýüreklerimizdir».

1229. Eset taýpasyndan bolan käbir adamlaryň goşgusy*:

«Men şeýle söýýärin, eýjejik gyzym,
Diri jaýlasam-da, göründe gabryň[1].
Seni ýigrenmekden etmedim muny,
Äkitdim ol ýere, ganadyp bagrym.
Menden soň görme, diýip, dünýäň azabyn»

1230. Bir kişiniň iki gyzyna aýdany*: «Gyzlarym, ykbal ýaranymka, siz maňa ezýet berseňizem, dünýäm dar bolmaz, yza kär etmez. Pelek garşymdan gelende, oňa ýaran bolup, maňa garşy gitmekden saklanyň».

---

[1] Bu ýerde, araplaryň jahylyýet döwründäki elhenç adaty ýatlanylýar. Oňa görä, gyz perzent dogulsa, ony ýaman gyjalata çydaman, diriligine ýere gömüpdirler

1231. Zübeýr ogly Urwany bökdürip, şeýle diýer eken*:
«Beni Atyk iliniň ak ýüzlüsi,
Syddyk neberesiniň bereketlisi,
Lezzetleň içinde jandan süýjüsi».

## ELLI SEKIZINJI BÖLÜM

## HUKUKLARY ÄSGERMEZLIK WE GULAK ASMAZLYK

1232. Şagbynyň aýdany: «Iň uly günäler hakda Pygamberden soralanda, ol: «Hudaýa şirk ýetirmek, ene-atanyň diýenini etmezlik, bilgeşleýin ýalan kasam etmek» diýipdir».

1233. Mujahydyň aýdany: «Diýen etmezek perzent, minnetçil adam, şeraphor hem-de nikasyz gatnaşyk eden adam jennete girmez».

1234. Ene-atanyň perzende edýän ýagşy dileg-dogasy hakda Hasandan soralanda, ol: «Ene-atany diňe perzendi halas eder» diýipdir. «Eger ene-ata perzendine gargasa nähili bolar?» diýenlerinde, ol: «Ene-atanyň gargyşy perzendiň köküni köwlär we heläk eder» diýipdir.

1235. Omeýýa ibn Abu Saltyň diýen etmezek ogluna käýäp ýazan goşgusy*:

«Bäbeklikden bäri bakdym, sakladym,
Getirmän ýanyňa azaby, renji.
Çirim etmän gijelermi geçirdim,
Syzlanda damaryň, çekeňde ünji.
Soň sen bu zatlara biperwaý bakdyň,
Gyňyr ýüz, har sözler boldy sylagym.
Äsgermediň hergiz, üstümden güldüň,

Köteklediň, berip syrat[1] synagyn.
Wah, sen bu zatlara akyl etsediň.
Bolmanda, bir gezek ber nurly bakym.
Razy bolar ýaly dünýä gelenme,
Ödesediň enäň-atanyň hakyn».

1236. Hezzan taýpasyndan bolan zenan Ümmi Sowabyň gulak asmaýan ogluna ýazan goşgusy*:

«Jüýjesine tagam berýän,
Mysaly ene guş bolup.
Iýdirdim, ekledim.
Mährimi gaýra çekmedim.
Ulaldy, hiç oňalmady,
Diýenme asmady gulak.
Wah, diýsedi birje gezek:
«Enemjan, göwün edýändir,
Arzuwyn bilmegim gerek».
Eneleň kalbyn awatmaň,
Yhlasynyň haky üçin,
Dirikä bir oda atmaň!».

1237. «Ogluň niçik?» diýip, agrabydan soralanda, ol: «Ykbalyň bagyşlan azabydyr.

Gabyr ony gujagynda gizlese kem bolmazdy. Ol sabyryň çydam edip bilmeýän belasy, alkyş zerurlygy bolmadyk peýda» diýipdir. Sebäbi onuň ogly diýen etmezek ekeni.

1238. Çarwa araplaryň biri meý içýän ogluna käýese-de, bu oňa kär etmändir*:

«Içenim üçin üzümiň suwun,
Gahar etme maňa, küýsäp dur göwün.
Bu pişäme bolsaň-da sen haýbatly.
Aýdaýyn dogrymy: Diýen etmezlik,

[1] Syrat – köpri. Dowzahyň üstünden geçýän, gyldan inçe, gylyçdan ýiti köpri

Hem meý içmekligiň ikisem datly».
1239. Tyrrymmahyň ogly Samsama ýazan goşgusy*:
«Samsam oglum, sakla enäň mertebesin,
Gursagyňda gupba edip, hakyn göter.
Ýagşy işler üçin gitjek bolsa başyň,
Gyýylmagyn, ynjamagyn, başyň göter.
Senden öňürdip giderin bu jahandan,
Bimaza duşarsyň öýdüp, edýän heder.
Ana şonda, pederiň öwüdi bilen,
Enäniň edebi seni halas eder».
1240. Ibn Bessamyň atasyna ýazan goşgusy*:
«Togsan bürgüdiň ömri peşgeş berilse-de,
Men öňürti ölüp, sen galasyň ýok.
Senden soň bir günlük ýaşadygym, bes,
Baýlygyňy dagadaryn ebes[1]».

1241. Muhammet ibn Aly ibn Hüseýin ogluna garap: «Eý oglum, Hudaý seniň üçin menden razy boldy, ýöne seniň pitnäňden ätiýaçly etdi.

Eý oglum, iň ýagşy ata, ýagşylygy aşa köp bolan atadyr. Iň ýaman çaga, diýen etmezek çagadyr» diýipdir.

[1] Ebes – biderek, bihuda

## ELLI DOKUZYNJY BÖLÜM

## GARYNDAŞLYK GATNAŞYGY WE OLARYŇ EZÝETINE ÇYDAMLYLYK

1242. Pygamberiň aýdany: «Görkli we beýik Allatagala: «Men Rahmandyryn. Garyndaşlygy men ýaratdym we oňa öz adymdan paý berdim. Kim garyndaşyna barsa, men hem şonuň ýanyna bararyn. Kim olar bilen gatnaşygyny kesse, men hem keserin» diýdi».

1243. Ibn Apbasyň aýdany: «Garyndaşlyk arşa baglanyp goýlan zatdyr. Garyndaşy bilen gatnaşýan adam jennete gelse, jennet ony gülüp garşylar. Kesen adam gelse, jennet hem ondan ýüzüni öwrer».

1244. Allatagala: «Ýene araňyzdaky sorag-jogaplarda ady orta salynýan Alladan gorkuň we garyndaş-uruglaryňyz bilen aýrylyp gitmekden saklanyň[1]» diýdi.

1245. Garyndaşlyk haky barada Hasandan soralanda: «Ony kesme we mahrum etme» diýipdir.

1246. Pygamberiň aýdany: «Garyndaşlaryňyza baryň. Ol iliňizde siz üçin söýgi döreder, baýlygyňyzyň artmagyna sebäp bolar».

1247. Bir adam Pygamberiň ýanyna gelip: «Garyndaşlarym meniň bilen gatnaşygyny kesdiler we ýüz

[1] «Aýallar» süresi, 1-nji aýat

öwürdiler. Indi men hem özleriniňki ýaly edeýinmi?» diýipdir. Pygamber: «Sen olara bar, ýöne olar şonda hem ýüz öwürse, onda saňa Hudaý tarapyn ýardamçy gelip, olardan üstün bolarsyň» diýipdir.

1248. Allatagala: «Eger ýüz dönderseňiz, basym siz ýerde azgynlyk edersiňiz we tohum-tijiňiz bilen hem aragatnaşygy üzersiňiz. Onuň ýaly kimseleri bolsa, Alla näletländir. Olaryň gulaklaryny pent-nesihat eşitmekden ker, gözlerini bolsa dogry ýoly görüp bilmeýän kör edip goýandyr[1]» diýdi.

1249. Pygamberiň aýdany: «Garyndaşlyk arşa baglanyp goýlan zat. Oňa garyndaşyna baranlar däl-de, özi bilen gatnaşygyny kesen garyndaşlaryna baran adamlar girer».

1250. Omar ibn Hattabyň aýdany: «Garyndaşlary bilen gatnaşmakdan ýüz öwren kowum, zyna iş eder».

1251. Katadanyň aýdany: «Allatagalanyň «Garyndaşlaryňa hakyny ber[2]» diýişi ýaly, olar bilen gatnaş. Olara baýlygyňdan ibermeseň we aýagyň bilen barmasaň, gatnaşygy kesdigiňdir».

1252. Pygamberiň aýdany: «Dul-sallahlara, misgin zenanlara we erkeklere kömek etmek üçin çalyşýan adam, Hudaýyň ýolunda söweş edýänler ýalydyr. Gije turup, ybadat edýän, gündizine agyz bekleýän, ýetime hossar çykýan adamlar meniň bilen jennetde, ine, şu iki barmak ýalydyr» diýipdir. Soňra ol süýem we orta barmaklaryny degişdirip görkezipdir.

1253. Araplaryň aýdany: «Burnuňy kesip aýyrsaňam, barybir ol seniňkidir».

1254. Muhammet ibn Abdylla Ezdiniň aýdany*: «Maňa hile guraýan agam ogluna gaty-gaýrym söz diýmekden saklanýaryn. Goý, onuň ezýetiniň agyrysy süňňümi gurşabersin. Onuň bir gün ýanyma dolanjakdygy ýadyma

---

[1] «Muhammet» süresi, 22-23-nji aýatlar

[2] «Isra» süresi, 26-njy aýat

düşende, özüme göwünlik berýärin, onuň etmişlerini unudýaryn. Garyndaşlaryň arasynda kineli gezmek gelşikli däl. «Arasyny üzenler» diýdirenmizden, bu zatlara sabyr etmek maňa has ýeňil».

1255. Hatam Taýynyň sözleri*: «Maňa ýardam berýänligine, bermeýänligine garamazdan, hiç kimden kine saklamaýaryn».

1256. Mukanna Kindiniň sözleri*: «Meniň özüm bilen doganlarymyň we agalarymyň arasynda köp çaprazlyk bar. Olar meniň etimi iýseler, men olara et bitirdim. Olar meniň abraýymy ýumursalar, men olaryň şöhradyny dikeltdim. Ýoklugymda gybatymy etseler, bar ýerimde arkalaryny tutdym. Olar meni azdyrmak isleseler, men olary dogry ýola gönükdirmäge çalyşdym. Meniň ýanymdan geçmegi özlerine «şumluk» diýip ýorsalar, olaryň ýanyndan ötmegi özüme şowlulyk saýdym. Olara gadymdan köräp duran kinäm ýok. Kineçil adam ilbaşy bolup bilmez. Baý bolsam, olary hor etmerin. Garyp düşsem, olara ýük bolmaryn. Myhman öýümde-kä, oňa gulduryn. Ynsan bolsa bu dünýädäki ötegçi myhmandyr».

1257. Hüzeýl ibn Meşjaganyň sözleri*: «Ýanymda agam ogly bolmasa-da, arkasyny alyp gürlemek, meniň edähedimdir. Ýer-u gök arasynda lap urup gürlese-de, ýagşylygym bilen oňa ýardam bererin. Kynçylyklaryň arasynda çabalanyp ýatyrka, ellerimi oda urup, halas ederin».

1258. Pygamberiň aýdany: «Ömrüniň uzalmagyny we ryzkynyň giňelmegini isleýän adam, garyndaşlary bilen gatnaşyk etsin».

1259. Pygamberiň aýdany: «Agasynyň inisine bolan borjy-haky, edil atasynyň perzendine bolan borjy ýalydyr».

1260. Abu Ýakup Yshak Huraýmynyň sözleri*: «Ýakyn garyndaşlaryň ýazygyny ýadyňdan öçür. Her kimiň öz ynsaby

özüne gämidir. Her kimiň hoş gününde, betbagt gününde dosty bar. Bularyň iň mylaýymlysy bolsa, hasratly günüňde terk etmeýänlerdir».

1261. Muny bize Abu Ymran Musa ibn Ymran we Abulkasym Muzaffar ibn Hasan dagy aýdyp berdi. Ol ikisi Abu Muhammet Dawut ibn Abdyrahmandan, ol Zübeýr ibn Bekkardan, ol Abu Damradan, ol Abdylla ibn Ýezit ibn Kasytdan, ol kakasyndan, kakasy hem Sagyt ibn Müseýýipden, ol Abu Hureýreden eşidip, şeýle gürrüň berdi: «Pygamber alaýhyssalam: «Allatagala garyndaşlygy jennetde bir daragt edip ýaratdy hem-de «Kim seniň ýanyňa gelse, garyndaşlary bilen gatnaşsa, ony jennete salaryn. Gelmesini kesse, dowzaha girizerin» diýdi.

## ALTMYŞYNJY BÖLÜM

## PERZENT TERBIÝESI WE ENE-ATANYŇ DEREJESI

1262. Pygamberiň aýdany: «Kim iki gyzy ösdürip, ýagşy görelde berip, terbiýeläp ýetişdirse, Hudaý ony jennete salar».

1263. Pygamberiň aýdany: «Üç gyzy bolan adam, olara sabyr etse, iýdirse, içirse we geýindirse, olara beren terbiýesi dowzah oduna galkan bolar».

1264. Katadanyň aýdany: «Ýigit ýetişen wagty, atasy ony öýermese, ol hem bozuk işlere baş goşsa, muňa atasy günäkär bolar».

1265. Hasanyň aýdany: «Atanyň perzendiň öňündäki borjy, oňa ýagşy at dakmaly, ýetişen çagy öýermeli we oňa edep-terbiýe bermeli».

1266. Ibn Şihabyň aýdany: «Perzendini sylamaklyk we onuň edebini gözelleşdirmeklik, atanyň perzendiniň öňündäki borjudyr».

1267. Ybraýym Nahagynyň aýdany: «Adamlar çagalaryna itden başga zady oýnamaga rugsat berýärler».

1268. Pygamberiň aýdany: «Perzendiniň başyny sypaýanlygy we aýaly bilen jynsy gatnaşyk edýänligi üçin hem, erkek adama sogap berilýär».

1269.Pygamber alaýhyssalam uly-kiçi perzentleriniň ählisine deň göz bilen garardy, hat-da şolary öpende hem deň öperdi.

1270. Pygamber alaýhyssalam agtygy Hasanyň alyn dişlerinden ogşar eken. Akrag ibn Habys: «Meniň on oglum bar. Ýöne hiç birini hem ogşap göremok» diýende, Pygamberimiz: «Rehim etmeýäne rehim edilmez» diýipdir.

1271. Abu Hüreýräniň aýdany: «Pygamberimiz adamlara gurrüň berip otyrka, bir oglanjyk adamlaryň gyrasyndan ylgap gelip, kakasynyň ýanynda oturdy. Kakasy onuň başyny sypap, sag budunyň üstüne mündürdi. Soňra onuň gyzjagazy hem geldi. Kakasy onuň başyny sypalap, ýerde oturtdy. Bu zatlary synlap duran Pygamberimiz: «Ony nä beýleki buduňda oturtjak dälmi?» diýdi. Ol adam gyzjagazyny göterip, beýleki budunda oturdanda, Pygamberimiz: «Hä, indi munyň boldy» diýdi.

1272. Muharyp ibn Desaryň aýdany: «Atalara we perzentlere ýagşy göz bilen garaýandyklary üçin ýagşyzada diýilýär. Atanyň perzendiň öňünde borjy bolşy ýaly, perzendiň hem atanyň öňünde bitirmeli borjy bardyr».

1273. Bir ýagşy adam kakasyna şeýle diýipdir: «Eý, atam, seniň meniň öňümdäki uly borjuň, meniň seniň öňüňdäki ujypsyz borjumy unutdyrmaýar. Seniň maňa bagly bolşuň ýaly, men hem saňa baglydyryn. Bu «Ikimiz biri-birimize barabardyrys» diýdigim däl. Ýöne, saňa garşy gitmegiň günädigini aňladýar».

1274. Ýahýa ibn Halyt Bermekiniň aýdany: «Atalaryň perzentleri üçin hökman etmeli zatlary: olara ýazmany, hasaplamany we ýüzmäni öwretmelidirler».

1275. Muny maňa Aly ibn Zekkar aýtdy. Oňa Ahmet ibn Hüseýin Temimi, oňa Hatam Sejistany gürrüň beripdir: «Utby özüniň kiçi ogluna: «Hudaýyň saňa öwretmegi buýran wesýetini bilýärmiň?» diýip sorapdyr. Onda ogly: «Elbetde, seniň meniň öňümdäki borjuňy öwrendim. Bu meniň seniň öňüňdäki borjumy bitirmekdir» diýipdir.

1276. Muny maňa şyh kakam gürrüň berdi. Oňa Abu Aly ibn Hebeş, oňa Abu Abdylla Ybraýym ibn Muhammet, oňa Muhammet ibn Abdylla Dakyk, oňa Ýezit ibn Harun, oňa Abdyrahman ibn Abu Bekr, oňa bolsa Abu Sagyt Hudry gürrüň beripdir: «Pygamberiň ýanyna ensarylardan bir adam gelip: «Eý, Pygamber, enem-atamyň wepatyndan soň hem, olara ýagşylyk edip bolarmy?» diýende, ol: «Hawa. Munuň üçin şu dört häsiýet bar:

— olara ýagşy doga etmek;

— günäleriniň ötülmegini diläp, gözýaş dökmek;

— wesýetlerine wepaly bolmak;

— dostlaryny sylap, garyndaşlary bilen gatnaşmak» diýipdir.

## ALTMYŞ BIRINJI BÖLÜM

## HOJAÝYNLARYŇ WE GARYNDAŞLARYŇ ARASYNDA ÝÜZE ÇYKÝAN DUŞMANÇYLYK

1277. Möminleriň emiri Abu Bekr Syddygyň söýgi we duşmançylyk hakdaky goşgusy*: «Söýgi hem, duşmançylyk hem nesilden nesle geçýändir. Bizden owal öten atalar kine saklapdyrlar. Ol hiç haçan aýrylmaz, çünki atalaryň ganyndan dörän perzentler bar»

1278. Ezd taýpasyndan bolan bir adam Käbäniň daşyndan aýlanyp, ogluna ýagşy dileg edýän ekeni. Oňa: «Eneň üçin hem zat dileýärmiň?» diýenlerinde, ol: «Onuň asly başga ýerden, ol temimli» diýip jogap beripdir.

1279. Ibn Aýýaşyň aýdany: «Ezdli bir kişi şeýle gürrüň berdi: «Eset ibn Abdylla bilen Horasanda gezip ýörkäk, Balh derýasynda gark bolup barýan birine gözümiz düşdi. Ol: «Halas ediň! Gark bolýaryn» diýip gygyrýardy. Eset sakga durdy-da: «Ýüzüp bilýäniňiz barmy?» diýip sorady. Men: «Hawa» diýip seslendim. Ol: «Bar-da, şol adamy halas edeweri!» diýdi. Atymdan böküp düşüp, eşiklerimi çykardym. Soňra özümi tolkun atyp duran derýanyň içine okladym. Ýüzüp baryp, oňa ýakynlaşanymda: «Sen kimlerden bolarsyň?» diýip soradym. Ol: «Temim taýpasyndan» diýdi. Men: «Daýy tarapymdan bolýarsyň-da onda» diýip, oňa elimi uzatmadym. Şol pursat hem ol gark bolup, suwuň düýbüne gitdi».

Ibn Aýýaş ezdli adama bakyp: «Ýeri, seniň edýäniň näme?! Hudaýdan gorkaňokmy? Musulman birini öldüren ekeniň» diýende, ol: «Wah, şol wagt gylyjym bolan bolsa, öz elim bilen kellesini çapjakdym-la» diýip, jogap beripdir.

1280. Halyt ibn Safwan ogluna bakyp: «Agaň ogullary bilen hergiz oturaýmagyn. Olar bihepbedir. Seni baý görseler, göriplik ederler. Garyp düşeňde golaýyňa gelmezler. Bir gün aýagyň büdrände, üstüňden gülerler, begenerler. Olara görünmeseň, gybatyňy ederler. Sen mydama ýagdaýy özüňden pesler bilen gezgin. Olara mätäç bolaňda, olar saňa galkan bolar. Olar saňä mätäç bolanda, sen olara baş bolarsyň. Bu döwürde agaň ogullary duşmana döndi» diýipdir.

## ALTMYŞ IKINJI BÖLÜM

## ÖMÜR KÖTELLIKLERINDE GARYNDAŞ PEÝDASY

1281. Düreýit ibn Symmanyň ogullaryna beren öwüdi: «Kömekçileriňize göz-gulak boluň. Duşmanyňyzy ýeňmekde olar siziň derdiňize ýarandyr. Hatda olar siziň eşretli we bagtly günüňize göriplik edýän bolsalar hem şeýledir».

1282. Çarwa arapdan: «Agaň ogly hakda nämeler aýdarsyň diýenlerinde, ol: «Agam meniň duşmanym, hatda duşmanymyň hem duşmany» diýipdir.

1283. Kutamynyň sözleri: «Bilegi ýogynlar buçärelere barmak uzatmasynlar. Olaryň ýardamçysy az bolsa-da, üstün geler. Çünki, olaryň arkasynda Hak durandyr».

1284. Çarwa araplaryň biri, öz doganynyň ogluny öldüripdir. Soltan oglunyň hununy almaga, kakasyna ejaza beripdir. Haçan-da, kakasy doganyny çapmak üçin gylyjyny ýokary göterende, onuň eli sandyrapdyr we gylyjyny bir ýana taşlap goýberipdir. Onuň günäsini ötüpdir*: «Men öz nebsime köşeşmegi ündeýärin. Meniň bir elimi kesdiler. Ýöne öz elim bilen, beýleki elimi bir çapmaýyn, olaryň öwezini dolup buljek zat ýokdur. Bu-ha çagyran wagtym seslenjek doganym, ol hem öz oglum ahyry» diýipdir.

1285. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp «Jemel» söweşi gününde öldürilen adamlary üns bilen synlap otyrka, öz

kömekçisine gözi düşüpdir. Ol: «Nebsime şypa berdi, ýöne şonda-da burnum kesilen ýaly boldy» diýipdir.

1286. Zuhl taýpasyndan bolan biri beýleki bir ildeşiniň janyna kast edipdir. Soltan, öldürleniň dogany Harys ibn Wagla, doganynyň aryny almaga rugsat beripdir. Şonda Harys ibn Wagla*: «Ildeşlerim jan ýaly doganym Ümeýmäni öldürdiler. Olara çenäp atan okum, ýene-de özüme degjek. Men olary bagyşlaýaryn. Eger, jan ýerine jan talap etsem, mertebämi kemsitdigim bolar» diýipdir.

1287. Eset taýpasyndan bolan käbir adamlaryň aýdany*: «Men baýlygy ýigrenmeýärin, har tutmaýaryn, gysylmaýaryn. Kyn günümde ony sowup, haýyr tapýaryn. Ýolda büdrän düýe ýaly bolup, bir ýerde säwlik goýbersem, Hudaýdan meni halas etmegini soraýaryn. Üstünligiň gülüp bakjak ýerinde baýlygymy, söýgimi, gaýratymy gaýgyrmaýaryn. Şeýdibem, maksada we wysala ýetýärin».

1288. Başga biriniň aýdany: «Gurbatyň ýetmejek, gaýratyň çatmajak işe gatylma. Akyl ýokmajaga öwüt berme. Taňrynyň bendesine birehimlik bilen garama. Kimiň kime mätäç boljagyny bir Hak bilýär».

1289. Kaýs ibn Züheýriň sözleri*: «Men Hamal ibn Bedr bilen çaknyşyp, nebsime şypa tapdym. Huzaýfanyň gylyjy derdime däri boldy. Zamananyň zynaty bolan kowum serkerdelerini öldürdim. Şeýtmek bilen hyjuwym köşeşjek ýalydy, emma öz ellerimiň barmagyny kesen ekenum».

1290. Hydaş ibn Züheýriň sözleri: «Il bilen bir bolmakdan uly mertebe, il-günden çetde durmakdan pes dereje ýokdur. Ýokluklaryň içinde iň ýamany, akyly ýoklaryň arasynda ýaşamakdyr».

1291. Gatafanly bir adamyň aýdan sözleri*: «Dostluk söýgüsini gursagyňda ebedilik ýerleşdirmeseň, ýazgarylma tüssesine demigersiň. Ilden aýyp gözleýän käbir kişileriň

garşysyna küşgürmek üçin, ýaramaz adamlaryň birnäçesi bilen aramy üzmeýärin. Şagallaryň uwwuldysyna itler üýrüp, jogap bermese, gorkubermelidir».

1292. Möminleriň emiri Osman ibn Affan gyzynyň ýanyna gelipdir. Ol Abdylla ibn Halyt ibn Esidiň gelni ekeni. Osman: «Eý, gyzym, sen nä solgun görünýäň? Äriň gabandyrýar öýdýän» diýipdir. Gyzy: «Ýok» diýip jogap beripdir. Osman muny gyzynyň ýoldaşyna ýatladanda, ol hem: «Ýok» diýipdir. Osman: «Şeýle-de boluň. Omeýýa taýpasyndan bir ajaýyp oglanyň artdyrylmagy meniň üçin ähli zatdan ezizdir» diýipdir.

## ALTMYŞ ÜÇÜNJI BÖLÜM

# TAKWALYK WE DINDARLYK

1293. Pygamberiň aýdany: «Allatagala: «Eý, bendäm, saňa parz eden zatlarymy ýerine ýetirseň, iň ybadathon adam bolarsyň. Beren ryzkyma kanagat etseň, iň baý adam bolarsyň. Gadagan eden zatlarymdan saklansaň, iň takwa adam bolarsyň» diýdi.

1294. Ibn Apbasyň aýdany: «Sapaga dönýänçäňiz agyz bekleseňiz hem, küýkerip galýançaňyz namaz okasaňyz hem, takwalyk bolmazdan bu zatlar peýda bermez».

1295. Japar ibn Muhammet Sadygyň aýdany: «Özüni aldatmaýan adam akyllydyr. Özgeleri aldamaýan adam dindardyr».

1296. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talybyň aýdany: «Takwalygyň öňünde bäş sany böwet bar. Şolary geçmedik takwalyga ýetmez: nygmata derek kösenmeli, rahatlyga derek jan etmeli, beýgelmäge derek özüňi pes tutmaly, artykmaç zada derek ýetjegini gazanmaly, durmuşa derek ölümi saýlamaly».

1297. Pygamberiň aýdany: «Men bir aýaty bilýärin. Şony ýat bekläp, öwrenen adama şol aýatyň özi ýeterlik bolar. Ol: «Kim Alladan gorksa, onuň üçin ähli gam-külpetlerden çykalga berer[1]» diýen aýatdyr.

[1] «Talak» süresi, 2-nji aýat

1298. Abu Temmam Haşymynyň maňa aýdan we Lebit üçin ýazan sözleri*: «Adam öz arzuwynyň berilmegini isleýär. Taňry bolsa öz isläninden başga zady bermekden boýun gaçyrýar. Diýmeli hak sözi unutmaň: Hudaýa takwalyk etmekde iň uly bähbit we peýda bar».

1299. Abul Atahyýanyň sözleri*: «Ähli zady seljerip görsem-de, takwalykdan beýik mertebe görmedim. Käbir adamlar gizlenip ýören ýalydyr welin, ölümden gizlenip bilmezler. Gonamçylyklaryň arasynda hernäçe gezmelesem-de, mazaryna seredip, baý bilen garyby saýgaryp bilmedim. Barçanyň boljagy şeýledir. Alla ne etse, hak edýändir. Bu zatlary duýmaýan, gözi açyk, köňli körleriň köpdügine üns berdiňmi?».

1300. Käbir edebiýatçylaryň sözleri*: «Elinde döwleti bolan adam, Hudaýa takwalyk bilen iş edip, päk-arassa gezse, hat-da bu dünýäniň öwrülip durmasy hem oňa gözeldir. Hudaýa boýun sun. Öz sahawatyňdan özgelere hem eçil. Hudaýyň bereninden özgelere bermäni başarmasaň, ykbal senden ýüz öwrüp gider».

1301. Sagyt ibn Meshuj Şarynyň sözleri*: «Hudaýa takwalyk bilen gara, seni bol bähbitlerden binesip goýmaz. Terezisi sogapdan doly bolmadyk ýigide, çadyrlardaky hüýr gyz gülüp bakmaz. Ol gözelleriň adyny alnyňa ýaz. Olaryň galyňy dürs işlerdir».

1302. Pygamberiň aýdany: «Siziň takwalaryňyz meniň ýakynlarymdyr. Adamyň hormaty onuň takwalygy bilen ölçelýär».

1303. Harys Muhasybynyň aýdany: «Tagat-ybadatyň asly dindarlykdyr. Dindarlygyň asly takwalykdyr. Takwalygyň asly özüňe hasabat bermekdir. Özüňe hasabat bermegiň asly gorky we umytdyr. Olaryň asly wada we ýalan söz, ol ikisiniň asly

bolsa, sogaby we jezany ýadyňda saklamakdyr. Onuň asly bolsa many-netije çykarmak hem-de pikirlenmekdir».

1304. Mahmyt Warragyň sözleri*: «Takwalyk azygyny almazdan, ahyret sary ýola düşme. Ölüm saparyndakaň, azyk-iýmitlini görüp ýuwdunarsyň. Bu dünýäde şolar ýaly işlemändigiňe ökünersiň».

1305. Salyh ibn Abdylkuddusyň sözleri*: «Ähli işde Hudaýa takwalyk bilen çemeleş. Haýyrlaryň içinde onuň deňesine ýetip biljegi ýokdur».

1306. Ýene şonuň sözleri*: «Merhemet eçiliji Hudaýa uýýan bende hiç wagt hor-homsy bolmaz».

1307. Ýene şonuň sözleri*: «Ähli işe päklik bilen ýapyş. Ähli pursatda Hudaýyň gazabyndan ätiýaş et».

1308. Şagbynyň aýdany: «Sermaýasy takwalyk bolan adamyň girdejisini beýan ederden dil ejiz geler».

1309. Muny maňa käbir edebiýatçylar aýdyp berdi. Olara bolsa Kazy Sagdy aýdyp beripdir*: «Göwher kimin gözel häsiýetli adamlara beýiklik mertebesi miýesser eder. Olar peslik çägini bir wagt kesip geçen adamlardyr. Erjellik gylyjyny gynyndan çykaran ýigitler, takwalyk mertebesine gowuşdy. Asman olara düşek, Sureýýa ýyldyzy bolsa, tirsegini diräre ýassyk boldy. Jennetiň nygmaty takwalykdyr. Alla razy bolan takwalar bolsa, bendeleriň iň ýagşysydyr».

1310. Sehl ibn Harunyň sözleri*: «Dünýä hakda pikirlenip oturyşyma, hak ýoly tapdym. Al ýaňak albassyny[1] Hudaýyň haky üçin terk etdim. Ötegçi dünýä hakda betgüman bolup, oňa beren wadalarymy ýerine ýetirmän aldaýşyma, oňa hökümimi ýöretdim, soltan boldum. Mundan öň bolsa arassa gildum».

---

[1] Dünýäni göz öňünde tutýar

1311. Wehp ibn Münepbihiň aýdany: «Iman ýalaňaç zatdyr. Takwalyk onuň eşigi, arassalyk onuň baýlygy, utanç onuň bezegidir».

1312. Ibn Apbasyň aýdany: «Gije namaz okap, gündiz agyz beklemek takwalyk däldir. Takwalyk - bu Hudaýyň gadagan eden zadyny terk etmek, parz eden zadyny ýerine ýetirmekdir. Şeýle paý berlen adama takwa diýiler».

1313. Ahnaf ibn Kaýsyň aýdany: «Her bir zadyň gönezligi bardyr. Yslamyň gönezligi dört sanydyr: Mömininiň mertebesi bolan pespällilik, dowzahdan halas edýän dindarlyk, jennete ýetirýän takwalyk, işleri bitirýän sabyrlylyk».

1314. Hutaýýa Absynyň sözleri*: «Baýlyk toplamak bagtyýarlyk däldir. Kalby päkize kişi bagtly saýylar. Takwa, arassa bolmak, päk gezmek hazynanyň ýagşysydyr. Munuň üçin bu ýerde erkinlik, Hudaýyň dergahynda bolsa, ondan hem zyýada, bol serpaý bar ».

1315. Muhammet ibn Wasygyň sözleri*: «Dirheme ybadat, dinara sežde etmek takwalyk däldir. Musulmanyň takwalygy Hakdan özgä sežde etmezlikden ybaratdyr».

## ALTMYŞ DÖRDÜNJI BÖLÜM

## ARASSA AHLAKLYLYK WE GÖZÜŇI SAKLAMAKLYK

1316. Pygamberiň aýdany: «Owadan zenana garamak Iblis oklarynyň biridir. Kim ony terk etse, Hudaý oňa ybadatyň tagamyny dadyryp, ony şatlandyrar».

1317. Pygamberiň aýdany: «Baý adamlaryň perzentleriniň ýüzüne ýiti nazar salmaň. Olaryň garaýşy hüýr gyzlarynyň garaýşy ýalydyr. Akylyňy bulaşdyrar we ýüregiňi ýesir eder».

1318. Pygamberiň aýdany: «Öý eýesiniň rugsady bolmazdan, onuň gapysyndan jyklan we gözüni çykardan adam, biderek ýere ýitgi çeker».

1319. Sagyt ibn Jubeýriň aýdany: «Dawudyň başyna bela ýekeje gezek nazar salmadan geldi».

1320. Omar ibn Abdyleziziň sözleri*: «Ilki ýaman işden saklanmak, soňra takwalyk, meniň köýnegime bezeg boldy. Eger şolar bolmasa-dy, çaga höwesjeňligim meni köp ýazyklara itererdi».

1321. Urwa ibn Hizamyň sözleri*: «Haý-höwes hernäçe gabahat işe iteklese-de, haýam bilen ynsabym yza çekip dur. Hak ýolda ýöremek isleseň, şübheli ýerlere gadam urma».

1322. Dawut pygamber ogly Süleýmana öwüt berende: «Eý, oglum, şirleriň yzyndan ýöre, ýöne aýallaryň yzyna düşme» diýipdir.

1323. Asmagynyň sözleri: «Bir gün Büseýne Abdylmälik ibn Merwanyň huzuryna giripdir. Abdylmälik oňa: «Eý, Büseýne, Jemiliň seni taryplap ýazan gözelliginiň hiç birini sende göremok-la?!» diýipdir. Büseýne: «Eý, möminleriň emiri, eger şonuň gözi bilen garasaň, sen meni ondan hem beýik tutardyň» diýipdir. Abdylmälik: «Onuň namys-mertebisini niçik gördüň?» diýende, Büseýne: «Ol öz goşgusynda şeýle diýýär*:

«Lybasynyň astynda we lebinde,
Näme barlygyndan habarym ýok.
Men ol zatlar bilen küýümi doldurmadym,
Diňe söhbet etdim, bir-de nazar saldym» diýipdir.

Abdylmälik oňa: «Akylyna aperin, onuň päkligini aýtsana» diýipdir.

1324. Abu Sehl Sagydydan rowaýat etmeklerine görä, ol Jemil ibn Magmaryň ýanyna giripdir. Jemil oňa: «Eý, Abu Sehl, haram gan dökmedik, zyna we ogurlyk etmedik adama näme diýip bilersiň? Jennete girer öýdýärmiň?» diýipdir. Abu Sehl oňa: «Büseýne bilen ýigrimi ýyl bäri jynsy gatnaşyk etmeýäniň, seni şeýle diýmäge mejbur edýärmi?» diýip, sorag bilen ýüzlenipdir. Ol: «Ýok, bu meniň dünýädäki iň soňky, ahyretdäki bolsa ilkinji günümdir. Ol hakynda içimden bir şübheli pikir etdigim, bes, Muhammediň şepagatyndan mahrum galaryn öýdüp gorkýaryn» diýipdir. Şondan bir gün geçmänkä hem ol aradan çykypdyr.

1325. Utbynyň aýdany: «Magşuk gyzy doganoglanyna durmuşa çykarylan çarwalaryň birinden: «Maşgalasy gapyl ýatyrka, ol gyz bilen bir gijejik aýyş etmegi nähili görýäň?» diýip sorapdyrlar. Ol: «Wah, meni yşky bilen gyzykdyryp, wysalyndan mahrum eden gyzmy?» diýipdir. «Indi näme etsem diýýäň?» diýenlerinde, ol: «Söýgide ony öpmegi arzuw etsem-de, şeýtanyň ugruna gitmän, päkligimi sakladym. Onlarça

ýylyň yşkyny, yzynda ýaramaz gep-gybat we biabraýlyk galdyrjak bir sagatlyk lezzet üçin harlap bilmerin. Beýle hereket edýän adam barypýatan binamysdyr» diýipdir.

1326. Leýli Amyriýýä bakyp: «Bu Kaýs özündäki dert sebäpli ýogaljak» diýenlerinde, ol: «Hudaý bar, men hem şoňa bolan söýgim sebäpli ölerin öýdüpdim» diýipdir. «Ondaky derdi ýeňleder ýaly sende heý bir hile-pirim ýokmy?» diýenlerinde, ol: «Hudaý bar, eger bu zatlaryň çykalgasy, hilesi bolsady, men onuň özünden has şadyýan. Ýöne binamyslyga çydap gezmegi we dowzaha girmegi islämok» diýipdir.

1327. «Şu geçen ömrüňde, heý, bir gezek Azzatdan, gadagan edilen zady batyrnyp bilipmidiň?» diýip, Küseýýirden sorapdyrlar. Ol: «Goýaweriň, beýle bolmandy. Ýöne, käteler höwesim möwjände, elini alyp, gursagymyň üstünde goýardym we rahatlyk tapardym» diýipdir.

1328. Pygamberiň aýdany: «Kim birini söýse, söýendigini gizlese we päkize gezse, şehit bolup ýogalar».

1329. Çarwa araplaryň birinden «Zyna edip gördüňmi?» diýenlerinde, ol: «Ýok, Hudaý saklasyn» diýipdir.

1329. Çarwa araplaryň birinden «Zyna edip gördüňmi?» diýip soranlarynda, ol: «Ýok, Hudaý saklasyn» diýipdir. «Siz zyna diýip näme düşünýärsiňiz?» diýlende, «Ogşamak we bagryňa basmak» diýipdir. «Biz zyna diýip oňa aýdamzok» diýlende, «Onda ol näme bolýar?» diýip, çarwa arap sorapdyr. Olar: «Iki aýagyny götermek, garnyňy garnynyň üstünde, agzyňy agzynyň üstünde goýmak» diýipdirler. Onda çarwa arap: «Ýok, ol diňe perzent islemek bolýar. Ondan aşyklyk bolmaz» diýipdir.

1330. Muny maňa Mutahhar ibn Ybraýym Basry bir şahyr çopanyň goşgusy diýip, aýdyp berdi*: «Kejirlik edip, çaga gylyklarymyza golaýlaşan wagtymyz, haýa bizi yza itekleýär.

Erkin zenanlar biabraýlygyň nämedigini bilmeseler-de, hamyňy sypyrdyp, aýbyňy paş edýän işleri terk edýärler».

1331. Muny maňa Mutahhar ibn Ybraýym Basry Agrabiýe Neždiýýäniň goşgusy diýip, aýdyp berdi*: «Haýsy suwdan gansaň-da, tagamy birmeňzeşdir. Emma, uzyn zülpli gözeller tilkilerden ýaňa köp büdreýär. Jülgäniň ortasyndaky kertde, çar tarapdan öwüsýän gyzgyn şemallar ony bagryna basyp ötýär. Ýeliň öwüsgini onuň gözüniň agyny aýrana meňzeýär. Dogry, ol ýerde göze dürtülip ýa-da seredene bildirip duran aýyp ýok. Onuň ynsap-namysyndaky nogsanlygy hem her kim syzyp bilmez. Özgelere gabak galdyrtmaýan zat – Allanyň takwalygy we soňky netijelerden çekinmek duýgusydyr. Şuny unutmaň!».

1332. Muny maňa Abu Muhammet Hasan ibn Muhammet Samarry Adapbas Kinanynyň goşgusy diýip, aýdyp berdi*: «Allatagala töhmetçilere örän agyr jeza berýär. Çünki olar gep-gybat, haram söz bilen adamlary oda salýarlar. Biz özümize ýamanlyk edýän bu adamlardan çekinmeýäris. Biz diňe Alladan we bet işiň jezasy bolan dowzahdan gorkýarys».

1333. Abdynyň maňa aýdyp beren setirleri*: «Eý, köňlümiň aramy-şypasy, ýüregiň syrlary paş edilýän däldir. Göribiň gepine gidip, ýüz bermedik ýigidiňe serpaý ýap, çünki, dostlarynyň ýanynda onuň ýazygy azdyr. Eý, Leýla, men seni şübhesiz söýýärin, ýöne yşkyňy ýaýyp ýörmezlik hem mertlikdir. Söýginiň datlylygy onuň pynhanlygyndadyr».

1334. Muny maňa Abu Şihap Esgeri aýdyp berdi. Bu goşgy Müslim ibn Welit hakyndadyr*: «Öňki öten döwranlaryň hatyrasyna durmuşy taryp etmeýänligim, meniň üçin ýazyk däldir. Onda ýekeje mynasyp gün ýaşan bolsam, ony päk ynsabym we akylym bilen gazanandyryn».

1335. Muny maňaAly ibn Kasym Basry aýdyp berdi*: «Ýüregime höwes umytlary çaýyldy. Men nämüçindir hiç wagt öz igenjeňlerime ýaranyp bilmeýärin. Takwalyga bürenip,

ýazan şygyrlarymy hem olara rowa görmeýärin. Igenip ýa-da sögünip başlasalar, men dymyp oňýaryn. Çünki, näme işler edendigimi Alla gowy bilýär. Bar ýagdaýymy olara gürrüň bermek maňa borç däl ahyry. Onsoňam, namysym meni özgelere elgarama bolmakdan halas eden bolsa, meniň ýazygym nämede-kä? Her kim şübhe bilen garasa-da, meniň ynsabymyň oýalygy-ukusy sagdyndyr. Arzuw-hyýallar gabahat işlere ýykgyn edip başladygy, namysym ony gozgaýar we ynsabym oýanyp, aýak üstüne galýar».

## ALTMYŞ BÄŞINJI BÖLÜM

## UTANÇ-HAÝA WE BINAMYSLYK

1336. Pygamberiň aýdany: «Her diniň gylygy bar. Yslamyň gylygy haýadyr».

1337. Pygamberiň aýdany: «Töwratda: «Utanjyň ýok bolsa, isläniňi et» diýlip ýazylan».

1338. Alla ondan razy bolmyş Japar ibn Muhammet Sadyk bir gezek Kufä Abu Japar Mansuryň öýüne barypdyr we onuň sekisiniň üstündäki şeýle ýazga gözi düşüpdir*: «Zulum etmek peslikdir. Gabahat işine toba etmeýän ýaman adam, kyýamat güni Hudaýyň huzurynda jem bolýançak, zalymlygyna galar. Ol gün bolsa, öýkeliler öz hakyny gaýdyp alar».

Japar onuň bilen hoşlaşyp, öýden çykyp barýarka, şu sözleri aýdypdyr*: «Näme boljagy näbelli tümlük soňundan gorkmasaň, utanmasaň, isläniňi et. Utanç-haýanyň ýok ýerinde, ýaşaýşyňam, dünýäniňem haýry ýokdur».

1339. Adam öz abraýyny sakladygyça ýüzi nurana bolar. Haýasy gitse, jemaly gider.

1340. Ahtalyň sözleri*: «Käşki, meniň elimde seniň ýüzüňden bir bölejik ham bolsady, ondan gatyryma toýnak ýasardym».

1341. Başga biriniň sözleri: «Nurana ýüzlini hiç kim ýeňip bilýän däldir. Eger, onuň gylygynda ýaramazlyk peýda bolmasa, ol barha nurlanar».

1342. Başga biriniň sözleri*: «Ýigidiň ýüzüne galyň ham biten bolsa, ähli işi höwesine görä çözer».

1343. Şemmah Uklynyň sözleri*: «Ýüreklerinde maňa bolan nägilelik gaýnap duran hem bolsa, haýasy bilen ony gizläp saklaýanlar – iň gözel adamlardyr».

1344. Muhammet ibn Hazymyň sözleri: «Dört zat meni nadanlykdan, hyýanatdan we garyndaşlaryma sögünmekden saklady: Haýa, yslam, takwalyk we adamkärçilik».

1345. Başga biriniň sözleri: «Gabahat işlere batyrynmagymdan saklan zat - meniň utanç-haýamdyr».

1346. Hasan Basrynyň aýdany: «Utanjaňlyk sebäpli ylym almakdan saklanan adam, nadanlyk lybasyny geýer. Utanç-haýa ähli ýerde gerek hem bolsa, şol ýerde zerur däldir».

1347. Leýla Ahýalynyň sözleri: «Haýaly gyzdan utanýan ýygit, gowakda gizlenen ýolbarsdan mertdir».

1348. Sagyt ibn Museýýibiň aýtmagyna görä, Pygamber alaýhyssalam Azradan, öz otagyndaka hem utanýan eken.

1349. Aly ibn Jehmiň sözleri*: «Sende gapynyň arka tarapy ýaly galyň ýüz bar. Ol ýerde köpsanly adamlaryň garaýyşlary, kitabyň çyzyklary ýaly bulam-bujar. Bularyň ählisi seniň halal perzent däldigiňi aňladýar».

1350. Başga biriniň utanjaňlygy ýazgaryp aýdan sözleri*: «Ýüzi açyklyk, alçaklyk ýigidiň baş ýaragydyr. Ýüzi ýukalyk, kesbine päsgel berýän häsiýetdir. Utanjaň adam maksadyna gowuşýança eglener. Binamys bolsa ony bir böküşde kakyp alar».

1351. Asmagynyň maňa aýdyp beren setirleri*: «Içim jugurdap dursa-da, agyzdan galan aşy iýmeýärin, ony terk edýärin. Haýaň giden ýerinde, dünýäde ýaşamagyň haýry ýokdur».

## ALTMYŞ ALTYNJY BÖLÜM

## PES PÄLLIK WE GEDEMLIK

1352. Pygamberiň aýdany: «Allatagala Ybraýym pygamberiň myhmansöýerligi üçin ony özüne dost tutundy. Musa pygamberiň pespäldigi üçin, ony özüniň päkize, günäsiz bendesi etdi».

1353. Pygamberiň aýdany: «Ýüreginde zerre ýaly ulumsylyk bolan adam jennete girmez».

1354. Eýýup Sihtiýanynyň aýdany: «Käbir adamlar beýige galmak islär, ýöne Hudaý ondan boýun towlap, olary pese düşürer».

1355. «Göriplik edilmeýän nygmat barmy?» diýip, Buzurgmehrden soranlarynda, ol: «Pespällik» diýipdir. «Rehim edilmeýän muşakgatlyk barmy?» diýlende, ol: «Özüňden göwnihoş bolmak» diýipdir.

1356. Abu Abdylla Kazy juma gününde adamlaryň üstünden ätläp geçip ýören bir haşymyny görüpdir. Ol: «Eý, agam ogly, edep ata-babalardan miras galýar. Ýöne ata-babalaryň seniň edebiňe täsir etmändir öýdýän» diýipdir.

1357. Pygamberiň aýdany: «Özüňden göwnihoş bolmak we gopbamlyk nesil-neberäňi zaýalar».

1358. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talybyň sözleri: «Ýüregiňi pespällige karargäh et. Häsiýetiň gözeli pespällikdir. Horlugyňa gyýylma, malyň semizi soýlup, hory abat

galýandyr. Käbir kişileriň gorpa ýykyp, gabra iteklemesinden çekinme. Jaýlajak bolsalar, gonamçylyga ellerinde göterip äkidýändirler».

1359. Aly ibn Ymran Dapbynyň aýtmagyna görä: «Men elinde geçisiniň boýunbagyny saklap duran Muhammet ibn Kunaýa Esedini gördüm. «Hä, indi geçini çekip ýörmeli bolduňmy?» diýip, men oňa ýüzlendim. Ol*: «Çagalary üçin zat çekmeklik, kämil adamyň mertebesini kemýän däldir» diýdi.

1360. Hasan Basrynyň aýdany: «Günäleriň başy ulumsylykdyr. Iblis ulumsylyk sebäpli Adam ata sežde etmekden ýüz öwürdi. Ikinjisi: harsylyk, güýçli islegdir. Adam ata harsylygy sebäpli gadagan edilen daragtdan iýdi. Üçünjisi: Göriplikdir. Adam atanyň ogly doganyna göriplik edip, ony öldürdi».

1361. Mamunyň sözleri*: «Tekepbirlik adam üçin erbet gylykdyr. Tekepbir adamyň özgeleriň ýanynda gadyry bolmaz. Öz haýryndan dostlaryny boş goýýan, umydyny döwüp, göwnüne degýän gurply adam üçin ölüm ýagşydyr».

1362. Attabynyň ulumsy kişini ýazgaryp aýdan sözleri*: «Eger sende şol ulumsylyga barabar akyl bolsady, çigit ýalyjak gopbamsylygyň galmazdy».

1363. Abul Atahyýanyň sözleri*:

«Käşki, ötenlerden sorap bilsedim,
Ýagşylaň azalyp, boşlaň galjagyn.
Bu zamanaň ili öwrendi kemsiz,
Şalaň şöhratparazlygyn, açlygyn».

1364. Çarwalaryň birinden «Hökümdaryň huzuryna gitmeýärmiň?» diýlip soralanda, ol: «Meniň mertebäm bu gatnaşygy götererden ejiz geler öýdüp gorkýaryn» diýipdir.

1365. Apbas ibn Ahnafyň sözleri*: «Ulumsylygyny ýüzüne çykarýan adam, özüňe gara, ýakymsyz ys erbetdir.

Eger adamlar öz içindäki zatlar hakda pikir edip, oýlansalar, ne ýaş ýigit, ne-de garry ulumsylyk ederdi. Adamda ýekeje hormatly zat – kelle bar. Ýöne bäş sany ýaramaz zadyň hasaby bar. Sümük akýan burun, porsy ysly gulak, ýaşaryp duran göz, gyllyk akýan agyz. Eý, gumdan ýaradylan, ertir seni gum iýer. Tekepbirligiňi bes et, sen toprak üçin iýgi hem içgisiň.

1366. Başga biriniň sözleri: «Dostlaryny zyýana goýup, baýlyk-wezipa ýeten adam ynsan däldir. Ak ýürek adamlar soltandan alan peşgeşini hak dostlaryna siňdirip, abraýa ýeter».

1367. Abul Atahyýanyň sözleri*: «Dostlarynyň arasynda, özüniň baýlygyna magtanýan adam, abraýyna gara ýöňkär. Kimseler baýlyk bilen öwünmek islese, men adamkärçilik bilen sabyrlylygy iň zerur baýlyk saýýaryn. Garyplar baý bolmakdan dowla düşmeýärler. Baýlar bolsa, garyp düşerin öýdüp, gorkuda ýaşaýar».

1368. «Paýhas saňa haçan täsir edip başlady?» diýip, Gippokratdan soranlarynda, ol: «Nebsimi kemsidip başlanymdan soň» diýip, jogap beripdir.

1369. Başga biriniň sözleri*: «Her kimiň eli bilen gazanany, öz barmagyna tylla ýüzük bolar. Adam käteler kösener, käteler işi şow bolar. Akmaklaryň we süpükleriň seni oýnamazlygy üçin sen pespälligi ynsabyňa galkan et».

1370. Fazl Rakaşynyň sözleri*: «Adamlary sylaýan, olara eziz görüner. Il-güni hormatlaýan adamy söýerler.

1371. Abdylla ibn Muhammet Teýminiň Fazl ibn Sehl hakda aýdan sözleri*: «Ýagşy adamlaryň abraýyny Alla belende göterende, olar pälini pes tutar. Her bir äpet zat bolsa, Hudaýyň ýanynda pesdir».

1372. Lepbadynyň sözleri*: «Ili äsgermezlik etmeseň, olara ýumşak görünersiň. Sylasaň sylanarsyň. Hormatyň bilen ýagşylyk edýänleriň gadyryny bil. Başarsaň, olara kömek hem et».

1373. Bekr ibn Abdyllanyň aýdany: «Özüňden beýigi göreňde: «Bu yslam we iş babatda menden öňde, ol menden has ýagşydyr» diý. Özüňden pesi göreňde: «Günäli ýa ýazykly bolmakda, men ondan öňdedirin. Ol menden has ýagşydyr» diý. Çünki, sen özüňden uly ýa-da peslerden başga kişini görmeýärsiň».

1374. Sagyt ibn Humaýdyň sözleri*: «Ata-babalaryňy ýatlap, magtanmagyňy bes et. Biziň ählimiz Adam ata bilen How eneden gözbaş alýarys. Buýsanmak isleseň, şu dört zada eýe bol: Takwalyk, haram işden saklanmak, ýagşy edep we akyllylyk. Bu dört zat bilen sen mertebäniň we öwginiň örküjine çykarsyň».

1375. Mutarryf ibn Abdylla ibn Şyhhyr bir gezek möhüm iş bilen gelen Muhellep ibn Abu Sufra seredip: «Bu kim?» diýip sorapdyr. Ol «Sen nä meni tanaňokmy?» diýende, «ýok» diýip, jogap beripdir. Ol «Men Muhellep ibn Abu Sufra» diýende, ol «Hä, indi bildim. Elbetde seni tanaýaryn. Aslyň seň dökülen damja, ahyryň porsy maslyk, aralygy bolsa poh üçin gap-göwre» diýipdir.

1376. Abu Bekr Syddykda hem şunuň ýaly goşgy bar*: «Owal başy damja we ahyry maslyk bolýan adam nämesine buýsanýarka? Ertirki gün magşar olary özüne çekende, iň buýsançly başlar takwalarda bolar».

1377. Bir gezek kuraýşlylar aşa öwünipdirler. Olaryň arasynda Selman Parsy hem oturan ekeni. Ol: «Ýöne men-ä hapa damjadan ýaradyldym. Ertir bolsa porsy maslyga öwrülerin. Kyýamat güni eden işlerim terezide ölçeler. Ýagşymy ýa-da bihepbeligim şonda belli bolar» diýipdir.

1378. Abdylla ibn Mesgudyň aýdany: «Beýik hem bolsa, pälini pes tutýan, başarýan hem bolsa, özüni saklaýan, güýji ýetse-de, ynsap edýän adam iň oňat adamdyr».

1379. Üç zat özüňe bolan söýgini döredýär. Olar: dindarlyk, pespällik we sahawatlylyk.

1380. Isa ibn Abu Japaryň aýdany: «Bir gezek Pygamberiň metjidinde Ybraýym ibn Muhammediň ýanynda otyrdym. Birdenkä, owadan ýüzli, akyl-huşy zyýada bir ýaş ýigit öňümizi kesip geçdi. Ol öwünjeňlere degirmejek bolup, donunyny ýokary çekýärdi. Ybraýym menden bu oglanyň kimdigini sorady. Men onuň öz garyndaşlarymdandygyny aýdanymdan soň, ol ýylgyrdy-da:

«Aslyny uzaldyber. Eger ene-atasynyň asyl-abraýy gysga bolsa, ony çekip süýndürseň-de, bähbit bolmaz» diýdi.

## ALTMYŞ ÝEDINJI BÖLÜM

## GALMAGALDAN GAÝRA DURMAK WE ASUDALYGY ISLEMEK

1381. Pygamberiň aýdany: «Adamlardan salamat bolmagy we adamlaryň hem özünden sag-salamat bolmagy üçin öýünden çykman oturan adam, Hudaýyň rehmetine mynasypdyr».

1382. Ukba ibn Amyr Juheniniň aýdany: «Pygamber bilen gabatlaşamda ol maňa: «Eý, Ukba, diliňi sakla, säwlikleriňe agla. Şonda öýüň giňän ýaly bolar» diýdi.

1383. Şurahbil ibn Symt gorkak, öýünden çykman oturan we adamlardan üzňe gezýän ekeni. Oňa bu ýagdaýyny ýatladanlarynda: «Duýman durkam dinimi zaýalaryn öýdüp gorkýaryn» diýipdir.

1384. Arzamynyň sözleri*: «Uzak hem bolsa, asuda ýoly saýla. Seni ökünje goýjak işlere gabak galdyrma».

1385. Salyh ibn Abdylkuddusyň sözleri*: «Ertir we agşam şapaklarynda şärigi bolmadyk Hudaýa şükür! Başardygyňça adamlardan çetleş. Dostlugy gorkuly adama bil baglama».

1386. Abdylla ibn Mübäregiň sözleri*: «Eger ýyrtyjylara goňşy bolup otursam, hiç kimden görmeýänimizi şondan göreris. Ýyrtyjy öz sürenine tarap ýola düşer. Emma, betpäl adam eger-eger düz ýola girmez».

1387. Muhammet ibn Ýusubyň aýdany: «Bir gezek Sewriniň ýanyna baryp: «Men Şama ugramakçy, näme maslahat berýäň?» diýdim. Ol: «Eger ähli tanyşlaryňy inkär etmäni başarsaň, şony ýerine ýetir. Eger ýüz sany dostdan bähbit görýän bolsaň, hatda olar tutuşlygyna saňa yhlas etseler hem olaryň togsan dokuzysyny taşla. Galan ýekejesine hem ähli ynamyňy baglama. Şonda işiň şow alar» diýdi.

Eý, Muhammet, Allatagala öz pygamberi Muhammede wahyý inderip, şeýle diýdi: «Adam atanyň iki oglundan soň kim dostuna içigaralyk etse, nähili güne düşer öýdýärsiň? Olaryň biri ýoldaşyny öldürdi».

1388. Käbir şahyrlardan*: «Öýüň çüňkünde atkeçe ýaly basyrnyp ýat. Ýalňyzlygyňa kaýyl bol. Seniň betbagtlygyň aldawçy tamakinlige galkan bolsun. Şeýtseň, sen bu günüňden yza dolanmarsyň».

1389. Ýoldaşlarynyň käbiri Sufýan Sewriden ýagşy öwüt bermegini haýyş edipdir. Ol: «Adamlardan häzir bol. Olar akylyňy ogurlap giderler» diýipdir.

1390. «Sufýanyň öýi nirededi?» diýip, Hafs ibn Attapdan sorapdyrlar. Ol «Onuň öýi bardyram öýdemzokdyk» diýip, jogap beripdir.

1391. Fuzaýlyň aýdany: «Salamaty gözlän, melamata (käýinje) duçar bolar».

1392. Medinä oňşuksyzlyk düşende, Urwa ibn Zübeýr ilden çetleşip, gyrada, özbaşyna jaý gurupdyr. Doganlary onuň ýanyna gelip, käýemäge başlapdyrlar. Şonda ol «Siziň diliňiz ýalan, ýüregiňiz ýaman, gulagyňyz gepçi, çynyňyz oýun. Şonuň üçin meni bela-betere tirkärsiňiz öýdüp gorkýaryn» diýipdir.

1393. Mekhul Şamynyň aýdany: «Abraý-hormat jemagatda, asuda-salamatlyk ýekelikdedir».

1394. Wehp ibn Münepbihiň aýdany: «Adamlardan çetleşmek namysyňa gorag, adamkärçiligiňe ömür, mätäçligiňe örtgi bolar».

1395. Muny maňa Kazy Abu Abdylla Ahmet ibn Yshak Nuhawendi Basradakam gürrüň berdi. Oňa bolsa Abulkasym Abdyjepbar ibn Şirzan Abdy gürrüň beripdir. Ol bolsa Abu Muhammet Sehl ibn Abdylla Tustarydan eşidipdir: «Adamlardan çetleşmek namysyňy aýawly saklar, beýikligiňi özüňde goýar, mätäçligiň üstüni örter».

## ALTMYŞ SEKIZINJI BÖLÜM

# GÖRIPLIK

1396. Pygamberiň aýdany: «Göriplik etmekden saklanyň. Oduň gury agajy iýişi ýaly, ol hem ähli ýagşylygyňy iýýändir».

1397. Ahnaf ibn Kaýs şu sözleri köp aýdardy:

— Göribiň rahatlygy ýok;

— ýalançynyň adamkärçiligi ýok;

— sussypesiň dosty ýok;

— bahylyň hilesi ýok;

— patyşanyň wepasy ýok;

— gylygy ýamanyň häkimlige ukyby ýok.

1398. Wehbiň aýdany: «Göriplik jennetde Hudaýa edilen ilkinji günä işdir [Iblisiň Adam ata göripligi]. Göriplik zeminiň üstünde hem Hudaýa edilen ilkinji günä işdir [Adam atanyň oglunyň doganyna göripligi we ony öldürmegi].

1399. Wehbiň aýdany: «Göribiň üç alamaty bar: görse biynjalyk bolar, gitseň gybat eder, seniň heläkçiligiňe begener».

1400. Abul Atahyýanyň sözleri*: «Göriplikden başga ähli duşmançylygy aradan aýryp bolar. Göriplik ýürekde mäkäm ornaýan dertdir. Ony hiç bir zat hiç haçan bejerip bilmez».

1401. Pygamberiň aýdany: «Üç sany zatdan hiç kim halas bolup bilmez:

— ýaramaz yrymdan;

— betgümanlykdan;
— göriplikden.

Eger terse ýorsaň, yzyňa gaýtma. Betgüman bolsaň, ol niýetiňi ýerine ýetirme. Göriplik etseň-de, oňa ýamanlyk etme».

1402. Şagbynyň aýdany: «Göribiň ýüregi hiç kim üçin päkize däldir. Onuň söýgüsine hergiz ynanma. Göribiň dili ýüreginiň tersine gürlär».

1403. Hasan Basrynyň aýdany: «Ynsanyň göripligi demriň ýüzündäki pos ýaly. Pos demri gutarýança iýer. Şonuň ýaly göriplik hem öz eýesini keselleder we heläk eder. Göriplik edilýän bolsa, bagtly ýaşar, hat-da ol bu zatlardan gapyldyram welin…».

1404. Abu Temmam Taýynyň sözleri*: «Hudaý biriniň abraýyny galdyrmak islese, şol hakda gürlemäge göribiň diline erk berer».

1405. Abu Bekr Arzanynyň sözleri*: «Edepli adamy göriplik bilen garşylarlar. Ýöne olaryň sögünji barybir oňa täsir etmez».

1406. Ibn Seýýaryň sözleri*: «Maňa göriplik etseler, men olary ýazgarmaryn. Sebäbi menden akylly adamlara-da göriplik edilipdir. Adamlaryň köpüsi göriplikden ýaňa gahar edip, öz janlaryny heläk edýär».

1407. Abdylla ibn Mugtazyň sözleri*: «Eger maňa göriplik edýän bolsalar, diýmek, men asylly we edeplidirin. Sebäbi diňe şeýle adamlara göriplik edilýär».

1408. Başga biriniň sözleri*: «Oda ýakyp görmeseň, şaha özüniň oňatlygy hakda dil ýarmaýar. Tä göribiň biri ondaky häsiýetleri äşgär edýänçä, adamyň mertebesi we gadyry bilinmeýär».

1409. Abdylla ibn Muhammediň sözleri*: «Meniň häsiýetlerime göriplik edýän adamlar örän köp. Eý, Hudaýym

ýagşy işlerime göripleri köpeldewer. Çünki olar meniň aýyp we kem ýerimi tapyp, üstümden gülýärler. Şeýdibem kemçiligimi ýatladyp, kämil ýola salýarlar».

1410. Kagbul Ahbaryň aýdany: «Göriplik bir ýagdaýda adalatly we jepalydyr. Onuň adalatly tarapy, öz eýesini derde batyryp, gamdan halas etmeýär. Jepaly tarapy, Hudaýyň öz halkyna paýlap beren zadyndan razy bolmaýar. «*Bagtyýar oýanýan adama göriplik ederler. Şeýdip göripler dirikä özlerine zyýan, ruhlaryna azap bererler».

1411. Dygbyl ibn Aly Huzagynyň sözleri*: «Göriplik edilmän ýaşaýan günüm ýaşadyk däldir. Diňe ylym, mylaýymlyk, edep we sahylyk babatda artykmaç bolan adamlara göriplik edilýär».

1412. Ybraýym ibn Şekläniň sözleri*: «Diňe, ahlagy we akyly özüniň bezegi bolan adamlara göriplik edilýär».

1413. Mugawyýa bilen öz arasyndaky dartgynlylygyň möwjän günlerinde, möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp: «Bulary meniň bilen söweşmeklige iterýän zat, kitap we şerigat (kanun) dawasy däl-de, ýüreklerine ornan göriplikdir. Yslam dininde meniň ondan öňürden ýerlerim bar. Resulallanyň ýanyndaky mertebäm, Allanyň bagyşlan ylmy, bularyň ählisi olaryň göripligini gozgaýan bolmaly» diýipdir. Şonda Huzeýme: «Eý, möminleriň emiri, Allanyň nygmatyny görüp, kimdir birine göriplik etmek, özüňe ýamanlyk etmekdir. Din bilen dünýäden beýik mertebäň, ahlagyň barlygyny bilip, gazap we kine oduna çürşüp galjak olary göz öňüne getir. Kim Hudaýyň kysmatyna kaýyl bolmasa, Alla ony öz hilesine çolaşdyrar» diýipdir.

1414. Muhammet ibn Ýahýanyň aýdan sözleri: «Bir gezek Abulapbas Abdylla ibn Mugtazyň ýanynda otyrdyk. Biz oňa ýöňkelýän galp sözler hakda ýatlatdyk. Abulapbas uludan demini alyp: «Meniň özüm-ä iliň aýbyny açmakdan ätiýaç

edýärin. Ýöne, ýaňky ýaly öli zatlardan goranmadan hem ejiz gelýärin. Şöhrat şahalary depämde saýa salyp, köki alyslara uzansoň, göriplerim göwün sözini diýip ýör. Emma, belent häsiýetli adamlar bir zady başarmalydyr. Kim-de kim ýagşy zat, haýyrly zat sözlese: «Sen hak aýdýaň» diýmelidir. Ters, ýaman gep sözlese: «Sen nädogry, galat gürleýäň» diýmäni hem başarmalydyr» diýdi..

1415. Senuberiniň sözleri*: «Eý, meniň nogsanlygymy hasaplap, olary ýazgarýan görip. Isledigiňçe diý. Göribiň aýyplamasy öwgidir. Ömrümiň dowamynda göripsiz geçiren günüm ýok. Ýitgileriň ulusy, göribiňi ýitirmekdir. Men neçün göribe alkyş aýtmaýyn?! Ol, Hudaýyň maňa nygmat berenliginiň alamaty (nyşany) ahyry».

1416. Başga biriniň sözleri*: «Seni söýüp-sylaýanlaryň köpüsi özge ýerde otyr. Içi ahmyrdan doly käbir kişiler bolsa, öýüňe geler-gider. Betniýet adam nirä barsa-da harampäldir. Olardan arassa mähri hantama bolmagyn».

1417. Käbir adamlaryň sözleri*: «Saňa eden ýamanlygymyz hakda hernäçe kelle döwsem-de, beýle bet işi göz öňüne getirip bilmedim. Bu diňe seniň doga göripdigiň zerarly şeýle bolýar».

1418. Mansur Sufýan ibn Mugawyýa Mühellebiden: «Neçün adamlar siziň kowumyňyza dil ýetiräýesi gelip dur?» diýip soranda, ol: «Beýikleriň elmydama göribi bar. Heý-de ejizlere pisint eden adamyny gördüňmi?» diýipdir..

1419. «Musulman adam öz doganyna göriplik edermi?» diýip, Hasandan sorapdyrlar. Ol: «Sen nä doganlarynyň Ýusuba nämeler edendigini unutdyňmy?» diýipdir.

1420. Pygamberiň aýdany: «Şeýtan ynsan ogullarynyň ählisiniň kalbyna göriplik tagnasyny salar. Siz ony özüňizde hökman duýarsyňyz. Eger öz ýüregiňizde göripligiň bardygyny

bilseňiz, ony gizlin saklaň, ile bildirmäň. Ony diliň ýa-da eliň bilen ýüze çykarmasaň, ol hiç kime zyýan bermez».

1421. Kaýs ibn Züheýr bir gün Rabyg ibn Zyýadyň ýanyndan ötüp barýarka, olaryň baý, gurply we köp sanlydygyny görüp gamlanypdyr. Olardan biri: «Gören zadyň göwnüňe ýaramady öýdýän?» diýipdir. Kaýs: «Sen ony bilmersiň, men bu ýerdäki nogsanlykdan gorkýaryn. Nygmat bolçulygyna elmydama göriplik edilýär» diýipdir.

1422 Ibn Siriniň aýdany: «Men hiç kime göriplik etmedim. Eger ol dowzaha düşýän bolsa, oňa biderek ýere göriplik edip men hem dowzaha düşeýinmi? Oňa şol hem ýeterlik bolar. Eger ol jennete düşýän bolsa, oňa näme üçin göriplik edeýin. Hudaýyň taýynlap goýan zatlary hem ýeterlik bolar».

## ALTMYŞ DOKUZYNJY BÖLÜM

# GYBAT WE IÇIGARALYK

1423. Pygamberiň aýdany: «Kyýamat güni adamyň eline, etmedik ýagşylyklary ýazylan sahypa berler. Ol «Eý, Hudaý, bular maňa nireden geldi?» diýip soranda, ol «Bu adamlaryň sen hakda eden gybaty, ýöne sen ony bileňok» diýer.

1424. Enesiň aýdany: «Gybat edeniň orazasy bozular».

1425. «Gybat täretiňi bozarmy?» diýip, Mujahytdan soralanda, ol «Hawa, sogabyny hem kemelder» diýipdir.

1426. Bir adam Ibn Siriniň ýanyna gelip «Sen hakda gybat etdim welin, şony maňa halal etsene» diýipdir. Ol: «Hudaýyň haram eden zadyny halal etmäge hakym ýokdur» diýip, jogap beripdir.

1427. Asmagynyň aýdany: «Çarwa arabyň biri dostlarynyň üstünden düşüp, gybat edip oturan adamlaryň ýanyna barypdyr. Ol: «Eý adamlar! Bu ýalan gürrüňi goýuň, ol şu ýerde häzir bolsa-dy, derrew ony öwüp başlardyňyz» diýipdir.

1428. Dygbylyň sözleri*: «Mertebämi görip bilmeýän adam-a, gybatymy edýär. Ýagşylar bolsa, eşidendikleri üçin alkyş aýdýar. Göripleriň käbiri, gabat gelemde, ýüzüme gülüp bakýar, gözden ýitdigim, içýan bolup çakýar. Zeminiň ýüzi göriplerden şeýle bir dolupdyr, indi dünýä hem şolardan ýaňa dar görünýär».

1429. Başga biriniň sözleri*: «Günde ýüz öwüsýän käbir adamlar bar. Olar öwütçimi, göripmi, aňlar ýaly bolmady. Men bulara şeýle bir haýran galýaryn: Bir eli bilen aýagyňdan aslyşsa, beýleki eli bilen başyňy sypap dur. Bularyň yanynda arkamy alsa, olaryň ýanynda, ýere çalyp dur. Eý, adamlar, aralary asmandan uzak bolan bu iki gylyga birlikde ýapyşmaň!».

1430. Abdylla ibn Mübäregiň aýdany: «Biri hakda gybat etmeli bolsa, atam hakda ederdim. Sebäbi ol ýagşylyk edenime degýän adam».

1431. Abdylla ibn Tahyryň sözleri*: «Özgeden aýyp tapsaň, öz nogsanyň hem açylar. Ilden gizläp ýören aýbyňy illere aýdarlar. Adamlarda ýok zady olara ýöňkemek, Hudaýyň we iliň öňünde uly günädir. Bir akyldaryň aýdan sözüni diňle, ol parasatly söz synalan zatdyr: Adamlar hakda söz açsaň, olaryň aýbyny aýtma. Seniň üçin öz aýbyňdan uly nogsan bolmasyn. Olaryň aýbyny gözläp başlasaň, aýbyny taparsyň, ýöne öz aýbyň olaryňkydan has köpdür».

1432. Ibn Apbasyň rowaýaty: «Allatagala Musa pygambere: «Eý Musa, soňky deminde gybatyna toba edip ýogalan adam, iň soňky bolup jennete girer. Gybat edip ýogalan adam, ilkinji bolup dowzaha girer» diýipdir.

1433. Abdylla ibn Mübärekden gybat hakda soralypdyr. Ol: «Ýüzüne aýdyp bilmejek zadyňy, ýeňsesinden gürlemek» diýip, jogap beripdir.

1434. Iki sany hristian tebibi Ibn Sirininiň ýanyna barypdyr. Olaryň biri daşary çykanda, Ibn Sirin beýleki tebibe bakyp: «Eger gybat hasaplamasaňyz, haýsyňyz ökde diýip soraýjakdym?!» diýipdir.

1435. Pygamberiň aýdany: «Öz ýanynda gybaty edilen musulman doganyny başardygyça goldan adamy Hudaý iki

dünýäde hem goldar. Pisint etmän, üstünden düşýäni bolsa, Hudaý iki dünýäde hem kösençlige duçar eder».

1436. Omar ibn Abdyleziziň aýdany: «Özüňe ýamanlyk eden adamynyň ýamanlygynyň mukdaryna görä sögmäge rugsat berilýär. Emma artykmaç sögseň, onuň üçin sogap, saňa bolsa günädir».

1437. Hatyn Asammyň aýdany: «Ýalançy – dowzahyň iti, görip – dowzahyň doňuzy, gybatçy we gepçi — dowzahyň maýmynydyr!».

1438. Sufýanyň aýdany: «Iýas ibn Mugawyýanyň ýanyndadym. Gapdalymdan bir adam geçip gitdi welin, men ondan bir zat soradym. Ol: «Dymyp otyr» diýdi. Soňra: «Eý, Sufýan, rumlylar bilen bolan söweşe gatnaşdyňmy? Türkler bilen söweşip gördüňmi?» diýdi. Men: «Ýok» diýdim. Ol: «Görýäňmi, duşmanlaryň senden sag-salamat, musulman doganyňa bolsa ezýet berýärsiň» diýdi. Gaýdyp şeýle hereket etmedim.

1439. Wehp ibn Münepbihiň aýdany: «Gepi-gybaty adamlaryň agzynda sakgyç bolýança, adam mertebeli bolup bilmez»

1440. Ibn Mesgudyň aýdany: «Gybat-azgyn karylaryň iýmişi, bozuklaryň meýlisi, patyşalaryň bossany, aýallaryň örüsi, itpisint adamlaryň iýmiti, takwalaryň zir-zibilidir».

1441. Pygamberiň aýdany: «Adamlaryň etini iýýäniň (gybatyny edýäniň) orazasy kabul bolmaz».

1442. Mekhulyň aýdany: «Gybatyň ähli ýagşylygyňy iýişi, oduň pagta übtügini köýdürişinden hem çaltdyr».

1443. Sagyt ibn Jubeýriň aýdany*: «Hudaý hiç bir zady ýadyndan çykarmaýar. Ýöne onuň ähli işiniň sogabyny adamlara eden gybaty köýdüripdir».

1444. Pygamberiň aýdany: «Bu dünýäde adamlaryň etini diriligine iýýän adamlar, dowzahda porsy maslyk bilen bakylar».

1445. Pygamberiň aýdany: «Kim musulmanyň aýbyny örtse, Hudaý hem onuň aýbyny gizlär. Musulmandan aýyp tapan, tä özi hem şoňa duçar bolýança, dünýäden gitmez».

1446. Isa Mesihiň aýdany: «Adamlaryň aýbyna hojaýynlar ýaly seretmän, bendeler ýaly öz aýbyňyzy gözläň. Doganynyň gözünde gara görýän adam, öz gözüniň [gara]görejini görüp bilýän däldir».

1447. Bir adam Iýas ibn Mugawyýa şeýle diýipdir: «Men aýby köp bir adamyny bilýärin. Aýby köp diýýänimiň sebäbi, ol elmydama özgeleriň aýbyny ýatlaýar. Şeýtmek bilen öz aýbyny örterin öýdýär».

1448. Abul Atahyýanyň sözleri*: «Adamlaryň ählisi özgaň aýbyny görmäge zor, özüne gezek gelende kör. Öz aýbyny örtüp, özgeleriňkini paş edýän kişiden haýyr bolmaz».

1449. Asmagynyň aýdany: «Abraýly adamlaryň meýlisinde, bir kişi beýlekini ýamanlapdyr. «Sen özgeleriň aýbyny ýaýmak bilen, öz aýbyň köpligini bildirdiň. Sebäbi, adamyň özünde häçe mukdar aýyp bar bolsa, ol özgelere-de şonça aýyp ýöňkeýär» diýip, ýaşuly dillenipdir.

1450. Ýahýa ibn Eksemiň sözleri: «Hudaýa şirk[1] ýetirmekden soňky iň uly aýyp – öz nogsanlygyňy bilmezlikdir».

1451. Käbir hekimleriň aýdany: «Biriniň aýbyny açsaň, şonuň ýaly nogsanyň özüňde döremeginden häzir bol».

1452. Huraýmynyň sözleri: «Özi nogsanly bolup, özgeleriň arkasyndan gybat edýän adamlaryň ýüreklidigine haýran galýaryn».

---

[1] Hudaýa şirk ýetirmek – ony şärikli hasap etmek, ýeke hasap etmezlik

1453. Başga biriniň sözleri*: «Adamyň eden işini ýazgarmajak bol. Seniň özüňem olardan üýtgeşik dälsiň. Kim özgäň aýbyny ýatlap, özüniňkini örtýän bolsa, onuň akylyna zeper ýetendir».

1454. Hasanyň aýdany: «Özünde aýyp barka, iliň aýbyny ýaýyp ýören adam, tä bu pişesini goýup, öz aýbyny düzeldýänçä, imanyň hakykatyny duýmaz».

1455. Abu Zueýbiň sözleri*: «Ol biriniň öz aýbyna gözi düşmez. Özgäň aýbyna nazary kaklyşdygy sypdyrmaz. Adam öz aýbyny bilen çagy, özgelerden nogsan gözlemekden batyl galýar».

1456. Rabyg ibn Huseými bir gezek Abdylla ibn Mesgudyň ýanyna giripdir. Abdylla oňa: «Eý, Abu Huseým, adamlary nähili görýärsiň?» diýende, ol: «Eý, Abu Abdyrahman, adamlar öz günäleri üçin arkaýyn, özgeleriň günäsinden bolsa gorkýarlar. Illeriň ýamanlyklaryny görýärler, özleriniňkä bolsa gözlerini ýumýarlar. Sen hem ilki özüňe gara, şonda özgelere meşgul bolmaga eliň ýetmez» diýdi.

1457. Halyt ibn Welit bilen Sagt ibn Abu Wakgasyň arasynda dawa-söz bardy. Bir adam Sagdyň öýünde-kä, bu sözi Halyt ibn Welide aýtdy. Ol: «Diliňi sakla, biziň aramyzda näme bar bolsa, ol hiç haçan dinimize zeper ýetirenok» diýipdir.

1458. Muny maňa Basradakam Kazy Abu Abdylla Nuhawendi gürrüň berdi. Abu Asymyň sozi: «Iliň donundan çekseň, iller seniň donuňdan aslyşar, ýagny ilden aýyp gözleseň, olar hem senden aýyp tapar».

1459. «Gybat näme?» diýlip, pygamberden soralanda, ol: «Onuň halamaýan zady bilen doganyňy ýatlamak» diýipdir. «Eý, Pygamber, eger meniň aýdýan häsiýetlerim şonda bar bolsa näme?» diýende, Pygamber: «Eger ol şonda bar bolsa,

oňa gybat diýilýär. Eger onda ýok zady aýtsaň, onda ol töhmet bolýar» diýipdir.

1460. Pygamberiň aýdany: «Bu dünýäde adamlaryň etini diriligine iýýän adamlar, dowzahda porsy maslyk bilen bakylar».

## ÝETMIŞINJI BÖLÜM

## ÝARANJAŇLYK WE IKIÝÜZLÜLIK

1461. Pygamberiň aýdany: «Bu dünýäde iki ýüzi bolan adamyň kyýamat güni iki sany otdan dili bolar».

1462. Pygamberiň aýdany: «Kyýamat güni ýagdaýy ýaman adamlaryň biri hem ikiýüzlülerdir».

1463. Abu Nagymyň aýdany: «Osman ibn Abu Desaryň nähili adamlygy hakda Şerik menden sorady. Men: «Ol dostuna we duşmanyna birmeňzeş garaýar» diýdim. Ol: «Ol-a ikiýüzlüleriň işidir. Ýa duşmandygyň anyk bolsun, ýa-da dostdugyň dogry bolsun» diýdi.

1464. Attabynyň sözleri*: «Mynapyklygy ony oňarýanlara goý. Sen biliňi bek guşa we ýola düş. Ýeke özüň ýöräber, şonda sen ýa-ha anyk duşmanyňy, ýa-da arassa dostuňy görersiň».

1465. Abu Hiffanyň sözleri*: «Indi duşmanlar dost lybasyna bürenip, ýola çykýarlar. Olarda hem açyk, hem tutuk ýüz bar. Bu ýüzüň iki tarapy bolup, onuň daşy agaň ogly ýaly ýakymly, aňyrky tarapy bolsa garry zynakeşiň ogly ýaly kineli. Olar bir gün begendirer, beýleki gün bolsa ahmyra goýar. Ýolda sataşanyň her biri şoňa döndi».

1466. Huraýmy Abu Yshagyň sözleri*: «Pes adamlara ýoldaş bolmakdan ätiýaç et! Olar şelaýyn söz bilen dostlarynyň ýanyna barar. Olar saňa kömek edişleri ýaly, seniň garşyňa-da

iş edýändirler. Iki ýüzli hilegärleriň mekirliginden ujyz sypýan ýokdur».

1467. Möminleriň emiri şeýle diýipdir: «Birini halaýan bolsam, ony aýdyp bilemok. Birini ýigrensem, ony gizläp bilemok».

1468. Awn ibn Abdyllanyň aýdany: «Ikiýüzli adam, illeriň howlusyna zyňylan agaç gyryndysy ýalydyr. Ondan ne gapy, ne galam, ne terezi ýasap bolýar. Ony diňe oda ýakaýmak galýar. Ikiýüzlüleri hem dowzah oduna oklaýmak galýar».

1469. Mälik ibn Dinaryň aýdany: «Möminler – bir-birege maslahat bererler, kömek ederler, goldarlar, raýdaş bolarlar. Ikiýüzlüler – ýalan sözlärler, ara bozarlar, bir-biregi kösäp gezerler».

1470. Pygamberiň aýdany: «Ikiýüzli adam hiç kime maslahat bermez we hiç kimi söýmez».

1471. Mälik ibn Dinaryň aýdany: «Ikiýüzli adam gözüne eýelik eder. Islän wagty gözýaş döküp biler».

1472. Mugaz ibn Hebeşiň aýdany: «Ikiýüzli adam ýaman iş eder, ýa-da ýaman iş edýäne kömek eder, ýa-da ony söýer, ýa bolmasa onuň işinden razy bolar. Ahyry özi hem ýamanlyga sataşar».

1473. Muny maňa Aly ibn Zekgar gürrüň berdi. Oňa Ahmet ibn Hüseýin Temimi, oňa Ibn Dureýt, oňa Abu Hatam Sijistany, oňa Utby gürrüň beripdir: «Çarwa arabyň biri: «Bu dünýäde ýüzi iki bolan adamyň Hudaýyň ýanynda ýüzi ýokdur» diýipdir.

## ÝETMIŞ BIRINJI BÖLÜM

## ARABOZARLYK WE GEP GEZDIRMEK

1474. Pygamberiň aýdany: «Arabozar jennete girmez».

1475. Pygamberiň aýdany: «Hudaýyň iň erbet bendeleri gep gezdirip ara bozýanlar, aşyklary aýra salýanlardyr».

1476. Dawut pygamberiň aýdany: «Eý, oglum! Hergiz gep gezdirmegin, ol gylyçdan hem ýitidir».

1477. Lukman Hekimiň aýdany: «Jadygöýüň bir aýda bozup bilmeýänini, arabozar bir günde ýumrup taşlaýar».

1478. Anuşirwanyň aýdany: «Söwdasy gep gezdirmek bolanyň, girdejisi garyplyk bolar».

1479. Bir adam Abdylmälik ibn Merwanyň ýanyna gelip, käbir goňşularynyň üstünden gep aýdypdyr, olary ýamanlapdyr. Abdylmälik oňa garap «Eger aýdýanyň dogry bolsa, seni ýigreneris. Aýdýanyň ýalňyş bolsa, temmi bereris» diýipdir. Ol adam: «Beýle bolsa gitmäge rugsat beriň» diýipdir. «Bar, rugsat berdim» diýip, Abdylmälik ony ugradypdyr.

1480. Bir adam Sahyp Ysmaýyl ibn Apbada hat ýazypdyr. «Besmeleden» soňra: «Pylany jöhit ýogaldy. Yzynda ýüz müň dinary we bir gyzy galdy. Başga mirasdüşeri ýok» diýipdir. Sahyp onuň arkasyna goluny çekip: «Baýlygyň ýarpysy gyzyna, eger bar bolsa, galan ýarpysy agtyklaryna berilsin. Şeýdip gep gezdirýäne bolsa, Hudaýyň näleti bolsun!» diýip ýazypdyr.

1481. Abdylla ibn Tahyryň sözleri: «Saňa özge biriniň gepini getirýän adamyň özi gepçidir. Käýinç ilki gepleýäne däl-de, gep getirýäne berilmelidir».

1482. Bir gezek Utba: «Ýezit ibn Hişam saňa şeýle-şeýle diýýär, arzyňy soltana ýetirseň bolmadymy?» diýipdirler. Ol: «Men onuň ýaly gepçi däl hem-de özgeleriň gepi üçin ýüregime ot salamok» diýipdir.

1483. Pygamberiň aýdany: «Zynadan bolan adam ýa-da şoňa galtaşygy bolan adam gep gezdirip, ara bozar».

1484. Ahmet ibn Mihran Kätibiň sözleri*: «Bu habary Hamda ýetiriň. Şugullar derwezäni ýassanyp, ol ýerden bir pursat hem aýrylmaýar. Atalarymyzyň pendini unutmaň: «Saňa gep getiren, seniň hem gepiňi edýändir».

1485. Pygamberiň aýdany: «Üç kişini gep bilen öldüren adam kyýamat güni elhenç azaba duçar bolar. Olaryň bir görnüşi öz dostuny ymamyna satýan arabozar adamdyr. Şeýdip, ol özüni, dostuny we ymamyny heläk eder!».

1486. Ahmet ibn Alynyň sözleri*: «Tikenli ýerde guýy gazýan, eý bende, ätlär ýeriňi saýgaryp bas. Gapyl üçin guýy gazyp, oňa özi gaçanlar örän köpdür».

1487. Muhammet ibn Aly Kätip bir gezek Muhammet ibn Halyda hat ýazypdyr. Ol hatynda çarwa araplaryň hukugynyň äsgerilmändigi, elindäki ýerleriniň, mülkleriniň alnanlygy ýazylypdyr. Muhammet onuň arka ýüzüne goluny goýup: «Men bu nähak wakany okadym, Hudaýa şükür, gepçileriň bazary biziň ýanymyzda geçginli däl. Şonuň üçin hem öňki gelýän sagdyn däplerimize eýerip geziberiň» diýipdir.

1488. Muhammet ibn Hazymyň sözleri*: «Getirilen gepe ynam etmegin. Gep– ölüm howply zäherdir. Gepe güp ynanan adam il-günsüz, dost-ýarsyz we hossarsyz galar».

1489. Başga biriniň sözleri: «Gep gezdirýän adamyň päli dostlaryna betbagtlyk getirer we ol öz päliniň ýuwdarhasyna şam bolar».

1490. Bir adam Ibn Hemmam Sejgyny Zyýadyň ýanynda ýamanlapdyr. Zyýat munuň üçin Ibn Hemmama käýäpdir, emma Ibn Hemmam muny inkär edipdir. Zyýat: «Muny maňa ynamdar biri aýtdy» diýende, Ibn Hemmam: «Ynamdar adamlar gep gezdirmeýärler» diýipdir.

1491. Pygamberiň aýdany: «Gepçi, arabozardan ägä boluň. Gep gezdirýän adamlar gabyr azabyndan ýaňa rahatlyk tapyp bilmezler».

1492. Muny maňa Abu Ymran Musa ibn Ymran Temimi gürrüň berdi. Ol Abu Bekr Muhammet ibn Kasym ibn Beşşar Enbarydan, ol Ahmet ibn Ubaýddan, ol Medýynydan eşidipdir.

«Bir adam Abdylmälik ibn Merwanyň ýanyna gelipdir. Adamlar azalansoň, ýaňky gelen adam: «Möminleriň emiri, ikiçäk galyp bolmazmyka?» diýipdir. Abdylmälik ýanyndakylara ýüzlenip: «Eger isleseňiz!» diýipdir. Olar turup gidenden soň, ýaňky ýigit söze başlamanka, Abdylmälik: «Men özümi senden gowy tanaýaryn, meniň ýanyma biriniň gepini getirme. Gep gezdirýän adamlara jenaýatçylaryňkydan artyk jeza berýärin. Şeýle hem ýalan sözleme! Ýalançynyň sözi bolmaz» diýipdir. Muny eşiden ýaňky adam: «Maňa gitmäge rugsat ber» diýipdir. Ol: «Isläniňi et» diýende, ol adam çykyp gaýdypdyr».

## ÝETMIŞ IKINJI BÖLÜM

## DEGIŞME WE ÝASAMA HEREKET ETMEZLIK

1493. Jabyr ibn Semuranyň aýdany: «Pygamberiň dost-ýarlary onuň öňünde oturyp, şygyr okaýardylar, jahylyýet döwründäki işleri ýatlaýardylar we gülýärdiler. Olar gülen wagty Pygamberimiz hem ýylgyrýardy».

1494. Pygamber öz ýoldaşlaryna ahyrýetdäki işler hakda gürrüň berýärdi. Eger olaryň muny diňlemäge ýaltanýandyklaryny bilse, derrew dünýä gürrüňlerine geçerdi.

1495. Enes ibn Mäligiň aýdany: «Pygamberimiz bize ýygy-ýygydan gelerdi. Mende hem Ümmi Süleýmden bolan ogul bardy. Onuň kapasada saklaýan bir Nugaýr[1] guşy bardy welin, ol bir gün ölüpdir. Oglanjyk muňa gynanyp, esli wagtlap ýüzüni sallap gezdi. Pygamber öýe gelende onuň bilen degişýärdi: «Eý, Abu Umaýr, nirä gitdi Nugaýr (nogarjyk)» diýerdi. Ol guş ýadyna düşende, çagajyk ýene aglap başlaýardy».

1496. Äşäniň aýdany: «Bize bir garryja ene ýygy-ýygydan gelýärdi. Pygamber ol enäniň öňünden çykyp, oňa yhsan edýärdi, ony gowy görýärdi. «Bu garry ene bize Hatyja bar wagtyndan bäri gelýär. Gatnaşygyňy ýitirmän, ony dowam etmek hem imanlylykdyr» diýerdi. Bir gün Pygamber:

[1] Nugaýr–serçejik

«Garrylar jennete girenok» diýip aýdanda, ol möňňürip aglamaga başlapdyr. Haçanda ol gözýaşyny artdyranda, Pygamber onuň hakykatdan hem gynanýandygyny duýup: «Buşluk, sebäbi Allatagala sizi el degmedik päkize gyza öwrüp, soňra jennete salar» diýdi.

1497. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp degişgen we gözel gylykly adamdy.

1498. Bir gezek Äşe Pygamberden öňe geçipdir, ol hem yzyndan ýetip, ondan ozupdyr. Ýene bir gezek sapardakalar, Pygamber ondan öňe saýlanypdyr we oňa: «Ine bu öňki gezekdäkä derek» diýipdir.

1499. Ýüzüň ýygralygyny ýazmak üçin, azrak degişmegiň zeleli ýok. Aňyrsynda hakykat ýatan az-kem degişmede hem zyýan ýokdur.

1500. Ibn Siriniň gülküden ýaňa gyllygy akyp gidýän eken.

1501. Halyl ibn Ahmediň aýdany: «Adamlar zyndandaka hem degişýärler».

1502. Her bir zadyň rahatlygy bar. Ruhuň rahatlygy — oýun-degişmedir.

1503. Käbir araplaryň sözleri: «Degişmek– ruhuň iýmitidir».

1504. Welit Dapbynyň sözleri: «Bir gün Misgar ibn Kidamyň huzuryna girdik. Ol namazy käteler uzyn, käteler gysga okap, yzyndan hem bir bent goşgy aýdar eken. Biz ondan: «Sen namazy şeýdip okaýarmyň?» diýip soradyk. Ol: «Käteler şeýle, käteler başgaça okaýaryn. Bu hem ýüregi irizmezligiň bir usuly» diýdi.

1505. Enes bin Mälikden edilýän rowaýata görä: «Ol Mugawyýanyň ýanyna girende, dört aýak bolup duran eken. Arkasynda bolsa körpe ogly otyr. Ol: «Beýdip oturanyňy görseler, iller üstüňden güler» diýende, ol: «Sen nä Pygamberi

eşitmediňmi? Ol: «Kimiň çagasy bar bolsa, onuň göwnüni tapsyn» diýdi» diýipdir. Ol: «Hawa bilýärin» diýende, Mugawyýa: «Şony bilmek ýeterlik ahyry» diýipdir.

1506. Selman Parsynyň aýtmagyna görä: «Men bir gezek Pygamber alaýhyssalamy seždä eglende gördüm. Şol wagt onuň agtyklary Hasan bilen Hüseýin geldi-de, pygamberiň arkasyna mündüler. Pygamber alaýhyssalam tä olar üstünden düşýänçä, seždesini dowam etdi. Olar düşenden soň, pygamber seždesini tamamlady, dikeldi we iki egnine salam berdi. Pygamber alaýhyssalam olara: «Siziň gör nähili gowy düýäňiz bar, siz bolsa gör nähili gowy otyrsyňyz» diýer ekeni.

1507. Musgap ibn Osmanyň aýtmagyna görä, Ýezit ibn Abdylmälik halypaty dolandyranda, halallykda we dindarlykda Omar ibn Abdylmälige meňzemek isläp, keýpi-sapadan, eşretden ýüz öwrüpdir. Bu ýagdaý onuň söýgülisine ýaramandyr. Ol Ahwasyň ýanyna adam iberip, «Oýun-güýmenjäniň rahatlykdygyny» möminleriň emirine ündemegi sorapdyr. Ahwas Ýezidiň ýanyna girip: «Eý, emir, degşip-gülüşmekden ýüz öwren bolsaň, gara daş ýaly gurap galarsyň. Her kimiň göwnüne ýaramasa-da, bu lezzetlerden datmajak bolsaň, ýaşaýşyň manysy nämede?» diýipdir. Ýezit bu sözleri diňläp: «Dogrudan-da, bu lezzetlerden datmajak bolsaň, ýaşaýşyň manysy nämede? Bu lezzetlerden datmajak bolsaň, ýaşaýşyň manysy nämede?» diýip, tä söýgülisiniň ýanyna girýänçä, gaýtalap gidipdir.

1508. Pygamber alaýhyssalam: «Men degişýärin, ýöne ýalan sözlemeýärin» diýdi.

1509. Abu Ubaýdanyň öz ussatlaryndan eşidip aýtmagyna görä, bir gün Akyl ibn Abu Talyp[1] möminleriň emiri Aly ibn Abu Talybyň gapdalyndan geçip gidipdir. Onuň ýanynda bir

[1] Abu Talybyň ogly Aky:l

geçisi-de bar eken. Aly oňa: «Eý Akyl! Üçimizden birimiz samsyk» diýende, ol: «Geçim bilen men-ä samsyk däl» diýip, jogap beripdir.

1510. Muny bize Abu Omar Haşymy gürrüň berdi. Oňa Abu Aly Luwluwwy, oňa Abu Dawut, oňa Wehp ibn Bakyýýa, oňa Halyt, oňa Humaýt, oňa hem Enes gürrüň beripdir: «Bir adam Pygamberiň ýanyna gelip: «Eý, Resulalla, meni göterip, düýä mündürsene» diýende, «Seni düýäň köşegine mündürerin» diýipdir. Ol adam: «Düýäň köşegini men näme edeýin?» diýende, «Ähli düýe düýäň köşegi dälmi näme?» diýip degşipdir.

1511. Muny bize Abu Omar Haşymy gürrüň berdi. Oňa Abu Aly, oňa Ybraýym ibn Mäti, oňa Şerik, oňa Asym, oňa hem Enes gürrüň beripdir: «Pygamber adamlar bilen: «Eý, sen iki gulakly» diýip hem degişer eken».

## ÝETMIŞ ÜÇÜNJI BÖLÜM

## ÝERLIKSIZ DEGIŞME

1512. Her zadyň gözbaşy bolýar. Duşmançylygyň gözbaşy degişmedir, ol soňra möwjär gider. Urşuň başy hem sözdür.

1513. Käbir halypalar bir adama iki iş hödürläp, olaryň birini saýlamagy tabşyrypdyrlar. Ol adam: «Iki işi hem isleýärin, üstesine hurma bolsa-da kem däl» diýipdir. Ol halypa: «Haý, atasy ýitmiş, sen indi meniň ýanymda hem oýun edýärmiň? Ýit ugra, saňa şol ýeke iş hem ýok» diýipdir.

1514. Käbir şahyrlaryň sözleri*: «Degişmek islän bolsaň, päliňden gaýt. Söz ýaraga öwrülip gitmesin. Dostuň degişmesi duşmançylyga açar bolmasyn».

1515. Başga biriniň aýdany*: «Degişmek – hasyl berip duran her bir dostlugyň apatydyr. Degişme zerarly, käteler, dury dostluk hem bulanyberýär».

1516. Käbir alymlaryň aýdany: «Köp degişmäň. Ol adamkärçiligi ýitirer we gursagyňyza bulaşyklyk salar».

1517. Lukmanyň aýdany: «Hormatly adam bilen degişme, ýüreginde kine baglar. Akmak bilen degişme, üstüňe topular».

1518. Bir adam Ibn Sirine bakyp: «Sen nä degişeňok? Pygamber alaýhyssalam hem degişýärdi» diýende, ol: «Pygamber degişende, günäsi ýok zady ýatlap, dogry sözi bilen degişýärdi. Biz näme ony başarýarysmy?» diýipdir.

1519. Edepli adamlaryň käbiri Mamuna şeýle goşgy aýdyp beripdirler*: «Ýigit dili bilen dostlaryna söz oklar, käte günäsi ötülmejek sözleri aýdar. Emma muňa müýnürgemez we «Men ýöne bir degişdim, henek atdym» diýer. Bu zerarly ýürekleri oda salýandygyny ýadyna salmaz. «Degişmäniň uly sögünçdigini» bilmeýänligi üçin ony nadan hasaplaýaryn».

1520. Käbir araplaryň sözleri: «Degişmede büdreseň, ýürekleri öldürip, duşmançylyk böwedini ýazdyrarsyň. Ýylgyryş seni ýakynlaşdyrýanam bolsa, degişme uzaklaşdyrýar».

1521. Pygamberiň aýdany: «Her zadyň öz tohumy bar, duşmançylygyň tohumy degişmedir».

1522. Omar bin Hattabyň aýdany: «Köp degişýän adamy sylamazlar, onuň üstüne sürünerler».

1523. Halyt ibn Safwanyň aýdany: «Degişýän adamyň ýüzi gülýär diýmeseň, onuň sögdügidir».

1524. Käbir adamlaryň sözleri: «Ýerliksiz we çäksiz degişmeden ätiýaçly bol! Süýji degişmelerden zäher damybermesin».

1525. Ibn Kyrriýýäniň aýdany: «Degişmäniň başy şatlyk — ahyry gynanç. Şygryň şahyrlaryň oýnawajy bolşy ýaly, ol hem pes adamlaryň güýmenjesidir. Köp degişmek ahyry gaharyňy getirer we keýpiňi bulaşdyrar».

1526. Ibn Mukaffanyň sözleri*: «Ýigidiň oýundan-çyndan degişmesiniň arasynda, onuň öz ajaly ýatyr. Degişme ýigidiň heläkçiligine sebäp bolaýmasyn. Kim nähili zady dost tutunsa, oňa hem edil şonuň ýaly çemeleşerler».

1527. Misgar ogly Kidama öwüt berip, şeýle diýipdir*: «Oglum Kidam, ak ýürekli pederiň öwüdini kabul et. Hergiz ýaranjak bolup degişmegin. Bu gylyk bilen dostuňy begendirip bilmersiň. Ömrüm boýy synap gören zadymy aýdaýyn: Hem-ä goňşy bilen, hem-de ýürekdeş dost bilen ýerliksiz degişmegin».

## ÝETMIŞ DÖRDÜNJI BÖLÜM

## IKIÝÜZLI KARYLAR

1528. Pygamberiň aýdany: «Karylar ymmatymyň ikiýüzli adamlarydyr».

1529. Hasan Basrynyň aýdany: «Dünýä mülküni diniň bilen talap edeniňden — dep we tüýdük bilen gazananyň gowy».

1530. Muhammet Salt Kesaýy bir gün Ibn Siriniň ýanyna barypdyr. Onuň egninde ýüňden geýimi bar ekeni. Muhammet: «Men ýüňden bolan eşikleri geýýänleriň: «Isa pygamber hem şeýle eşik geýipdir» diýjeklerini bilýärin. Ýöne biri maňa Pygamberiň hülle we zygyr süýüminden bolan geýimleri geýendigini aýtdy. Eger, alyp göterjek bolsaň, Pygamberiň däbine eýereniň oňat» diýdi.

1531. Şagbynyň aýdany: «Bozuk karynyň syrkaw soramaga gelmegi – keselli bende üçin öz derdinden agyr duýular».

1532. Eýýup Sihtiýanynyň aýdany: «Bozuk karydan hapysa zat ýokdur».

1533. Sufýan Sewriniň aýdany: «Bozuk alymlardan we akmak karylardan häzir boluň! Bu ikisi ähli ymmat üçin pitnedir».

1534. Pygamberiň aýdany: «Ahyrzaman golaýlanda, karylar bozuk, dindarlar nadan bolar».

1535. Pygamberiň aýdany: «Siziň araňyzda Süleýman bin Dawut alaýhyssalamyň şeýtanlarynyň ýüze çykmagy mümkin. Olar siz bilen bile metjitde namaz okar, siz bilen Gurhan okar. Olar adam keşbindäki şeýtanlardyr».

1536. Utbynyň aýdany*: «Egninde ýüňden dony bolan sopa: «Şu geýimiňi sat» diýdim. Ol: «Eger awçy öz toruny satsa, näme bilen aw etsin?» diýdi.

1537. Sufýan Sewriniň aýdany*: «Azgyn karylar dünýäniň üstüne merdiwan bilen çykarlar. Olar: «Soltanyň huzuryna gireris, ony gaýgy-dertlerden halas ederis ýa-da tussaglar hakda söz açarys» diýermiş. Olaryň niýeti öz nebisleridir»

1538. Mahmyt Warragyň sözleri*: «Sopy bolan käbir kişiler, ýüň geýimleri bilen magtanmakçy boldular. Il-gün olary sylady. Göwünlerinde gopbamsylyk köwsarlap dursa-da, pespäl görünjek bolýarlar. Arman, ulumsylygy beýdip gizläp bolmaýar».

1539. Ýene şonuň sözleri*: «Gyralaryna tama nagşy çekilen selläni Hudaý näletländir. Ol kimseler egin-eşiklerini üýtgedip, takwalara meňzejek bolýarlar. Her işi hak çözýän Hudaýy aldap bolmaz».

1540. Musawyr Warragyň ogluna beren öwüdi*: «Biliňi bek guşa we işe çynlakaý çemeleş. Namaz-orazaly adamlary özüňe dost tutun. Hammady, Misgary, Salty, Absyny we Ibn Hekimi unutma. Utbydan aýrylma, gaşynda oturyp, öwüt diňle. Bu zatlar seni nesýe zady talap etmekden we duşmanlaryň alyna ýanmakdan gorap saklar».

1541. Hasan ibn Abdyrahmanyň aýdany: «Basraly sopularyň biri bir gözüni sarapdyr. Ol muny: «Iki gözüň bilen seredip ýörmek isrip, bisarpalyk bolýar» diýip düşündiripdir.

1542. Aly ibn Mütewekkiliň sözleri*: «Adamlary özüňden çetleşdirýän terkidünýälik, terkiligiň ýamanydyr».

1543. Ferezdegiň sözleri*: «Meýden serhoş bolan adamdan gorkma. Takwasyrap, dury suw içýänlerden çekin. Amatly pursat bolýança adamlar niýetlerini gizläp gezerler, birdenem, zäherini pürkerler. Olar ikiýüzli karylardyr, has dogrusy ynsap bazaryndaky ogrulardyr».

## ÝETMIŞ BÄŞINJI BÖLÜM

## ŞADYÝANLYGA UMYT

1544. Pygamberden şeýle rowaýat edýärler. Ol: «Hudaýdan merhemet diläň, çünki Hudaý özünden zat soralsa gowy görýär. Şatlyklara garaşyp, ýagşy zady umyt etmek ybadatyň ýagşysydyr» diýipdir.

1545. Ahnaf ibn Kaýsyň aýdany*: «Eger kynçylyk gelip, bir goltugymyza girse, şowlulyk hem şonuň bilen geler we beýleki goltugymyza girer».

1546. Muhammet ibn Hüseýiniň aýdany: «Çagalaryň bir dälini idenekledip metjide salandyklaryny gördüm. Däli bir çünkde oturansoň, çagalar dagaşyp gitdiler. Soňra ol ýerinden turup*:

«Işler kynlaşyberse, şatlyga garaş.
Kynçylygyň yz ýany şatlyk gelýändir» diýdi.

1547. Abdylla ibn Mübäregiň sözleri*:

«Sabyr – şatlyk gapysynyň açary,
Her kynçylykdan soň üstünlik gelýär.
Döwür hiç wagt şol durşuna durmaz,
Her işden soň, täze iş ýüze çykýar.
Haýry-şeri ýuwdup oturan gijeler,
Bu wagtlaýyn derdi demine sorar».

1548. Başga biriniň sözleri*: «Perwerdigäriň öňki-soňky nygmatyny sanap bolmaz. Gaýgy-gamlardan saplan we şatlan.

Belki, mundan soňra Perwerdigär saňa merhemet gözi bilen bakar».

1549. Abulgaws Buhturynyň sözleri*:

Şatlyk-şagalaňyň tüýs tiz sowluşy ýaly,
Gaýgy-gam hem uzak durmaz başyňda.
Dowamy ýok zatlar zyýan etmeýär,
Gelmejek zat üçin urunma oda,
Ykbalyň her dözümini kabul et,
Hem Hudaý ýazgydyn salawer ýada:
Diňe bu wagtlaýyn şowsuzlyk däl-de,
Dowam etjek bagt hem bardyr dünýede.

1550. Başga biriniň sözleri*:«Bela-beterleriň arasynda, saňa gör näçe bagt dolanyp goýlan. Kösençlik nireden gelýän bolsa, edil şol ýerden hem üstünlik geler».

1551. Abul Atahyýanyň goşgusy*:

«Kösenje duşsaňam, umytdan düşme,
Bir günki şowsuzlyk – ýüz günlük bagtdyr.
Bagt gelýär keçligiň söbügin basyp,
Bu Hudaýyň sözi dogry hem nagtdyr.
Hiç haçan Hudaýa betgüman bolma,
Ýetirer ryzkyňy, aýryp şor düwnün.
Umyt et ýagşyny, belent tut göwnüň,
Eger rysgal akyla bagly bolsa,
Akyllylar baýy bordy, bar döwrüň».

1552. Abdylla ibn Tahyryň sözleri*: «Pelegiň gyýa garan adamy, gören görgilerinden gyýylyp, gözýaş döküp oturan ekeni. Men oňa: «Her bir sabyrlylygyň soňy rahatlykdyr. Hat-da munuň üçin saňa ullakan sogap hem ýazylýar. Her ýagdaýda, her işde sabyrly bol. Sabyr etmäni başarsaň, pelek hem gülüp bakarmyş» diýdim.

1553. Attabynyň sözleri*: «Ähli işiň peýda getirmeýşi ýaly, ähli işsizlik hem zyýan bermeýär. Rysgal uzakda we

entek ýolda bolsa, şadyýanlyk bilen garaş. Dargursak bolma, sabyr et. Gaýgyňy Hudaý dep eder. Eýsem, her bir darlygyň aňyrsy giňişlik dälmi näme?».

1554. Hajjaj bir gezek Ibn Hanafyýýa hemle-haýbat atyp, bir hat ýazypdyr. Onuň jogabyny ýazanda Ibn Hanafyýýa: «Allatagala her günde 360 gezek lowha (ýazgyda) seredýär. Adamlary abraýly we har-zelil edýär, agladýar we güldürýär, islänini edýär. Belki ol nazarlarynyň birinde seni özüňe meşgul bolar ýaly işe sataşdyrar, gaýdyp hem sen ol işden baş alyp çykmarsyň» diýipdir.

## ÝETMIŞ ALTYNJY BÖLÜM

## DURMUŞ KÜLPETLERINE SABYRLY BOLMAK

1555. Pygamberiň aýdany: «Kelläniň göwrede nähili orny bar bolsa, sabyryň imandaky orny hem şeýledir. Baş gitse – göwre gider, sabyr gitse – iman gider».

1556. Pygamberiň aýdany: «Sabyr üç hilidir:

— bela-betere sabyr etmek;

— tagat-ybadata sabyr etmek;

— günä işe sabyr etmek.

Tagat-ybadaty ýerine ýetirene we şoňa sabyr edene üç ýüz esse, bela-betere sabyr edene alty ýüz esse, günä işden saklanana we şoňa sabyr edene dokuz ýüz esse sogap ýazylýar».

1557. Sabyr üç hilidir:

— bela-betere we kynçylyklara sabyr edip, entek olar gelmänkä, ruhuňy oňa mäkäm taýynlamak;

— bela-beter gelenden soň, onuň ajylygyna çydam edip, yhlas edip, özüňi köşeşdirmek;

— her gelen bela-beteri çekinmän, merdana we güler ýüz bilen garşylamak, Hudaýy ýatlap entek gelmediklerine garaşyp gezmek.

Eger ynsan üçünji sabyra döz gelýän bolsa, gelen we gelmedik, bolan we bolmadyk zatlar onuň piňine-de däldir».

1558. Hapba ibn Jüweýniniň aýtmagyna görä, ol bir gezek Aly ibn Abu Talybyň ýanyna barypdyr. «Eý, Hapba, sen tukat görünýäň-le?!» diýip, Hezreti Aly sorapdyr. Ol: «Eý, möminleriň emiri, her näçe çytraşsamda, bitmedik işim üçin meňzim soluk» diýipdir. Aly: «Munuň üçin darykma. Näme sen, sabyr hakda aýdan sözlerimi eşitmediňmi? «Gijeler ýatyrmaýan aladalara sabyr et. Olaryň seni gurşap alandygy üçin tukatlanma we oda düşme. Özüňde bar bolan başarnyk hem ejizlik bilen sussypesligiň arasynda köýüp gidýändir. Ömrümden alan manym: Her sabryň soňy süýjülikdir. Yhlas edýän işinde sabryň tagamyny duýan adam, üstünlikden binesip galmaz*» diýipdir.

1559. Abul Atahyýanyň sözleri*: «Sabyrlylyga öwrenişip, endik edip gidipdirin. Ol bolsa meni elmydama gözel netijelere eltýär. Mundan öň her zady gaýgy edip, gursagymy daraldyp ýöripdirin. Indi men adamlardan umyt etmäni kesdim we biziň pikir etmeýän ýerimizden şatlyk eçilýän Hudaýyň merhemetiniň örän tiz gelýändigini anyk duýdum».

1560. Hawta Esediniň sözleri*: «Abraý üçin az ylgamadym. Käbir kişiler bolsa bu ýolda, bir ýadap, tapdan düşensoňlar, oňa ýetmän, ýük ýazdyrdylar. Käbiri bolsa, mydary gitse-de, umytdan düşmedi we yhlasyny gowşatmady. Ynamyna wepa berenler we sabyr edenler belent mertebä ýetdi. Ýogsamam, sen, abraýy aňsat ýuwdulýan igdedir öýtme. Oňa gowuşýançaň sabryň ajylygyny kän ýuwdarsyň».

1561. Başga biriniň sözleri*: «Eý, pelek, sen beýtmek bilen özüňi aldadyň. Her näçe sütem etseň-de, oňa ýeterlik sabrym bar. Tä, ähli zadyň erki elinde bolan Perwerdigär buýurýança, seniň bilen çekeleşip ýörmezligi özüme kasam etdim».

1562. Ubaýdulla ibn Zyýadyň ýanyna haryjylardan birini tutup getiripdirler. Ubaýdylla ony ölüme höküm edipdir.

Haryjy oňa: «Eger jezany ertire goýdyrybilseň, goýaweri» diýipdir. Ubaýdulla oňa: «Ondan näme peýda bar, gündiziň ýagtylygnyň ýa-da gijäniň tümlüginiň oňa näme dahyly bar?» diýip sorapdyr. Soňra onuň jezasyny ertire goýupdyr. Ubaýdulla yzyna öwrülip gaýtjak bolanda, ol: «Belki, ertir Hudaý şatlyk getirer. Ol her gün öz bendelerine zerur zady ýetirip dur*» diýipdir. Ubaýdulla muny eşidip, gaýtadan aýtmagyny sorapdyr. Ol muny ýaňadan gaýtalap berenden soňra, ony boşadypdyr.

1563. Muhammet ibn Abu Uýaýnanyň sözleri*: «Bir işi kyndyr öýtseň, kynlaşar gider. Kyn işi aňsatdyr öýtseň, agyrlygy duýulmaz. Agyr bolsa-da alada etme. Wagty bolanda, agyr işler hem mum ýaly ýumşap galýandyr».

1564. Başga biriniň goşgusy*:

«Sabyr et ykbalyň öwrümlerine,
Her kimsäň ykbaly şunuň ýalydyr:
Käteler şatlanar, açylar gül deý,
Käte gandan ýetik, gussa halydyr.
Ne munda bagt dowam eder zamana,
Ne ornaşyp galar keçligi döwrüň.
Gelen bolsa, geçer gider ähli zat.
Sabyr et, umyt et, belent tut göwnüň».

1565. Lukmanyň ogluna beren öwüdi: «Eý, oglum, altyny ot bilen, ýigidi bela bilen synap görerler. Bela inende niçik sabyr edýändigiňe üns ber».

1566. Hasanyň aýdany: «Sag-salamatlykda adamlar birek-birege golaýlaşýarlar, kynçylyga duşulsa çar tarapa dagaýarlar».

1567. Zyýat bin Abu Hassanyň aýdany: «Omar ibn Abdylezizi ogly Abdylmäligi jaýlanlarynda gördüm. Ony gabrynda goýdular. Kellesiniň aşagynda bir zeýtun agajyny, aýagynyň aşagyna hem ýene bir zeýtun şahasyny goýdular.

Soňra onuň üstüne gum sürüp, deňleýänçäler durdy. Adamlar onuň daş-töweregini gurşap alypdylar. Haçanda, bolanlaryndan soňra, ol gabra golaý gelip: «Eý, oglum, Alla saňa merhemet etsin. Ataň diýenine gulak asardyň, ýakynlaryňa mähirlidiň. Hudaý seni maňa bagyşlany bäri örän şadyýandym. Hudaýyň seni getiren we seniň üçin saýlan şu mekanyna getirip goýalym bäri, saňa bolan şatlygym hasda kämil boldy. Hudaýyň hökümine razydyryn, emrine kaýyldyryn. Hudaý seniň günäňi ötüp, seni bagyşlasyn, gül ýüzüňe merhemet etsin, ýalňyzlygyňda ýürekdeş ýoldaşyň bolsun. Älemleriň eýesi Hudaýa şükür, pygamberleriň soňkusy Muhammede iň ýagşy dileg-dogalar bolsun!» diýdi. Soňra yzyna dolandy. Emma gözünden ýekeje gözýaş çykmady».

1568. Muhammet ibn Beşiriň sözleri*: «Maksada gowşardan uzakda bolsaňam, umytdan düşme. Sabyrdan ýardam islän adam, şatlyga ýeter. Arzuwlaryňa ýetmek üçin sabyr donuna büren we kesekileriň däl-de, sabryň gapysyny kakyber. Ýollar her näçe daralsa-da, her näçe baglansa-da, sabyr umydyňa yş açar».

1569. Başga biriniň sözleri*: «Eger gün görmek bu ýerde kyn düşse, tiz ugraýan kerwene aslyş we ýola düş. Zaman külpetlerine çydam et. Ahyry maksadyňa ýetersiň. Jylawyňy goýbermek hem, bela-beteri dep etmegiň bir usulydyr».

1570. Abu Temmam Taýynyň sözleri*: «Her bir heläkçilige gözel sabyrlylyk bilen teselli tap. Çünki, ähli zadyň tesellisi sabyr etmekdedir. Eger sen kaýyllyk we köşeşmek bilen sabyr-çydam edip bilmeýän bolsaň, onda seniň teselli tapyşyň hem, edil haýwanlaryňky ýaly bolar».

1571. Salyh ibn Abdylkudusyň sözleri*: «Durmuş külpetlerine sabyr edip gezmelidir. Bularyň ählisi ynsanyň çydamlylygyny synap görmek üçin iberilýär. Bir gün zyndanda ýesirler bilen oturarsyň. Bir gün köşkde dury meýler süzersiň.

Ynsan ykbaly edil şunuň ýalydyr. Dirikä, şol bir zat dowam edip durmaýar*.

«Ykbalyň öwrümlerine hem-de bela-beterlere,
Sabyr ederin ýürekden, ýan bermerin, zaryn bakyp.
Bu her kimi bilmek üçin, bize edilýän synagdyr,
Agzymyza ýetýär olar, ýazgyt çeşmesinden akyp.
Käteler ýesirler bilen zyndan içre oturaryn,
Käteler köşkde gezerin, hanlar bilen meýlis gurap.
Käteler gaýga bataryn, alada edip dünýäni,
Käteler gülüp gezerin, eşret ýaýlasynda ýöräp.
Her diri adamyň ömri, ine şunuň ýaly bolar».

1572. Başga biriniň sözleri*: «Eger men öz meýlim bilen sabra boýun bolmasam, ol mejburylyk bilen boýun edýär».

1573. Möminleriň emiri Omar ibn Hattabyň aýdany: «Bela-beterlere sabyr edeniňden, sag günüňe şükür edeniň gowy».

1574. Käbir şahyrlaryň sözleri*: «Soňy haýyr bilen gutarýan iň gözel iş – sabyr bilen biten işdir».

1575. Amyr ibn Abdy Kaýsyň aýdany*: «Maňa her ýetiren belasy üçin, Hudaýy ýürekden söýdüm. Ol meni ähli emri-kazasy bilen razy etdi. Oňa bolan söýgim sebäpli, nä günleri görjegim meni alada goýmaýar».

1576. Käbir hekimlerden «Çuňňur ylym» hakda soralanda, olar: «Bela-beterlere sabyr etmek, nygmat-peşgeşlere şükür etmek» diýip, jogap beripdirler.

1577. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talybyň aýdany: «Özüňden uly ýa-da kiçidigine garamazdan, seni sylana hormat et. Sabyr gaýraty bilen gaýgy-aladalaryňy özüňden dep et».

1578. Abu Ubaýdanyň temimli käbir adamlara aýdan sözleri*: «Hudaýyň meni ýaşadyp ýörenligi, heläk etmändigi hem uly zat (ýeterlik zat). Arşyň-kürsüň sahyby menden razy bolsa, ýüregiň rahatlygy şol ýerdedir».

1579. Ybraýym ibn Mätiniň oglunyň wepatyna gyýylyp, özüni köşeşdirip ýazan agy sözleri*: «Menden öň äkidilseň-de, senden soňa galsam-da, saňa ýakyndygymy bilýärin. Gijäniň soňundan sähere ýetişimiz ýaly, bu hem söýgülisine ýetmek isleýän ýürek üçin bir gijedir».

1580. Ýakyn garyndaşyny jaýlan Abul Atahyýanyň sözleri*: «Eý, Abulfazl, çäresi-hilesi ýok bu işe, sabyr etmek juda kyn. Ýöne, ýas sabyrly bolmaga mejbur edýär. Suwsuz çöldäki teşnäniň sabyrdan başga çykalgasynyň bolmaýşy ýaly, men hem sabyr bilen özüme teselli bererin».

1581. Başga biriniň sözleri*: «Öňler, alysda dökülen gany eşitsem gyýylar oturardym. Bu wagt, munuň ölümine sabyr edip oturyşyma geň galýaryn. Hat-da bu ýerde hiç hili täsinlik ýok hem bolsa, bu durmuşy täsin saýýarlar».

## ÝETMIŞ ÝEDINJI BÖLÜM

## HAÝYNLYK WE DÖNÜKLIK

1582. Pygamberiň aýdany: «Kyýamat güni her bir dönügi tanar ýaly, olaryň alamaty bardyr».

1583. Halyt ibn Safwanyň aýdany: «Hyýanatdan soň ötünç ýokdur».

1584. Ahnafyň aýdany: «Kim hyýanat etse, bagyşlanmaga laýyk däldir».

1585. Ýene şonuň sözleri: «Haýyn adam – dini ýumurýan nägehandyr».

1586. Imrulkaýs ibn Hujryň sözleri*: «Eger «Men şu dostumdan razy. Ol meniň göwnüme ýaraýar» diýdigim, ony derrew çalşyrjaklygym. Sebäbi, şu çaka çenli dost tutunan adamlarymyň arasynda hyýanat etmedigi we üýtgemedigi ýok».

1587. Hüseýin Ibn Zahhagyň sözleri*: «Seniň synalaryňda hyýanat alamaty ýaşyryn däl hem bolsa, entegem sen hakdaky ýaramaz myş-myşlary ýalan saýyp ýörün. Ýamanlyk pälinden gözleriňi açanyňdan soň, bu myş-myşlaryň yzy tükener. Size nebsim agyryp, hal-ýagdaýlaryňyzy barlap göremde, «Agraf» süresiniň ortalaryndaky aýat[1] ýadyma düşdi. Haramzadalaryň

[1] «Agraf» süresiniň 102-nji aýaty

we töhmetçileriň ýaýlasynda gezýänlere Allanyň näleti bolsun».

1588. Abu Kamkam Esediniň sözleri*: «Maňa häzirlän netiýaman pälleriň paş bolanda, ajaly ýeten keýigiň, torda urnuşy ýaly, janhowluna goranyp başladym. Bolmasa, maňa senden başga «dost» diýen hem ýokdy».

1589. Başga biriniň sözleri*: «Bu döwürdäki hemralaryň ählisi içleri hile-pirimli hyýanat dostlarydyr. Olar öz tenlerini wepalylyk dony bilen örtüp, ikiýüzlilik laýyna ýugrulan kalplaryny gizlejek bolýarlar. Olar diňe özlerini iýdirip-içiren, meý-mest eden adamlary ýoldaş tutunýarlar».

1590. Hubz Ruzziniň sözleri*: «Seniň eden işleriň meniň kalbymy serhoşlukdan aýňaldyrdy. Mende diňe meýiň humaryndan ýönekeýje ýatlamalar galdy. Hendeklere ýapyrlyp, dönüklik tuguny dikeldeniňde, teselli leşgeri maňa ýardama geldi. Höwesine gul adamdan wepa görmeýşiň ýaly, hyýanata ýesir kişiden hem tesellä garaşma. Hyýanata kaýyl bolanyňdan, sabyr has datlydyr, ýogsam, dünýäde sabyrdan ajy zat ýok. Ölsemem, mertlik bilen ölerin. Iliň ynamyna hyýanat edip, haramzada bolup ölmerin. Hökümdarlaryň ýanynda hem «Öldürleniň ýesirlikden ýegdir». Men özümi söýene hyýanat edip, öýde busup bilmerin ahyry. Hudaý ýüregimi sogrup alsa-da, kasam edýärin, meni hernäçe gusul edip ýuwsalar-da, hyýanatdan soňra päklenip bolmaýar. Her bir ýazykdyr-günäni soňundan bagyşlap, geçirip bolýar. Ýöne, hyýanata geçirimlilik ýokdur. Men seni toba gelip, ýürekdeşlige daýanansyň öýtdüm. Emma, süňňüňe siňen haram meýiller seni zaýalap taşlapdyr. Ýygit haýal hem bolsa, sabyr bilen maksadynya ýetsin, ýöne hiç haçan hyýanata ýüz urmasyn».

1591. Abu Dulamanyň Abu Muslime ýazan ýaňsylama sözleri*: «Eý, tüpbozar adam, tä Taňry bendesi öz pälini üýtgedýänçä, Alla oňa berýän nygmatyny üýtgedýän däldir.

Sen Mätiniň döwletindekäň hem hyýanata ýäz urupdyň. Eýsem-de seniň kürt ata-babalaryň hyýanatyň öýjügi dälmi näme?».

1592. Muberridiň sözleri: «Abu Ata Sindiniň öýüne bir myhman düşläpdir. Abu Ata ony iýdirip-içiripdir. Myhman demini-dynjyny dürsäpdir. Bir haýukdan soňra Abu Ata assyrynlyk bilen myhmanyna göz aýlasa, myhman Abu Atanyň aýalyna göz ümläp, gaş kakyp otyrmyşyn. Şonda Abu Ata*: «Işdäň alandan iý, ganýançaň iç. Garnyňy ýazanyňdan soň, başyňy aşak sal-da, ötägit, eý bihepbe! Dosty ýanyndan turanda, onuň aýalyna göz gyrpýan ýoldaşy asla halamaýaryn» diýipdir.

1593. Halyt ibn Abdyllanyň sözleri*: «Eger sen amanat zady haýynlara tabşyran bolsaň, onda sen ony iň bozuk adamlara ynanypsyň».

1594. Şebip ibn Barsanyň sözleri*: «Sen şeýle bir ýigit, ýa-ha biz geleň etmän ynandyk we sen hyýanat etdiň, ýa-da bilmeýän zadyňy aýdyp, ýalan sözlediň. Indi bu wagt sen hakda ikirjiňlenip otyrys. Sen hyýanat bilen günä işiň haýsy hem bolsa birin-ä etdiň».

1595. Muny maňa Aly ibn Zekgar gürrüň berdi. Oňa Abulapbas Temimi, oňa Abu Abdylla Ybraýym ibn Muhammet ibn Arafa, oňa Muhammet ibn Abdylmälik, oňa Ýezit ibn Harun, oňa bolsa Misgar, oňa hem Zyýat ibn Alakat gürrüň beripdir. Ol bolsa muny Jerir ibn Abdylla Bejeliden eşidipdir: «Kasam-ýat edişmek üçin Pygamberiň ýanyna baranymyzda, ol: «Her bir musulmana ýagşy maslahat bermegimi» şert edip goýdy. Men saňa hem şony maslahat berýärin» diýipdir.

## ÝETMIŞ SEKIZINJI BÖLÜM

## NADANLYK WE AKMAKLYK

1596. Pygamberiň aýdany: «Nadanlykdan erbet garyplyk ýokdur».

1597. Aly ibn Abu Talybyň aýdany: «Suwuň üstünde ot ýakyp bolmaýşy ýaly, nadana hem akyl (edep) öwredip bolmaz».

1598. Utbynyň aýdany: «Doly diňlemezinden öňürti jogap bermek – nadanyň alamatydyr».

1599. Bir adam Halyt ibn Safwana bakyp: «Näme üçindir her gezek goşgy aýdyşyp, rowaýat gürrüň berýärsiňiz welin, irkilip başlaberýän?» diýipdir. Halyt oňa: «Sebäbi sen söz ýokmaýan adam derisine giren eşek» diýipdir.

1600. Halyl ibn Ahmediň sözleri*: «Eger meniň näme diýýändigimi bilseň, meni bagyşlardyň. Ýa-da näme diýýändigiňi bilýän bolsaň, seni günüňe goýardyk. Ýöne, meniň sözümi aňlaman, meni terk etdiň. Men hem nadandygyňy bilip, seni bagyşladym».

1601. Ahmet ibn Ýusup Kätibiň sözleri*: «Biziň bir edepsiz söhbetdeşimiz bar. Ýanyndakylar onuň akmaklygyndan ýaňa gaty bizar. Göýä ol ýaramaz edebi üçin, ýaramaz edep dükanyna tabşyrylan haryt ýaly bolup dur».

1602. Salyh ibn Abdylkuddusyň sözleri*: «Nadanlara öwüt berseň, aňlamasalar, bu sözüňi taşlap giderler. Her kimiň

akylyna görä, kabul edip bilşine görä öwüt ber. Nadana onuň ýaly nesihat berme».

1603. Ýene şeýle diýdi*:

«Gör näçe häsiýet, näçe gylyk bar,
Ýarysy ýaramaz, ýarysy ýagşy.
Nadana gep düşündirmek agyr zat,
Gurar agzyň, dökülip sözüň nagşy.
Şonda-da, ol nadanlygy sebäply,
Bolsa-da akyly-huşy çäkli.
Özüni bizden akylly saýýar».

1604. Ahmet ibn Ýusup Kätibiň sözleri*:

«Eger «akylym kämil» diýip,
Batýan bolsaň pikir-oýa,
How enäniň senden soňky,
Ogullaryn saýsaň zaýa.
«Nadan» diýseň adamlara,
Bir özüňi gezseň öwüp.
«Ylmyň ýerleşýän mesgeni,
Bir meniň ýüregim» diýseň,
Zat bilmeýän nadan iller,
Alymdygyňy bilermi eýsem?!».

1605. Abul Atahyýanyň goşgusy*:

«Akmakdan gaça dur, bolma hiç ýoldaş,
Akmak edil ýyrtylan geýim ýaly
Her gezek gapdalyna ýama salsaň,
Ýene ony açar öwsen şemaly.
Ýa-da olar aýna gyýçagy ýaly
Öňüni-yzyny sepläp bolmaz hiç.
Nogsany ýetmänkä, ondan gaça dur,
Uzak ýoldaş bolsaň ahmyr gelmezmi».

1606. Başga biriniň sözleri*: «Sen gumry guşlardan hem ýalançy. Bolmajak zady kabul etmäge açgöz. Eger sen

akmakdan bähbit araýan bolsaň, onda sen içýandan bähbit isleýän adamsyň. Haýsy bolanda hem tapawudy ýok, hak aýdylan hadys bar: «Synalan zady gaýtadan synap görýän adam melgundyr».

1607. Abdylmälik ibn Merwan mydama şeýle diýer ekeni: «Bäri gelýän akmakdan — ýüz öwrüp barýan akyllyny eý görýärin».

1608. Ahnafyň aýdany: «Akmaga ýoldaş bolmakdan saklan, ol saňa peýda etjek bolup, zyýan berer».

1609. Hindi danasynyň aýdany: «Adamyň öz doganlaryna wepa bermän, kömek soramasy, göz üçin iş etmesi, aýal-gyzlary aşa köp söýmesi we özgeleriň zyýanyndan özüne bähbit aramasy – akmaklykdyr».

1610. Käbir şahyrlaryň sözleri*: «Seniň däliligiň ýeldirgäpdir. Ýöne, däliligiň däliremesini dep edýän tebibi tapmadyk».

1611. Kutamynyň Kagp ibn Naşyp hakdaky sözleri*: «Kagp ibn Naşyp nädip döwri özüne getirsin? Täze aý dogdugy onuň şeýtanlary burlup ýatyberýär».

1612. Abu Maýýasyň sözleri*: «Men-ä seni ýörite iberilen adamsyň öýdýärdim. Ýöne, hany daňar ýaly ýüpdir zynjyryň nirede? Ýa siziň ýerleriňizde demir gymmatlap, diliň bilen daňmaga gaýdyberdiňmi?».

1613. Buzurgmehriň aýdany: «Nadan adam eli ýetse — ýamanlyk eder, özünden kiçä — duşmançylyk eder, özünden uludan — aslyşar. Sözüne görä iş etmez. Sözlär — günäli bolar. Dymar — ýene ýalňyşar. Bolgusyz işe howlugar, yhlas eder. Ýagşy iş görse, gaçar — yzyna gider».

1614. Erdeşiriň aýdany: «Akmaklyk – dermany bolmadyk dert».

1615. Anuşirwanyň aýdany: «Akmagyň nadanlygy bolmasa, akyllynyň hormaty bilinmezdi».

1616. Abdylla ibn Hasan ogluna öwüt berende: «Akylly duşmanyň mekirliginden heder edişiň ýaly, saňa akyl berýänem bolsa, nadan bilen geňeş etmekden häzir bol» diýipdir.

1617. Lukman Hekimiň aýdany: «Nadany iki häsiýet bilen tanap bolar: Oýlanmazdan, jogap berer we töweregine ýaltaklar durar».

1618. Meýmunyň aýdany: «Eger akmak seni tanaman geçse, oňa mylaýymlyk we mähir gylyjyny sal».

1619. Her kişiniň akyly onuň dosty, nadanlygy bolsa – duşmanydyr.

1620. Akmagyň ýanynda dost bilen duşman des-deňdir. Ýazgydyna kaýyl bolmaýanyň, akmaklygyna derman ýokdur.

1621. Akmak – dost bilen duşmany bir gözde görer.

## ÝETMIŞ DOKUZYNJY BÖLÜM

## TÜRKANALAR WE AKMAKLAR

1622. Kuraýşyň ady belli akmaklarynyň biri Abu Jehliň doganlarynyň biri As ibn Hişamdyr. Abu Lehep onuň bilen humar oýnap, onuň ähli malyny-mülküni, tutuş maşgalasyny, hatda özüni hem utdy. Soňry ony gul edindi we demirçä tabşyrdy. Bedr söweşinde ony öz tarapyndan söweşe goşdy we ol Omar ibn Hattap tarapyndan öldürildi.

1623. Olardan ýene-de biri Abdylla ibn Amyryň kakasy Amyr ibn Küreýzdir. Bir gün ol münberiň üstünde hutba okap oturan ogluny görüpdir we onuň gapdalynda oturan adamlaryň ýanyna baryp: «Şony görýärmisiňiz?» diýip, elini ogluna tarap uzadypdyr. Soňra olara bakyp: «Ol şundan çykdy» diýip, eli bilen ujydyny görkezipdir. Ol kellesini ýeňinden çykaryp ýören tentek eken.

1624. Olardan ýene biri: Abdylmäligiň dogany Mugawyýa ibn Merwandyr.

Günleriň birinde Mugawyýa Damaskyň derwezeleriniň agzynda Abdylmäligiň çykaryna garaşyp oturan ekeni. Ol barmaklarynyň arasyndan daş-töweregi synlap durka, bir degirmençä gözi düşüpdir. Degirmençiniň eşeginiň boýnunda jaň bolup, şol eşek degirmeni aýlap duran ekeni. Ol degirmençä bakyp: «Sen näme üçin eşegiňe jaň dakdyň?» diýipdir. Degirmençi: «Birden içim gyssa ýa-da uklap galsam,

jaň sesi meni oýarýar. Eger ony eşitmesem, eşegiň aýlanman duranlygyny bilýärin, şonda men uly sesim bilen oňa gygyrýaryn» diýipdir. Mugawyýa oňa: «Eger ol bir ýerde durup, kellesini yralasa, ol aýlanýan ýaly bolar. Şonda onuň duranyny nädip biljek?» diýipdir. Onda degirmençi: «Wah, meniň eşegimde nirden emiriňki ýaly akyl bolsun?!» diýipdir.

1626. Mugawyýa ibn Merwan bir gün gaýnyna bakyp: «Men seniň gyzyňa şeýle bir agram salyp, ýalap-ýalap keýpden çykdym welin, ol onuň ýalyny ömründe gören däldir» diýipdir. Onda gaýyny: «Seniň agtadygyňy bilen bolsak, gyzymyzy bermezdik» diýipdir.

1627. Olardan ýene biri Süleýman ibn Ýezit ibn Abdylmälikdir. Ol bir gün gaty sesi bilen: «Doganymyň dogmasyna Hudaýyň näleti bolsun! Ol meniň bilen şeýle-şeýle iş etjek boldy» diýipdir. Adamlar oňa: «Ýuwaşrak bolsana, biz ol oglana belet. Ol etmek islän bolsa edendir» diýipdirler.

1628. Olara ýene Abdylla ibn Mugawyýa ibn Abu Sufýan, Abdylla ibn Kaýs ibn Mahrama ibn Muttalyp, Utba ibn Abu Sufýan dagylar degişlidir. Bir gün onuň ölüm pillesi golaýlanda: «Wesýet et» diýip ýüzlenipdirler. Ol: «Eger aýalym meni söýse, oňa düýe beriň» diýipdir. «Ýagşy zady aýt» diýenlerinde: «Gullarym ölensoň, menden azat» diýipdir.

1629. Olara ýene-de Suheýl ibn Amr, As ibn Sagyt, As ibn Hişam degişlidir. Bularyň her biri hakda meşhur hekaýatlar bardyr. Ýöne ony uzaldyp oturmagy makul bilmedik.

1630. Akmaklykda belli bolan taýpalar hem bardyr. Olara ezd taýpasy degişlidir. Olardan meşhury Kabysa ibn Mühellepdir. Eger-de ol ilkinji gelen çekirtgäni görse, ony tutup alyp, gözüniň üstünde goýar eken, soňra bolsa ony ogşar eken. Ol muny «ilkinji miweler» diýip düşünýän ekeni.

1631. Ezdli bir adam Ubaýdulla ibn Zyýadyň ýanyna baryp: «Aýalym heläk boldy. Indi men onuň ejesine

öýlenmekçi. Bu bolsa meniň kömekçim. Ol maňa galyňyny toplamaga kömekleşsin» diýipdir. Ubaýdulla: «Sen näçe galyň tölemeli?» diýende, ol: «Ýedi ýüz» diýipdir. Ubaýdulla onuň kömekçisine ýüzlenip: «Oňa dört ýüz diý-de ýaz, üç ýüz berseň hem ýeterlik bolar» diýipdir.

1632. Ezdiň akmak adamlarynyň biri bolan Abu Attap, gözi görmekden galan bir kişiniň ýanyna barypdyr. Adamlar hem bu kişä göwünlik berýän ekenler. Bu hem oňa: «Hudaý seni gynandyrmasyn we saňa ýamanlyk ýüzüni görkezmesin. Eger sen şunuň üçin nähili sogap-mertebäniň berilýändigini bilseň, onda Hudaýyň eliňi-aýagyňy kesmegini, oňurgaňy döwmegini arzuw ederdiň» diýipdir.

1633. Bir jöhit ezdli biriniň öýünde düşläpdir we şol düşlän öýünde hem ýogalypdyr. Ezdli adam ýerinden turup, onuň jynazasyny okapdyr hem-de: «Eý, Hudaýym, bu myhman adam. Myhmanyň hormatyny özüň bilýäň! Men entek munuň käbir borçlaryny bitirýänçäm garaş. Itime soňundan beräýerin» diýipdir.

1634. Meşhur akmaklaryň biri: Kelap ibn Sagsagadyr.

Bir gün onuň agalary at satyn almak üçin bazara gidipdirler. Ol hem bular bilen tirkeşip bazara gidipdir. Bazara baranda, olardan aýrylyşypdyr-da, öküz satyn alypdyr. Öküzi agalarynyň ýanyna idip getirip «Men tohum at aldym» diýip görkezipdir. Agalary: «Ahow, saňsar, bu öküz ahyry, sen munuň şahyny göreňokmy?» diýipdirler. Ol öküzini gassabyň ýanyna äkidip, şahyny kesdiripdir. Şondan soň çagalar oňa: «Sygyr çapyksuwaryň ogly» diýip at beripdirler.

1635. Olardan ýene biri Şezre ibn Zybyrkan ibn Bedrdir. Bir gün Şezre metjide girmekçi bolup, onuň bosagasynyň üstünde oturypdyr. «Essalamu aleýkum! Şezre girip bilermi?» diýip sorapdyr. Adamlar: «Bu gün oňa rugsat berilmeýän gün» diýp, jogap beripdirler. Şezre olara garap: «Meniň ýalylar il

hataryna girse, näme üçin olaryň orun-derejesini bilenokkalar?» diýip ötägidipdir.

1636. Abu Zamzamyň gyrnagy başga bir adam bilen ýatyp turupdyr. Soňra ol: «Eý, hojaýyn, ine şu meni ogşady» diýipdir. Abu Zamzam: «Eý, ýigit, bu seni tanady. Indi ogşamasaň etjek zadyň ýok» diýipdir.

1637. Dawut ibn Mugtamyr bozukdyr öýdüp, bir zenanyň yzyna düşüpdir. Ol zenana bakyp: «Gadyrly uýam, sendäki haýyr alamatlaryny görmedik bolsam, yzyňa düşmezdim» diýipdir. Ol zenan muňa gülüpdir, arkasyny haýata (diwara) söýäp: «Geň-taň göremok, meň ýalylar şol alamaty bilen seň ýalylardan uzakda gezýär. Bolgusyz zada ýetmekde, haýyr alamatlary saňa ýol görkezen bolsa, hany onda mundan halas bolmagyň hem ýoluny aýdaweri» diýipdir.

1638. Taryk ibn Mübäregiň aýdany: «Bir gezek Bilal syrkawlapdyr. Doganoglany ondan näme iýesiniň gelýändigini sorapdyr. Ol: «Iki geçiniň kellesini» diýip, jogap beripdir. Doganoglany: «Ol-a ýok» diýende, «Onda geçiniň iki kellesini getiräý» diýip, jogap beripdir.

1639. Medaýynynyň Abu Amrdan eşidip, aýtmagyna görä, Rabiga ibn Asal Mugawyýa ibn Asanyň ýanyna barypdyr. Ol: «Gerek zadyňy sora» diýende, «Meni gyzyňa öýer» diýipdir. Ol: «Ibn Asaly asal-baldan gandyryň» diýipdir. Soňra ýene-de ony gaýtaladyp, soň ýene üçünji gezek gaýtalapdyr. Ondan soňra: «Meni Horasana häkim edip belle» diýende, Mugawyýa: «Onuň emeldarlaryny Zyýat gowy tanaýar» diýipdir. Ol ýene: «Meni Basranyň şurtasy (polisiýasy) edip belle» diýende, Mugawyýa: «Olaryň şurtalaryny Zyýat gowy tanaýar» diýipdir. Soňra ol ýene-de: «Maňa mahmal don geýdir we howlymda eker ýaly müň düýp nahal ber» diýipdir. Mugawyýa ondan: «Seniň howlyň nirede?» diýip soranda, ol: «Basrada» diýip,

jogap beripdir. Mugawyýa: «Basra seniň howlyňdamy ýa-da seniň howlyň Basrada?!» diýip sorapdyr.

1640. Tahyr Zulýemineýn (iki dilli) bir gün Abu Abdylla Merweziden: «Sen haçandan bäri Yrakda ýaşap ýörsüň?» diýip sorapdyr. Ol: «Ýigrimi ýyldan bäri ýaşaýaryn, kyrk ýyldan bäri hem oraza tutýaryn» diýipdir. Tahyr: «Eý, Abu Abdylla, senden bir zat hakda soraýan welin, sen iki zada jogap berýärsiň» diýipdir.

1641. Ybraýym ibn Hasyp Medini hem akmak adamlaryň biri ekeni. Onuň süňki çykyp duran eşegi bolup, adamlar atyna torba geýdirse, ol hem eşeginiň torbasyny alypdyr, üç gezek «Kul huwallany» okap, soňra torbasyny geýdiripdir. Ol «Arpa gabyny «Kul huwalladan» bähbitli görýän adama, Hudaýyň näleti bolsun» diýipdir. Ol şeýle diýip durka, eşegi demigip ölüpdir. Ol: «Walla, «Kul huwallanyň» eşekleri öldürýändigine gümanam etmändirin. Ol adamlar üçin ölüm howpludyr öýdýärdim. Men ony gaýdyp okamaryn» diýipdir. Soňra ol dolanyp «Kul huwallany» okamandyr.

## SEGSENINJI BÖLÜM

# ÝEŇILKELLELER

1642. Abu Hasan Medaýynynyň aýdany: «Çarwa arabyň biri: «Adyň näme?» diýip bir adamdan soranda, ol: «Abdylla[1]» diýip, jogap beripdir. «Kimiň atasy?» diýende, «Abdyrahmanyň[2] atasy» diýipdir. «Kimiň ogly?» diýende, «Ubaýdullanyň[3] ogly» diýip, jogap beripdir. Çarwa arap: «Asyl sen gorkaklaryňky we bihepbeleriňki ýaly edip, Hudaýdan gaçybatalga diläp ýörenleriň biri ekeniň» diýipdir.

1643. Medaýynynyň aýdany: «Çarwa arabyň biri gyrgynda ýogalan bir adama gabyr gazyp beripdir. Merhumyň garyndaşlary oňa hakyny berjek bolanlarynda, ol: «Donuň bahasyna ýetýänçä, özüňizde durubersin» diýip, jogap beripdir.

1644. Asmagynyň gürrüňi: «Bir gün iki sany adam, özleriniň syrkaw ýatan ildeşlerini soramaga gaýdypdyrlar. Olar gelipdirler-de, aglap ses etmäge durupdyrlar. Adamlar olara: «Ol entek ýogalanok ahyry!» diýenlerinde, olar: «Nesip bolsa ýogalar, nesip bolsa ýogalar» diýşip, çykyp gidipdirler.

1645. Sagyp ibn Abu Mäligiň aýdany: «Bir gezek bir garyp adam bilen oturdym. Ol bir sagat çemesi dymyp oturdy-

---

[1] Abdylla – Allanyň guly
[2] Abdyrahman – Rahman Allanyň guly
[3] Ubaýdulla – Allanyň guljagazy

da, soňra menden: «Sen ýyly tamdyryň içinde oturyp, hezil edip içiňi boşadyp gördüňmi?» diýdi. Men: «Ýok» diýdim. Ol «Asyl sen dünýäň lezzetini datman ekeniň» diýdi.

1646. Asmagynyň aýdany: «Bir ymam münberiň üstünde hutba aýdyp durka, çarwa arabyň biri metjidiň gapysyndan giripdir. Ol käbir adamlardan: «Bu näme diýýär?» diýip sorapdyr. Olaryň biri: «Ondan-oňa göçüp ýöreniňden, şäherde baryny iýmek çarwa araplara ýeterlik dälmikä?» diýýär, diýip aýdypdyr. Çarwa arap adamlary we hatarlary basgylap geçip, hatybyň golaýyna gelipdir hem-de: «Eý sen, bu aýdýan zatlaryňy biziň süpük adamlarymyz edýär. Men olardan däl» diýipdir.

Muňa hatyp we töweregindäki ähli adamlar gülüşipdirler.

1647. Abu Amr Şeýbanynyň aýdany: «Mekgedekäm bir çarwa arabyň öz ejesine örän uzak doga-dileg edip oturanyny gördüm. Men ondan: «Kakaňa näme boldy, onuň üçin doga edeňok-la?» diýdim. Ol: «Kakam öz başyny çaraýan adam» diýip jogap berdi».

1648. Muhammet ibn Yshagyň aýdany: «Tufawat we rasyp taýpalarynyň adamlary bir kişiniň asly hakda çekeleşipdirler. Bular: «Ol bizden» diýse, beýlekiler: «Ýok, ol bizden, biz tarapdan» diýip durmuşynlar. Ahyry bular çözlüşibilmän, Ibn Yrbazyň ýanyna barypdyrlar. Ibn Yrbaz: «Munuň jogaby ýeňiljek. Şol adamyny derýa oklamaly, eger suwuň ýüzünde gaýsa, ol tufawata degişli, eger suwuň düýbüne çökse, rasyba degişli» diýipdir. [Tufawat - «gaýmak, suwuň ýüzünde gaýyp gezmek» diýen manyny, Rasyp bolsa «çökmek, çökündi, löt» diýen manyny berýär].

1649. Omar ibn Zer wagyz edip otyrka, dek oturyp bilmeýänleriň biri gygyryp goýberipdir. Ýanynda oturan adam onuň dulugyna şarpyk çalyp goýberipdir. Muny synlap duran Amr: «Oňa şundan laýyk jeza ýokdy» diýipdir.

1650. Käbirleriniň aýdan sözleri*:

«Sabyr et, adamlara ýamanlyk we zorluk etmäge howlukma. Adamlara rehimli bolsaň, ýuka ýürek adamlara hem duşarsyň. Hudaýyň elinden ýokarda el ýokdur, zalyma duçar bolmajak zalym hem ýokdur.

* * *

Bu kitaby 991-nji hijri ýylynyň dört tirkeşikleriniň ikinji aýynyň ortalarynda hoşgüni göçürip boldy.

Bu Güýçli Allanyň ejiz we mätäç bendesi Muhammet ibn Molla Hasan Kuddusyň ýazanydyr, göçürenidir.

Goý, Hudaý onuň özüniň, ene-atasynyň, ýoldaşlarynyň we barça adamzadyň günäsini ötsün!

## DURY GÖZBAŞLARYŇ DÜRI

Ynsan ykbalynyň her pursatynda ýatlara-goýara, many alara zat ýok däl. Emma gaty zerur bolmadyk zatlaryň aňymyza agram salmazlygy üçin, öten aý-günler olary ýadymyzdan çykarypdyr. Diňe ýer togalagynyň demirgazyk çüňkünden seredeniňde, parlak Güni gözden ýitirmän, şol bir ýagdaýda, şol bir beýiklikde görüp bolşy ýaly, soňky ykbalyňa ýagşydan-ýamandan täsir etjek, käteler göwnüňi göterip, käteler päliňi peseltjek ýatlamalar, şol beýikliginde ýalkym saçyp dur. Edil şonuň ýaly ýatlamalaryň asyrlardan-asyrlara aşmagy üçin, asylly adamlar olaryň köpüsini ýazga geçiripdirler. Öňki durmuşdan, bolup geçen wakalardan many almak, netije cykarmak üçin, şöhratly aslyňa buýsanyp, ertire ynamly gadam urmak üçin taryhy ýazypdyrlar. Taryhy, geçmiş mirasymyzy öwrenmegiň, bilmegiň aňyrsynda şahsyýetiň terbiýesi ýatyr. Hut şonuň üçin hem Beýik Serdarymyzyň Mukaddes Ruhnamasynda: «Adamy - durmuş, şahsyýeti – taryh terbiýeleýär» diýip ýazylan. Şahsyýet mertebesine ýetmek bolsa, adam bolmaklygyň iň ýokary derejesidir. Geçmişi we geçmiş mirasymyzy öwrenmegiň ähmiýeti hakda Mukaddes Ruhnamada ýürege aram beriji we ony bilmäge höwes dörediji jümleler köp: «Geçmiş – geljegiň yşaraty, şu gün – geçmişiň netijesi, geljek bolsa – şu gün bilen geçmişiň nikasydyr. Onsoň geljegiň hili-de, onuň nähili boljakdygy,

nähili bolmajakdygy içki taýdan biziň geçmişi aňlap bilşimiziň hiline baglydyr».

Emma Garaşsyzlyk eýýamyndan öňki zamanada türkmen halkynyň ykbaly edil Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasynda: «Türkmen taryhyny türkmen taryhçysyndan başga her kim ýazdy. Olar türkmeniň taryhyny öz isleýşiçe ýazdylar» diýip, jaýdar aýdyşy ýaly boldy. Ata-babalarymyzyň ykbaly, ertirimiziň gönezligi bolan düýnümiz bize ýetirilmän saklanyldy. Ýitip gitmedik halkyň we milletiň taryhy hökmünde beýan edilen zatlar bolsa, köp halatda ýoýulan, hakykatdan üzňe we ýalana ýakyn bolup çykdy. Ýetmiş ýyllyk aň gabawynyň täsirine düşen, köne ülňülerden, sowet döwründe ýazylan kitaplardan aýňalyp bilmeýän käbir adamlar türkmenleriň şöhratly taryhyna degişli täsin ýazgylary okanlarynda, oňa ynanmazçylyk etmänem durmadylar. Beýik Serdarymyzyň jöwher paýhasy batyl duýgulary cym-pytrak edip, aň älemindäki päkize dünýäniň gapysyny açdy. Taryhyň käbir parçalary ýatdan çykyp biler, ýöne ony üýtgedip bolmaz. Biz bolsa ony şöhratly ata-babalarynyň bardygy üçin nesillere geçirmäge borçludyrys.

Türkmen beýik halk, muňa şübhe ýok. «...emma ol ikinji bir halkdan beýik däl. Türkmeniň zandynda onuň ýaly peslik ýok. Şu pendi her bir türkmen ömür ýadynda saklasyn» diýip, Beýik Serdarymyz özüniň Mukaddes Ruhnamasynda sargyt edýär. Türkmeniň Altyn asyrynda ýaşamak bilen, onuň geçmişini ylmy esasda öwrenýän her bir watansöýer perzent her bir işde Beýik Serdarymyzyň dogaýy sözlerini gursagyna tumar edip dakmalydyr.

Beýik Serdarymyz ata-babalarymyzyň döreden we oýlap tapan zatlary, edebi we medeni mirasy hakda çuňňur alada edýär, olary agtarmagy, gözlemegi, tapmagy we öwrenmegi sargaýar. Çünki, ol ýerde türkmen köküniň näderejede örňäp-

ornaýşynyň beýany ýatyr. Olar biziň tükeniksiz ruhy gorumyzdyr. «Ruhy gymmatlyklar boş ýerden döremeýär». «Ata-babalarymyzyň genji-käni, galdyran ruhy baýlyklary biziň döwletimiziň milli aňyýeti bolsun» diýip, Beýik Serdarymyzyň Mukaddes Ruhnamasynda aýdylýar. Geçmiş mirasymyzy öwrenmegiň zerurlygy hakda durup geçip: «Geçmişiňi bilmeseň geljekki nesliň ykbaly garaňky bolar, ýene-de ruhy pese düşüp, köp türkmen aslyny ýitirer» diýip belleýär. Aslymyzy ýitirmezlik üçin, beýik Serdarymyzyň döreden mümkinçiligini yrýa etmän, bagtyýar geljegiň hatyrasyna geçmişden habarly gezmelidiris. Her bir ýoluň, her bir zadyň kynçylygy bolýar. Emma zyýada mümkinçiligiň bar ýerinde sähelçe-de müşgillik galmaýar. Ýol barka, ýöremek kyn düşmeýär. Bu, gözbaşyny alyslardan we asyrlardan alyp gaýdýan türkmen edebi mirasyny öwrenmekde hem hut şeýledir. Türkmeniň ruhuny duýmagy we tanamagy öwreden Mukaddes Ruhnamany özümize şamçyrag edinip, taryhyň islendik tokaýyna aýak atsak, ähli zat ap-aýdyň görner. Ilkibada gözüňe gorkunç görünýän sümme jeňňellerem, beýikli-pesli düzlerem, ymgyr giňiş ýaýlaly, ötlem-ötlem ýolly, kötel-kötel gerişli we geçitli, gitse-gelmez saýylýan menzillerem gündizlik kibi anyk bildirer durar. Taryhyň ähli ýoly özüne dolanyp gelýän Mukaddes Ruhnamanyň üsti bilen edebi mirasymyzy öwrenmekde päsgelçilik galmaýar.

Türkmeniň ruhy genjine gatylan eserler, ylmy açyşlar, ýyldyz kibi ýagtylyk saçýan taryhy şahsyýetlerimiz, merdanalarymyz, alymlarymyz we danalarymyz barmak büküp sanardan köp. Her bir ugur aýratyn umman. Göwher hernäçe ýalpyldaýan hem bolsa, akaryň içindäki altyn daşlary saýgaryp bilmeklik, gözbaşyň durulygyna bagly. Gösbaş näçe dury, gönezlik näçe halal bolsa, gözellik hem şonça zyýada bolýar. Her bir taryhy hadysadan netije çykarmak üçin hem şeýle

aýdyň gözbaşlara salgylanmak zerurdyr. Dogry netijä gelmek üçin düz pikirden ugur almaly. Geçmişi kemsiz bilmek üçin asyl çeşmä ser salmaly. Goý, ol ýerde ýalňyşlyk ýa-da ýazylmadyk zatlar bar bolsa-da, az bolsun.

Türkmeniň geçmiş taryhyna degişli golýazmalary dünýäniň çar künjünden tapyp getirdýän we olary öwrenmäge, hakykaty dogruçyl beýan etmäge mümkincilik döreden Beýik Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun! Ol ýa-ha zamananyň ýowuzlygy, ýa-da nesilleriň geleňsizligi sebäpli, biperwaýlyk çüňkünde unudylan tanymal taryhy şahslarymyza täze dirilik berdi.Gat-gat gamyş tutan, küt-küt kerep baglan ruhy gözbaşlarymyzyň batyl galan buýsanç çeşmesiniň öňüni arçady.

Türkmen döwletli halk. Hut şol sebäpli hem Beýik Taňry türkmeniň döwletlilik nesibesinden ýokdurmak üçin, ony dünýäniň ýüzüne dary sepen ýaly pytradypdyr. Dünýäde Allanyň nazary, ýer ýüzünde türkmeniň aýagy düşmedik ýer ýok diýen ýaly. Bu günki gün geçmiş taryhymyzy, edebi we medeni mirasymyzy öwrenmek üçin hem şeýle alyslara aýak uzatmaly bolýarys. Dürli dillere düşünmeli, dürli dilleri bilmeli bolýarys. Sebäbi, aýak basan ýerini abadan edýän türkmen, öz töweregindäki jemgyýetiň bagtyýarlygynyň hatyrasy üçin, eserleriniň köp bölegini ýerli halkyň dilinde döredipdir. Beýik Serdarymyz «Türkmen edebiýatynyň taryhynda yz galdyran eserlere türkmeniň milli baýlygy hökmünde garamak gerek» diýdi we ol eserleriň haýsy dilde ýazylandygyna garamazdan, türkmen diline terjime edilmelidigini tabşyrdy.

Taryhy maglumatlardan mälim bolşy ýaly, biziň ata-babalarymyz dürli taryhy-syýasy ýagdaýlara görä, öz eserlerini esasan, türkmen, arap, pars dillerinde döredipdirler. Öz eserlerini arap dilinde ýazan türkmen şahsyýetleri, alymlary, danyşmentleri sanardan köp. Beýik Serdarymyzyň

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde nygtaýşy ýaly[1] «Türkmenler ir zamanlarda arap dilinde, soňra pars dilinde eser döredipdirler. Seljuklar zamanasynda bolsa döwlet dolandyryş işlerini pars diline geçirmek makul bilinýär. Ylmy işlerem, beýlekilerem pars dilinde ýazylýar». Hakykatdan hem, seljuklar zamanasyndaky ýazylan işler, döredilen eserler aglaba pars dilinde. Diňe, köpçülik ilaty, ýerli ilaty arap bolan sebitlerde ýaşan türkmenler, arap dilinde eser ýazmaklaryny dowam etdiripdirler. Ol bolsa Beýik Serdarymyzyň nygtaýşy ýaly, ir zamanlardan gözbaş alýar.

Ibn Esiriň «Kämil taryh» atly eserinde belleýşi ýaly türkmenleriň Yslam dünýäsindäki aç-açan agalyk ediji täsiri, hatda Seljuk türkmenlerinden hem birnäçe ýüz ýyl ozal – 230-njy hijri ýyllarynda peýda bolýar. Buga Türkmeniň, Eşnas Türkmeniň, Utamyşyň, Garabaşyň we beýlekileriň halypatyň saklanmagyna, döwlet işleriniň dolandyrylmagyna, düzgün-tertibiň kemsiz ýola goýulmagyna eden täsirlerini, hatda ýerli araplaryň hiç biri hem başarmandy. Türkmenleriň Şam, Müsür, Yrak sebitlerine eden köpçülikleýin göçüşleriniň biri hem hut şol döwürler başlanan bolmaly.

Arap dilinde eser döredip, türkmen we dünýä medeniýetine deň derejede goşant goşan taryhy şahsyýetlerimiziň ykbaly hut Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň keramatly demi bilen direldildi. Beýik Serdarymyz olaryň direldilmäge, öwrenilmäge mynasyp şahsyýetlerdigini açyp görkezdi. Galyň taryh eserlerinde türkmenler hakynda nämeler bar bolsa, olary susup almak we halkymyza ýetirmek hemmämiziň öňümizde duran mukaddes borçdyr.

Arap dilinde eser döreden türkmen edebiýatçylary hakynda giňişleýin maglumatlary Ýakut Hamawynyň «Mugjemul

[1] 2003-nji ýylyň Nowruz aýynyň 13-indäki mejlisde eden çykyşy.

udaba», Ibn Hallikanyň «Wefeýat el-agýan», Aýbeg Safadynyň «El-Wäfi bil-wefeýat», Ibn Gutlybuganyň «Täj-ut-terajim», Ibn Taňryberdiniň «Menhel as-safy» we beýleki birnäçe eserlerden tapyp bileris. Bu eserler edebiýatçylara bolan teşneligiňi doly gandyryp bilmese-de, entek bize näbelli bolan birnäçe türkmen edebiýatçysynyň ömri we döredijiligi hakda zerur maglumatlary berýär. Şeýle taryhy eserleri garaňky gijäniň asmany hökmünde göz öňüne getirsek, onda türkmen taryhy şahsyýetleri, şahyrdyr edebiýatçylary şol gijäniň döşündäki ýyldyzlar ýaly lowurdap durandyr. Biziň hemmämiziň asmandaky ähli ýyldyzyň adyny bilmeýşimiz ýaly, entek dünýä taryhynda ýyldyz bolup, şöhle saçyp duran ähli türkmenleriň adyny hem bilemizok. Beýik Serdarymyz «Älem syry kitap bilen açylýar» diýip, hak aýdýar. Biz bu zatlary gözlemek, tapmak, öwrenmek bilen Beýik Serdarymyzyň mukaddes sargytlaryny ýerine ýetirýäris. Bu biziň üçin uly mertebe we ynamdyr.

Beýik Serdarymyzyň türkmen milli mirasyny dikeltmek üçin edýän alada-yhlasyny bütin dünýä bilýär. Hut şonuň üçinem, dünýäniň çar künjünden biziň Prezidentimize iberilýän gymmatbaha sowgatlaryň arasynda türkmen halkynyň taryhyna, geçmiş mirasyna degişli golýazmalar hem bar. Şeýle golýazmalaryň biri, şu döwre çenli diňe bir bizde däl, hatda dünýä derejesinde hem doly öwrenilmedik türkmen edebiýatçysy Abulwepa Reýhan ibn Abdylwahyt Horezminiň «Mertebeler we kemlikler» atly eseridir. Abulwepa Reýhan ibn Abdylwahyt Horezmi 430-njy hijri (1038-nji milady) ýyly töwereklerinde dünýäden ötüpdir.

Bu kitabyň awtorynyň terjumehaly hakda iň ygtybarly we ýeke-täk çeşme Hatyp Bagdadynyň «Bagdadyň taryhy» atly kitabydyr. Ol ýerde şeýle setirler bar: «Abulwepa Reýhan ibn Abdylwahyt ibn Muhammet Urmawy Wagyz, Abu Nejip

Urmawy Horezminiň dogany, Bagdada gelende Abu Aly ibn Hebeş Dineweriden hadys aýdyp beren adamdyr. Reýhan Horezmiden bolsa onuň öz şägirdi Abu Tahyr Muhammet ibn Aly Uşnany eşidip, hadys aýdyp berdi.

Reýhan Horezmi örän dogruçyl, sözüne ynam edilýän adam eken. Ol 430-njy ýyllar töwereklerinde dünýäden ötdi».

Bu terjimehal örän gysga bolup, her bir alymyň islegini doly kanagatlandyrmaýan hem bolsa, biz üçin örän gymmatlydyr. Elbetde, ol ýerde Reýhan Horezminiň haçan dogulandygy we näçe ýaşynda ýogalandygy hakda hiç hili maglumat ýok. Beýleki çeşmelere salgylansak, onuň agasy Abu Nejip Horezmi has meşhur adam ýaly duýulýar. Abu Nejip Abdylgaffar Urmawy Horezminiň terjimehaly hakda «Bagdadyň taryhy» (Tarih Bagdad), «Damaskyň taryhy» (Tarih Dimaşk), «Damaskyň gysgaça taryhy» (Muhteser tarih-i Dimaşk), Al-Habbalyň «Müsürli şahslaryň wepatnamasy» (Wefeýat kowmin minel-Misriýýin), «Alymlaryň doglan senenamalary» (Tarih mewlidil-ulama), «Meşhur akyldarlaryň ömür beýany» (Siýer agläme-n-nubela), «Yslamyň taryhy» (Tarih Islam) ýaly ýene-de birnäçe eserlerde duş gelinýär.

Reýhan Horezminiň terjimehalyna degişli beýleki maglumatlary diňe onuň öz eserine salgylanyp, takyklasa bolar. Reýhan Horezminiň «Mertebeler we kemlikler» atly eseriniň 250-nji gunçasynda[1] «Abul Kasym Nasr ibn Ahmet ibn Marjy-Mowsylynyň maňa 379-njy ýylda ýazan hatynda şeýle waka gürrüň berilýär» diýen sözlem bar. Ýokarda ýatlanylan çeşmede Reýhan Horezmi 430-njy ýylda ýogalan diýlip bellenilýär. Eger 379-njy ýylda ol Abul Kasym Marjy Mowsyly bilen hat aragatnaşygyny saklan bolsa, onda şol

[1] Reýhan Horezmi her bölümdäki aýry-aýry edebi parçalary «gunçalar» diýip atlandyrýar.

wagtlar Reýhan Horezmi azyndan 18-20 ýaş töwereklerindedir diýip çaklasa bolar. Bu bolsa onuň 360-njy ýa-da ondan aňyrky ýyllarda doglandygyny salgy berýär. Eger şu hasaba görä, onuň ömrüni kesgitlesek, Reýhan Horezmi azyndan ýetmiş ýaş töweregi ýaşan bolmaly. Bu diňe iň bärki çaklamadyr, ýöne onuň bu ýaşdan uly ýa-da kiçi bolup biljekligi hem aradan aýrylmaýar. Agasynyň terjimehalyna we Reýhanyň öz eserine salgylanyp, Reýhan Horezminiň nebere daragtyny şeýleräk kesgitlese bolar: Abulwepa Reýhan ibn Abdylwahyt ibn Muhammet ibn Ahmet ibn Muhammet ibn Nasr ibn Hişam ibn Ryzman Horezmi. Ryzman bolsa Jerir ibn Abdylla Bejeliniň kömekçisi bolup gezen şahsyýetdir. Reýhan Horezmi hem Jerir ibn Abdyllany özüniň bir atasy hökmünde görýär. «Mertebeler we kemlikler» eseriniň 99-njy gunçasyndaky «Atamyz Jerir ibn Abdylla Bejeli bir gezek Pygamberiň söhbetine baranda, onuň ýany adamlardan hyryn-dykyn eken» diýen jümleler munuň aýdyň subutnamasydyr.

Hatyp Bagdadynyň ýokarda ýatlanylan eserinde onuň «Urmawy» nisbesi getirilýär. Reýhan Horezminiň şu eseriniň unwanynda bolsa onuň «Horezmi» nisbe-lakamy berlipdir. Reýhanyň ata-babalarynyň horezmli türkmenlerden bolandygy onuň agasynyň terjimehalynda beýan edilipdir. Reýhan Horezmi «Mertebeler we kemlikler» eseriniň «Buýsanç» bölüminde, özüniň arap däldigini ýaňzydýar. Ol arap patyşalarynyň şan-şöhraty hakda söz açanda, «olar» diýip ýüzlenýär. «Olaryň beýle öwgülerini göreniňde, şeýle häsiýetleriň köpüsi olarda bolandyr öýtmeýärsiň» diýen sözleri bolsa, Reýhan Horezminiň özge bir halk, gaýry bir kowum hakda gürrüň edýändigini aňladýar. Awtor şeýle diýýär: «Arap hökümdarlary we şan-şöhrata beslenen akylly, abraýly adamlary, özlerini şygyr we suhangöýlik bilen wasp edipdirler. Şeýle aýdanyňda gelişmeýän sözleri, goşgy setirlerine salyp,

özleriniň buýsanjyny, namys päkligini öwüp, arşa çykarypdyrlar. Olaryň beýle öwgülerini göreniňde, şeýle häsiýetleriň köpüsi olarda bolandyr öýtmeýärsiň. Olar muny özleriniň yzynda ýagşy ýatlamalaryň galmagy, gözel işleriniň indiki nesillere ýatlatma, nusga bolmagy, özünden soňky kowumlaryň şeýle gözel ahlaga eýerip, adamkärçilik mertebesine gowuşmagy, bu zatlardan edep-terbiýe, öwüt-ündew alanlaryň il öňüne düşüp, halk aladasyny etmegi üçin ýazandyrlar. Belki-de, özleriniň mertebelerini we söweşdäki ýagdaýlaryny ýatlap, özleriniň öwülmegi, nesilleriniň batyrlyk ruhy bilen galkynmagy we duşmanlaryny gorkuzyp, howsala salmagy üçin ýazylandyr».

Emma eseriň 777-nji gunçasynda, ata-babalarynyň şöhratyny ýatlap buýsanşy we ol ýerde agzaýan zatlary, hut Ibn Esiriň we beýleki orta asyr taryhçylarynyň türkmenler hakda ýazan taryhy ýazgylaryna gabat gelýär: «Biziň hormatymyzyň nähilidigini döwürden sora. Nuh döwründen bäri ýagşy adamlarymyzy nähili görüpdirler? Eýsem biz beýik mertebeli we ahlagy päk adamlaryň ogullary dälmidiris?! Goldaw-hemaýatyň we düz işleriň eýesi – bizdiris. [Mukaddes] kitapdan we müsnetden höküm çykaranymyzda, gylyçlar biziň buýrugymyzyň hyzmatkärleri bolmadymy? Tä döwür heläk edýänçä, biziň adamlarymyz şeýle belent boldy. Her bir mäkäm gurlan sütün hem bizden ýaňa sandyraberdi. Abraý-şöhrata beslenen her bir kowumyň asyl binasyny, köp zatlar kem-kemden ýumrup başlady. Men ýene-de döwranyň dolanmagyny, biziň hökümdarymyz emir Muhammediň döwletiniň gaýdyp gelmegini umyt edýärin» diýýär. Şu ýerde bellemeli ýene bir ýagdaý, Reýhan Horezmi «Nuh döwründen bäri…» diýen sözleri bilen, Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasyndaky, Nuh

pygamberden gözbaş alýan aslymyz hakdaky hakykaty biygtyýar ýadymyza salýar.

Bu edebiýatçynyň döredijiligini öwrenen Ysmaýyl Salyh hem özüniň Reýhan Horezmi hakdaky ylmy işinde «Onuň ata-babalary Horezmden bolup, özüniň doglan we dünýäden öten ýeri bolsa, Urmiýe şäheridir[1]» diýip belleýär. Ýakut Hamawynyň «Mugjem-ul buldan» (Ýurtlaryň sözlügi, I jilt, 159 s.) atly eserinde «Urmiýe häzirki Azerbeýjandaky gadymy şäherleriň biridir. Urmiýe şäheri bilen Urmiýe kölüniň aralygy 3-4 mil töweregi bardyr. Aýtmaklaryna görä, ol otparazlaryň pygamberi Zaratuştranyň guran şäherleriniň biri hasaplanýar. Urmiýe şäheri haýry köp, bagy-bossany we bereketi bol şäherdir» diýilýär. Reýhan Horezminiň Urmiýe şäherinde dünýäden ötendigi hakda başga hiç hili maglumat we çaklama ýok, emma alymyň öz eserine salgylansak, onuň birnäçe wagtlap Basrada ýaşandygy welin şübhesiz hakykat. Reýhan Horezminiň şu eseriniň 1395-nji gunçasynda «Muny maňa Kazy Abu Abdylla Ahmet ibn Yshak Nuhawendi Basradakam gürrüň berdi», 1458-nji gunçasynda «Muny maňa Basradakam Kazy Abu Abdylla Nuhawendi gürrüň berdi» diýen jümleler onuň Basrada bolup görendigini tassyklaýar.

Taryhdan mälim bolşy ýaly, otparazlyk dininiň dörän ýeri hem biziň ata-baba mekanymyz Türkmenistandyr. Bu din nähili uzaklyga ýaýran hem bolsa, şu toprakdan gözbaş alyp ýaýrandyr. Eger Urmiýe şäheri Zaratuştranyň guran şäherleriniň biri hasaplanýan bolsa, ol sebitler hem gadymdan türkmeniň oturymly ýerleri bolmaly. Reýhan Horezminiň ata-babalary hakda hem degerli maglumatlary tapmak kyn. Diňe onuň şu eserinde kakasyndan (93, 901, 1170, 1276-njy

---

[1] Ysmaýyl Salyh, «Reýhan Horezminiň «Mertebeler we kemlikler», 7 s.

guńçalar) we atasyndan (1171-nji guńça) eşiden edebi setirleri, hadyslary berlipdir.

Hatyp Bagdadynyň eserinde Reýhan Horezmi «Wagyz» – wagyz-nesihatçy diýlip bellenilýär. Reýhanyň şu eserinde bolsa onuň goşgusyndan bir bölek (777-nji gunça) getirilýär. Şu maglumatlardan çen tutup, Reýhanyň wagyz-nesihatçy şahyr bolandygyny kesgitlemek mümkin. Şeýle hem birnäçe şyhlara salgylanyp, gürrüň berýän hadyslaryna we Hatyp Bagdadynyň sözlerine esaslanyp, onuň hadysçy bolandygyny hem aýdyp bolar.

Reýhan Horezminiň ylym-bilimi hakynda bizde hiç hili maglumat ýok. Emma onuň eseriniň içinden, Reýhanyň halypalarynyň ýa-da halypa hökmünde söhbetini diňlän şahslarynyň birnäçesini çykaryp bolar. Sebäbi, Reýhan Horezmi «Muny maňa pylany gürrüň berdi. Men muny pylanydan eşitdim» diýen ýaly jümleler bilen, hut şolaryň özünden eşdendigini tassyklaýar. Reýhanyň halypalary, ussatlary we dostluk gatnaşygyny saklan ýoldaşlary hökmünde şulary agzap bolar:

1. Kakasy (93, 901, 1170, 1276-njy gunçalar)
2. Atasy (1171-nji gunça)
3. Abulhasan Muhammet ibn Bagdady (24-nji gunça)
4. Aly ibn Zekkar Faryky (527, 543, 765, 1275, 1595-nji gunçalar)
5. Abulkasym Nasr ibn Marjy Mowsyly (92, 250, 421-nji gunçalar)
6. Abu Ymran Musa ibn Ymran Temimi (101, 233, 422, 423, 1168, 1223, 1261, 1492-nji gunçalar)
7. Aly ibn Kasym Basry (119, 475, 486, 906, 1082, 1335-nji gunçalar)
8. Şyh Abu Tahyr Reýýan ibn Aly Wasyty (465-nji gunça)
9. Kazy fakyh Abu Muhammet (579-njy gunça)

10. Abu Nasr Mansur ibn Kasym (846-njy gunça)
11. Abu Aly Süleýman ibn Feth Zemekdem (897-nji gunça)
12. Abulkasym Musaffar ibn Hasan (1071-nji gunça)
13. Kazy Abu Abdylla Ahmet ibn Yshak Nuhawendi (1180, 1395, 1458-nji gunçalar)
14. Abul Hasan Kelkesi (1181-nji gunça)
15. Abu Temmam Haşymy (1298-nji gunça)
16. Mutahhar ibn Ybraýym Basry (1330, 1331-nji gunçalar)
17. Abu Muhammet Hasan ibn Muhammet Samarry (1332-nji gunça)
18. Abdy (1333-nji gunça)
19. Abu Şihap Esgeri (1334-nji gunça)
20. Abu Omar Abdylwahyt ibn Muhammet ibn Mäti Bagdady (466-njy gunça)
21. Abu Omar Haşymy (1510, 1511-nji gunçalar).

Reýhan Horezminiň ata-babasyndan eşiden hadyslaryndan, onuň agasy hakda beýleki alymlaryň berýän maglumatlaryndan çen tutsak, ol ata-baba ylymly ojakdan örňäp çykan edebiýatçylaryň biri bolmaly. Onuň ata-babalary dogrusynda anyk taryhy çeşmeleriň elimizde bolmazlygy, bu şahslaryň ylym we edebiýat meýdanynda hiç hili yz galdyrmandygyny aňlatmaýar. Mongol serkerdesi Hulagunyň ýakdyran kitaphanalarynyň arasy bilen Yslam dünýäsiniň ylmy çeşmeleriniň biçak köpsanlysy küle öwrüldi. Biz diňe başyna şeýle apat düşmedik eserler bilen çäklenmeli bolýarys. Eger Reýhan Horezmi şahyr we edebiýatçy hökmünde adygan bolsa, şeýle hem onuň ylymly maşgaladan çykandygyny nazara alsak, onuň ýene-de birnäçe eseriniň bolup biljekligi ähtimaldyr. Eger şol kitaplar häzirki günlere çenli saklanan bolsa, onda biz Reýhan Horezminiň terjimehalyna degişli beýleki birnäçe eserleriň üstünden hem barsak barardyk, ýöne, ykbal bu şöhratly edebiýatçynyň diňe «Mertebeler we kemlikler» atly

eserini indiki nesiller üçin aýap saklapdyr. Bu eser hem Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşynyň hut öz aladasy we tabşyrygy bilen gaýtadan dikeldilp, arap dilinden türkmen diline terjime edildi.

Reýhan Horezminiň «Mertebeler we kemlikler» atly eserinde ynsanyň gylyk-häsiýetleri bilen baglanyşykly edebi parçalar beýan edilýär. Reýhan Horezminiň öz eserini «Mertebeler we kemlikler» diýip atlandyrmagynyň aňyrsynda hem şol maksatlar ýatyr. Ol özünden öň öten we döwürdeş şahslaryň aýdan parasatly sözlerini, jümlelerini, şygyr setirlerini, her bapdaky mowzuga laýyklykda tertip boýunça ýerleşdirip, ynsana mahsus bolan mertebeler we aýyp-nogsanlyklar hakda söhbet edýär. Bu eser biziň ata-babalarymyzyň mertebeseniň we nogsanlyklarynyň gözbaşyna akyl ýetirmäge kömek edýär.

Ýöne eseri çuňňur okanyňdan soňra, bir mesele ýüze çykýar. Ol hem, Reýhan Horezmiden öň edil şunuň ýaly eser ýazan başga-da bir adamyň bolanlygydyr. Sebäbi, Reýhan Horezmi «Köp ýagşy zatlary öz içine alýandygy üçin, bu kitapda — akyldarlaryň bossanynda — nazarym eglendi, onuň maňzyňa batýan sözlerini we manylaryny gyzykly sandym, dür dänelerini we hünjülerini ajaýyp bildim. Munuň salgylanylýan kitaplaryň biridigine, edebi maksatlaryň aglabasynyň bolsa ahyrsoňunda şuňa dolanyp gelýändigine göz ýetirdim. Ýöne şu bölümdäki bir manyny isleýän talyp, öz arzyly matlabyna ýetmek üçin, köp kitabyň gatyny açmaly boljak, ähli ýazgylary okamaga bolsa wagt azlyk edýär. Şonuň üçin men bölümleriň içindäki mysallary-gunçalary hem sanlar bilen tertiplemegi, olaryň gizlin mazmunyny aýdyňlaşdyryp, ähli ugurlardan söz açmagy makul bildim. Maksadyma ýetmek üçin ony mümkin boldugyça doly we kämil görnüşinde ýeňilleşdirdim. Üstünlik we şowlulyk Allanyň elindedir» diýip belleýär. Eýsem, alymyň

göz öňünde tutýan eseri haýsy eser bolup biler? Reýhan Horezmi ol eseriň adyny hiç bir ýerde göni ýatlamaýar. Ol eseriň awtory hakda hem kelam agyz agzamaýar. Biziň bu sowalymyz ücin ýene-de Reýhan Horezminiň öz eseri tapylgysyz gymmatlyk bolup dur. Sebäbi, alym şol gunçalaryň käbirinde öz ýaşan döwrüne laýyk gelmeýän taryhy maglumatlary berýär. Mysal üçin, 118-nji gunçada «Muny bize Ybraýym ibn Sindiden eşidip, Amr ibn Bahrul Jahyz gürrüň berdi» diýen jümle bar. Emma Reýhan Horezminiň Jahyzy görmändigi ikuçsuz. Jahyz 255-nji hijri ýylynda dünýäden öten adam. Ýa-da 597-nji gunçada «Muny maňa Abu Bekr Muhammet ibn Japar aýdyp berdi» diýen jümle hem ýokardaky maglumata kybapdaş. Abu Bekr Muhammet ibn Japar Haraýyty 327-nji hijri ýylynda dünýäden ötüpdir. Ýa-da 1351-nji gunçada «Asmagynyň maňa aýdyp beren setirleri» diýen jümle bar. Emma Asmagy 217-nji hijri ýylynda ýogalypdyr. Şundan çen tutsak, onda Reýhan Horezminiň göz öňünde tutýan eseri hijriniň üçünji-dördünji asyrlarynda ýazylan bolmaly. Biziň söhbetini edýän bu şahsymyz bolsa şondan soňky asyra degişlidir. Belki, Reýhan Horezminiň kakasynyň ýa-da atasynyň ýazan eseriniň üstüni ýetiren bolmagy hem mümkin. Her halda hem Reýhan Horezminiň başga bir eseri peýdalanandygy, öz maglumatlary bilen onuň üstüni ýetirip, ony kämilleşdirendigi, ýeňilleşdirendigi anykdyr.

Reýhan Horezminiň göz öňünde tutýan şol eseri Jahyzyň «El-Beýan», Kalynyň «El-Emali», Müberridiň «El-Kämil» eserleri ýaly kyssaly we şygyrly ýazgylardan, tertipsiz ýerleşdirilen habarlardan durýan bolmaly. Hut şonuň üçin hem Reýhan Horezmi «Ýöne şu bölümdäki bir manyny isleýän talyp, öz arzyly matlabyna ýetmek üçin, köp kitabyň gatyny açmaly boljak, ähli ýazgylary okamaga bolsa wagt azlyk edýär. Şonuň üçin men bölümleriň içindäki mysallary-gunçalary hem

sanlar bilen tertiplemegi, olaryň gizlin mazmunyny aýdyňlaşdyryp, ähli ugurlardan söz açmagy makul bildim» diýip belleýär. Reýhan Horezmiden öňki alymlaryň öz eserlerini belli bir mowzuga we tertibe laýyklykda yzygider ýerleşdirmän, dürli mowzukda bermeginiň hem öz ähmiýeti bar. Bu hem şol bir manydaky, şol bir äheňdäki sözler-setirler bilen okyjyny irizmezlik üçindir.

Reýhan Horezminiň olardan tapawutlanan ýeri, bir mowzukdaky edebi parçalaryň ählisini aýratyn bir baba jemläp, her gunçany hem sanlar bilen belgilemegidir. Her babyň ady öz içindäki mazmuny salgy berýär. Bu usul okyjynyň we eseri ylmy taýdan öwrenijiniň artykmaç wagt sarp etmezligi üçin bähbitlidir.

Reýhan Horezmi diňe munuň bilen hem çäklenmändir. Ol öz ussatlaryna salgylanyp, takyk beýan edilen hadyslary, şeýle hem Lepbady, Kermany, Toty, Abu Nemle Gürgenli, Abul Huruf, Abul Kattaf Derfeli ... ýaly ýerli şahyrlaryň hem birnäçesiniň edebi parçalaryny getirýär. Şu jähtden seredeniňde «Mertebeler we kemlikler» atly eser bahasyna ýetip bolmajak edebi gymmatlyklaryň biridir.

Bu gyzykly kitabyň golýazma nusgasy örän seýrekdir. Onuň bir nusgasy uzak wagtlap Damaskyň Zahyrýýýe kitaphanasynda «3189 Edebiýat 18» belgi bilen saklanyldy. Soňra bu golýazmany Damaskyň Eset adyndaky döwlet kitaphanasyna geçirdiler. Bu eserde jemi 140 warak (280 sahypa) bolup, her sahypada 17 setir bar. Sahypanyň ölçegi 20,5x14,5 sm. Ol örän owadan nush[1] hatynda ýazylan. Muňa garamazdan, setir üstlerindäki düzeltmeleri we bozulmalary göreniňden soň, göçürijiniň onçakly bir sowatly adam däldigini aňmak bolýar. Eseriň esasy maglumatlary berilýän sahypanyň

[1] Nush haty – arap ýazuwynyň bir görnüşi

ýokarragynda üçburçluk bolup, ol ýerde kitabyň we awtoryň ady bar. Üçburçlugyň sag tarapynda aşak gyşardylyp: «Muny Taňrynyň pakyr we biçäre bendesi Muslih bih ibn merhum Ýunus Çelebi Kuds şäherinden satyn aldy. Goý, Alla ony, ene-atasyny, eseriň awtoryny we barça mömin-musulmanlary bagyşlasyn!» diýlip ýazylan. Bu ýazgy 1048-nji hijri ýylyna degişlidir. Üçburçlugyň çep tarapynda «Kezberi Ependiden» diýen ýazgy bar. Üçburçlugyň üstünde pars dilinde ýazylan seneli habar, onuň gapdalynda bolsa «Bu kitaby pakyr we biçäre Muhammet ibn Abdylla Azmy satyn aldy. Allatagala ol ikisini we olaryň ene-atalaryny magfyret etsin. Ämin. 1213-nji ýylyň sapar aýy» diýen ýazgy bar.

Eseriň ahyrky sahypasynda göçürijiniň «Bu kitaby 991-nji hijri ýylynyň dört tirkeşikleriniň ikinji aýynyň ortalarynda hoşgüni göçürip boldy.

Bu Güýçli Allanyň ejiz we mätäç bendesi Muhammet ibn Molla Hasan Kuddusyň ýazanydyr, göçürenidir.

Goý, Hudaý onuň özüniň, ene-atasynyň, ýoldaşlarynyň we barça adamzadyň günäsini ötsün!» diýen sözleri berilýär.

Bu eserde segsen bölüm bolup, ol ýerde 1650 sany mysallar-gunçalar bar. Reýhan Horezmi alymdyr dananyň, şahyrdyr edebiýatçynyň aýdan sözlerini tutuşlygyna beýan etmän, diňe her mowzuga laýyk gelýän edebi parçasyny almak bilen çäklenipdir. «Mertebeler we kemlikler» eserinde getirilýän edebi parçalaryň aglaba bölegi bolsa, şygyr galypynda ýazylan. Biz bu terjimämizde şol goşgularyň agramly böleginiň sözme-söz manysyny kyssa görnüşinde berdik we olary ýyldyzjyklar bilen belgiledik. Haýsy gunçanyň gabadynda ýyldyzjyk goýlan bolsa, bu onuň aslynda şygyr galypynda ýazylandygyny aňladýar. Dilimizde kän bir ýörgünli bolmadyk, ulanyşdan galan we düşnüksizräk görlen sözlere bolsa, her sahypanyň aşagynda düşündiriş berildi.

Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň hut öz aladasy bilen gaýtadan dikeldilen bu edebi gymmatlyk türkmen edebiýatynyň asyrlara ulaşyp gidýän taryhy ýoluny öwrenmekde möhüm ähmiýete eýe bolar.

***Rahmet GYLYJOW,***
***Türkmenistanyň milli medeniýet***
***«Miras» merkeziniň esasy ylmy işgäri.***

# MAZMUNY

1-nji bölüm: Akylyň we akyllylaryň hormaty ................................15
2-nji bölüm: Akylyň we akyllylaryň sypaty ...................................23
3-nji bölüm: Mylaýymlyk we çydamlylyk ....................................27
4-nji bölüm: Tanymal adamlaryň derejesi. Paýhasly adamlary sylamak üçin nämeler etmeli? ........................................................34
5-nji bölüm: Gahar-gazabyň ýaramazlygy ......................................36
6-njy bölüm: Iň gözel gylyklar .......................................................38
7-nji bölüm: Ýagşylygyň derejesi we haýyr işe höwes ...................41
8-nji bölüm: Ýagşy gylyk we mylaýym häsiýet ..............................46
9-njy bölüm: Gaýratlylyk we ony ulanmak ......................................49
10-njy bölüm: Ýaşlyk .......................................................................52
11-nji bölüm: Hökümdarlyk we jomartlyk ......................................60
12-nji bölüm: Duýgudaşlygyň täsiri ................................................69
13-nji bölüm: Pukaralary we dilegçileri äsgermezligiň ýaramazlygy.......................................................................................77
14-nji bölüm: Dilegçilik peslikdir ...................................................79
15-nji bölüm: Gadyrbilmezlere ýagşylyk etmek .............................85
16-njy bölüm: Ähli işde ortatap bolmak. Okgunlylyk we perwaýsyzlyk ..................................................................................88
17-nji bölüm: Myhman çagyrmagyň hormaty..................................91
18-nji bölüm: Asylly adamlary we myhmanlary hezzetlemek .........95
19-njy bölüm: Itleriň üýrmegi we oduň ýalkymy myhmanlara ýolsalgydyr ..................................................................................102
20-nji bölüm: Ýasama hezzetiň gelşiksizligi .................................110
21-nji bölüm: Myhman almakdan ýüz öwürmek we garasöýmezlik...........................................................................113

22-nji bölüm: Goňşy hormaty we haky ........................................ 117
23-nji bölüm: Mätäçlige uçranyňda arkadaglar ............................ 122
24-nji bölüm: Sowgat-serpaýlar bilen haýyşyňy bitirmek ............ 128
25-nji bölüm: Hoşamaýlyk we sypaýyçylyk bilen dileg etmek ..... 130
26-njy bölüm: Serişde we şepagat. Mätäç bendeleriň olara baglylygy ........................................................................................ 131
27-nji bölüm: Sypaýyçylyk bilen dileg edeniňde hoşamaý sözlülik ............................................................................................ 135
28-nji bölüm: Wadadan dänmek we ony yza çekmek ................... 142
29-njy bölüm: Wadany ýagşy söz bilen talap etmek ..................... 146
30-njy bölüm: Haýyşy bitirýänleriň öwgüsi ................................. 151
31-nji bölüm: Dileg edilen adamyň tersligi, bahana tapmagy we gyňyrlygy ....................................................................................... 154
32-nji bölüm: Päk niýet we hoşamaý söz bilen ýüz öwürmek ....... 158
33-nji bölüm: Sahylygyň we jomartlygyň öwgüsi ......................... 159
34-nji bölüm: Sahylar we jomartlar ............................................... 164
35-nji bölüm: Jomartlaryň işleri .................................................... 166
36-njy bölüm: Jomartlaryň artykmaçlygy ..................................... 174
37-nji bölüm: Ýagşylyga we sowgada alkyş-şükür ........................ 185
38-nji bölüm: Waspnamalar ........................................................... 193
39-njy bölüm: Buýsanç ................................................................. 210
40-njy bölüm: Bahyllyk we bahyllar ............................................. 223
41-nji bölüm: Haramzadalyk ......................................................... 233
42-nji bölüm: Pisler ....................................................................... 240
43-nji bölüm: Kowumdaşlyga dil ýetirmezlik ............................... 247
44-nji bölüm: Gödek degişme ....................................................... 250
45-nji bölüm: Perwaýsyzlyk we ýaltalyk ....................................... 263
46-njy bölüm: Ýaşaýyş serişdeleri we ony gazanmaga höwes ...... 266
47-nji bölüm: Tygşytlylyk. Güzeranyňy ýagşy dolandyrmak ........ 270
48-nji bölüm: Baýlyk - belentlikdir, garyplyk – peslik ................. 275
49-njy bölüm: Hantama bolan kişiňden tama çykmazlygy ............ 280
50-nji bölüm: Şygrynda bergidarlykdan zeýrenip, garyplygynyň syryny açanlar ............................................................................ 282
51-nji bölüm: Ýoksullyk sebäpli ýagşy işleri edip bilmeýänler ..... 285
52-nji bölüm: Ýazgydyň öňünde ähli zat ejizdir ........................... 289

53-nji bölüm: Ýagşylaryň azalyp, ýamanlaryň agdyk bolmagy.....293
54-nji bölüm: Dogruçyllyk we ýalançylyk....................................295
55-nji bölüm: Ýalan kasam edýänler............................................299
56-njy bölüm: Şöhratparazlyk .....................................................302
57-nji bölüm: Perzentler we atalar................................................305
58-nji bölüm: Hukuklary äsgermezlik we diýen etmezlik..............313
59-njy bölüm: Garyndaşlyk gatnaşygy we olaryň ezýetine çydamlylyk ...........................................................................................316
60-njy bölüm: Perzent terbiýesi we ene-atanyň derejesi................320
61-nji bölüm: Hojaýynlaryň we garyndaşlaryň arasynda ýüze çykýan duşmançylyk.................................................................................323
62-nji bölüm: Durmuş çarkandaklarynda garyndaş peýdasy..........325
63-nji bölüm: Takwalyk we dindarlyk ..........................................328
64-nji bölüm: Arassa ahlaklylyk we gözüňi saklamaklyk.............332
65-nji bölüm: Utanç-haýa we binamyslyk.....................................337
66-njy bölüm: Pespällik we gedemlik ..........................................339
67-nji bölüm: Goh-galmagaldan gaýra durmak we asudalygy küýsemek ......................................................................................344
68-nji bölüm: Göriplik..................................................................347
69-njy bölüm: Gybat we içigaralyk ..............................................352
70-nji bölüm: Ýaranjaňlyk we ikiýüzlilik......................................358
71-nji bölüm: Arabozarlyk we gep gezdirmek ..............................360
72-nji bölüm: Degişmek we ýasamalykdan gaçmak ......................363
73-nji bölüm: Ýerliksiz degişme ...................................................367
74-nji bölüm: Iki ýüzli karylar.......................................................369
75-nji bölüm: Şadyýanlyga umyt...................................................372
76-njy bölüm: Durmuş külpetlerine sabyrly bolmak......................375
77-nji bölüm: Haýynlyk we dönüklik............................................381
78-nji bölüm: Nadanlyk we akmaklyk ..........................................384
79-njy bölüm: Türkanalar we akmaklar .........................................388
80-nji bölüm: Ýeňilkelleler............................................................393

Dury gözbaşlaryň düri ..................................................................396

**Abulwepa Reýhan ibn**
**Abdylwahyt Horezmi**

# Mertebeler we kemlikler


**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahaby bezän D. Mämijikow**
**Korrektor Z. Abdyllaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 5.04.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 26.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №998.
A-11509

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.